**B. BASAROW**

# PSIHOLOGIÝA GIRIŞ

***Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy***

***Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**AŞGABAT - 2010**

Ýazan : - B. BASAROW - psihologiýa ylymlarynyň doktory, professor

Syn ýazanlar: A.Gurbanow - TMDD –niň, kafedra müdiri, pedagogika ylymlarynyň doktory, professor

J. Şyhyýew – Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň kafedra müdiri, pedagogika ylymlarynyň kandidaty

Okuw gollanmasy psihologiýa ylmyna giriş mazmunynda düzülip, onda umumy psihologiýanyň akyl ýetiriş prosesleri, emosional-duýgy hadysalary şahsyýetiň erkli sypatlary, şahsyýetiň psihologiýasy we onuň düzüm bölekleri seredilýär. Ýokary mekdebiň psihologiýa hünärinde okaýan talyplara bu ylmyň binýady meselelerine geçmezden ozal bu meseleler dogrusynda deslapky umumy düşünjeleri bermek zerurdyr. Psihologiýa ylmynyň esasy ugurlarynyň meselelerini deslaby derejede çugdamlaýyn öwrenmek, bir tarapdan, bu ylma özboluşly giriş bolup, ikinji bir tarapdan, soň-soňlar esasy bölümler özleşdirilende talypda durnukly daýanç piirleriniň uzak wagtlaýyn saklanmagyna ýardam edýär.

Gollanma ÝOM-niň psihologiýa hünäriniň talyplaryna, uniwersitetiň, mugallymçylyk institutynyň we beýleki ýokary mekdepleriň psihologiýa öwenilýän ugurlarynyň talyplaryna niýetlenendir.

## Sözbaşy

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermekligi ileri tutulýan meseleleleriň hatarynda goýdy. Onuň bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek dogrusyndaky möhüm kararlary esaslandyrmagy bilim ulgamynda alnyp barylýan işleriň hilini ýokarlandyrmaga, mugallymlaryň okuw-terbiýeçilik işlerini netijeli guramaga badalga berdi. Okuw işi, guralýan terbiýeçilik çäreleri özüniň umumyadamzat we milli düzüjisini özünde jemläp, ýaşlarymyzyň olary dogry we doly özleşdirmegi we amal etmekleri üçin zerur şertlere daýanýar.

"Psihologiýa giriş" dersi bu sapagy hünärmen derejede özleşdirýän talyplara niýetlenendir. Dersde psihologiýanyň esasy meselelerine giriş hökmünde pudagyň esasy ylmy düşündirijileri, aýry-aýry ugurlarynyň nazaryýet we amaly meseleleri, şeýle hem olaryň derňew usullary barada talyplara ulgamlaýyn bilim-düşünjeler berilýär. Ders psihologiýa bölüminiň talyplaryny psihologik bilimleriň esaslary, düşünjeleri, prinsipleri we psihologik işiň kanunlary bilen tanyşmaklyga niýetlenendir. Psihologiýa ylmynyň predmeti psihikanyň döreýşiniň, ösüşiniň, ýuze çykyşynyň, aýratyn hem adamy taryhy şahs hökmünde häsiýetlendirýän aňyň psihologik kanunalaýyklyklaryny öwrenmekden ybaratdyr. Psihologiýa jemgyýetiň ösüşişiniň düşünjeli subýekti hökmünde adamyň içki dünýäsini we onuň ösüşini öwrenýär we bu baradaky bilimleriň esasyny öwretmeklik psihologiýa giriş dersiniň esasy meselesidir. Ders öwrenilýän döwründe talyplar psihologik düşünjeleriň esaslaryny, psihologiýanyň täze taglymatlaryny, psihikany öwrenmegiň usullaryny, adamyň işiniň we durmuşynyň dürli ýagdaýlarynda psihologik bilimi ulanmak boýunça esasy bilim-düşünjeleri özleşdirmelidirler. Bu dersi okatmaklyk beýleki dersler bilen berk baglanyşykda alnyp barylýar.

# 1-NJI BAŞ. PSIHOLOGIÝANYŇ PREDMETI

## §1 Psihologiýanyň predmeti we psihika barada düşünje

Adamzat bilimnniň özbaşdak pudagy hökmünde her bir ylmyň aýratyn predmete bardyr. Psihologiýa ylmynyň predmeti psihikanyň döreýşiniň, ösüşiniň, ýuze çykyşynyň, aýratyn hem adamy taryhy şahs hökmünde hesiýetlendirýän aňyň psihologik kanunalaýyklyklaryňy öwrenmekden ybaratdyr. Psihologiýa jemgyýetiň ösüşişiniň düşünjeli subýekti hökmünde adamyň içki dünýäsini we onuň ösüşini öwrenýär. Psihologiýa sözüniň özi: «psýhe» - jan, «logos» - söz, taglymat diýen iki sany grek sözünden gelip çykýar. Bu gysgajyk kesgitleme adamyň psihikasy hakynda belli bir real zat hökmünde doly düşünje bermeýär. Psihologiýa predmetine has doly we dogry düşünmek üçin, adamyň işiniň içki subýektiw taranyňy düzýän tolgunmalar (duýma, pikir, duýgy) hökmünde çykyş edýän, gös-göni gözegçilik edip bolmaýan, «psihika» diýlip atlandyrylýan hadysalaryň mazmunyň şeýle hem adamzat taryhynda olar hakdaky düşünjeleriň kemala gelşini hiç bolmanda umumy formada açyp görközmek zerurdyr.

Adamzat baryp gadym zamanlarda göze görünýän (daş-töweregimizi gurşap alan sreda, adamlara, dürli predmetlere) we görünmeýän gizlin, köplenç düşünmesi kyn bolan hadysalary (predmetleriň we adamlaryň obrazlary hakyndaky ýatlamalary) tapawutlandyrypdyrlar. Şol täsin hadysalaryň tebigatyna we döreýşiniň sebäplerine dogry düşünmäge mümkinçilikleri bolmanlygy üçin, adamlar olary özbaşdak, töwerekdäki real dünýäden baglanyşyksyz zatlar hasap edip başlapdyrlar. Şeýlelik bilen özbaşdak pikir hökmünde beden we jan hakyndaky, materiýa we psihika hakyndaky başlangyç düşünjeler döräpdir. Soňrak bolsa, prinsipial taýdan garşylykly,

biri-birini inkär edýän iki sany garşylykly ugur: **materializm we idealizm** döräpdir. Materializm bilen idealizmyň arasynda iki müň ýyldan hem gowrak wagt mundan ozal başlanan göreş biziň günlerimizde hem dowam edýär:

Psihiki hadysalary idealistik nukdaýnazardan; düşünmegiň, mazmuny psihika materiýa garaşly bolman, ondan öň dörän özbaşdak hadysa hökmünde garalýanlygyndan ybaratdyr. Idealistler psihika munuň özi bedensiz, maddy däl esasyň - «absolýut ruhuň» we «ideýanyň» ýüze çykmasydyr diýýärler. Idealizm jemgyýetçilik taryhy şertlere laýyklykda öz formalaryňy üýtgetse-de, onuň düýp. mazmuny öňküligine galýar.

Idealizmiň tersine, materializm psihikany materiýanyň belli bir ösüş etapynda döreýän hadysa hökmünde düşündirýär. Materiýa ilkinji bolup, psihika onuň häsiýeti hökmünde düşündirilýär.

Materiýanyň ilkinjidigi we psihikanyň ikinjidigi meselesiniň filosofiki-psihologik goýluşy onuň din we ylmylyk jähtde goýluşy bilen garyşdyrylmaly däldir. Psihikanyň materiýanyň ösüşiniň belli bir etapynda döreýänliginiň ylym tarapyndan subut edilmesi entek akyl ýetirişde ilki predme, soňra onuň obrazy we ol hakynda düşünje ýa-da ilki predmet barada düşünje, soňra onuň daşky predmet mynasybetini tapmaklygyň aýgytlaýjylygyny anyklamaýar.

Materialistik talglymata görä, psihika aýratyn usulda guralan materiýanyň-beýniniň özboluşlylygy hökmünde düşündirilýär. Psihikanyň hakykatdan hem beýniniň işiniň önümdigi onuň aýratyn özboluşlylygynyň haýwanlarda geçirilen köp sanly eksperimentleriň we adamlarda geçirilýän kliniki gözegçilikleriň üsti bilen belli bir derejede subut edilýär. Mysal üçin beýnä belli bir derejede zyýan ýetende, hökman psihikada kesgitli özgerişler döreýär: beýniniň çep ýarym şarynyň ýeňse depe böleklerine zyýan ýetende adamyň giňişlige göz ýetirmek ukyby bozulýar, çekge böleklerine

zyýan ýetende bolsa sözi, saz heňlerini aňlamak ukyby bozulýar. Şunuň ýaly birnäçe mysallar psihikany beýniniň, işinden aýryp bolmajakdygyny subut edýär.

**I. M. Seçenowyň we I. P. Pawlowyň** işlerinde beýniniň işine tebigy-ylmy analiz berilýär. I. M. Seçenow özüniň «Kelle beýnisiniň refleksleri» diýen psihiki işinde psihiki iş — munuň özi reflektor ýa-da şöhlelenmek prosesidir diýip ýazýar. Ol psihikanyň reflektor tebigatyny açyp görközmek bilen adamyň kelle beýnisiniň reflekleriniň üç zwenony öz içine alýandygyny belleýär:

1. Başlangyç zweno - munuň özi duýgy organlardaky daşky täsirleriň netijesinde döreýän hadysalardyr.

2. Merközi zweno - beýnide bolup geçýän oýanmak we togtamak prosesleridir. Olaryň esasynda dürli psihiki hadysalar (syzgy, göz öňüne getirmek, duýgy we ş. m.) emele gelýär.

3. Ahyrky zweno - adamyň daşky hereketleri işleridir. Bu zwenolaryň hemmesi özara baglanyşyklydyrlar we biri-birini şertlendirýärler. Psihika refleksiň merközi zwenosydyr.

I. M. Seçenowyň öňe süren düzgünleriniň ähmiýeti uludyr: birinjiden, psihiki hadysalaryň daşarky täsirlere görä, sebäpli şertliligi açylyp görközilýär; ikinjiden, psihika beýni bardasyndaky oýanmak we togtamak ýaly fiziologik prosesleriň geçişiniň netijesi hökmünde garalýar; üçünjiden, psihika daşky hereketleriň. we umumy özüňi alyp baryşyň kadalaşdyryjysy hökmünde garalýar.

Reflektor teoriýasy I. P. Pawlowyň işlerinde teoretiki we eksperimental taýdan has ösdürilýär. I.P.Pawlowyň şertli refleksler, kelle beýnisiniň bardasynda döreýän wagtlaýyn nerw baglanyşyklary baradaky taglymatlary psihiki işiň mehanizmleriniiň üstüni açdy.

Beýniniň işiniň, strukturasy we usullary baradaky häzirki zaman taglymatlary öz-özüňi kadalaşdyryjy sistema bolup hyzmat edýän örän çylşyrymly psihiki hadysalaryň materialistik esaslaryňa we adamyň ähli hereketleriniň

kadalaşdyryjysy hökmünde psihikanyň, roluna has çuň düşünmäge mümkinçilik berýär. Ýöne, beýniniň fiziologik mehanizmleriniň işiniň, owrenilmegi bilen, psihikanyň öwrenilmegi tamamlanmaýar. Psihikanyň daş-töwerekdäki dünýäniň şöhlelenmesidigini aýtmak gerek. Şonuň üçin-de onuň, beýnide şöhlenişiniň hususy mazmuny bardyr. Bu mazmun bolsa, adamyň daş-töwerekdäki dünýäni psihikada şöhlelendirmeginiň netijesidir.

Psihologiýa psihiki hadysalar, olaryň kanunalaýyklyklary we mehanizmleri hakyndaky ylymdyr.

Psihiki prosesler, birinjiden, hakykatda bar zada akyl ýetirmeklige öz içine alýar. Adam gös-göni duýgy organlaryna täsir edýän predmetleri duýma we kabul ediş bilen şöhlelendirilýär. Diňe geçmişdäki kabul edilenleri däl, eýsem geçmişdäki işleri, pikirleri huşa getirmek hem ýat proseslerine degişlidir. Pikirlenmäniň kömegi bilen adamlaryň umumy hesiýetlerini suratlandyryp hem-de zatlaryň, arasyndaky baglanyşyklary we gatnaşyklary tapýarys. Hyýal prosesiniň kömegi bilen, geçmişde kabul edilenleriň materialy esasynda täze obrazlary döretmäge mümkinçilik alýarys.

Ikinjiden, emosional prosesler diýilýänlere adamyň dürli hili duýgulary degişlidir.

Üçünjiden, erk prosesleri: islegleriň oýanmagy, belli bir derejede täsir etmek niýetleriniň döremegi we ýerine ýetirmeklik psihiki proseslere degişlidir.

Şeýlelikde, psihiki prosesler adamlaryň akyl işini, duýgularyňy, erk diýilýän proseslerini öz içine alýarlar.

Adamyň indiwidual aýratynlyklary bolsa, onuň gylygyny, temperamentini, ukyplaryňy öz içine alýarlar.

2. Psihiki şöhlelenmäniň aýratynlyklary

Psihika şöhlelenme hökmünde nämäni häsiýetlendirýär, ol nähili aýratynlyklary özünde jemleýär. Psihika beýniniň şöhlelendiriş işiniň netijesi, obýektiw dünýäniň subýektiw şöhlelenme hökmünde garalýar. Psihika şöhlelenme hökmünde

garaýşyň manysy W.I.Leniniň işlerinde açylyp görközilýär. W:I.Leniniň sözleri bilen aýdanymyzda „Biziň syzgylarymyz, biziň aňymyz daşarky dünýäniň diňe obrazydyr”.

Psihika munuň özi gymyldysyz, hereketsiz aýna şöhlelenmesi däldir-de, aktiw prosesdir. W.I.Leniniň ýazyşy ýaly «Adamyň pikirinde tebigatyň şöhlelenmesinde gymyldysyz, «abstrakt» hereketsiz **garşylyksyz** diýip düşünmän, hereketiň ebedilik prosesinde garşylyklaryň emele gelmeginin we şolaryň çözülmeginiň ebedilik prosesinde diýip düşünmek gerek». „Eger gymyldysyz täsiri şöhlelendirýän predmet passiw bolsa we haýsydyr bir üýtgeşmä sözewar edilýän bolsa, onda janly jandarlaryň özbaşdak ragirlemek güýji bardyr“. Başgaça aýdanymyzda isleňdik täsir ediş özara hereket häsiýetine eýe bolup, şol özara hereket bolsa psihiki ösüşiň, aşaky basganҫaklaryňda hem her bir jandaryň daşky täsirlere uýgunlaşmak we jogap reaksiýalarynyň haýsydyr birini seçip almak mümkinçiliginde aňladylýar.

Psihika - munuň özi islendik daşky täsiriň, obýektiw hakykata täsir etmegiň netijesinde, hemişe häzirki pursatda anyk janly jandarda bar bolan psihiki ýagdaýyň, üsti bilen aralaşdyrylyp beýnide şöhlelenmesidir. Şonuň, üçin hem, şol bir daşky täsir dürli adamlar hatda şol bir adam tarapyndan her dürli wagtlarda we dürli ýagdaýlarda dürli-dürli şöhlelendirilip bilner. Biz bu hadysa durmuşda, hususanda çagalary okatmak we terbiýelemek prosesinde duş gelýäris. Mysal üçin, klasdaky okuwçylar mugallymyň şol bir düşündirýän okuw materialyny - diňleýärler, emma ony dürli derejede özleşdirýärler, okuwçylaryň hemmesinden edilýän talap bir deň bolsa-da, ony deň derejede özleşdirmeýärler, praktika ýerine ýetirmekde dürli kynçylyklara duş gelýärler. Daşky täsirleriň adamyň içki aýratynlyklaryňa laýyklykda üýtgemegi köp ýagdaýlara: ýaşyňa, bilim derejesine, täsir etmegiň şu görnüşine bolan garaýyşlaryňa, aktiwlik derejesine, esasy zat bolsa, dünýä garaýşynyň kemala gelşine baglydyr.

Şeýlelik bilen, psihikanyň mazmuny real, bize bagly bolmadyk we bizden daşardaky predmetleriň, hadysalaryň, wakalaryň (ýagny obýektiw dünýäniň) obrazlarydyr. Ýöne şol obrazlar her bir adamyň, durmuş tejribesine, bähbitlerine, duýgularyňa dünýä garaýyşlaryňa we ş.m. baglylykda özboluşly döreýär. Şonuň üçin hem şöhlelenme subýektiwdir. Şularyň hemmesi bolsa, psihika - obýektiw dünýäniň subýektiw şöhlelenmesidir diýmäge mümkinçilik berýär.

Psihikanyň şu aýratynlygy çagalary okatmak we terbiýelemek prosesinde, olaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryňy hasaba almagyň zerurlygy baradaky pedagogiki prinçipiniň esasydyr. Şu aýratynlyklar hasaba alynamasa, her bir çaganyň pedagogik täsir ediş çärelerini nehili şöhlelendirýändigini bilip bolmaz.

Psihiki şöhlelenme muňuň özi dogry, anyk şehlelenmedir. Döreýän obrazlar bolsa bar bolan predmetlerin, hadysalaryň, wakalaryň şekilidir, nusga-sydyr. Psihiki şöhlelenmäniň subýektiwligi real dünýäni dogry şöhlelendirmegiň obýektiw mümkinçiligini asla inkär etmeýär.

Psihiki şöhlelenmäniň, dogrulygynyň ykrar edilmeginiň prinsipial ähmiýeti bardyr. Hut şu hesiýet hem adamyň akyl ýetirmek, obýektiw kanunlary döretmek we olary adamlaryň teoretiki we praktiki işlerinde ulanmak mümkinçiligini deredýär.

Şöhlelenmäniň dogrulygy adamzadyň taryhy jemgiyetçilik praktikasy bilen tassyklanylýar. Eger biz aýyň ýa-da günüň haçan tutuljagyny öňünden bilip bilýän bolsak eger biz Ýeriň emeli hemrasynyň uçuş orbitasyny ýa-da gaminiň ýük göterjiligini öňünden hasaplap bilýän bolsak, we şol hasaplamalar praktikada tassyk bolsa, eger biz çagany öwrenip, belli bir pedagogik täsir ediş çerelerini bellesek we olary durmuşa geçirnip zerur bolan netijäni alsak, onda bularyň hemmesi biziň kösmos mehanikasynda, gidrodinamika, çaganyň ösüşiniň degişli kanunlaryňa dogry düşünenligimizi

aňladýar.

Psihiki şöhlelenmäniň möhum aýratynlyklarynyň biri hem onuñ, ilerleýji häsiýetidir. Bu prosesi (Anohin P. K., N.A.Bernşteýn) «ilerleýji şöhlelenme» diýip atlandyrdy.

Psihiki şöhlelenmäniň ilerleýji häsýetli adamlaryň tejribe toplamagynyň we onuň pugtalanmagynyň netijesidir. Belli bir ýagdaýlaryň köp gözek şöhlelenmegi netijesinde kem-kemden geljekki reaksiýanyň modeli döreýär. Janly jandar şeýle ýagda, ýagdaýa düşen dessine, ilkinji täsirler jogap reaksiýasynyň tutuş sistemasyny herekete girizýär.

Şeýlelik bilen, psihiki şöhlelenme - aktiw, kontaktly proses bolup, onuň dowamynda daşky täsir şöhlelendirýan adamyň, içki aýratynlyklarynyň üsti bilen üýtgeýär. Şonuň üçin psihikanyň obýektiw dünýäniň subýektiw şöhlelenmegidigi ylymda belli bir derejede tassyklanylýar.

Psihiki şöhlelenmäniň bu aýratynlyklaryny hemmesi jemlenip, psihikanyň janly organizmleriň özüni alyp barşyňy kadalaşdyryjy mehanizmine owrilmegine alyp barýar.

Psihiki şöhlelenmäniň şu sanalyp geçilen aýratynlyklary belli bir derejede janly jandarlaryň, hemmesine mahsusdyr, psihikanyň ösüşiniň ýokary derejesi aň bolsa dine adam üçin häsýetlidir. Adamyň aňynyň nähili dörändigine, onuň nähili esasy aýratynlyklarynyň bardygyna düşünmek üçin haýwanlaryň ewolýusiýasynyň prosesinde psihikanyň ösüşine garap geçmek zerurdyr.

## §2. Psihologiýanyň ylym hökmünde ösüşi

Islendik ylym birden deremeýär. Ylym uzak wagtlaýn taryhy ösüşiň öňumidir. Häzirki ylmy düşünjelerde adamlar taranyňdan köp asyrlaryň dowamanda toplanan, praktikada ykrar edilendir we alymlar tarapyndan polojitel zatlaryň, hemmesi pikir ýöretmelerin esasynda jemlenendir. Psihologiýanyň taryhy maglumatlary we häzirki zamam ylmy

taglymatlary bilen tanyş bolmak umumy psihologiýanyň predmetlerine we metodlaryňa has çuň düşünmäge kömek eder. Psihiki hýdysalara düşünmäge we olary düşündirmäge bolan meýiller ilki durmuş jemgyýetinde dörapdir. Ilki durmuş adamlarynyň psihika baradaky düşünjeleri ylymda dünýä animistik düşünmek diýip at alypdyr. Animistik dünýä garaýyş boýunça her bir predmetiň, ruhy bardyr. Haýwanlaryň, tebigat hadysalarynyň her biriniň ruhy bolup, ol hereketiň we ösüşiň çeşmesi hökmünde çykyş edýär. Duýş görmek, gallýusinasiýa, ölüm - şu zatlaryň hemmesi ilki durmuş adamlaryňy tende jan bar diýen düşünje itergiläpdir. Jan fiziki tene garaşsyz ýaşaýar we ol adamyň, ykbalyna, onuň işinde üstünlik gazanmagyna ýa-da gazanmazlygyna, saglygyna ýa-da näsaglygyna täsir edip biler. Ölenleriň ruhy, adamlaryň we haýwanlaryň ruhuna täsir etmek, neberäniň hawandarynyň ruhy barasynda çylşyrymly dini däp-dessurlar esüpdir.

Ruhy durmuşyň özbeşdak ugry hökmünde ylmyň döremegi synpy jemgyýetin ýüze çykmagy bilen baglydyr. Gadymýetde psihiki hadysalar filosofiýanyň owreňýän predmetine ewrüldiler. Gadymy Gresiýanyň filosoflarynyň pikirlerinde psihika babatynda biri-birine diametral gapma-garşylykly, açyk beýan edilen iki sany nukdaý nazar döräpdir. Olar materialistik nukdaýnazarlar bolup, ylymda «Demokritik we idealistik Platonyň ugurlary» diýlip atlandyrylýar.

Demokrit (biziň eramyzdan öň 460-370 ýyllar towereginde ýaşap) psihika bütin tebigat ýaly materiýalaýyndyr diýip hasaplapdyr. Jan atomlardan durýandyr, ýöne ol fizika teniň, atomlaryňdan has näzikdir diýip belleýär. Dunýa akyl etirmek duýgy organlarynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Jisimlerden göze görünmeýän owunjak nusgalar bölünip aýrylýarlar we ruha ornaşyp, onda yz galdyrýarlar.

Platonyň (b.e.öň 427-347 ýyllar töweregi ýaşap) pikiri boýunça janyň materiýa bilen hiç hili umumylygy ýokdur. Jan materialistik dunýäden tapawutlylykda idealistik häsiýetdedir.

Akyl ýetirmek bu psihikanyň daşky dünýä bilen özara baglanyşykly hereketi däpdir, ol janyn adamyň tenine gelip idial dünýäde gören zatlarynyň ýatlamasydyr. Obýektiw dünýä akyl ýetirşiň obýekti bolman, diňe onuň sebäbidir.

Psihologik bilimleriň ösüşi Aristotel (b. e. öň, 4—322 ýyllar töwereginde ýaşap) bilen baglanyşyklydyr. Ol psihikanyň ösüşini psihologik barlaglany predmetini anyklamak ýoly bilen öwrenmegi dowam etdirdýär. Gresiýanyň beýik alymy janyň ösumliklerin jany, haýwanlaryň jany, paýhasly jan diýen görnüşini tapawutlandyrypdyr. Şeýle bölünişik esasynda adamyň, psihikasynyň, aýratynlygy nygtalyp, psihika onuň akyl ýetirişniň, başdan geçirýän ztlarynyň edýän hereketlerniň mynsybeti diýip hasaplanylýar.

Antik ylmynda esasy metodyň syn etmek bolmagyna garamazdan, gadymy grek rim filosoflary we wraçlary psihika bilen kelle beýnisiniň arasynda baglanşyk bardygy hakynda pikir ýöredipdirler. Has ýönekeý sada esaslandyrylan bolsada, psihikanyň töwerekdäki sreda garaşlydygy hakyndaky ideýany öňe sürüpdirler, özüňi alyp baryşyň, tipiki we durnukly aýratynlyklaryňy (temperamentler hakyndaky taglymat) tapawutlandyrypdyrlar.

Netijede, antik ylmynda psihologiýanyň öwrenýän hadysalarynyň topary baradaky bilimler takyklanypdyr we psihiki hadysalary açyp görközmek üçin II sany metodologik çemeleşmaniň imatirialistik we idialistik çemeleşmelerin duýbi tutulypdyr. Hakyky material toplamalar metody durmuş gözegçiliklerini sistemalaşdyrmak we hyýaly teoretiki eksperiment derejesinde galypdyr. Şonuň üçin hem, gadymy grek a1ymlarynyň psihikasynyň, mehanizmini ýöňekeý göz öňüne getirendiklerini, olaryň öz gözegçilikklerinde şonça köp gymmatly zatlary alyp bilendiklerine baha bermek zerurdyr.

Orta asyrlar eýýamy psihiki hadysalaryň ösmegine ýardam etmändir. Filosofiýada janyň tene garaşly däldigi materiýanyň, ähmiýetiniň ýokdugy hakyndaky taglymat höküm

sürüpdir. Din adamyny öwrenmegi gadagan edipdir. Dine kabir filosoflaryň we wraçlaryň gýazegçýlikdorpnde kebir psihiki hadysalar baradaky düşünjeleri öňe surýän faktlar alnypdyr. Täzeden dereýiş döwründe filosoflar. öz-özlerine gözegçilik etmäň esasynda adamyň psihiki durmuşyny, onuň özüni alyp barşyňy beýan edýäm birnäçe iş ýazypdyrlar, hadysalaryň biri-birine nähili sebeplere görä, baglanşyklydygyny, garaşlydygy barada netije çekrypdyrlar.

XV asyrdan başlap, filosofik garaýyşlarda Psihika düşünmegiň metodologik predposylkalary formirlenip başlaýar, şol predposylkalar bolsa psihologiýanyň özbeşdak ylym hökmünde kemala gelmegine esas bolýarlar. Meşhur filosoflaryň işlerindeki psihologiýany öwrenmäge dürli çemeleşmelere seredip geçeliň.

R.Dekart (1556-1650) haýwanlaryň we adamyň psihikasyna çemeleşmegiň dürli ýollaryňy belläpdir. .Onuň garaýyşlaryňa görä haýwanlaryň ruhy ýokdur, olaryň özlerini alyp baryşlary bolsa daşky täsirlere jogapdyr. Başgaça aýdanyňda, haýwanlaryň psihikasy daşky şertler tarapyndan kesgitlenendir. Ondan soňra, Dekartyň haýwanlaryň özüni alyp barşynyň kesgitliligi, maşyn görnüşlidigi Marksa çenli materialistler tarapyndan adama hem degişli edilipdir. Fransuz filosofy J. Lametriniň (1709-1751) işlerniň biriniň «Adam-maşyň» diýip atlandyrylmagy hem şol meýili aýdyň görkezýär. Psihologiýada determinizm onuň mehanikada düşünilmeginiň derejesindeki ýaly psihikadaky sebäpliligiň çylşyrymly ýagdaýyny giň düşündirip bilmändir.

Dekartyň pikiri boýunça, adamyň haýwanlardan tapawutlylykda aňy bardyr. Ol pikirlenmek prosesinde özünde içki durmuşyň bardygyny duýýar. Aň pikirlenmek bilen aýrylmaz baglydyr. Ol bilimiň daşky dünýäniň täsirinden gelip çykýandygyny inkär etmeýär. Dekart has umumy ideýalar dogabitdi döränler diýip hasaplaýar.

Şeýlelik bilen, Dekart häzirki zaman psihologiýasy üçin

düýpli düşünjeler bolan refleksi we anyň mazmunyny beýan edipdir, ýöne olary biribirinden aýrypdyr. Onuň taglymaty boýunça refleks haýwanlaryň özüni alyp barşyna materiýalistik nukdaýnazardan owrenmek bilen baglydyr.

Dekart bu prosesde düşünjeli psihiki işi aradan aýyrýar. Ol aňa başga azatlardan üzňe, diňe öz-özüňi synlamaga ukyply hadysa hökmünde garaýar. Aň hadysalarynyň daşky dünýä garaşsyzlygy we olary diňe öz-özüňi synlamak bilen öwrenmek mümkinçiligini köp sanly idealist-psihologlar üçin esasy pikir bolup galypdyr.

K. Marks we F. Engels «Iňlis we materializminiň we gutuş häzirki zaman eksperimental ylmynyň hakyky duýbüni tutujy Bekondyr diýip, bellediler.

F.Bekon (1561-1626) dünýäni ylmy taýdan öwrenmegiň metodlaryny işläp düzüpdir. Materialistler pikirlenmegiň pikirlenýän materiýadan aýrylmazlygy baradaky ideýany öňe sürüpdirler. Iňlis materializminde psihikanyň material mehanizmidigi barada assosiasiýalar ideýasy döreýär. Bilimleriň duýma bilen baglanyşykly gelip çykyşy baradaky ideýalary iňlis sensualizminiň meşhur wekili D. Lokk (1632—1704) esaslandyrypdyr. Sensualizm munuň özi akylda duýgy organlarynyň üstünden geçmeýän hiç zat ýokdur diýeň akyl ýetiriş teornýasyny ideýany ykrar edýän ugurdyr. D. Lokkuň taglymaty boýunça, täze bolan çaganyň psihikasy «arassa tagta» bolup, tejribe onuň ýüzüne öz mazmunyny ýazýar. Alym psihiki işiň mehanizmini assosisiýalarda, ýagny aýry-aýry düşünjeleriň we ideýalaryň arasyndaky baglanyşyklarda görüpdir. Ol dogabitdi ideýalar taglymatyna garşy bolupdyr.

Psihologiýanyň ösmegine we psihikanyň mehanizmleriie düşünmäge G.Leýbniniň (1646—1716) filosofiýasy uly täsir edýär. Ol psihologiýa «aň» diýen düşünje bilen birlikde «aňlamazlyk» düşünjesini hem girizýär. Leýbiniň difforonsial hasaplamalar boýunça işleri onuň psihiki mehanizmler baradaky düşünjelerine täsir edýär. Leýbniň

çäksiz ownuk kabul etmeleri bardygy, olaryň aňlamazdan doreýändigi baradaky düşünjäňi öňe sürýär. Aň biziň «Mehanizmiñ» ozal, aňlamazdan ön dowam edip gelýän düşüjeleri kabul aden wagty ýüze çykýar. Leýbiniň, Dekartyň dogabitdi ideýalar baradaky taglymaty bilen ylalaşyp, Lokkuñ şol taglymata eden tankydyny hem göz öňünde tutýar.

Dekartyn we Lokkuñ ideýalary XVIII asyrdaky Fransuz matsrializminde we akyl ýetirişiň assotiatiw mehanizmlernem kelle beýnisiniň işiniň real prosesleri hömünde öwrenen inlis filosoflary D. Gartliniň (1705-1757) hem-de D. Pristliniň (1733-1804) işlerinde giñden ösdürildi.

Fransuz filosoflary we tebigaty synag edijileri D. Didro (1713-1784), P. Golbah (1723-1789), K. Gelweçiý (1715-1771) hem-de 3, Kondilýak (1715-1780) ilkinji gezek adamyň psihikasynyň sosial taýdan döredilenligi hakyndaky ideoýany işläp düzdüler. Psihiki häsýetleriň ösüşini sosial sredanyň tasiri bilen baglanyşyklykda seretmak ylmy psihologianyň mehum prinsipidir. Emma indiwid bilen jemegiyetiň aragatnaşygy ylmy esasda ilki ýüki gezek marksizmiñ düýbüni tutujylar tarapyndan açylyp görközildi.

Şeýlelik bilen 20-nji asyryň başyňa çenli psihologiýanyň ylym hökmünde emele gelmegi üçin metodologik predposylkalar işlenip düzülipdir. Idealistik metodologiýa psihika özbaşdak, reallykdan üzñe zat hökmünde düşünýärdi. Ony öwrenmek üçin teklip edilýän ýeke-täk moted öz-özüňi synlamakdy. Materialistik filosofiýa ona kelle beýnisiniň funksiýasy, materiýanyñ häsiýeti hakmünde, anyň mazmunyna bolsa adamlaryň real durmuşynyň añdaky şöhlelenmesi hökmünde garaýardy. Psihiki hadysalary öwrenmek üçin tebigy bilimlerde ulanylýan metodlaryň hemmesi ýaramlydyr.

## § 3. Psihologiýanyň döreýşi

Metodologik esaslaryň işlenip düzülmegii bilimleri özbaşdak ugry hökmünde haýsydyr bir ylymyň döremegi üçin ýeterlik däldir. Munuň üçin, birinjiden, bilimleriň şu ylym bilen garyşyk ugurlarynyň birnäçesiniň ösmegi zerur bolup, taze döreýän ylym şolara easlanmalydyr, ikinjiden, eksperimental metodyň wariantlarynyň işlenip düzülmegi zerur bolup, ol ylmy faktlary ýygnamaga, ylmy analize degişli hakyky maglumatlaryň, toparyny oňa ýakyn bolan hadysalar toparyndan taşawutlandyrmaga mümkinçilik berýär.

«Psihologiýa» ady bilen ilkinji iş 1590-njy ýylyň, ýagny psihologiýanyň özbaşdak ylym bolup bölünip aýrylmazyndan 300 ýyl ozal peýda bolýar.

Psihologiýanyň döremegi üçin şertleri döreden ylymlaryň pudaklarynyň ösüşine garap geçeliň.

XVIII-asyryň aýagyna, XIX-njy asyryň başyna çenli ruhy taýdan keseliň adamlara bolan garaýyş üýtgeýär. Şol wagta çenli şol keselli adamlar diwana ýa-da

janly hasaplanypdyrlar. Ýöne hasaplansa-da nesaglay bejermändirler. Psihiki näsazlygyň kesellidigi, onuň bejerilmelidigi, onuň öz sebäplerniň bardygy hakyndaky ideýa bu ugurdan köp sanly faktlar ýygnamaga mümkinçilik döredýär. Psihiki norma we potalogiýa deneşdirilip başlanýar.

Psihikanyň substrakty hakynda fiziologik we anatomik bilimler kemala gelmezden ozal, ol kelle beýnisiniň aýratynlygy hökmünde çuň öwrenilip bilmändir.

Anatomiýanyň we fizologiýanyň ösmegi 19-nji asyryň başlarynda duýgy we hereket ediş nerwleriniň açylmagyna, anatomo-fiziologiki maglumatlaryň esasynda Reflektor duýgusy hakyndaky düşünjäniň kemala gelmegine getirdi.

XVIII asyryň ahyrlarynda we XIX asyryň biriniji çerýeginde Gal (1762-1822) tarapyndan döredilen frenologiýa

giñden ýaýraýar. Hünäri boýunça anatom Gal, ukyp kelle beýnisiniň strukturasyna görä şol strukturada bar bolan öýjüklerin, sanyna baglydyr diýen ideýany öñe sürýär. Ol kelle süňküni, gurluşy boýunça kelle beýnisiniň ösüşine, adamyň ukybynada baha bermek bolar diýip hasap edýär. Synagda frenologiýanyň ideýalarynyň biri hem dogry gelmedi. Ýöňe filosofiýanyň giñ ýaýramagy psihiki işde kelle beýniniñ roluny owrenmäge fiziologlaryň ünsüni çekdi.

Fluransyň (1794-18G7), Klod Bernarmiň (1813), soñrak bolsa Fritçigiñ we Gitçigiñ işleri kelle beýnisiniň funksiýalary hakyndaky düşünjeleri ep-esli anyklamaga ýardam etdi. Fritçýo we Gitçig kelle beýnisiniň gabygynda duýuş we hereket ediş zonalarynyň bardygyny açdylar. Broka (1824-1880) sözleýşiñ motor merkezlerini açýar. Wernika (1848-1905) sözleýşiñ duýuş merkezlerini açýar. Şeýlelik bilen, XIX asyryň dowamynda kelle beýnisi düşüniksiz, az differensirlenen massa, «ruhuň guýrugy» bolmakdan, psihiki işi kadalaşdyryjy organa öwrülýär.

Ç.Darwin (1809-1882) haýwanlaryň dürli görnüşleriniň tebigy seçgi ýoly bilen dereýşini esaslandyryp, adamyň haýwanat dünýäsinden gelip çykandygynyň tebigydygyny subut edýär. Adam organiki dünýäniň ösüşiniň ýeketäk sistemasyna goşuldy. Psihiki durmuş ewolýusiýanyň netijesi hökmünde düşünilýär. Bu pikiri Darwin bilen paralellikde G. Spenser (1820-1903) öwrenýar we ösdürýär.

XIX asyryň ikinji ýarymynda medisinada, fiziologiýada we biologiýada, ýagny ylmy psihologiýanyň formirlenmegi üçin esas bolup biljek ylymlarda biologiki indiwid hökmünde adamyň tebigaty baradaky bilimleriň uly zapasy toplanýar.

Umumy biologiýada we fiziologiýada ylmy-tebigy garaýyşlaryň ösmegi psihikany öwrenmegiñ eksperimental metodlarynyň gözlegini höweslendirýär. Psihologiýada eksperimentiñ kemala gelmegine praktika ýardam edýär. Mysal üçin, astronomiýada, fizikada gözegçilik geçirilende dürli

barlagçylaryň priborlaryň görkezişini, dogry sanaýandyklaryny ýa-da sanamaýandyklaryny anyklamak zerurlygy ýüze çykýar. Dürli gözegçiler tarapyndan ýyldyzlaryň teleskop liniýasynyň onuňden geçiş wagtyny bir sekunda çenli tapawut bilen belländikleri ýüze çykarylýar. Munuň özi bolsa astronomiki hasaplamalar üçin uly ýalňyşlyk bolup, gözegçileriň indiwidual, mümkinçiliklerine obýektiw baha bermegiň gaýragoýulmyzlygyny subut edýär. Biraz soňrak dürli şertlerde görüş motor reaksiýalarynyň tizligini barlamak, psihologik laboratoriýa eksporimentiniň esasy ugruna öwrulýär.

1834-nji ýylda E.Weberiň (1795-1878) «Duýma hakynda» atly kitaby çykarýar. Ol deriniň duýgurlygy barada eksperimental synaglar geçirýär we duýmanyň merkezi kanunalaýyklyklarynyň birini tapawutlandyryş bosagasyny kesgitlemäge ýakyn barýar. Ondan biraz soňrak G.Fehier (1801-1887) Weberiň synaglaryny jemläp, oňa matematiki düşündiriş berýär, Fehier özüniň metodologik prisileri boýunça idealist bolsada, onuň işi duýmany organizme täsir edýän fiziki höwelendirije garaşlydygyny obýektiw görkezýär. Eksperimental metodlary we maglumatlary işlemegiň matematiki apparaty köp ýyllaryň dowamynda psihologlar tarapyndan duýmany barlamakda peýdalanypdyrlar.

G. Gelmgolçyň (1821-1894) nerw sistemasynda nerw impulsyny geçirmegin tizligini ölçäpdir. Şu açyş nerw prinsipleriniň, onuň bilen bagly psihiki hadysalaryň hem wagt we giňişlik boýunça kelle beýnisinde aýwanadygyny görközdi. G.Gelmgols görmegiň we eşitmegiň iş mehanizmlerini çun öwrenipdir. Onuň işleri beýleki fiziologlaryň işleri ýaly adamyň duýgy organlarynyň psihofiziologiýasyny öwrenmegi ep-esli öňe süýşürdi. Duýgy organlarynyň kelle beýnisiniň işi bilen baglanşygyny, duýgulaýyn akyl ýetirişiň psihofiziologiki mehanizmlernni öwrenmek baradaky mesele ýüze çykýar.

Şeýlelik bilen, XIX asyryň ikinji ýarymynda

fizialogiýada we psihofiziologiýada eksperiment metody bilen alnan hakyky materiallaryň epeslisi ýygnanýar. Psihologiýa düşünmekde bar bolan metodologik görkezişleri, hakyky materiallary eksperiment metody bir bütewi ylma birikdirmek barada şert döreýär. Bu ugurda ilkinji synanyşyklaryň birini W. Wundt (1832-1920) amala aşyrýar. Ol 1879-njy ýylda Leýpsigde eksperimental laboratoriýa deredýär. Şol laboratoriýa duýma we kabul ediş, reaksiýanyň tizligi, sonrak bolsa assosiasiýalar we duýgular synag edilýär. Psihologik faktlaryň eksperimental metod arkaly yzygiderli gözlegi başlanýar. Ýöne, şu materiallar idealistik nukdaýnazardan düşündirilär. Öz-özüňi synlaýyş metody eksperimental barlaglaryň hökmany şerti hökmünde girýär. Eksperiment mahalynda daşky höweslendirijileriň kömegi bilen synag edilýän adama käbir psihiki hadysalar döredilýär.

**Soraglar**

1. Psihologiýa nämäni öwrenýär?

2.Psihika hakynda materýalistik we idealistik düşündirişler nemeden ybarat?

3.Psihikanyň reflektor tegibatyny häsiýetlendiriň

4.Psihika şöhlelenme hökmünde nähili häsiýetlendirilýär?

5- Psihologiýanyň döreýşini aýdyp beriň.

# 2-NJI BAŞ. PSIHOLOGIÝANYŇ PRINSIPLERI, WEZIPELERI, GURLUŞY WE USULLARY

## § 1. Psihologiýanyň prinsipleri we wezipeleri

Psihologiýa ylmy öz ösüşinde umumy metodologik oriýentir hökmünde filosofiýanyň esasy kanunlaryna, kategoriýalaryna esaslanýar. Bu nukdaýdan psihika obýektiw hakykaty şöhlelendirmegiň aýratyn formasy bolup durýar.

Psihologiýa adamyň osuşiniň dürli ýaş döwürlerinde psihika prosesleri, ýagdaýlary, hasiýetleri, şahsyýetiň gurluşyny kemala gelşiniň kanunalaýyklaryňy öwrenýär.

Psihologiýanyň. esasy prinsiplerniň biri determinizm (sebäplilik) prinsipleridir. Bu prinsip birinjiden, tutuş psihikanyň we aýry-aýry psihiki hadysalaryň, obýektiw hakykat tarapyndan sebäpli döredilendigi, şol hakykatyň şöhlelendirmesi hökmünde düşüniländigini aňladýar. Ikinjiden, bu prinsip ähli psihiki hadysalary adamyň kelle beýnisiniň işi bilen döredilen hadysalardygyny nygtaýar. Üçünjiden, bu prinsip psihiki hadysalar öwrenilende şol hadysalary deredýän sebäpleriň hekman ýüze çykarylmagyny göz öňünde tutýar. Häzirki zaman psihologiýasynda an we iş bütewilikde öwrenilýär. Anyň we işiň bütewiligi psihologiýa ylmynyň prinsipleriniň biridir. Bu prinsipiň mazmuny işe adam aňynyň deremegiňiň werti, adamyň hut özüniň kemala gelmeginiň faktory we ulanyş obýekti hökmünde düşünmäge mümkinçilik berýär. Ikinjiden, aňyň iş hökmünde düşünilmegi onuň aktiwlik häsiýetine şaýatlyk edýär. Bu hakykaty şöhlelendirmegiň diňe bir daşky dünýäniň ideal modelini döretmek däl-de, eýsem, ony özgertmek mümkinçiliginde özünde jemleýändigini görkezýär. Aňyň işe bütewilik prinsipi, aňyň adamyň özüni alyp barşyny, işini kanagatlandyrýandygyny tassyklaýar. Psihologiýa ylmynda aňyň we işiň bütewi öwrenilmei, olaryň

hemişe sosial we taryhy taýdan kesgitli şahsa degişli zat hökmünde seredilmegi bilen baglanyşyklydyr.

Üçünji prinsip aňyň, psihikaňyň işde formirlenişi. Psihologlarynyň bellemeklerine görä, aň, hemişe işde (oýun, okuw, zähmet) ýüze çykýar, kemala gelýär we ösýär.

Psihologiýa ylym hökmünde, diňe dürli psihiki hadysalary ýazmaça beýan etmek bilen çäklenmeýär. Psihologiýanyň wezipesi olary umumylaşdyrmakdan, olaryň. manysyny, mazmunyň açyp görkezmekden, düşündirmekden, psihiki hadysalaryň döreýiş sebäplerini anyklap, bu hadysalaryň geljekde döreýişiniň sebäplerini öňünden görmäge mümkinçilik berýän kanunalaýyklary kesgitlemekden ybaratdyr. Psihologiýa ylym hökmünde baha berlende psihologik bilimleriniň käbir aýratynlyklaryňy belläp geçmek zerudyr. Birinjiden, munuň özi gös-göni biziň her birimiz üçin mahsus bolan hadysalar baradaky bilim düşünjelerdir. Her bir adamyň ten duýgusy bolýar, onuň ýadynda belli bir obrazlar, düşünjeler saklanýar, her bir adam yzygiderli duýgulary başdan geçirýär we ş. m.

Ikinjiden, psihologik bilimler özleriniň durmuşy we ylmy manylarynyň gabat gelmeýänligi bilen tapawutlanýarlar. Adamlar durmuşda psihologiýanyň terminleriniň we düşünjeleriniň giňden ulanýarlar. Olaryň ulanyş çäkleri takyk kesgitlenen däldir.

Käte adamlar şol bir terminlere we düşünjelere dürli hili düşüpdiriş berýärler. Ylmy düşünjeler kesgitli manyda bolup, özleriniň möçberi, ähmiýeti boýunça bir mazmunlydyr. Ylmy düşünjeleriň ýeterlik derejede anyklanmadyk wagtlarynda psihologiýanyň olary özleşdirişi barada nädogry pikir döreýär. Şeýle ýagdaýlarda haýsydyr bir psihiki hadysalaryň aýry-aýry taraplary barasynda diňe umumy düşünjeler, yzygiderli bolmadyk we bir-birinden üzňe maglumatlar ýüze çykýar.

Psihologik bilimleriň üçünji aýratynlygy olaryň

dialektiki dünýä garaýşy kemala getirmek, öz-özüňe akyl ýetirmek, terbielemek üçin zerurlygydyr.

## § 2. Psihologiýanyň gurluşy we ähmiýeti

Psihologiýa ylmy özüniň ösüşiniň häzirki zaman etapynda ylmy predmetleriň çylşyrymly, şahalara ýaýran sistemasyny özünde jemleýär. Psihologiýanyň aýry-aýry ugurlary öz aralarynda berk baglanşyklydyrlar.

Psihologiýa ylymlarynyň sistemasy gysgaddylan görnuşde aşakdakylardan ybaratdyr:

Umumy psihologiýa psihiki taýdan sagdyn ösen adamlaryň, psihiki işiniň has umumy kanunalaýyklaryny öwrenýär. Umumy psihologiýanyň sostawyna bu ylmyň esasy prinsipleri, onuň, usullary, psihologiýanyň, dürli ugurlarynda geçirilen barlaglaryň, esasynda umumylaşdyrylan we abstrakt düşünjeleriň, sistemasy degişlidir.

Ýaş aýratynlygy psihologiýasy adamyň, psihiki taýdan ösüşiniň, dürli psihiki prosesleriň, we şahsyetiň psihiki aýratynlyklarynyň döremeginiň kanunalaýyklyklaryny öwrenýär. Ýaş aýratynlygy psihologiýasy, ýetginjekleri, psihologiýasy, ýaşlyk döwrüniň psihologiýasy, uly adamlaryň, psihologiýasy, garrylyk psihologiýasy ýaly bölümleri tapawutlandyrmak bolar, ýaş aýratynlygy psihologiýasynyñ wezipesi ýaş döwürleriniñ psihologik aýratynlyklaryňy öwren-mekden, bir ýaşdan başga bir ýaşa geçmegin kanunalaýyklyklary kesgitlemekden, şahsyetde dürli psihiki prosesleri kemala gelmagi üçin has amatly döwürleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Pedagogik psihologiýa okatmagyň we terbiýe bermegiñ, psihologik esaslaryny öwrenip, ol ýaş aýratynlygy psihologiýasy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Munuñ sebäbi mekdep okuwçylarynyň we beýleki adamlaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryňy nazara alman, okatmagyň we

terbiýe bermegiň psihologik kanunalaýyklyklaryny aýdyňlaşdyrmak mümkin däldir.

Pedagogik psihologiýa boýunça geçirilýän barlaglar okatmagyň we terbiýe bermegiň, mazmunyny has dogry kesgitlemäge, okuw kitaplaryna we gollanmalaryna bolan talaplary anyklamaga, okuwçylaryň akyl işini we özüni alyp barşyny dolandyrmaga, olaryň psihiki ösüşine ýardam edýän amatly usullary esaslandyrmaga mümkinçilik berýär. Pedagogik psihologiýa mugallymyň we okuwçynyň aragatnaşyklarynyň, meselelerini, mugallymyň, şahsyýetinden edilýän talaplary öwrenip, pedagogik ukyplaryň manysyny, kemala geliş prosesini açyp görkezýär. Pedagogik psihologiýada orta mekdepde professional-tehniki uçilişeler we ýokary okuw jaýlarynda okatmak, terbiýe bermek bilen baglanyşykly meseleleri aýratyn orun tutýar.

**Zähmet psihologiýasy** - zähmet işiniň psihologik esaslaryny öwrenýär. Şahsyýetiň haýsydyr bir hünäre dahylly, professional möhüm bolan hesiýetlerini, hünärlere ugrukdyryşyň we hünär seçip saýlap almagyň dürli problemalaryny, zähmeti ylmy esasda gurmagyň meselelerini derňeýär we zähmet öndürijiligi ýokarlalandyrmadyň psihologik esaslaryny we zähmet kolektiwindäki gatnaşyklary gurmak, kadalaşdyrmak boýunça barlaglar geçirýär.

**Injinerçilik psihologiýasy** - munuň özi zähmet psihologiýasynyň özbaşdak psihologik şahasy hökümde bölünip aýrylan ugurlarynyň biridir. Injinerçilik psihologiýasy adamyň, maşynlar bilen özara täsiri baradaky meseläni öwrenip, esasan hem ýokary derejede mehanizasiýalaşdyrylan we awtomatlaşdyrlan önümçilik şertlerindäki, awtomasizasiýaşdyrylan dolandyryş sistemalaryndaky gatnaşyklar döreýär. Bu ýerde dürli önümçilik proseslerini dolandyrýan operatorlaryň, dispeçerleriň işiniň, psihologik esaslaryny işlep düzmek göz öňünde tutulýar.

**Kosmos psihologiýasy** - zähmet psihologiýasynyň ,

indi özbaşdak ösüş ýoluna düşen pudagydyr. Kosmos psihologiýasy adamyň kosmosa uçmagy mynasybetli döräp, onuň aýratyn öwrenilmeginiň zerurlygy kosmos uçuşlary wagtynda adamyň, diňe bir fiziki ýagdaýyň dälde, eýsem onuň psihiki ýagdaýyny göz oňunde tutmak bilen baglanşyklydyr. Kosmosda adamyň psihiki ýagdaýynda ýerde bolmadyk aýratyn hesiýetleriň döreýänligi üçin kosmonawtlary erklilik we ahlak taýdan taýýarlamak, okatmak we türgenleşmek usullaryny psihologik taýdan esaslandyrmak meseleleri ýüze çykýar. Ol kosmonawtlarda agramsyzlyk ýagdaýynda has köp agram düşýän pursatlaryndaky ýüze çykýan hadysalary öwrenýär, olaryň sportdaky, uçuşdaky, ýere gonulandaky, uzak wagtlap üzňelikde bolandaky we ş. m. psihiki işini özbaşdaklygyny şöhlelendirýän kosmiki professional grammalaryny düzýär.

**Harby psihologiýa** - adamyň harby ýagdaýdaky, uruş şertlerindäki, ýokary howply ýagdaýlardaky, ýumuşy ýerine ýetirmegi, çalt dolandyrmagy talap edýän şertlerindäki, kabul edilen karary ýokary jogapkärçiligi talap edýän halatlaryndaky psihiki aýratynlyklary bilen meşgullanýar. Harby psihologiýanyň möhum wezipesi harby okuw we terbiýe meselelerini işläp düzmekdir.

**Sport psihologiýasy** - sportsmenleri okatmagyň we terbiýelemegiň psihologik esaslaryny işlep düzýär, sport endikleriniň, we başarjaňlyklarynyň emele geliş kanunlaryny öwrenýär, Sportsmenleriň ýaryşýan şertlerinde özlerini alyp baryşlaryňy, sportýaryşlarynda ýeňiş gazanmak üçin zerur bolan dogumlylyk we ahlak sypatlaryň kemala gelşiniň kanunalaýyklyklaryňy derňeýär.

**Sungat psihologiýasy** - adamyň, sungat eserlerini döretmäge gönükdirilen işiniň psihologik esaslaryny, adamyň şol eserleri özleşdirmeginiň kanunalaýyklyklaryny, çeper eserleriň üsti bilen dörän dürli duýgularyň emele geliş we dowam ediş kanunlaryny öwrenýär. Sungat psihologiýasynyň

möhum wezipesi şahsyýete estetiki terbiýe bermegiň, sazandalyga, çeperçilige, edebi ukyplary ösdürmäge degişli bolan meseleleri işläp düzmekden ybaratdyr.

**Sosial psihologiýa** - dürli sosial birleşmeleriň toparlaryň, kollektiwleriň, uly toparlaryň çlenleriniň jemgyýetçilik işleri, sosial duýgularyny, dürli sosial meselelere garaýyşlarynyň meňzeşligini, jebisliligini we ş. m. öwrenip, olarda adamlaryň özara gatnaşyklaryny, her bir şahsyýetiň ýagdaýyny, ýolbaşçylyk, liderçilik we tabynlyk we beýleki problemalary derňýeär. Jemgiyetiň ösüşi bilen baglanyşykly sosial psihologiýa aktual problema öwrülýär. Sosoial psihologiýanyň içgin öwrenilmek zerurlygy adamlaryň bütewi kollektiw işiniň barha ehmiýetiniň artýandygy, sosial aragatnaşyklaryň barha giňelýänligi we çuňlaşýanlygy bilen düşündirilýär. Bir tarapdan şahsyýetiň kemala gelmeginde kollektiwiň roly ýokarlansa, ikinji tarapdan şahsyýete kollektiwiň aktiw çleni hökmünde häsiýetlendirýän alamatlary kesgitlemegiň zerurlgy barha artýar.

**Ýuridiki psihologiýa** - zähmet-düzediş edaralarynda, aýry-aýry adamlaryň zähmet düzgün nyzamynyň, kanunylygyň we ş. m. bözulmalarynyň üstüni açmak boýunça derňew işini alyp barmagyň, şaýatlaryň görkezmelerini analizirlemegiň psihiki taraplary bilen bagly meseleleri, sorag etmäge degişli talaplary we ş. m, öwrenýär. Bu pudak şeýle hem jenaýatçynyň şahsyýeti psihologiki aýratynlyklaryny, jenaýatyň sebäplerini, tussag astyndaky adamyň psihologiýasynyň jenaýatlary täzeden terbiýelemegiň psihologik esaslaryny derňeýär we kanunalaýyklyklaryňy işlep düzýär.

**Medisina psihologiýasy** - psihoterapiýanyň, psihogigiýanyň, wraçlar bilen näsaglaryň aragatnaşygyny gurmagyň, näsaglara psihologik täsir etmegiň ýollaryny öwrenýär.

**Patopsihologiýa** - adamlaryň kadaly psihiki işiniň bozulmagynyň dürli formalaryny, kadaly psihiki dürli bozulmalaryny we olaryň şahsyýete täsirini öwrenýär.

Psihologiýanyň şu pudagynyň birnäçe ugurlary bar: oligofrenopsihologiýa (psihiki ösüşiň kelle beýniniň dogabitdi ýetmezçilikleri bilen baglanşyklaryny patologiki hadysalary, akyl taýdan şikestleri öwrenýär); tiflopsihologiýa (ker we çala görýän adamlaryň psihologiýasyny öwrenýär); surdopsihologiýa (ker we çala eşidýän adamlaryň psihologik ýagdaýlaryny öwrenýär).

**Deneşdirme psihologiýasy-** psihologiýanyň beýleki aktlarynyň arasynda tutýaň aýratyn orny onuň haýwanlaryň psihologiýasyny öwrenýänligi bilen düşündirilýär. Psihologiýanyň şu ugrunyň ähmiýeti, onuň haýwanlaryň, aýratyn-da, ösen haýwanaryň psihikasyny öwrenmek bilen adamyň aňynyň döremeginiň öň ýanyndaky hadysalary anyklaýandygyndan ybaratdyr.

Häzirki zaman psihologiýa ylmynyn esasy ugurlary, olaryň hesiýetnamalary bu ylymda barha täze we täze pudaklaryň ýüze çykmak prosesiniň yzygiderli dowam edilýändigine şaýatlyk edýär. Jemgyýetçilik durmuşynyň ösüşi bilen baglanyşykly adamyň mümkinçiliklerini, durmuşynyň dürli ugurlarynda onuň psihiki aýratynlyklaryny öwrenmegiň ähmiýeti barha artyp, oňa bolan talap ýokarlanýar.

Häzirki zaman psihologiýasynda täze ugurlaryň ýüze çykmagy bilen bir hatarda onuň aýry-aýry bölekleriniň arasynda köptaraplaýyn we pugta arabaglanyşyklaryň döremek prosesi bolup geçýär. Bu proses iki ugur bilen ösýär. Pudaklaryň biriniň beýlekiden alan maglumatlarynyň hasabyna özara baýlaşmagy bolup geçýär, şol bir wagtyň özünde hem pudaklaryň her biri has bütewi we sistemalaşdyrylan hesiýete eýe bolýar. Psihologiýa barha dialektikanyň esasy kanunlaryny anyklaşdyrýan, ykrar edýän täze we täze formalary özünde jemleýär. Psihologiýa dürli psihiki prosesleriň geçişiniň daşky şertleri arkaly kesgitlenişini, şol prosesleriň şahsýetiň ol ýa-da başga bir aýratynlyklarynyň, kemala gelmegine nähili täsir edýändigini yzarlamak bilen psihiki hadysalaryň daşky

obýektiw täsirler tarapyndan sebäpli döredilýändigini anyklap ählumumy özara başlanyşygyň çylşyrymly formalarynyň biri bolan sebäpli baglanyşygy häsiýetlendirýär.

Psihologiýanyň belli bir taryhy jemgyýetçilik ösüşiň şertlerinde şahsyetiň kemala gelmeginiň kanunalaýyklyklaryny öwrenmek bilen taryhy materializmiň möhum düzgünlerini şöhlelendirýär. Adamyň akyl ýetiriş işiniň, göz öňüne getirmeleriniň, düşünjeleriniň kemala geliş prosesleriniň öwrenilmegi akyl ýetiriş taglymltynyň käbir düzgünlerini aýdyňlaşdyrmaga kömek edýär.

Psihologiýa ylmynyň beýleki jemgyýetçilik ylymlary bolan pedagogika, syýasy ykdysady, taryh, sungat öwreniş we ş. m. işi belli bir derejede ähmiýeti bardyr, sebäbi bu ylymlaryň hemmesinde şahsyýetiň düşünje işi, ýagny psihologiýanyň meşgullanýan meseleleri öwrenýär.

Psihologiýa bilen tebigat ylymlarynyň, özaly bilen psihologiýa ýokary nerw işiniň fiziologiýasynyň arasynda aýrylmaz baglanyşyk fiziologiýanyň psihikanyň material esasyny kelle beýnisiniň we nerw sistemasynyň işini öwrenilmegi bilen düşündirilýär.

Psihologiýanyň pedagogiki ylmynyň ösüşi üçin aýratyn ähmiýeti bardyr, çünki ol şahsyýetiň ösüşiniň kanunalaýyklyklaryny, çagalaryň ýaş we indiwidual gylyklaryny bilmäge teoretik esaslanmalar berilýär, okatmagyň hem-de terbiýe bermegiň has netijeli usullaryny işläp düzmegiň praktiki ugurlaryny görkezýär.

Psihologik bilimler mugallyma çagalaryň ýaş we indiwidual aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga dogry çemeleşmäge, olarda döreýän täze has progressiw endikleri, täze erk sypatlary, duýgulary, formirlenen gylykdaky täze alamatlary öz wagtynda .görmäge, dogry ugra gönukdirmäge, ösdürmäge mümkinçilik berýär. Çagalary psihologik taýdan öwrenmek mugallyma çaganyň ösüşiniň perspektiwasyny görmäge, okuwçynyň şahsyýetiň kemala getirmek prosesini

dogry guramaga, çaga bilen iş alyp barmagyň has netijeli ýollaryny we usullaryny tapmaga mümkinçilik berýär. Psihologik bilimler mugallymyň kämilleşmegi, özüni terbiýelemegi, özbaşdak bilim almagy, okuwlarda üstünlikli okatmak we terbiýe bermek üçin zerur bolan intellektual hil-sypatlary, häsiýetleri, jemlemegi, ösdürmegi üçin zerurdyr.

Psihologiýany bilmegi öz-özüňi terbiýelemek üçin ähmiýeti uludyr. Psihiki hadysalary ylmy taýdan düşünmek her bir adama öz şahsy hesiýetleriniň öseň we gowşak taraplaryna dogry baha bermäge, öz synçylygynyň, ýadynyň, pikirlenmesiniň, duýgurlygynyň, erkiniň, temperamentiniň, gylygynyň we ş. m. indiwidual aýratynlyklaryny kesgitlemäge, öz güýjüni, erkini öz şahsyetiniň položitel taraplaryny ösdürmeginde we otrisatel taraplaryny ýeňip geçmäge dogry we düşünjeli gönükdirmäge mümkinçilik berýär.

Psihologiýa şahsyetiň akyl ýetiriş, emosional, erki bilen bagly işiniň aýratynlyklaryny we psihikanyň kemala gelşiniň kanunalaýyklyklaryny öwrenýänligi üçin, adamlaryň özara gatnaşyklarynyň, maksada gönükdirilen işiniň amala aşyrylýan hemme ýerlerinde psihologik bilimler zerurdyr.

## § 3. Psihologiýanyň usullary

Ylym barha täze we täze maglumatlar bilen yzygiderli baýlaşýar. Onuň üstünlikli ösüşi, diňe ylmy maglumatlaryň toplanmagy; bu maglumatlaryň ylmy taýdan esaslandyrylan metodlaryň, üsti bilen barlanylmagy, umumylaşdyrylmagy netijesinden mümkindir. Adatça metod maglumatlary toplamak üçin amala aşyrylýan täsirler hökmünde kesgitleýär. Onuň düzümi, ulanýan serişdeleri, yzygiderliti ylmy barlaglary'ň maksadyna, wezipeleriniň mazmunya baglydyr. Metodlary esaslandyrmak, ylmyň predmetine filosofskiý taýdan düşünip, onuň derňew praktikasynda amala aşyrylýan usullaryň arasyndaky özara baglanyşygy ýüze çykarmagy talap edýär.

Başgaça aýdanyň-da, metodlaryň esaslandyrylmagy metodologiýa bilen şol ylmyň metodikasynyň aragatnaşygynyň açylyp görkezilmeginden ybyratdyr.

Psihologik barlaglaryň prinsipleri adamyň psihiki işi barada takyk material ýygnamak üçin ulanylýan metodlaryň, üsti bilen durmuşa geçirilýär. Ol ýa-da beýleki metody saýlap almak, barlagyň predmetine we wezipesine baglydyr. Bu metodlaryň has köp ulanylýanlary aşakdakylardyr: syn etme, eksperiment. işiň önümlerini analizlemek, anketa, test, sonsiometriýa metodlary.

**Syn etme usuly**. Syn etme metody-şahsyýetiň dürli tebigy ýagdaýlardaky hereketleri işlerini aýdyň synlamak maksadalaýyk öwrenmekdir. Syn etmek adamyň zähmet, okuw, oýun iş wagtynda tebigy şertlerde geçirilýär. Syn edilýän adamlaryň, bu barada bilmezligi örän möhüm bolup, çünki olar syn edilýändigni bilseler, olaryň özüni alyp barşyndaky tebigylygyň ýitmegi mümkindir. Barlag geçirilýän adamyň özüniň hem synag edilýän adamynyň özüni alyp barşynyň üýtgemegine sebäp bolup biler. Adatça syn etmede ol synag edilýän adamlaryň, işine goşulmaly däldir. Barlagçy kähalatlarda synag edilýän adamyň edýän işine goşulýar we goşulyşykly syn etmegi ýola goýýar.

Psihiki hadysalaryň tebigylygynyň saklanylmagy-ylmy barlagyň metody hökmünde syn etme metodyndan dilýän biriiji talapdyr. Ikinji talap syn etmegiň maksada gönükdirilen bolmagydyr. Bu talap barlag prosesiniň dowamynda çözmeli bolan maksatlaryň, wezipeleriň ýapyk kesgitliligini üpjün edýär. Barlagyň maksatlarynyň, wezipeleriniň esasynda onuň tutuş döwri üçin syn etmäniň plany we programmasy düzülýär. Syn etmäniň planyny we programmasyny düzmezden ozal, bu usulyň, boýdanbaşa ýa-da bölekleýin boljakdygyny ýagny belli bir wagtyň içinde adamyň hereketleriniň, işleriniň we aýdýan zatlarynyň hemmesini bellep alynjakdygy ýa-da psihiki hadysalaryň diňe haýsy-da bolsa bir tarapyňa degişli

maglumatlaryň bellenjekdigini kesgitlemek möhümdir. Syn etmäniň plany we programmasy barlagyň dowamynda derňewiň, maksatlarynyň nähili amala aşyrylýandygyna yzygiderli kontrollyk etmäge mümkinçilik berýär. Şu talaplar berjaý edilmese, ýeterlik derejede takyk, hemmetaraplaýyn we ynandyryjy maglumatlaryň deregine tötänleýin faktlaryň toplanmagy mümkindir.

Syn etme metodyndan edilýän üçünji talap onuň netijeleriniň bellenilip alynmagydyr. Syn etmeniň netijesini bellep almak, birinjiden, şol bir adamyň hereketlerini, işlerini, aýdan zatlaryny häsiýetlendirýän faktlar bilen bir hatarda, olaryň amala aşyrylyş şertleriniň ýazmaça saklanyp galmagy üçin zerurdyr. Şolaryň ikisini-de bir wagtda belleg almak edilýän faktlara dogry baha bermek, olaryň sebäbine düşünmek üçin zerurdyr. Ikinjiden, syn etmäniň, netijesi diňe etibar bellenip alnanda onuň ýeterlik derejede dowamlylygyny we yzygiderliligini üpjün etmek bolar. Bu bolsa öz gezeginde, ol ýa-da beýlekii psihiki hadysalaryň zerur we zerur däl baglanyşyklaryny, ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Ýöne bu metodyň otrisatel taraplary hem bardyr. Baragçy syn edýän wagtynda passiw pozisiýada bolup, ol özüňi gyzyklandyrýan hadysalaryň haçaň ýüze çykýandygynyna garaşmaga mejbur bolýar. Syn etmede barlagyň sebäplilik batlanyşyklary olaryň döreýän şertlerinden aýrylmazdyr. Şonuň üçin hadysalaryň ýüze çykmagy üçin şertleriň ähmiýetine baha bermek, hem-de barlagyň sebäplilik baglanyşyklaryny tapawutlandyrmak kyn bolýar.

Syn etme metodynyň bu esasy kemçiligini uzak wagtlaýyn geçirilýän barlaglarda belli bir derejede ýeňip geçmek bolar. Geçirilýän barlaglaryň maksadyna laýyklykda tebigy şertleriň saklanmagyň aýgytlaýjy ahmiýetiniň bardygyny ýa-da ýokdugyny, şeýle hem olaryň üýtgedip, beýleki metodlaryň kemegi bilen barlag işini has tygşytly guramagyň mümkindigini kesgitlemek her gezekde zerurdyr.

**Eksperiment usuly.** Beýleki ylymlarda bolşy ýaly, psihologiýanyň hem esasy metody eksperimentdir. Ekapernment-munuñ özi öwrenilýän psihiki hadysalaryň aktiw ýüze çykmagyny üpjün edýän ýörite şertlerde faktlar ýygnamak usulydyr.

Bu metoda barlagçy belli bir şertler döretmek bilen, birinjiden, öwrenilýän psihiki hadysanyň dereýän we dowam edýän wagtynda täsir edýän faktlary has takyk bilmäge, ikinjiden, döredilen şertleriň haýsydyr birini açyp görkezmegiň hasabyna psihiki hadysalaryň sebäplerini kesgitlemäge mümkinçilik alýar. Bu bolsa şertleriň birini yzygiderli üýtgetmek we galanlaryny üýtgetmen saklamak arkaly gazanylýar, üçünjiden, barlagçy tejribäni gaýtalamaga, onuň esasynda bolsa psihiki hadysalaryň hemişelik ýa-da tötänleýindigini anyklamaga mümkinçilik berýän mukdar maglumatlaryny taplamaga mümkinçilik alýar.

Psihologik eksperimentiň iki görnüşi bolup, olar laboratoriýa we tebigy eksperimentleridir. Laboratoriýa eksperimenta enjamlary ulanmak arkaly ýörite taýýarlanýan eksperimental materiallardan peýdalanyp geçirilýär.

Enjamly eksperiment geçirilende daşky täsirleriň synag edilýän adamyň degişli jogaplarynyň aýratyndyklaryny dogry bellep almaga mümkinçilik berýän abzallar ulanylýar.

Adamyň tutuşlaýyn işini öwrenmäge gönükdirilen laboratoriýa analizi barha köp aýraýar. Şeýle ýagdaýlarda ýörite döredilen laboratoriýalarda adamyň psihiki işiniň prosesindäki dürli düzüjileriň (mnemoniki, intellektual, erkli) özara hereketlerini öwrenmek göz öňünde tutulýar. Injinerçilik

Injinerçilik psihologiýasynda operatoryň çylşyrlymly işini dernemek şeýle usul bilen alnyp barylýar. Kosmonawtlaryň psihiki mümkiiçilikleri ýörite laboratoriýalarda kompleksleýin öwrenilip dürli mejalsyzlyk ýagdaýlarynda adamlaryň özüňi alyp barşynyň aýratynlyklary ýüze çykarylýar.

Laboratoriýa eksperimenti adamyň haýsydyr bir hadysalarynyñ fiziologik mehanizmlerini barlamakda aýratyn köp ulanylýar. Bu metod käbir akyl ýetiriş işeslerini we psihiki ýagdaýlary, ozaly bilen, duýma kabul ediş, ýat, üns öwrenilende üstünlikli öwrenilýär. Mysal üçin, kabul edişiñ tizligi, ünsün ritmi, ýatda assosiasiýanyň emele gelmegi ýönekeý ýa-da elektron tahistoskop ýaly guralyň kömegi bilen öwrenililip bilner.

Enjamy ulanmak laboratoriýa eksperimentini geçirlede psihiki hadysalaryň höweslendiriş serişdesi bolup hyzmat edipdirdr. Şeýle material hökmünde ýörite düzülen sanlaryň hatarlary, baglanyşykly we baglanşyksyz tekstler, emosional äheňi bolan we bolmadyk sözleriň hatarlary we ş. m. hyzmat edip biler.

Tebigy eksperiment laboratoriýa eksperimentinde tpawutlylykda ol adymyň adatdaky işiniň mazmunyny saklap, ýöne öwrenilýän hadysalaryň ýüze çykmaklygy sebäp bolýan şertleriň ýörite döredilmegini göz öňünde tutýar. Şeýlelik bilen, tebigy eksperiment syn metody bilen eksperiment metodynyň oňat taraplaryny özünde jemleýär: birinjiniň tabigylygyny we ikinjiniň aktiwliligini utgaşdyrýar. Şeýle eksperimtler okatmak we terbiýelemek presesiniň adaty şetlerinde guralýar we geçirilýär. Tegibygy eksperiment psihologiýada ilkinji gezek rus psihology A. F. Lazurskiý tarapyndan işlenip düzülýär we mekdep okuwçysynyň şahsyýetini öwrenmek üçin ulanylýar. Şeýle edilsede okuwçynyň işi eksperimentiniň wezipelerine laýyklykda guralýar we onuç prosesinde okuwçyny zerur bolan psihologik taýdan öwrenmek aşyrylýar. Tebigy eksperiment geçirilende synag edilýän adam üçin adaty mazmunlaryň we iş formalarynyň saklanylmagynyň zerurlygy, şeýle eksperimentleriň pisihologiýanyň her bir pudagynyň hökmany elementine öwrülmegine getirdi. Eksperimentiň bu görnüşiniň pedagogik psihologiýada ösmegi psihologik-pedagogik eksperimentiň döremegine getirdi. Onuň ähmiýeti mekdep

okuwçysyny öwrenmegiň gös-göni real okatmak we terbie bermek prosesinde alnyp barylýandygyndan ybaratdyr, ýöne bu eksperimentde öwrenmekligiň obýekty hökmünde saýlanyp alynýan psihiki aýratynlyklar hökmany suratda aktiw formirlenmelidir.

Laboratoriýa we tebigy eksperimentler ýüze çykaryjy, konstatirleýji barlag geçirilýän pursatda psihiki ösüşiň ol ýa-da beýleki bir aýratynlyklarynyň derejesini ýüze çykarmaga göňukdirilýär. Formirleýji barlag bolsa psihiki hadysany haýsydyr bir psihiki aýratynlyklaryň gös-göni aktiw kemala gelen prosesinde öwrenilmegine gönükdirilip bilner. Okuwçynyň şahsyetini öwrenmekde zerur bolan psihiki häsiýetleri, sypatlary, psihiki prosesleri deredýän ösdürýän eksperimente formirleýji eksperiment diýilýär. Formirleýji (kemala getiriji) eksperiment okuwçylaryň akyl işini guramakda psihiki prosesleri aktiwleşdirmek, okatmatyň netijeliligini ýokarlapdyrmak wezipelerini çözmäge oňaýly täsir edýär. Koistatirleýji we formirleýji eksperimentleriň utgaşmagy, psihiki hadysalary olaryň ösüşinde öwrenmek prinsipini durmuşa geçirmegiň aýgytlaýjy şertleriniň biri bolup durýar. Bu ýagdaýda diňe bir bar zatlary, häsiýetleri kesgitlemek däl-de, eýsem belli bir psihiki häsiýetleri kemala getirmek bilen olaryň ýüze çykaryp biljek sebäpleri ýa-da şertleri bilmek mümkinçiligi-de döreýär.

Eksperiment metodynyň syn etmeden möhum artykmaçlyklarynyň biri-de bu ýerde barlagçynyň özüni gyzyklandyrýan psihiki hadysanyň ýüze çykmagyna passiw pozisiýada garaşyp durman, onuň özüniň dürli ýagdaýlary, hadysalary, şertleri döretmäge gatnaşýandygyndan ybaratdyr.

Eksperipmentde şertleriň barlagçynyň hut özüniň döredýändigi sebäpli, şol şertleri, şeýle hem olaryň synag edilýän adama edýän täsirlerini has doly nazara almagyna mümkinçilik döredýär. Barlagçynyň şertleri özüniň döretmegi olary köp gezek gaýtalamaga, alnan netijeleriň takyklygyny

barlamaga mümkinçilik berýär. Şeýle köp gezek gaýtalanma birinji tarapdan, alynýan netijeleriň dogrulygynyň girewi bolup durýan, bolsa, ikinji tarapdan faktlary toplamaga, olara mukdar taýdan baha bermäge mümkinçilik berýär.

**Eksperiment usuly** ulanylanda ýörite döredilen şertler öwreňilýän psihiki hadysanyň tebigy akymyny, igdaýyny bozmagy mümkin. Eksperimental şertler tolgunmak, gorky, özüňi gowy tarapdan görkezmäge çemeleşmek we ş. m. zatlary deredip biler. Bu bolsa, öz gezeginde alynýan faktlaryň ýoýulmagyna getirip, ekesperimentde bu ýagdaý otrisatel zatdyr.

**Gürrüň usuly**. Munuň wzi ýörite düzülen programma boýunça gös-göni aragatnaşyk alyp barmak prsesinde psihiki hadysalar hakynda faktlary ýygnmak metodydyr. Gürrüň geçirme ylmy metod hökmunde synag edilýän adam bilen gös-göni aragatnaşyk saklamagy mynasybetli, gürrüňiň bütin dowamynda ony Geçirmegiň şol bir maksadyny saklap, alnan jogaplara laýyklykda soraglary üýtgetmek mümkinçiligini özünde jemleýär. Synag edilýän adam bilen gös-göni aragatnaşyk saklamak şertlerinde sorag-jogabyň dowamynda sadalşygy, hoşniýetliligi saklamak örän möhümdir. Geçirilýän gürrüň hiç hili ýagdaýda soranjaglyga, has beteri hem synag edilýän adamlardan sorag etmäge öwrülmeli däldir.

Synag edilýän adamlar bilen gös-göni aragatnaşyk saklamagy diňe bir jogaplaryň mazmunyny däl-de, eýsem intonasiýanyň aýratynlyklaryny, synag edilýän adamyň tutuş özüni alyp barşyny öwreniş obýektine öwürmek mümkinçiligini güýçlendirýär. Şonuň üçin, gürrüň geçirmegiň maksady kesgitlenende, oňa gös-göni degişli we oňa dahylly bolan maglumatlary has doly peýdalanmak mümkin bolar ýaly edip guralýar. Gürrüň geçirme guralanda gyzyklandyrýan hadysalar barada maglumatlary gös-göni öňde goýlan soraga jogap ökmünde (synag edilýäň adam ýa-da beýleki obýekt barasynda name bilnýär. oňa bolan garaýşy nähili, onuň ýan

zatlary näme we ş. m.) gyýtaklaýyn ýol bilem boljakdygyny nazara almak zerurdyr. Şeýle ýagdaýlarda okalan kitaby, tomaşa edilen spektakly ýa-da kinofilmi ara alyp maslahatlaşmagy, gürrüň geçirmek üçin esas hökmünde almak bolar. Edebi gahrymanlar problemaýyn ýagdaýlary çözmegiň mümkin bolan wariantlary barasynda aýdylan pikirler, barlagça synag edilýäniň şahsy aýratynlyklaryna laýyk gelýän netijeleri çykarmaga, synalýan adam barada gös-göni goýlan soraglara jogap hökmünde barlagçyda ýygnanan häsiýetnamany tassyklamaga, takyklamaga, olaryň üstüni doldurmaga mümkinçilik berýär. Gürrüň geçirme metodynyň üsti bilen synag edilýän adamyň geçmişini bilmek has ýeňil bolýar. Metodyň sanalyp geçilen giň mümkinçiliklerine garamazdan, oňa kömekçi metod hökmünde garalmadydyr. Synag edilýän adamlaryň psihiki aýratynlyklary barasynda esasy netijeleri synlaýan adamlaryň özleriniň berýär? jogaplaryna esaslanyp çykarmaly bolýar. Gürrüň geçirme metody, köplenç goşmaça materiallar almak uçin gözegçiligiň ýa-da eksperimentiň dowamynda alnan zatlary tassyklamak, anyklamak, synag edilýän adam bilen ilkinji gezek tanyş bolmak üçin barlagyň başlangyç döwründe-de ulanylýar. Munuň özi barlagyň esasy bölegine has takyk guramaga mümkinçilik berýär.

Gürrüň geçirme metodyny mugallymyň, mekdep okuwçysynyň şahsyýetini öwrenmekde giňden ulanmagy zerurdyr. Gürrüň geçirilende çaganyň geçen durmuşy, onuň ýaşaýan ýeriniň ýagdaýy, onuň ata-enesi, ýoldaşlary hakynda maglumat alnyp, okuwçynyň gyzyklanýan zatlary we ideallary anyklanylyp bilner. Netijede mugallymyň okuwçynyň, psihologik keşbini has gowy düşünmeklige mümkinçilik berýän maglumatlar toplaryň, onuň işine, terbiýesine täsir etmegiň ýollaryny kesgitlemäge giň, mümkinçilik döreýär.

Işiň önümlerini analizlemek metody. Işiň önümlerini analizlemek metody munuň özi psihiki işiň materiallaşdyrylýan netijelerini analizlemek arkaly faktlar ýygnamak metodydyr.

Barlagçy bu metody ulananda adamyň özi bilen däl-de, onuň ozalky işiniň materiallaşan önümleri bilen iş alyp barýar: zähmet işiniň önümleri hökmünde işçiniň ýasan detallary, injineriň döreden proekti, hudojnigiň çeken suraty; okuw işiniň önüminde ýazylan düzme, çözülen mesele, çyzylan çyzgy, oýun işiniň önumi bolan kubiklerden salnan jaý, gurjaklar üçin taýarllnan «nahar», palçykdan salinan «gala», haýwanlaryň, figurasy we ş. m. analizlenýär. Işin önumleri analiz edilende olaryň häsiýetnamalary tapýar önüm boýunça onuň taýýarlanyş prosesini gaýtadan dikeltmek üçin möhümdir. Diňe şeýle ýagdaýda adamyň eden işine düýpli häsiýetnama berip, öz gezeginde ony döreden şahsyýetiň käbir aýratynlyklaryny görmek bolar. Adamyň işiniň öňumlerinde onuň subýektiw barlyga, daşky dünýä, tebigata bolan gatnaşyklary, onuň akylynyň, duýgusynyň we endikleriniň ösüş derejesi şöhlelendirilýär.

Bu metod ulanylanda käbir talaplar berjaý edilmelidir. Birinjiden, işiň önümlerini analiz etmek bilen, olaryň şol adam üçin häsiýetli, mahsus bolan işniň netijesinigiki ýa-da ol tarapdan tötänleýin döredilendigi anyklamak zerurdyr. Ikinjiden adamyň işiniň nähili şertlerde bolup geçýändigini bilmelidir. Bu hemmesine başartmaýar. Üçünji talap bolsa, aýry-aýry iş önümleriniň däl-de, köp sanly, menzeş we dürli-dürli iş önümleriniň analiz edilmegini göz öňunde tutýar. Bu talabyň ýerine ýetirilmegi netijesinde aktiwliligini ýokarlandyrýar we ilkinji iki talap ýerine etirilende ýüze çykýan köp kynçylyklary ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär.

Bu metodyň gymmatlylygy, barlagçynyň adamyň psihiki işiniň materiallaşan netijelerini elinde saklap bilýändigindeň ybaratdyr. Bu bolsa olary ençeme gezek gaýtalap görmäge, dürli wagtlarda ýa-da adam işiniň dürli şertlerinde alnan netijeleri bilen deňeşdirilmegine mümkinçilik berýär.

Işiň önümlerini öwrenmek prosesi köplenç kömekçi

usul hökmünde ulanylýar, sebäbi material önümiň döremegine getiren psihiki işiň ähli taraplaryny hemişe diňe bu metodyň, esasynda açyp görkezmek mümminçiligi däldir.

**Anketa usuly.** Anketa-munuň özi ýörite düzülen porgramma boýunça synag edilýän adamyň hat üsti bilen berýän hasabatynyň esasynda faktlar ýygnamak metodydyr.

Anketa düzülende sorglaryň mazmunynyň anyk bolmgynyň we şol soraglaryň dogry düzülmeginiň uly wezipesi bardyr. Berilýän soraglar synag edilýän adamlar bir manyda düşüner ýaly edilip düzülmelidir. Bu talap, anketa metody geçirilende synag edilýän adam bilen gös-göni aragatnaşygyň ýoklugy sebäpli has möhümdir. Hut şu sebäbe görä anketa doldurmak boýunça jikmejik düşündiriş geçirmek hem örän möhümdir. Düzülýän anketalar ýapyk we açyk diýen görnüşe bölünýärler. Açyk anketalarda goýlan soraglara berilýän jogaplar erkin häsiýetde bolýar. (Synag edilýän adam nähili pikir etse, şol hili hem bolýar). Ýapyk anketalarda bolsa synag edilýän we hödürlenýän jogaplaryň birini saýlap almaly bolýar. Açyk anketanyň artykmaçlygy synag edilýän adamdan has baý we doly maglumatlar almak mümkinçiligidir. Olaryň kemçiligi bolsa, jogaplaryň dürli-dürli bolmagy sebäpli olary jemlemegiň kynlygydyr. Ýapyk anketalaryň üstünde işlemek ýeňil, ýöne olaryň kömegi bilen alnan maglumatlar hiç wagt öňünden düzülen jogaplaryň çäklerinden çykmaýar.

Anketa metodynyň položitel tarapy gysga wagtyň dowamynda göwrümi boýunça uly material almak mümkinçiligidir. Materialyň takyklygy bolsa anketa ýaýradylýan adamlaryň sanynyň köplüginiň hasabyna gazanylýar. Bu usuluň kemçiligi bolsa, synag edilýän adamlaryň jogaplaryny olaryň real işleri we özle-rini alyp baryşlaryny deneşdirmek mümkinçilikleriniň ýoklugydyr.

**Test usuly.** Test metody psihologiýanyň beýleki metodlarynyň arasynda aýratyn orun tutýar. Ýokarda seredilip geçilen metodlaryň hemmesi ahyrky netijesi psihologiýa

ylmyny baýlaşdyrýan haýsydyr bir täze maglumatlar almak uçim hususy psihiki hadysalary barlamaga maksat edinýän bolsalar, test başga wezipäni ýerine ýetirýär. Olar şol ýa-da beýleki synag edilýän adamlarda eýäm bar bolan psihiki aýratynlyklaryň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamaga niýetlenendir.

Test aşakdaky talaplary ödemelidirler: Birinji-den, test-munuň, özi hemişe standartlaşdyrylan tejribedir. Standartlaşdyrmak mümkinçiligi testiň, ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, hemişe eýäm belli bolan psihologik hadysanyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklaýandygy bilen döredilýär. Standartlaşdyrmagyň zerurlygy synagyň esasy maksady bolan synag edilýän adamyň nähili derejede belli bolan standarta laýyk gelýändigini kesgitlemek ýa-da synag edilýän dürli-dürli adamlary öz aralarynda obýektiw deňeşdirmek dogrusynda ýüze çykýar. Standartlaşdyrmak haýsydyr bir tejribäni köp sanly synag edilýän adamlarda köp gezek barlanandan soň, onuň maglumatlaryny belli bir umumylyga öwrülýänliginiň hasabyna gazanylýar.

**Ikinji** talap her bir testiň synalýan adamlaryň hemmesine olarda bar bolan psihiki aýratynlyklary ýüze çykarmak üçin birmeňzeş mümkinçilik berip bilmekligidir. Şu talabyň bozulmagy synalýan adamlary deňsizlik ýagdaýyna salýar. Bu talabyň ýerine ýetirilmegi her bir testiň mazmuny we berlişi boýunça dürli-dürli tabşyryklaryň girýändiginiň hasabyna gazanylýar. Bu bolsa, synalýan adamlaryň käbirinde bir tabşyrygy we käbirinde bolsa başga bir tabşyrygy ýerine ýetirmegiň hasabyna ýokardaky netijänin birmeňzeşligini gazanmaga mümkinçilik döredýär. Görkezilen soraglaryň haýsydyr biri boýunça tötänligiň ýa-da öňden öwrenilmekligiň, tejribäniň hasabyna taýýar jogabyň bolmagy testiň ýerine ýetirilmeginiň umumy netijesine uly täsir edip bilmez.

Eger ilkinji iki talap testi guramagyň düzgünlerine degişli bolsa, onda üçünji talap testi ýerine ýetirmegiň

netijeleriniň nähili düşündirilmelidigini kesgitleýär. Hemişe düşündirmäge girişilende testiň köplenç bir gezeklik tejribedigini, olaryň adamyň şol pursatdaky ýagdaýyny bellep almaga mümkinçilik berýändigini ýatda saklamak zerurdyr. Şonuň üçin synaglaň netijeleriniň esasynda çaklamalar döretmek, soňky psihiki ösüşiň mümkinçiligini, üstünliginiň derejesini önünden aýtmak bolmaz. Psihologiýanyň esasy prinsipleriniň biri bolan aň bilen işiň bütewiligi baradaky prinsip hemişe ýatda saklanylmalydyr. Şu prinsipe laýyklykda biziň, aňymyzyň islendik tarapynyň ösmegi prosesinde amala aşyrylýar. Adam aktiw işe dogry çekilen wagty ösüşiň bellenen derejesi uly özgerişlere sözawar bolup biler.

## § 4. Psihologiýasynyň häzirki zaman ugurlary

Bihewiorizm. Bihewiorizmiň (iňlisçe behaviour özüni alyp baryş) döremegniň şertleri fiziologiýada şertli refleksler metodynyň işlap düzülmekligi (Pawlow) we psihologiýanyň eksperimental şahasy hökmünde zoopsihologiýanyň, ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

1913-iji ýylda amerikan psihology D.Uotsonyň (1878—1958), «özüni alyp baryş psihologiýasynyň prinsipleri» diýen kitaby çykýar. Awtor şol kitabynda psihologiýa özüni alyp baryş hakyndaky ylym hökmünde garaýar. Ol intrsspektiw metody subýektiw metod hökmünde ret edýär. D.Uotson onuň kömegi bilen alnan maglumatlary diňe barlagçynyň özi uçin düşnükli maglumatlardyr diýip hasap edýär. Bihewiorizmde aňyň idealistik konsepisiýasynyň nädogrydygy aýdylýar. Bihewioristleriň pikiri boýunça psihologiýa aňy, onuň mazmunyny we funksiýalaryny öwrenmekden el çekmelidir. Ylym diňe hemmeleriň obýektiw gözegçilik etmegi mümkin bolan we hemmeler üçin aýdyň zatlary, ýagny özüňi alyp barşy öwrenmelidir. Şeýlelik bilen, derňew predmeti üýtgäp (aňyň ýerine özuni alyp baryş), täze ylmy düşünje döredilen aň,

duýma, kabul ediş, erk we ş. m. ýaly terminler ylmy taýdan ähmiýetsiz terminler hökmünde ret edildi. Bu ugur S-R formulada añladylyp, onuň esasy ylmy düşünjeleri şu aşakdakylardan ybaratdy.

Stimul-daşky sredadan gelip gowuşýan gyjyndyryjy, reaksiýa-organizmiň gyjyndyrma jogaby we baglanyşyk-stimul bilen reaksiýanyň arasyny birleşdiriji. Psihologik barlaglaryň maksady-sreda uýgunlaşmaga gönükdirilen özüni alyp barşyň prinsiplerini öwrenmekdir.

Bihewiorizmiň döremegine amerikan alymy E. Torndaýkyň (1874-1949) işlerine uly täsir edýär. Özi bihewiorist bolmasa-da ol tarapyndan açylan käbir asasy özüňi alyp barşyň prinsipleri soňra Bihewiorizmiň üýtgewsiz kanunyna öwrüldi.

E. Torndaýkyň esasy barlaglary «problemaly diýlip atlandyrylýan gapyrjakda erleşdirilen haýwanlarda geçirilýär. Haýsydyr bir haýwan diňe belli bir tagtajyga basan mahaly, ondan çykyp, ýa-da iým alyp bilýär. E.Torndaýk "problemaly gutuda" haýwanlaryň özüni alyp barşyňa gözegçilik etmek bilen, olaryň, synanyşyklar we ýalňyşlyklar metody bilen hereket edip, tötänden üstünlnk gazanýadygy baradaky netijä gelýär. Öwretmek, ýagny ukyplylyk reaksiýasyny deretmek birnäçe gezek gaýtalamak (maşklar kanuny) netijesinde bolup geçýär. Eger reksiýadan soň, organizm üçin amatly ýagdaý dörese, reaksiýa pugtalanýar. Stimul bilen reaksiýañ arasynda (netije kanuny) berk baglanyşyk döreýär.

Bihewioristler açylan kanunalaýyklary mehaniki ýagdaýda adama geçirip, adamyň haýwandan tapawudyny, diňe onuň reaksiýasynyň has çylşyrymly häsiýeti bolmagynda geçirýärler. Içki psihiki durmuş, añ, gizlin akyl ýetirip bolmaýan hadysa hökmünde düşündirilýär. Mysal üçin, pikirlenme daşky sreda bilen berk baglanyşyk saklamaga kömekçi proses hökmünde garalýar. Bihewioristler pikirlenme aktlaryny instrumental hereketleriň sistemasy diýip tassyk

edýarler. Pikirlenme her bir ilkinji reaksiýa soňky üçin stimul bolup hyzmat edýän reaksiýalar zynjyry diýip , düşindirilýär.

Her bir organizm dogabitdi ýönekeý emosional reaksiýalary (gorky, ýigrenç) özünde jemleýän bitarap psihiki gurluş hökmünde garalypdyr. Daşky sredanyň tasiri organizmiň aktiwligini doly kesgitleýän, onuň, özüňi alyp barşyny emele getirýän ýeke-täk başlangyç diýip yglan edilýär.

Bihewioristler özüňi alyp barşyň daşky sreda garaşlydygyny dogry belleseler-de, tutuşlygyna alanyňda olaryň taglymatlary mehaniki häsýetlidir. Olar jogap reaksiýasynyň diňe bir stimuly bilen däl-de, eýsem içki - ýagdaýlar bilen döredilýändigini nazara almandyrlar.

Adamyň özüni alyp barşynyň nusgasy hökmünde olaryň psihikasyny öwrenmäge edilen synanşyklar kanunydyr. Şeýle bolsa-da adamlar bilen haýwanlaryň psihikasy hil taýdan tapawutlydygyna parhsyz garamak nädogrydyr. Bihewioristler materianyň hereketiniň aşaky biologiki formasyna mahsus kanunalaýyklar ýokary-sosial forma geçirip, adamyň psihikasynyň taryhy manysyny ünsden düşürilýär.

Bihewioristler tarapyndan hödürlenýän ylmy terminologiýanyň umumylygy özüňi alyp barşy, stimul-reaksiýa shemasy boýunça bir taraplaýyň düşündirmäge mümkinçilik berýär. Bu shemanyň ýönekeýligi hadysalary mukdar taýdan ýeňillik bilen suratlandyrmaga we netijeleri jemlemek uçin matematiki metodlary ulanmaga mümkinçilik berýär. Ýöne şeýle çemeleşik psihiki durmuşyň hil taýdan häsiýetlendirmesine ret edýänligi üçin psihologik barlaglaryň häsiýetini peseltýär.

Geştaltizm. Geştalt psihologiýa (nem. Gestall-obraz, konfigurasiýa) 20-nji asyryň başynda Germaniýada döreýär. Bu ugruň esasyny M. Wertgeýmeriň (1880-1944), W. Keleriň (1887-1967), K. Koffkanyň. (1886-1941) işleri düzdi. Bu mekdep köp babatlarda bihewiorizme we özalky bar bolan psihologik ugurlara garşy närazylyk hökmünde döredi. Geştalt-

psihologiýa bihewiorizmi, özüňi alyp barşy üzňelik-de derňändigi üçin tankytlaýar. Geştaltpsihologiýanyň nukdaýyndan özüňi alyp baryş reflekleriň toplymyndan has giň çylşyrymlyrak zatdyr. Ol bütewidir. Şonuň üçin hem psihiki bütewiligiň ilkinjiligi nukdaýnazaryndan çemeleşmek geştaltpistler tarapyndan beýleki ähli ugurlaryň taglymatyna garşy goýulýar. Aňyň, psihiki ýapdaýyň, kabul edişiň tutuş bütewiliginiň hilini, ony düzedýän elementleriň jemine syrykdyrmak bolmaz we olardan belup aýyrmakda bolmaz. Tersine, tutuş zat elementleriň hil taýdan aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Geştalt-psihologiýanyň tarapdarlary kabul ediş babatynda köp sanly barlaglar geçirdiler. Kabul edişiň duýmalardan hil taýdan tapawutlanýandygyny, olaryň ýönekeý jemine laýyk gelmeýändigini görkezdiler. Kabul ediş wagtynda figuranyň we şonuň gatnaşyklarynyň ähmiýeti we obrazyň kemala gelmeginde konturyň roly nygtalyp görkezildi. Geştalt-psihologiýanyň eksperimental barlaglarynyň ýetmezçiligi zatlara duýmalaryň kompleksi hökmünde garaýan mahistik ideýadan gelip çykýar. Olar obrazyň döremeginde obýektiw hakykatyň roluna, şonuň bilen birlikde kabul edişiň real manysynyň daşky dünýä bilen bagyşlanyşygyňa kembaha garaýarlar. Geştalt-psihologlar bihewiorizmiň pozisiýasyna özleriniň intellekt baradaky düşündirişlerini üzül-kesil garşy goýupdyrlar. Olar intellektiň stimul-reaksiýa shemasy buýunça düşündirilişini kere-körlük bilen ýerine ýetirilýän praktiki hereketlere syrykdyrmak diýip hasaplapdyrlar.

15. B. Keller intellektiň derňew obýekti hökmünde şimpanze maýmynyny saýlap alypdyr. Olary torndaýkyň pişikleriniň ýerleşdirilen şertleri ýaly şertlerde ýerleşdiripdirler. Mysal üçin, gözenegiň daşynda banan, gözenekde hem taýak goýýarlar. Maýmyn bonany almak uçin eden birnäçe netijesiz synanyşyklaryndan soň, özüniň peýdasyz hereketini bes edýär, soňra oýlanan ýaly edip,

taýak bilen miwäni alýar. Keler maýmyň bu ýumuşy, ýagdaýy çalt üýtgetmegiň üsti bilen çözýär diýip hasaplaýar. Şonuň netijesinde bolsa ýagdaýyň elementleri täze arabaglanyşyga gelip, täze ähmiýete eýe bolýar (taýak maksada ýetmek uçin serişde hökmünde kabul edilip başlaýar). Bu hadysa insaýt (tutmak, düşünmek) adyna eýe bolýar hem-de synyşyklar we ýalňyşlyklar metodyna garşy goýulýar. Keleriň pikiriçe «insaýtly özüňi alyp baryş» görüp kabul etmek bilen berk baglanyşykda bolup, köplenç ol ýagdaýa optiki düşünmek bilen kesgitleýär. Insaýt termininiň manysy doly işlenmedik hem bolsa, geştalistlere pikirlenmäniň deredijilik häsiýetini, ýagny bihewiorizmiň psihologiýasynda şöhlelendirilmedik möhüm tarapyny nygtamaga mümkünçilik berdi. Psihoanaliz. Bu ugruň döremegi awetriýaly psihiatr , Freýdin (1856-1939) ady bilen baglydyr. Freýdizmiň konsepsiýa hökmünde döremegi XX asyryň başlaryna degişlidir. Psihoanaliz birinji jahan urşundan son, 20-nji ýyllarda giň ýaýraýar. Häzirki döwürde psihoanalitikleriň bütin dünýä halkara jemgyýeti bolup, ol daşary ýurtlarda iňňäň giňden ýaýrandyr.

Freýd şahsyýetiň strukturasynda aňlanylmaýan psihiki üns berip, ony esasy derňew obýektine öwurýär. Ol näsaglar öz hereketleriniň, özüňi alyp barşynyň sebäbini düşündirip bilmezler, sebäbi olary döredýän esaslar aňyň çäginden daşda durýar, diýip belleýär. Psihiki näsaglygyň hakyky sebäbi duýş görmek, erksiz hereketleriniň şertli sebäpleri öwrenilende ýüze çykarylyp biliner. Öňüzi alyp barşyň hakyky motiwlerini düşündirmek we ony adam üçin şol saýda psihiki taýdan näsag adamlaryň kesellerini bejermek üçin hem alanylýan häsiýetde etmek psihoanaliziň freýdiň aňlanylmaýan psihikany derňemek üçin işläp düzen metodynyň esasy maksatlarynyň biridir.

Freýd şahsyýetiň ähli ösüşleri iki sany dogabitdi intektden gelip çykýar diýip ykrar edýär. Olar (Nesli dowam etdirmek instinkti (seksual meýiller-libido) we öz-özuňi gorämak instinkti (ölüm howpy). Jemgyýet bu instinktleriň

özakymlaýyn we kontrolsyz ýüze çykmagyny gadagap edýärmiş. Bularyň netijesinde olar añlanylmaýan sfera gysylyp çykarylyp, diňe jemgiyet tarapyndan rugsat edilen işe ornaşyp ýüze çykyp bilýär.

Freýdizm şahsyet psihologiýasynda has giňden ýaýran ugurlaryň biridir. Ol psihologiýada sosial faktoryň roluna kembaha seretmek bilen, şahsyýetiň kemala gelşinde anlanylmaýan, instinktiň başlangyçlaryň ähmiýetini absolyutlaşdyrylýar.

## § 5. Russiýada we sowet döwründe psihologiýanyň ösüşi

XIX-asyryň ortalarynda russiýada psihologiki ylmy barlaglaryň özboluşly ugry kemala geldi. Doly manyda I. M. Seçenow (1829-1905) rus psihologiýasynyň atasy, diýip hasaplanylýar. I.M.Seçenowyň ylmy taglymaty rus filosofiýasynyň gözbaşyny M.W.Lomonosowyň (1711 — 1765), işlerinden alyp gaýdýan materialistik dinleriniň esasynda kemala geldi. Hakyky filosoflar, ajaýyp publitistler, tutanýerli we pikirdeş döwürdeşler. A.N.Radişew (1749-1800), W.G.Belinskiý (1811-1840), L.I.Gernen (1812-1879), rewolýusion-demokratlar N. G. Çernyşewekiý (1828-1889), A.N.Dobrolýubow (1836-1861), psihiki hadysalara materialistik nukdaýnazardan düşünmegiň düýbüni tutdylar. Olar gunbatar ýewropa filosoflaryndan tapawutlylykda, adamdaky psihiki hadysalary diňe bir san biologiki ýa-da ruhy hadysa hökmünde däl-de, eýsem sosial hadysa hökmünde garapdyrlar. I.M.Seçenowyň psihologik teoriýasynyň ideýa esasynda rus rewolisioner-demokratlarynyň filosofiýasynyň baglanyşyklydyr. Bu bolsa psihologiýada materializmi takyklaşdyrýar. I.M.Seçenowyň ýazan işleri onda rus intelligensiýasynda jemgyýetçilik aňynyň kemala gelmeginiň çeşmesine öwrüldi.

Seçenowyñ psihiki baradaky ideýalary öz ösüşini psihiatriki klinikalarda dowam etdirip, şol ýerde psihikany barlamak boýunça laboratoriýalar döredildi. Psihologik laboratoriýalaryň ilkinjileriň biri G.M. Behterew (1857-1927) tarapyndan Kazanda döredilen laboratoriýady. Bu alymyň bitiren işleri rewalýusiýanyň öň ýanyndaky ýyllarda psihikany öwrenmegiñ obýektiw metodyna esaslanýan psihologiýa sistemasynyň döredilmegine getirdi. W.M. Behterew öz konsepsiýasynyň esasyna özüniň mazmuny boýunça , II, Pawlow (1849-1936) tarapyndan açylan şertli reflekslere ýakyn utgaşyklylyk refleksler hakynlygy taglymaty goýýar. W. M. Behterew ömrüniň soňky ýyllaryndada, Oktýabr rewolýusiýasyndan soñ obýektiw psihologiýany döretmäge çalşyp, psihiki hadysalaryň hemme görnüşlerini utgaşyklylyk reflekslerine baglanşdyrýar. I.P. Pawlowyň ylmy döredijiliginiň başlangyjy rewolýusiýadan oňki döwre degişlidir. Ol öňünde ýokary nerw işini obýektiw ýol bilen öwrenmek wezipesini goýdy. Ol aňyň roluny inkär etmän, öz ýolbaşçylyk edýän mekdebiniň tagallalaryny ýörite ýokary nerw işini öwrenmäge jemledi, şonuň bilen hem ýokary nerw işiniň fiziologik esaslaryny düşünmäge ýol aşdy. Pawlowyñ hyzmaty adamyň nerw sistemy özboluşly oýandyryjy bolan sözi analiz etmek bilen baglanyşyklydyr. Ikinji signal sistemasynyñ öwrenilmegine geçilmegi şertli refleksler usuly bilen adamyň ýokary nerw işini giňden barlamak özüni fizologiýadan psihologiýa tarap ýol çekmäge mümkinçilik berdi.

Seçenowyñ tarapdarlary bolan fiziologlar: N. E. Wwedenskiniñ (1852-1922), D. L. Uhtomskiniñ (1875-1942), pihologlar A.F. Lazurskiniñ (1874-1917), Tokarskynyñ (1859-1901) işleri ylmy psihologiýany ösdürmek üçin köp ylmy maglumatlar berdi.

Olar öz işlerinde beýniniň işleýşinýň kanunalaýyklyklaryny ýüze çykaryp, adamyň kadaly we patologiýa ýagdaýyndaky psihiki hadysalarynyñ aýratynlygy

hakynda faktlar topladylar. Bu bolsa psihologiýany ylmy esaslarda işläp düzmek üçin hakykyýete metodiki baza boldy.

Marks we Engels adam anyňyň jemgyýetçilik işniň önumidigini görkezdiler. Aňyň ýüze çykmagynyň sebäbi zähmet işi bolup, ol ýokary derejede ösen maýmynlaryň sürisiniň daşky sreda uýgunlaşmagynyň aýratyn serişdesi hökmünde tebigy-biologik ösüşin dowamynda döräpdir.

Zähmetiň kollektiwleýin häsiýeti aňyň ösüşiniň möhüm faktoryny adamyň sözleýiş dilini emele getiripdir. Zähmet prosesinde onuň ahyrky maksadyny ideal formada saklamak zerurlygy, şol maksatlary berkitmek we gaýtalamak üçin sözleýiş dilini ulanmak mümkinçiligi aňyň döremegine getiripdir. Aň munuň özi özaly bilen aňlanylýan barlykdyr. Şeýlelikde, Marksistik filosofiýada aň özbaşdak, üzňe bir zat bolman, daşky fiziki işi şöhlelendirmegiň ýokary formasydygy nygtalýar. Aňyň marksistik taglymaty öndürilip, şöhlelendirme teoriýasy döredilýär. Ol şöhlelendirmek ukybynyň materiýanyň esasyny düzýändigini, hem-de psihiki şöhlelenmeniň kanuny, subýektiw şöhlelendirmek ukybyny ösüşiniň ýokary derejesidigini görkezdi.

Sowet alymlarynyň öňünde ylmy psihologiýany işlap düzmek wezipesi durýardy. Marksistik metodologiýany ele almak we onuň esasynda psihologiýada toplanan materialy täzeden jemlemek, marksistik ugurlara garşy göreş şertlerinde geçýärdi. P. P. Blonskiý (1884-1941), M. ÝA. Basow (1892-1931), L. S. Wygotskiý (1896-1934), K. N. Kornilow (1879-1953). dagylar ilkinjileriň biri bolup marksizmiň pozisiýasyna geçdiler.

Marksist-psihologlar ozaly bilen, G. I. Çelpanowyň (1862-1936) aç-açan idealizminiň garşysyna çykyş etdiler. Ol syýasy ýagdaýdan ugur alyp, marksizmi özüniň psihologiýadaky neokantçylyk pozisiýasy bilen birleşdirmäge synanyşdy.

Dartgynly çekişmelerde G. I. Çelpanowyň ugry resmi

ylymdan gysylyp çykaryldy. Idealizme garşy göreşe refleksologlar hem goşuldylar.

Refleksologiýa psihika düşünmekde mehanizmden ugur alýardylar. Refleksologiýanyň baştutany W.T. Behterewdi Refleksologiýa alyp barýan işleriniň häsiýeti boýunça materialistik taglymatdy, ýöne ol tutuş psihiki durmuşy reflsksleriň jemine syrykdyrýardy, munuň özi bolsa psihiki hadysalaryň düşündirilşini ýol berip bolmajak derejede ýönekeýleşdirýärdi.

Ylmy psihologiýany mundan beýlek ösdürmek üçin refleksologiýany ideýa taýdan ýeňip geçmek, şonuň bilen ylmy psihologiýanyň öwrenýän obýektine öwürmek zerurlygy döredi.

30-njy ýyllarda sowet psihologiýasynda test metody giňden ulanylyň başlandy. Adamlary hünärelere almak üçin, okuwçylaryň akyl taýdan ösüşini öwrenmekde pedagoglar test metodyny giňden ulandylar. Testleriň tankydy göz bilen peýdalanylmazlygy netijesinde çagalary ösdürmek we terbiýelemek işi okuwçylaryň zehinlilik kofisiýent diýilýän kesgitlemeler bilen çalşyrymly we onuň esasynda akuwçylar ýetişik derejeleleri boýunça dürli klaslara we mekdeplere iberildi. Psihologiýa hakyky ylma ýat bolan ukyplaryň dogabitdiligi baradaky teoriýa esaslandy.

Magaryf halk komissarlygynyň sistemasynda pedologikleriň ýoýulyşyklaryň soňuna çykmak boýunça BK (b) P MK-nyň karary (1936) esasynda geçirilen işler sowet psihologiýasyna psihikany öwrenmäge çemeleşmegiň möhüm prinsipi bolan ösüş prinsipini ykrar etmäge ýardam etdi. Psihologik eksperiment diňe şahsyýetiň potonsial mümkinçiliklerini göz öňunde tutmak olary ýüze çykarmalydy. Refleksologiýanyň Ideologiýanyň kemçilikleriniň ýeňip geçilmesi psihikanyň işde kemala gelmek (S.L. Rubinşteýn) prinsiplerini formirlemäge mümkinçilik berdi. Psihika esasan işde kemala gelip, işde hem ýüze çykýar. Daşky hereketleriň,

ýüze çykmalaryň üsti bilen içki proseslary analiz etmek psihologiýanyň möhum wezipesidir.

Psihologlar Beýik Watançylyk urşy döwründe psihologiýa ylmyna uly praktiki we teoretiki goşant goşdular. Munuň özi ozaly bilen medisina işgärleri bilen bilelikde ýaralylaryň psihiki saglygyny dikeltmek (B.G. Annaýaew, D. N. Uznadze, A.R. Luriýa, L.W. Zankow, A.I. Liontew we ş. m.), uçmagy owretmek K.K. Platonow, L.M. Şwarç) meseleleri boýunça geçirilen işlerdir. B.M. Teplowyň «Praktiki pikirlenmek meseleleri boýunça» diýen işiniñ uly ähmiýeti boldy. Şol işde serkerdeleriñ akylyna analiz berlip, adamyň teoretiki we praktiki akylynyň bütewiligi gerkezilýär.

Soňky on ýyllyklarda psihologiýanyň ösüşiniñ aýraratynlyklarynyň biri-de onuň köp pudakly ylma öwrulmegidir. Psihologiýanyň çaga psihologiýasy we pedagogiki psihologiýa (onuň görnükli wekilleri W.W, Dawydow, A.A. Smirnow, G.S. Kostýuk, A.A. Lýublinskaýa), medisina psihologiýasy we patopsihologiýa (A. R. Luriýa, W. S. Mýasişew) ýaly ugurlary bilen birlikde onuň täze pudaklary hem döreýär. Psihologiýanyň sport psihologiýasy (P. A. Rudik, A.Ň. Puni), injinerçilik psihologiýasy (B.F. Lomow, W.P. Zinçenko), sosial psihologiýasy (A.G. Kowalew, A.W. Petrowekiý) ýaly täze ugurlary kemala geldi.

**Soraglar**

1. Psihologiýanyň prinsiplerini we metodologik esaslaryny aýdyp berin.
2. Psihologiýany öwrenmegiň nähili ähmiýeti bar we onuň öňünde nähili wezipeler goýulýar?
3. Psihologiýanyň takyk metodlaryň ahmiýeti nameden ybarat?
4. Daşary ýurt psihologiýasynyň esasy ösüş ugurlaryny aýdyp beriň.

# 3-NJI BAŞ. Haýwanat dünýäsinde we adamzat jemgyýetinde psihikanyñ ösüşi

## 1. Psihikanyň döreýşi

Psihika organiki tebigatyň ösüşiniň dowamly we çylşyrymly prosesiniň önümidir. Has ýönekeýje mikroorganizmlerde psihika sözüň doly manysynda bolmaýar. Olar üçin şöhlelenmäniň has ýönekeý formasy gyjynmak mahsusdyr. Gyjynmaklyk ähli janly zatlarda psihikanyň döremeginiň öň ýanyndaky düýpli aýratynlyk diýip hökmünde seredilýär.. Gyjynmak munuň özi janly organnzmleriň öz ýagdaýynyň üýtgemegini ýa-da daşky täsirlere jogap beriş raksiýasydyr.

Gyjynmak daşky polojitel täsirlere laýyklyga golaýlaşmak, özüne çekmek we otrisatel täsirlere degişlilikde daşlaşmak, gaçmak ýaly iki dürli hereket formalarynda ýüze çykýar. Jogap reaksiýalarynyň, güýji häsiýeti diňe bir daşky täsiriň güýjüne, aýratynlyklaryna bagly bolman, eýsem janly organizmiň içki ýagdaýynada baglydyr. Mysal üçin, amýoba dok bolanynda iýmite reaksiýasy bolmaýar.

Hususy psihiki şöhlelenme janly organizmiň diňe bir biologiki ähmietli gyjyndyryjylara bolan reaksiýasy häsiýetli bolman, eýsem biologiki ähmietli täsir barada habar berýän, signal funksiýasyny ýerine ýetirýän gyjyndyryjylara bolan reaksiýasy-da häsiýetidir. Mysal üçin, mör-möjekler sesden, ysdan, reňkden ugur alyp özlerine iýmit tapýarlar ýa-da abanýan howpdan gaçýarlar. Predmetleriň sesiniň, ysynyň, reňkiniň özi mör-möjekler üçin gös-göni ähmýietli bolman, olaryň iýmite bolan isleglerini kanagatlandyryp bilmeýär. Ýöne, olar biologiki islegleri kanagatlandyrmagyň mümkindigini habar berýän signal bolup hyzmat edýärler.

Materiýanyň ösüşindäki mundan soňky döwur, janlygy

materiýanyň has ýokary formalarynda täze aýratynlygyň — duýgurlynyň ýagny organizme täsir edýän zatlaryň häsiýetlerini suratlandyrýan duýmalarynyň gelip çykmagy bilen baglanyşyklydyr.

Psihikanyň başlangyç formasyny duýmalar duzýärler.

Şunlukda, psihika her bir janly materiýanyň häsiýete däldir. Ol organiki materiýanyň ýokary formalaryna mahsusdyr.

**Haýwanlaryň özüni alyp barşynyň formalary.**

Bularyň özlerini alyp barşynyň uç sany formasyny tapawutlandyrylyp, olara instinktler, indikler, özüni alyp barşyň intellektual formalary degişlidir.

**Instinkt** - bu özüňi alyp barşyň dogabitdi formasydyr. Haýwanlaryň her bir görnüşiniň diňe özüne malsus bolan instinktler toplumy bolýar. Elbet-de haýwanyň ömrüniň dowamynda instinktleriň, indikileriniň hasabyna käbir kämilleşmesi bolup geçär şonuň üçin köplenç sürülere ýaşuly, tejribeli, uly durmuş ýoluny geçip erkek haýwanlaryň ýolbaşçylyk edýänligi ýöne erden däldir, ýöne olar esasan, butin ömrüniň dowamynda üýtgemen galýarlar.

Instinkt - bu özüňi alyp barşyň galypa salnan görnüşi bolup, ol haýwanlaryň durmuş şertleriniň üýtgemeýän wagtlarynda gerek bolýar. Eger, şertler üýtgese, haýwanlar ony duýmaýarlar. Ol organizmiň dogabitdi dolandyryş apparatyna girizilen programma boýunça hereketini dowam etdirýär. Mysal üçin, bal arysynyň içi baldan dolan her bir gözi müm bilen örtýändigi mälimdir. Alymlar şeýle eksperiment geçirdiler: içi bally gözleri beýleki tarapyndan deşip, içiniň baly akdyryldy. Arylar bolsa boşlugyna garamazdan ony müm bilen ertmeklerini dowam etdiripdirler.

Guşlar köplenç özleri üçin amatly bolan günorta geografik kontinentlere gyşlamaga gidýärler. Ýöne käbir ýyllarda şol raýonlarda gyş gazaply gelýär, emma münlerçe guşlar has gunorta raýonlara gitmän, şol ýerde ölüp galýarlar.

Instinkt haýwanlaryň özüni alyp barşynyň guramaçylykly formasydyr. Samyrlar pugta kesgitlenem forma boýunça bent gurýarlar. Garynjalaryň her bir görnüşi özlerine mahsus bolan ýerleri ýasaýarlar. Guşlaryň her bir görnüşi öz ýaşaýyş şertlerine laýyk höwürtge taýýarlaýarlar. Hatda inkubatorda çykarylan guşlar hem şeýle edýärler. Bular hem guşlaryň şol görnüşine mahsus bolan galynyna laýyk höwürtge edimýärler.

Instinkt özüňi alyp barşyň biologiki taýdan peýdaly forrmasy bolmak bilen, ýöne ol haýwanlaryň uýgunlaşmýagyny görşümiz ýaly, diňe ýaşaýşyň myda-malyk şertlerinde üpjün edýär.

Endik. Endikler instinktlerden tapawutlylykda haýwanlaryň özüni alyp barşynyň özbaşdaklykda gazanylan formasydyr. Endikler haýwanlarda durmuşyň tebigy şertlerinde, şeýle hem olara adam tarapyndan döredilmek prosesinde hem emele gelip biler.

Endikler haýwanlarda synanyşyk we ýalňyşlyk üsti arkaly emele gelýärler. Haýsydyr bir hereketleriň köp gezek gaýtalanylmagy we zerur bolan netijäni almak üçin oňa polojitel goldaw berilmegi, kem-kemden degişli reaksiýanyň kemala gelmegine getirýär. Eksperiment geçirilende towugyň öňünde «P» harpyna meňzeş gözenek goýulyp, onuň aňyrsyna bolsa diňe döküldi. Towuk diňe gözenegiň üsti bilen geçmek uçin köp gezek synanyşdy. Ol tötänden, gözenegiň daşyndan öwrülip, diňe ýetýänçe, öňki şowsüz hereketini onlarça gezek gaýtalady. Gaýtalanyp geçirilen eksperimentlerde ýalňyş synanyşyklaryň sany kem-kemden azaldy we towukda özüňi alyp barşyň täze formasy emele geldi.

Endik haýwanlaryň özüňi alyp barşynyň üýtgop durýan formasy bolýanlygy üçin ol degişli goldaw bolmaga kem-kemden ýitip gidýär. Mysal üçin, arasy aýna bilen kesilen akwariumyň bir seksiýasyna çüý balygyny, beýleki seksiýasyna bolsa owunjak balyklar göýberildi. Çüý balygy

owunjyk balygy tutmak üçin onlarça gezek synanyşdy, ýöne her gezek aýna degip yzyna gaýtdy. Birnäçe wagt geçenden soň, çüý balygynda endik emele gelip, ol owunjak balyklara topulmany goýdy. Bu endik seksiýalaryň arasyndaky aýna aýrylanyndan soň hem saklanyp galdy. Ýöne şol endik tiz wagtdan ýitip gidip, çüý balygy özüňi ozalky ýaly alyp barmaga başlady.

Bulardan başga-da, endigiň özgermegi bir zadyň üýtgemegi netijesinde hem ýüze çykýar. Maýmynda içine banan salnan gutynyň ildirgijini öň aýagynyň sag penjesi bilen açmak endigi döredilipdir. Soňra onuň sag penjesi göwresine daňylanda maýmyň ildirgiji öň aýagynyň çep penjesi bilen açýar. Soňra ol aýagy hem daňylanda, maýmyň ildirgiji yzky penjesi bilen açýar. Haçan-da bu mümkinçilikden hem galandan soň, ol dişleri bilen açyp başlaýar. Endikleriň şeýle üýtgemegi esasan, ýokary guramaçylykly haýwanlar üçin mahsusdyr.

Endikleriň döreýşi haýwanlaryň umumy ösüş derejesine we dereýän endigiň bar bolan instinktlere daýanyp bilmek mümkinçiligine baglydyr. Tejribeli tälim berijiler hemişe şuny göz öňünde tutýarlar. Ony W.A. Durow hem başarjaňlyk bilen peýdalanypdyr. Endikler bilen instinktleriň arasynda berk baglanyşyk bolup, ol instinktlere laýyk gelýän endikleri has gowy döreýänliginde ýüze çykýar. Ikinji tarapdan bolsa, endikler instinktlere täsir edýärler, käte bolsa olaryň döremegini bökdeýärler. Dogry, eldekileşdirilen it diňe öz eýesiniň elinden iýmt iýär. Bu erde Endik in guýçli iistinktlerin biri bolan iýmit instinktini basýar. Ýörite öwredilen we arkasyna mina danylan itler, özlerini tankyn aşagyna oklaýarlar. Bu ýerde endik guýçli bolup, öz-özüňi görämak instinktini basýar.

Ewolýusion ösüş prosesinde haýwanlaryň ençeme nesillerini durmuş şertlerine laýyk gelýän endikler, kem-kemden berkeýärler we özüňi alyp barşyň nesile geçän formasyna öwrulýärler. Hut şu ýerde haýwanlary durmuşyň bar

bolan şertlerine uýgunlaşdyrmagy üpjün edip tebigy seçgi ýüze çykýar.

**Özüni alyp barşyň intellektual formasy.** Intellektual özüni alyp baryş — bu haýwanlaryň özüňi alyp barşynyň ýokary tipidir. Ony ýokary derejede ösen maýmynlarda we delfinlerde görmek bolýar. Intellektual özüňi alyp baryş haýwanlaryň üýtgäp duran daşky sreda has doly we dogry uýgunlaşmagyny üpjün edýär. I. P. Pawlow köp sanly tejribeleriň netijesinde maýmynlaryň öňden dörän endikleri üýtgedip bilmeýändikleri, olary daşky ýagdaýyň üýtgemegi bilen täze kombinasiýalara birikdirmäge ukyplydyklary barada netijä gelipdir. I.P. Pawlowyň ýazyşy ýaly, maýmynlar «baglanyşyklaryň býaglanyşygyny» amala aşyrýarlar. Şol haýwanlar aýry-aýry predmetleri tutuşlygyna, şeýle hem olaryň arabaglanyşygyny, gös-göni daşky alamatlary dogrusyndaky maglumatlary şöhlelendirmäge ukyplydyr.

Maýmynlarda arabaglanyşyklary kabul etmekligiň bardygyny dürli barlagçylaryň olarda geçirlen köp sanly tejribeleri tassyklaýar. Belentlikde maýmyn birnäçe taýak kesimlerini birikdirip alar ýaly aldawaç (banan, alma) asylyp goýulýar. Taýak kesnmleriniň bir ujunyň dörtburç, uçburç ýa-da tegelek, beýleki ujunyň bolsa deşik bolmagy bu ýumuşy kynlaşdyrýardy. Diňe kesimleri dogry saýlamak arkaly taýagy düzmek bolýardy. Maýmyn köp sanly sypanyşyklardan we ýalyşlyklardan soň, bu ýumuşy ýerine ýetirmegi başaryp we aldawajy aldy. Başga bir eksperimentde maýynyň gözeneginiň öňünde içi mandarinli kürüşge goýuldy. Kürüşgäniň gulpundan lenta geçirildi. Lentanyň uçlary maýmynyň penjesi ýetmez ýaly edilip goýuldy. Ol muny gözenegiň öňünde ýatan taýak bilen amala aşyryp biljekdi. Ýöne şol taýaga-da maýmynyň penjesi etmeýärdi. Bu işi gözenekde ýatan gysgajyk taýak bilen edip boljakdy. Maýmyn içi mandarinli kürüşgäni gös-göni almak, lentäniň ujundan tutmak, uly taýaga penjesini ýetirmek üçin eden köp sanly netijesiz synanyşyklaryndan soň,

ahyrda zerur bolan hereketleri, hemmesini dogry yzly-yzyna ýerine etirdi: kiçijik taýajyk bilen uly taýagy süýşürdidi, köp sanly synanyşyklardan we ýalňyşlyklardan soň şol taýagyň ilmegi bilen lentanyň iki ujundan hem bile tutup, ilki-ilkiler maýmyn lentanyň bir ujundan çekende lenta sogrulyp, kürüşge bolsa ýerinde galýardy) kürüşgäni özüne çekip mandarini aldy. Bu tejribeleriň birinjisi intellektual özüňi alyp barşa predmetleriň dürli formalarynyň arasndaky arabaglanyşygy kabul etmekligiň mahsusdygyny, ikinjisi bolsa göze görnüp duran ýagdaýlaryň giňişlik arabaglanyşyklaryna kabul etmekligiň häsiýetlidigini şaýatlyk edýär.

Ýokary derejede ösen haýwanlara mahsus ýene-de bir möhüm aýratynlygy, olaryň «iki basgançakly mesele» diýilýan ýumuşy çözmäge ukyplydygyny bellemelidir. Bu ýumuşyň manysy haýwanyň hereketleriniň birinji böleginiň ýeterlik bolýan maksada gös-göni alyp baran, diňe oňa zerur bolan şertleri taýarlaýanlygyndan ybaratdyr. Muny öňki getirilen mysallarda görmek bolýar. Dürli böleklerden taýagyň düzülmegi gös-göni aldawajy almaga gönükdirilen, diňe oňa şert taýarlaýar. Eger ikinji mysalda maýmyň uly taýaga etmek üçin kiçijik taýagy alýan bolsa, munuň özi hem esasy meseleleri hem çözmäge görulýän taýýarlykdyr. Taýýarlyk görülýän döwür şu aşakdaky tejribede has aýdyň görunýär. Uzyn turbanyň içine kemput salyp, maýmynyň penjegi ýetmez ýaly edilip goýuldy. Onuň gapdalynda hem ýogyn agaç bölegi ýatyrdy. Maýmyn derrew şol agajy peýdalanjak boldy, emma agaç turba sygmady. Şondan soň maýmyn ony dişi bilen ýonup başlady. Diňe şondan son turbanyň içindäki kempudy çykardy. Taýýarlyk göruş hereketlerini ýerine ýetirmekde zähmet guralyny taýýarlamagyň geljekgi nusgasy ýüze çykyp, bu bolsa diňe adama mahsusdyr.

Maýmynlar «iki basgançakly» messläni çözende goreýmäge olar hem zähmet guralyny taýýarlaýan ýaly bolup görünýär. Ýöne haýwanlaryň şol meseleleri çözmesi üçin

peýdalanan taýak we agaç böleklernide gural funksiýasy emele gelmeýär. Munuň sebäpleriň biri hem adamyň zähmet guralyny taýýarlamagynyň olary peýdalanmakdan aýry wagtda bolup geçýänligidir. Onuň ilkinji fazasy awtolom häsiýetli bolup, ulanmak fazasyna bagly däldir. Haýwanlarda şol fazalar yzly-yzyna bolup geçýär.

Şeýlelik bilen, özüňi alyp barşyň intellektual formasy haýwanlaryň sredanyň üýtgeýän şertlerine üstünlikli uýgunlaşmagyny üplün edýänligi bilen tapawutlanýar. Bu özüňi alyp baryşda diňe bir aýry-aýry predmetleri däl-de, olaryň arasyndaky daşky gatnaşyklary hem şöhlelendirmek mümkinçiligi döreýär: özüňi alyp barşyň bu formasy esasy meseläniň üstünlikli çözülmegini üpjün edýän taýýarlyk göruş döwrüni hem öz içine alýar.

## § 2. Adamyň aňynyň ösüşinde zähmetiň roly

Adamyň aňy, onuň, haýwanat dünýäsinde ýaşamagyndan zähmet işiniň geçmeginiň netijesinde döreýär. Haýwan tebigata diňe uýgunlaşýaň bolsa, adam özüniň erk isleglerine laýyklykda tebigaty üýtgedýär. Tebigata uýgunlaşmak bilen birlikde, ösýän islegleri kanagatlandyrmak üçin zähmet prosesinde tebigatyň kollektiwleýin özgerdilmegi adamlaryň ýaşaýşyňda barha has uly ähmiýete eýe bolupdyr. Predmetleriň gurallar hökmünde peýdalanylmagy, ondan soňra zähmet gurallarynyň ýasalmagy adam psihikasynyň, aňyň döremegine eýe bolupdyr.

Biologiki şertler adam aňynyň ýüze çykmagy üçin diňe mümkinçilikler bolup durýar. Adam aňynyň döremegi üçin esasy şert zähmet bolupdyr.

F. Engels "Zähmet adamyň hut özüňi döredipdir" diýip ýazýar.

Zähmet guralynyň taýýarlanyp başlanmagy adamyň töwerekdäki tebigata täze gatnaşyklarynyň döremeginiň

başlangyjydyr. Şol gatnaşyklar adamyň özünde bap bolan zähmet gurallary bilen baglanyşyklydyr. Zähmet guralynyň ösüş derejesine baglylykda adamyň tebigata täsir edişi, ony özgertmäge we adamyň hajatlaryna uýgunlaşdyrmaga bolan mümkinçilikleri hem dürli-dürlidir.

Adam töwerekdäki tebigaty özgertmek bilen, özüniň hususy tebigatyny özgerdýär. K. Marks «Zähmet ozaly bilen adam bilen tebigatyň arasyndaky amala aşyrylýan prosesidir, bu prosesde adam hut öz işi bilen özuniň we tebigatyň arasyndaky maddalaryň çalyşmagyny aralaşdyrýar, düzgünleşdirýär we muňa kontrollyk edýär. Tebigatyň maddasyna adamyň, hut öz durmuşy üçin amatly bolan formada eýe bolmak üçin, ol öz jesedine degişli tebigy guýçleri: ellerini, aýaklaryny, kellesini we barmaklaryny herekete girizär. Şu hereket arkaly daşky tebigata täsir edip we ony üýtgedip, adam şonuň bilen bir wagtda hut özüniň tebigatyny-da üýtgedýar» diýip ýazýar.

Zähmet prosesinde adamyň eliniň funksiýalary kemilleşipdir we ösüpdir. El diňe bir tutmak ýa-da predmetleri saklamak hereketlerini ýerine ýetirmek serişdesi bolman, ol akyl ýetiriş organyň esasyna öwruldi. Hut zähmet prosesinde eliň hereket apparaty ösdi we ol obýektleriň dürli hesiýetlerini kesgitlemäge mümkinçilik berýän syzyş organyna öwrüldi. Şu zatlaryň hemmesi F. Engelse adamyň elini hem zähmetiň guraly hem-de zähmetiň önümi diýip atlandyrmaga mümkinçilik berdi.

Zähmet prosesinde adamyň sözleýiş dili ösüpdir. Adamyň zähmet işleriniň maksada göňükdirilenlik häsiýeti, zähmet prosesinde aragatnaşyk saklamagyň ze-rurlygy öz hereketlerini sazlamak, zähmet prosesinde toplanýan tejribeleri alyşmagyň möhümligi, bir tarapdan, sözleýşi diliniň ösmegi üçin şert, ikinji tarapdan, bolsa sözleýiş diliniň ösmegi adamyň özüniň ösmegine we kämilleşmegine getiripdir.

F. Engels «ilki başda zähmet, soňra bolsa şonuň bilen

birlikde aýyl-saýyl seslere belünip gepleýiş iki sany iň esasy stimul bolup, bularyň täsiri astynda maýmynyň beýnisi kem-kemden adam beýnisine öwrülipdir, adamyň beýnisi maýmynyň beýnisine gaty meňzeş hem bolsa, ululygy we kämilliligi taýyndan maýmynyň beýnisinden köň artykdyr» diýip ýazýar.

Adamlaryň zähmet işiniň möhüm netijesi we şonuň bilen den derejede şol işiň ösmeginiň möhüm şerti adamzat jemgyýetiniň döremegidir.

F. Engels «Agaçlara dyrmaşyp ýören maýmyňlaryň sürüsinden adamzat jemgyýeti emele gelýänçe, megerem, ýüzlerçe muň ýyl (ýeri taryhy üçin ähmiýeti adamyň ömri üçin bir sekundam ähmiýetinden köp bolmadyk) geçendir. Emma her niçik-de bolsa, ahyrsony, adamzat jemgyýeti döräpdir. Onson adamzat jemgyýetiniň özüni maýmynlar sürüsinden tapawutlandyrýan häsiýetli alamatyny biz ýene-de nemede geryäris? Zähmete-de» diýip belleýär. Adamyň gadymy nesilleriniň süriniň içindäki instinktiw biologik häsiýetli gatnaşyklary, olaryň zähmýetine esaslanýan gatnaşyklar bilen çalşypdyr.

Şeýlelik bilen, adamyň döremegi, onuň aňynyň kemala gelmegi we ösmegi bilen, şonuň esasynda gatnaşyklaryň başga bir sistemasynyň, adamyň, psihikasynyň we aňynyň ösmegine gös-göni täsir edýän adamzat jemgyýetiniň emele gelmegi bilen döredilipdir.

## § 3. Haýwanlaryň psihikasynyň we adamyň aňynyň özboluşlylygy

Biz psihiki şöhlelenmäniň aýratynlyklaryna garap geçmegimizde tutuş psihikany häsiýetlendirmek bilen, onuň ösüşiniň ýokary etapy bolan adamyň aňyna mahsus aýratynlyklary görkezmändik. Hakykatyň aňda şöhlelendirilmegi psihiki şöhlelendirmeniň ähli aýrtynlyklaryny

özünde jemleýär. Ýöne, anyň derejesinde şol aýratynlyklaryň her birinin diňe adamyň aňyna mahsus bolan hesiýetleri bardyr. Bulardan başga-da aň üçin haýwanlaryň psihikasynda duş gelmeýän käbir özboluşly aýratynlyklar mahsusdyr.

Aň hem tutuş psihika ýaly, şöhlelendirme prosesidir, ýone bu proses aňyň derejesinde has çylşyrymly amala aşyrylýar hem-de bir wagtyn özünde özara baglanyşykly üç ugur boýunça geçýär.

Özaly bilen, daşky dünýäniň şöhlelendirmesi taryhy ösüşiň döwürlerinde dürlidir. Şu şöhlelendirmäniň häsiýeti hemişe bar bolan sosial-ykdysady şertlere baglydyr. Başgaça aýdanyňda, ozal bellenip geçilişi ýaly, adamyň aňy taryhy jähtde üýtgeýär. Elbetde haýwanlaryň psihikasy babatynda şeýle özgerişikler hakynda gürrüň etmek bolmaz.

Daşky dünýäni şöhlelendirmek prosesi her bir Adamyň ömrüniň dowamynda hem üýtgeýär. Şeýle bolanynda şöhlelendirmäniň aýratynlyklary ýaş we toplanan tejribe arkaly döredilýär. Göräýmäge şöhlelendirmäniň oniň şeýle üýtgeşmeleri haýwanlaryň psihikasynda hem bolýan ýaly, sebäbi olaryň ömrüniň dowamynda şöhlelenmäniň üýtgeşmeleri bolup geçär. Ýöne munuň özi diňe daşky menzeşlikdir. Haýwanlaryň psihikasynyň diňe şol bir jandaryň tejribesi bilen döredilýär, adam bolsa bütin adamzadyň jemgyýetçilik taryhy tejribesini özüne alyp biler.

Şöhlelenme şol bir işiň pursatlaýyn döwurlerinde hem dürli-dürlidir. Ol bilmezlikden bilmäge, doly däl bilimlerden hemmetaraplaýyn doly bilimlere duýgy üsti bilen akyl ýetirişden abstraktlaşyp akyl ýetirişe geçmekde has aýdyň ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlarda daşky üýtgeşmeler gnostiki (akyl ýetiriş) planda bolup geçýär. Haýwanlarda hakykata akyl ýetiriş gatnaşyklary düýpden bolmaýar.

Daşky dünýäni şöhlelendirmekde taryhy, ontogintik hadysalaryň birligi adamyň aňynyň haýwanlaryň psihikasyndan tapawudynyň ilkinji alamatydyr.

Adamyň aňy obýektiw hakykatyň subýektiw aňlatmasydyr, ýöne şol aktiwligiň derejesi we häsiýeti aýdan başgadyr. Psihiki şöhlelenme haýwanlaryň diňe daşky şertlere uýgunlamagyny üpjün edýär, haýwanlar diňe tebigatyň berýän zatlaryny peýdalanmak bilen çäklenýärler. W.I. Lenin «Adamyň aňy obýektiw dünýäni diňe şöhlelendirýänligi bilen durman, hatda ony döredýär hem» diýip ýazýar.

Hakykatdaky aktiw özgerişleri diňe adam görup biler, sebäbi adam onuň obýektiw kanunlaryna akyl ýetirýär we şolara baglylykda öz işiniň maksatlaryny kesgitleýär. «Adam diňe bir tebigatyň beren zadynyň, formasyny üýtgetmek, tebigatyň berýän zadynda ol şonuň bilen bir wagtda özüniň düşünjeli maksadyny-da amala aşyrýar, şol maksat bolsa kanun hökmünde işgäriň häsiýetleriniň, hereketleriniň usulyny we häsiýetini hem-de ol öz erk islegini şol maksada tabyn etmelidir».

**Adamyň aňynyň** deredijikikli we maksada gönükdirilen häsiýeti bilen döredilýän aktiwligi, ony haýwanlaryň psihikasyndan tapawutlandyrýan ikinji alamatydyr.

Daşky täsirleriň lsihikada özal dersi aýratynlyklaryň üsti bilen şöhlelendirmegi haýwanlaryň psihikasy üçin hem adamyň aňy üçin hem häsiýetli zatdyr. Şol ýagdaýlaryň ikisinde-de obýektiw dünýäniň subýektiw şöhlelenmesi bardyr. Ýöne şöhlelenmäniň subýektiwligi prinsipial taýdan dürli-dürlidir.

Adam akyl ýetirmäniň subýekti hökmünde çykyş edýär. Onuň akyl ýetirişi düşünjeli, maksada gönükdirlen häsiýetde eýe bolup, ol şöhlelendirýän zadyna akyl ýetirýzr. Ikinjiden, daşky täsirli üýtgedijä tejribeler adamlarda we haýwanlarda dürlidir. Haýwanlaryň tejribesi diňe onuň öz ömrüniň esasynda taplanyp konkret häsiýetlidir. Adamyň tejribesi bolsa, diňe bir onuň özüniň praktiki iş prosesinde toplaýan zatlary bilen çäklenmän, bütin adamzat tarapynyndan umumy tejribäni hem öz içine alýar. Üçünjiden, öz üstlerinde daşky täsirleri

şöhlelendirişi olaryň üýtgeýjiligiňe sebäp bolan anatomo-fiziologik aýratynlyklary adamda we haýwanda dürli-dürlidir.

Obýektiw dünýäniň adamzadyň umumylaşdyrylmagya tejribesiniň üsti bilen maksada gönükdirilen, düşünjeli subýektiw häsiýetde şöhlelendirilmesi, adamyň psihikasyndan tapawutlandyrýan üçünji haýwanlaryň alamatdyr. Hakykaty şöhlelendirmek haýwanlara-da adamada mahsusdyr. Ýöne ol haýwanlarda daşky sreda uýgynpşmak maksady bilen özüňi alyp barşyňy kadalaşdyrmagy üpjün edýär. Ýaşaýyş ugrundaky biologiki göreşde diňe üýtgäp durýan daşky şertleri şöhlelendirýän, şol şertlere üstünlikli uýgunlaşýan haýwanlar ýaşamaklaryny dowam etdirýärler. Añyň derejesinde praktikada barlanýan häsiýetde hakykaty şöhlelendirmek, bu hakykata we onuň köp sanly baglanşyklaryna hem-de aragatnaşyklaryna akyl ýetirmek prosesidir.

Dünýäniň onuň köp sanly baglanyşyklaryna we aragatnaşyklaryna akyl ýetirmek formasynda şöhlelendirilmegi adamyň aňyňy haýwanlaryň psihikasyn tapawutlandyrýan dördünji alamatdyr.

Adamyň zähmetiniň netijeleriniň maddy we ruhy önümlere öwrülmegi, toplanan tejribäniň sözlerde jemlenmegi we düşünjelerde saklanyp galmagy, adamlarda diňe bir häzirki döwre akyl ýetirmäge däl-de eýsem öz geçmişini bilmäge-de kömek edýär.

Adam geçmiş bilen häzirki döwri deňeşdirmek arka1y obýektiw sebäpli netijeli baglanyşyklary açmak mümkinçilik alýar. Adam sebäpli netijeli baglnyşyklary bilmek arkaly geljegi öňünden görüp bolýär. Adamyň aňy üçin haýwanlarda bolşy, diňe bir ösýan şöhlelenme häsiýetli bolman, eýsem

geljegi öňden görüjilikli habar bermek hem mahsusdyr. Adam aňynyň öňden görüjilikli häsiýeti ony haýwanlaryñ psihikasyndan tapawutlandyrýan bäşinjj alamatdyr.

# 4-NJI BAŞ. IŞIŇ PSIHOLOGIÝASY

## § 1. Iş, hereketler we gymyldylar hakynda düşünje

**Iş hakynda düşünje.** Adam öz tebigaty boýunça aktiwdir. Ol zähmetiň haýsy görnüşi bilen meşgullanýandygyňa garamazdan döredijidir. Iş prosesinde ýüze çykýan aktiwligi bolmasa adamyň ruhy durmuşynyň baýlyklaryny: akylynyň we duýgusynyň çuňllugyny, hyýalynyň we erkiniň güýjüni, ukyplaryny ýa-da hesiýetleriňi açyp gerkezmek mümkin däldir.

Iş sosial kategoriýadyr. Haýwanlara diňe ýaşaýyş ukyby mahsus bolup, ol daşky sredanyň talaplaryna organizmiň biologiki uýgunlaşmagy häsiýetde ýüze çykýar. Adam üçin özüňi tebigata aňly garşy-goýmak, onuň kanunlaryna akyl ýetirmek we ona aňly-düşünjeli täsir etmek häsiýetlidir. Adam şahsyýet hökmünde öz öňünde belli bir maksat goýup, özüni aktiwlilige ugrukdyrýan, aktiwligi ýüze çykarýan sebäpleri düşünýär.

Aňyň we işiň birligininň marksistik psihologiýasynda formirlenen prinsipli birnäçe teoretiki düzgünleri özünde jemleýär. Aňyň mazmuny, ozaly bilen akyl ýetirýän işiň, oňa goşulan obýektleri we taraplary öz içine alýar. Şeýlelikde, aňyň mazmuny we düzümi iş bilen baglanyşykly döreýär. Aktiwlik şahsyýetiň psihiki şöhlelenmesiniň möhüm häsiýetnamasy hökmünde predmetleýin işde başlanýar, amala aşyrylýar we soňra adamyň psihiki häsiýetini öwrülýär. Aň işde formirleşip, şonda hem ýüze çykýar. Mugallym okuwçynyň bilim derejesine onuň jogaby we tabşyrygy ýerine ýetirişi boýunça baha berýär. Mugallym okuwçynyň, okaýşyny analiz etmek bilen, onuň ukyplary, pikirlenmek we ýatkeşlik aýratynlyklary barada netije çykarýar. Şahsyýetiň işi we hereketleri boýunça onuň garaýyşlarynyň, duýgularynyň, erkiniň eýleki sypatlarynyň häsiýetleri kesgitleýär. Islendik işiň görnüşi

hereketler bilen baglanyşyklydyr. Hereketler garaşylýan netije hökmünde ýüze çykýan maksada, pikirlenilýän ýa-da göz öňüne getirilmäni netije etmeklige gönükdirilendir. Meselem, alma agajy oturdylanda, belli bir çuňlukda çukur gazmak, dökün dökmek, köküni düzedip, ony daňmak we ş.m. işleri etmek bilen, adam bu prosesde belli bir plan boýunça hereket edýar. Işiň barşynda bu plan pikirleriň we göz öňüne getirmeleriň, ençeme görnüşinde aýbaňlandyrylýar hem-de güýji, tizligi, gerimi, ylalaşyklylygy, takyklygy boýunça gymyldylar arkaly amala aşyrylýar.

Hereketiň sostawyna girýän gymyldylar ýa oňünden niýetlenen, ýa-da öňünden niýetlenilmedik häsiýetde bolýarlar. Bu ýagdaýlaryň ikisinie-de olar reflektor hereketler bolup galýarlar.

Psihologiýada işiň iki görnüşini daşky (fizika) psihiki reallykda ýaýbanlanan içki işi (psihiki) tapawutlandyrýarlar. Sowet psihologlary L.S. Wygotskiý, A.N. Leontewiň, P.ÝA. Galperiniň, N.F. Talyzynanyň barlaglaryndan akyl işiniň ilki daşky predmet görnüşinden formirlenip, kem-kemden içki görnüşe geçýändigini görkezildi. Daşky işiň içki görnüşe geçmegine interiorizasiýa diýilär. Oňa mysalda seredeliň. Çaga sanamagy öwrenýär. Ilki başda ol taýajyklary sanaýar, olary bir-biriniň üstüne goşýar. Soňra taýajyklaryň gerekmejek pursady gelýär, sanamak predmetleriň özünden we olary daşky täsir etmekden aýry başga akyl işine öwrulär. Pikirlenme operasiýalarynyň obýektleri bu ýerde eýýäm simwollar-sözler we sanlar bolýarlar. Dürli akyl hererereketleriniň formirlenmegi adamyň, ýeten tejribesiniň darejesinde onuň akyl işini üpjün edýär.

Akyl hereketiniň predmetler bilen baglanyşykly bolan görnüşinde durmuşa geçirilmegine ekstorizasiýa diýilär.

Daşky iş hereketiň içki tarapyndan kontrollyk edilýär. Adam edýän hereketleriňi obrazlar we oý-pikirler görnüşinde planlaşdyrýar we daşky bar bolan görnüşleri bilen deňeşdirýär.

Real hereketiň akyltarapyna, şonuň esasynda hereket etmegiň we hereketleriň akseptory diýilär. Şu mehanizm real netijäni garaşylýan netije bilen deňeşdirmäge we ahyrky maksada ýetmekligiň göňükdirilmesine girizmäge mümkinçilik berýär. Hereketleriň akseptory diýen düşünjeli işleri düzen orsýet fiziologi P.K. Anohin ony hereketleriň netijesine kontrollyk etmegiň we olary öňde goýlan maksat bilen deneşdirmegiň apparaty hökmünde kesgitleýär.

**Işiň psihologik häsiýetnamasy.** Adamlaryň işi diňe bir psihologiýanyň däl-de, şol bir wagtyň özünde filosofiýanyň, syýasy ykdysadyýetiň, sosiologiýanyň pedagogikanyň, taryhyň, dürli öňumçilik tehnologiýalarynyň öwrenýän obýektidir. Psihologiýa üçin iş kategoriýasynyň has giň we düýpli ähmiýeti bardyr. Şahsyyetiň durmuş ýoly iş bilen berk baglanyşyklydyr. Onda adamyň, professional şahsy aýratynlyklary formirlenýär.

Adam işe belli bir motiwler (sebäpler) arkaly ugrukdyrylýan we belli bir maksada ýetmäge meýil edýan-şahsyýet hökmünde girişýär. Motiwler hökmünde islegler, oý-pikirler, duýgular we beýleki psihiki hadysalar hyzmat edip biler. Işi amala aşyrmak üçin diňe içki talaplar ýeterlik däldir. Munuň uçin işin obýekti we talaplary şahsyýetiň işiň netijesinde etmek islän maksatlary bilen deňeşdirilmelidir.

Motiw-maksat sferasynda işiň, sosial we synpy şertlendirilmesi aýratyn aýdyň gerünýär. Mätäç synpyň wekili hökmünde işleýän adamy işlemek zerurlyk (işsiz ýaşamagyň fiziki taýdan mümkin däldigi, barly adama bolsa harsydünýälik, şahsy baýlyga kowalaşmak, şahsy isleglerini kanagatlandyrmak) mejbur edýär. Ýokary kemillikdäki şahsyýetin motiwleriniň prinsipial täze esasy bolup, ol şahsy baýlyk üçin däl-de, hut zähmetiň özi, jemgyýetiň berkararlygyny, abadançylygy üçin zähmet çekyär.

## § 2. Bilim, başarjaňlyk, endik we öwrendiklilik

**Bilim.** Adamyň dünýä baradaky bilimleri ilki bilen obrazlar Duýma, kabul ediş görnüşinde döreýär. Duýgy arkaly alnan maglumatlaryň anda täzeden iş-lenilmegi düşünjeleriň we göz öňüne getirmeleri döremegine alyp barýar. Olar bilimnň şu iki formalarynda ýatda galýarlar. Göz öňüne getirmeler näçe umumy, düşünjeler näçe abstrakt bolsalarda olaryň düýp maksady praktiki işi guramakdan we kadalaşdyrylmakdan ybaratdyr.

Bilimler bilimiň hatyrasyna funksionirlenmeýär. Olar öňumçiligiň häzirki bar bolan derejesinden ep-esli öňe geçip bilerler. Geljekki praktiki işe ýol açmak bilen, adamyň tebigata we jemgyýete tasir etmek mümkinçiliklerini döredip, ahyrky netije-de hemişe işi kadalaşdyrmaga goşulýarlar.

Bilim we hereketiň nähili berk baglanyşyklydygyna üns bereliň. Predmetler bilen hereket etmek çaga-da, uly adama-da bir wagtda olaryň häsiýetleri barada, olary ulanmagyň mümkinçilikleri barada düşünje berýär. Biz nätanyş predmetlere duşanymyzda ozaly bilen olar nähili hereket etmelidigi, ony nähili ulanmalydygy barada düşünje almaga çalyşýarys. Eger siz kino düşülýän kamerany ilkinji gezek eliňize alan bolsaňyz, ozaly bilen ony nähili ulanmalydygy baradaky instruksiýa bilen tanyş bolarsyňyz. Instruksiýadan kamerany ýygnamaga, ony zarýadlamaga mümkinçilik berýän hereketleri barada düşünje alarsyňyz. Inetruksiýa esasynda ýerine ýetirilýän hereketler hereket etmek düşünjesi hökmünde suratlandyrylýar. Ýöne kino düşürmek üçin hereketler we olaryň yzygiderligi baradaky düşünjeler ýeterlik däldir. Plonkanyň duýgurlygy, obýektiw ýagtylygy, duýgurlyk bilen ýagtylygyň mynasybeti barada teoretiki bilimler gerekdir. Bulardan başga-da ýönekeý höwesli filmini döretmäk uçin sçenariý ýazmagyň, kadrlara bölmegiň, montaž etmegiň prinsiplerini we ş. m. barada düşünje gerek bolup, olar bolsa

kamerany ullanmak baradaky instruksiýada ýokdur. Olary ýörite edebi ýatlardan öwrenip, işde peýdalanylmalydyr. Bilim işe akyl ýetirişi has ýokary derejesine getirýar, onuñ ýerine ýetirlişiniň dogrydygy baradaky ynamy artdyrýar. Bilinmenz iş mümkin däldir.

**Başarnyk.** Işiñ hökmany komponentlerine endikler we başarnyklar degişlidir. Olaryň mynasybetli barada dürli pikirler aýdylýar. Barlagçylaryñ bir topary endikler başarnyklardan soñ döreýar diýip hasaplaýarlar. Başga bir topary bolsa başarnyklaryň ilkinjidigini nygtaýarlar. Bu garşylyklaryň sebäpleriniň biri hem "başarnyk" diýen sözuñ köp manylygy bilen düşündirilýär.

Bir tarapdan hereketleri ýerine ýetirmegiñ iñ ýönekeý derejesinede başarnyk diýilse, ikinji bir tarapdan, işiñ bir görnüşi boýunça adamyň ýeten ussatlygyna-da başarnyk diýilýar. Birinji synp okuwçysyna ol okamagy başarýar diýilýar. Uly adam hem okap bilýär. Şu iki başarnygyñ arasynda türgenleşikleriň, okamak endiklerini kämilleşdirmegiñ köp ýyllyk tejribe ýoly ýatyr. Munuň psihologik srukturasy boýunça hil taýdan tapawutly başarnykdygy gürrünsizdir. Bilimleriň ilkinji hereket tejribesiniň yzy süre barýan ýönekeý başarnyk bilen bir hatarda işi ýerine stirmek, ussatlygyň belli bir derejesini aňladýan endikler emele gelenden soñ döreýän başarnygy tapawutlandyrmalydyr.

**Ýönekeý başarnyk** - munuň özi bilimleriň esasynda başga biriniň hereketlerine öýkunmek ýa-da özbaşdak synanyşyklaryň we predmet bilen iş salşandaky ýagñyşlyklary düzetmek esasynda ýüze çykýan hereketlerdir. **Başarnyk** - ussatlyk eýäm endige öwrilen zatlaryň we bilimleriñ giñ toparynyň esasynda ýüze çykýar.

Ýönekeý başarnyk, endikler bilen ussatlyk häsiýetnamasyna mugallymyň zähmetiniň, mysalyna garap geçeliñ. Pedagogik ýokary okuw jaýynyñ studentinde tagta

bilen işlemengi ýönekeý başarnygy bar. Bu başarnyk talybyň mekdepde we ýokary okuw jaýynda okaýan döwründe döreýär. Ýöne student ony diňe ýerine etirmekde maksada okgunly we yzygiderli türgenleşmändir. Psihologiýa, pedagogika, hususy metodika şyýle başarjaňlygyň teoretik esasynda ýüze çykarýarlar. Psihologiýa kursuny öwrenmekde «duýmanyň kontrasty», «figuranyň we fonuň gatnaşygy», «ünsüň bölünişi we toplanyşy» diýen düşünjeler belli bir derejede tagtadaky ýazgylardan edilýän talaplary esaslandyrýar. Emma student ýokary okuw jaýyny tamamlanda hem onda tagtada ýazmak endiginiň döremezligi bolup biler. Şeýle endigiň bolmazlygy mugallymyň her bir formulany ýazjak bolanynda tagtanyň boş ýerini gözlemegne we özal ýazylan sözlemleri bulam-bujar edip süpürmegine getirýär we sapakdan soň tagtada baglanşyksyz aklatmalaryň düşnüksiz uýşmegi galýar.

**Endikleriň häsiýetnamasy.** Eger adam endikleri ele alan bolsa iş ýokary hilde we netijelilikde ýerine ýetirilýär. Endik hereketi ýerine ýetirmegiň kämilleşen usulydyr. Adamyň işiniň komponenti hökmündaki endigi haýwanlaryň özüni alyp barşynyň formasy bolup durýan endik bilen gatyşdyrmak bolmaz. Haýwanlaryň endigi olaryň synanyşyklaryň we ýalnyşlyklaryň üsti bilen töwerekdaki sreda uýgunlaşmak mehanizm hökmünde formirlenýär.

Adam endiginiň döremeginiň esasynyň giň, aňlanylan hereketler ýatyr. Adamyň özleşdirýän we birsyhly meşhur bolýan her bir işinde has ýönekeý we has çylşyrymly endiklariň ençemesi ösýar. Endikleriň zähmet, okuw, sport, çeperçilik we ş. m görnüşleri bolýar.

Emma iş tutuşlygýna awtomatlaşman, eýsem onuň diňe aýry-aýry elementleri, hereketi ýerine ýetirmegiň käbir usullary awtomatlaşýar. Meselem, esasy orfografik kadalarynyň berjaý edilmegi, harplary ýamagyň we sözde birikdirmegiň usullary awtomatlaşýar, emma hatyň prosesini özi maksada

göňükdirilen, oňünden niýetlenen hereket bolup galýar.

Hereketiň gaýtalanyp ýerine ýetirilmekleriniň gönükmelere mekzeş däl häsiýetde amala aşyrylmagy-da mümkindir. Nyşana sansyz köp ok atmak bolar, emma haýsy okuň degendigini, haýsylaryň degmedigini atyjy bilmese, onda ol atyjylyk endigini kämilleşdirip bilmez. Gönükme prosesinde öz üstünliklerini we kemçiliklerini görmek hem-de nazara almak zerurdyr. Zerur, peýdaly, peýdasyz, maksada laýyk we maksada laýyk däl gymyldylar we hereketler praktiki işiň üstünliklerini we şowsuzlyklaryny hasaba almak esasynda tapawutlandyrylýar. Şeýlelik bilen, adama zerur bolan endikler gönükmede emele gelýär we berkleşýär.

Her bir endik şertli-reflektor baglanyşyklarynyň sistemasyndan ybaratdyr; hususan hem hereket analizatoryndaky wagtlaýyn baglanyşyklarynyň sistemasydyr. Endikleriň emele gelmeginde we täzeden guralmagyňda şertli reflekleriň emele gelmegniň, üýtgemeginiň we päsgellenmeginiň ähli kanunlary öz güýjüni saklaýar.

Endikler işiň göňükmeler netijesinde awtomatlaşyp galan hereket elementleridir.

**Öwrendikliligiň häsiýetnamasy**. Öwrendiklik emele geliş mehanizmi boýunça endikler bilen berk baglanyşyklydyr. Öwrendiklik hereket etmek islegidir. Meselem, çaga birnäçe gigiýena endikleri öwrenýär: ol elini ýuwup bilýär, dişini arassalaýar. Ýöne bu az. Çagada hemişe nahar iýmezden öň, ýatmazdan öň, gezelenç edeninden soň elini ýuwmak öwrendiklik bolmagy mahsusdyr.

Öwrendiklik adamyny belli bir iş etmäge gönükdirýär. Şonuň üçin hem şahsyýetde polojitel sypatlary terbiýelemekde öwrendikligiň ähmiýeti aýratyn uludyr. L. S. Makarenko özüni alyp barmakda dogry öwrendikligi terbiýelemegiň zerurdygyny belleýärdi. Öwrendikligi özleşdirenmizden soň, biz başgaça edip bil manimiz üçin şeýle edýäris, sebäbi şeýle etmegi öwrenipdiris. Makarenko özüňi alyp baryş öwrendikligini

terbiýelemek, özüñi alyp baryş añyňy terbiýelemekden has kyndyr diýip belleýärdi.

Eger endik, köplenç añly düşünjeli maşklar arkaly formirlenen bolsa, onda öwrendiklik adam tarapyndan aýratyn tagallalar bolmasa-da döräp biler. Berk gün tertibi, töwerekdäkileriň göreldesi şol bir hereketleriň köp gezek gaýtalanmagy adamlary duýdansyz polojitel ýa-da otrisatel owrendikleriň döremegine getirýär.

Endik hereketleri ussatlyk bilen ýerine ýetirmäge mümkinçalik berýär, ýöne, ol hereketiň özüniň ýerine ýetirilmegini höweslendirmeýär. Öwrendiklik bolsa endikden tapawutlylykda hereketiň amala aşmagyny talap edýär. Şonuň üçin hem olar özüñi alyp baryşda ýa-ha peýdaly, ýa-da zyýanly bolýarlar. Ine şonuň üçin hem öwrendiklik şaheyýetiň ahlak fonduna girýär.

Öwrondiklik endiklerden möhüm tapawutlarynyň biri-de, endikleriň adatyça aňy gönükme çözmek hökmünde ýüze çykyp, öwrendiklik bolsa ýygy-ýygydan hiç bir aňy göňükmez, ýerite niýetlenilmezden deredýändiklerinden ybaratdyr.

**Öwrendiklik - ýerine ýetirilişi belli bir şertlerde islege öwrülen hereketiň awtomatlaşan elementleridir.**

## §3. Işiň görnüşleri

Ýaşaýyş iş prosesiniň jemidir. Ýaşaýyş üçin zerur bolan işiň uç sany görnüşini tapawutlandyrýarlar. Olar: oýun, okuw we zähmet işidir. Olar ahyrky netijeleri (iş önumi), guralyşy, motiwleriniň aýratynlyklary boýunça tapawutlanýarlar.

**Oýun işi.** Oýny işiň bir görnüşi hökmünde analiz etmek üçin, ozaly bilen onuň tebigatyny anyklamak zerurdyr. Gunbatar psihologiki edebiýatynda oýnun biologizasiýalaşdyrylan teoriýasy giňden ýaýraidyr. Şol teoriýa laýyklykda çaganyň oýny haýwanlara we adamlara deň derejede mahsus bolan dogabitdi biologik aktiwlik islegini

durmuşa geçirýär. Çaganyň oýnunyň ösüşini adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň degişli döwürleri bilen baglanyşdyrmaga synanyşýarlar. Çäge oýnamak, çukur gazmak islegini galla ekerançylyk döwri bilen, haýwanlar bilen oýnamak islegini maldarçylyk we ş. m. bilen baglanyşdyrýarlar.

Oýun işini ylmy taýdan analiz etmek, oýnuň çaga garanyňdan uly adamlaryň, hereketleriniň gaýtalanmasydygyny, töwerekdäki dünýä akyl ýetirmäge göňükdirilen ýoludygyny subut edýär.

Çaganyň ilkinji oýunlaryndan uly adamlaryň ýolbaşçylyk roly aýgytlaýjydyr. Uly adamlar «oýunjagy synagdan geçiripdirler». Çaga olara öýkünip özbaşdak oýnap başlaýar. Soňra oýny guramak inisiatiwasy çaganyň eline geçýär. Ýöne, bu etapda hem uly adamlaryň ýolbaşçylyk roly saklanyp galýar. Meselem: çaga açarlyja, towlanýan maşyn oýnawaç alnyp berlende, ilkinji hereketler ulular tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Çaganyň ulalmagy bilen oýun üýtgeýär. Çaga ömrüniň ilkinji iki ýylynda töwerekdäki predmetler bilen hereket etmegi öwrenýär, munuň özi bolsa funksional oýunlaryň döremegine getirýär. Funksional oýunda çaganyň öňünde predmetleriň oňa nämälim häsiýetleri we olar bilen hereket etmegin tärleri açylýar. Mysal üçin, çaga ilkinji gezek açar bilen gapyny açyp we ýapyp, her bir amatly pursatda açary towlajak bolup bu hereketi köp gezek gaýtalaýar. Şu real hereketi oýun ýagdaýyna geçýär. Çagalar oýnaýan wagtlarynda howada açaryň towlanyşyny ýatladýan hereket edýärler we onuň gapdalyndan hem açaryňka menzeş ses çykaryp «tyrk-tyrk» edýärler.

Konstruktiw oýunlar has çylşyrymly bolýarlar. Onda çaga bir zatlar döredýär: jaý gurýar, nahar bişirýär. Konstruktiw oýunlarda çagalar predmetiň we olaryň özara hereketiniň maksadyna düşýärler.

Funksional we konstruktiw oýunlar manipulýatiw oýunlaryň hataryna girýärler, onda çaga töwerekdäki

predmetler dünýäsini özleşdirýär, ony özi üçin amat formada gaýtalaýar. Adamlaryň arasyndaky gatnaşyklar sýujet oýunlarynda beýan edilýär. Çaga «ejeli-gyz», «magazin», «çagalar bagy» oýunlaryny oýnamak bilen öz üstüne belli bir rol alýar. Sýujetli-rolly oýunlar 3-4 ýaşda döreýär. Oňa çenli çagalar bile däl-de, diňe ulularyň gapdalynda oýnaýarlar. Sýujetli-rolly oýunlar kollektiwleýin gatnaşyklary göz ödünde tutýar. Elbetde, çaganyň kollektiwleýin oýunlara goşulmagy onuň terbiýelenýän şertlerine bagly bolýar. Öýde terbiýelenýän çagalar, çagalar bagyndakylara garanyň-da kollektiwleýin oýunlara kynlyk bilen goşulýarlar.

6-7 ýaşa çenli has dowamly kollektiwleýin sýujetli oýunlarda çagalar, oýnuň maksadyna we ýoldaşlarynyň özlerini alyp barşyna üns berýärler. Sýužetli-rolly oýunlar çagalara kollektiwde ýaşamagy öwredýärler. Oýunlaryň bu görnüşleri çagany mekdebe taýýarlamaklyga mümkinçilik döredýär.

**Okuw işi.** Okuw munuň özi ahyrky netijede zähmet işini ýerine ýetirmek, graždanlyk kämilligi terbiýelemek üçin zerur bolan bilimleri, endikleri, başarjaňlyklary yzygiderli ele almak prosesidir. Okuw işiniň hökman iki adam: mugallym we okuwçy gatnaşýarlar. Ýöne, munuň özi diňe bir adamynyň başga birine bilim bermegi däldir. Munuň özi özaly bilen mugallymyň ýolbaşçylygynda bilimleri başarjaňlyklary we endikleri aktiw ele almak prosesidir. Okuw ösýän iş bolmalydyr. Mugallym okuwçylara bilim bermek bilen, olara pikirlenmegi we synlamagy, düşünjeleri söz bilen aýtmagy öwredýär. Okuwçy diňe bir bilimleri däl-de, eýsem özbaşdak pikirlenmegiň tärlerini ele almagy we bilimleri gözläp tapmagy hem öwrenýär. Gowy guralan okuw terbiýeçilik häsiýetne eýedir. Öwretme prosesinde okuwçynyň şahsyýeti: onuň göňükdirilmesi, gylygynyň erkana sypatlary, ukyplary we ş. m. formirleýär.

**Okuwa barmak** - çaganyň durmuşynda jogapkärli pursatdyr. Okap başlamagy onuň maşgaladaky ýagdaýyny

üýtgedýär. Onda: mekdebe wagtynda barmak, öý işini ýerine ýetirmek, ýoldaşyna kömek etmek ýaly köpsanly täze wezipeler peýda bolýar.

Şeýlelik bilen, çaganyň mekdebe gelen ilkinji gününden başlap, onuň töwerekdäki adamlar bilen gatnaşyklary hökmanlyk prinsipleri bilen kadalaşdyrylýar. Wezipeleriň sany köpelýär.

Gowy okamak munuň özi diňe bir ata-eneleriň däl-de, eýsem klasyň öňündäki, mekdebini, öňündäki, bütin ýurdun öňündäki, çaganyň hut öz öňündäki borjudyr. Çaga üçin okuwçylyk ýagdaýy şahsyýetiň täze sosial statusydyr.

Zähmet işi. Zähmet munuň özi adamlaryň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrýan, jemgyýete peýdaly önüm öndürmäge göňükdirilen işdir. K. Marksyň sözi bilen aýdanyň-da zähmet işinde «adamyň mazmunly güýçleriniň » üsti açylýar. Adam zähmetiň öňümini deňeltmäge gatnaşyp, öndürijilik gatnaşyklarynyň bar bolan sistemasyna goşulýar, onda zähmet işine bolan gatnaşyklar, zähmetiň motiwleri formirleýär.

Zähmetde adamyň ukyplary, onuň häsiýeti, tutuş (şahsyýeti ýüze çykýar we formirleýär. Önümçilik prosesi zähmetkeş adamyň öňünde problemalaýyn ýagdaýlaryň, wezipeleriň giden bir tapgyryny goýýar, olary diňe işe döredijilikli çemeleşmek arkaly çözmek bolýar. Şeýlelik bilen öňümçilik şahsyýetiň akyl ýetirmek aktiwligini höweslendirýär, işleýän adamyň bilimlerini, başarjaňlyklaryny, endiklerini kämileşdirmäge mejbur edýär.

Mekdepde çagalaryň zähmet işiniň görnüşleri özüne hyzmat etmek, jemgyýete peýdaly işe, öndürijilikli zähmet işine gatdaşmak guýçýeterli formada ýola goýulýar.

# 5-NJI BAŞ. ARAGATNAŞYK WE SÖZIEÝIŞ

## § 1. Aragatnaşyk onuň mazmuny we serişdeleri

**Aragatnaşyk barada düşünje.** Psihologiýa ylmynda şahsyýeti formirleýän faktorlara zähmet, aragatnaşyk we akyl ýetiriş degişlidir. Aragatnaşyk munuň özi adamlaryň arasyndaky arabaglanyşyklar bolup onuň prosesenide maglumat alyşmak, birek-birege täsir etmek, özara duýgurlyk, düşünişmek häsiýetlerde ýüze çykýan psihiki gatnaşyklardan ybaratdyr. Aragatnaşyga adamlaryň arasynda gatnaşyk emele getirmeýa gönükdirilen hadysa diýip aýtmak bolar; onuň maksa dy adamlaryň arasyndaky özara gatnaşyklary üýtdkemekden, özaara düşünişmegi guramakdan, bilimine, pikirine garýyşlaryna, duýgularyna we şahsyýetiň gönükdirilişiniň beýleki häsiýetlýerine täsir etmekden ybaratdyr; onuň serişdesi bolsa şahsyýetiň öz pikirini beýan etmeginiň dürli formalarydyr. Işiň aragatnaşyk prosesinde döreýän adamlaryň arasyndaky aragatnaşyklar indiwidiň ýaşaýşynyň zerur şert leridir.

Soňky ýyllarda ylymda «aragatnaşyk» düşünjesi bilen bir hatarda «kommunikasiýa» diýen düşünje hem ulanylýar. Çap edilýän ylmy işlerde «kommunikasiýa» we «aragatnaşyk» düşünjeleriniň, arabaglanyşygyň dürli düşündirilişine gabat gelmek bolýar. Psihologiýada bu düşünjeleriň şeýle arabaglanyşygyndan ugur almak maksadalaýykdyr: kommunikasiýa möçberi boýunça has giň düşünje bolup, ol haýsydyr iki sistemanyň aragatnaşygy, özara täsiri hökmünde onuň, dowamynda bir sistemadan başga bir sistema maglumat berýän signal geçirilýär. Mysal üçin iki sany elektron hasaplaýjy maşyn kabel bilen ýa-da radio arabaglanaşygy bilen birikdirilip olaryň her biri özüne berlen programma biýlen işleýär. Eger olar maglumat alyşýan bolsalar, olaryň arasynda

kommunikasiýa bar diýmek bolar. Bal arysynyň beýleki arylara iýmitlenmeli ýeriň ugruny we uzaklygyny signal berýän tansy hem kommunikasiýadyr. Lýotçik samolýot surýär. Bu ýerde «adam-maşyn» atly rejimini, esasy uzelleriň sazlygyny, uçuşyň şertlerini kesgitleýär. Şol maglumatlar esasynda uçuş amala aşyrylýar. Ýöne, şu geçirilen mysallaryň hemmesinde adamlaryň arasyndaky aragatnaşyk, bir şahsyýetin başga bir şahsyýete täsir etmegi ýokdur. Şonuň uçin hem olarda aragatnaşygyň aýratynlyklary ýüze çykmaýar.

Aragatnaşyk adamlaryň arasynda maglumat alyşmakdyr. Adam beýleki adamlar bilen diňe bir gös-göni baglanyşyk arkaly aragatnaşyk saklamaýar. Telewezion gepleşige tomaşa etmek, kitap okamak, sungat eserini görmek we ş. m. aragatnaşyk saklamak aktlydyr. S. Obrazçow «Ispan gowagynyň wagşy öküzi bilen duşuşygyň şeýle tolgunma döredýänliginiň sebäbini, adamyň haýwan bilen däl-de, wagşy öküziň suratyny çeken adam bilen düşüşmagydyr. Müňlerçe ýyl geçenden soňky duşuşyk, şol duşuşyk hemişe şahty duşuşykdyr. Hemişe iki adamyň duşuşygydyr» diýip ýazýar.

Şeýlelik bilen aragatnaşyk düşünjesi, kommunikasiýa düşünjesi bilen deňeşdireniňde has dardyr. Sosial psihologiýada adamlaryň, arasyndaky gatnaşyklara (zähmet, ykdysady we ş. m.) başgaça düşünilýänligine hem duş gelmek bolýar. Kommunikasiýa bu ýerde aragatnaşyk saklamagyň maglumat alyşmak bilen bagly resmi bolmadyk ýagdaýy hökmünde garalýar.

Sowet psihology B. F. Lomow aragatnaşyk saklamagyň psihikanyň formirlenmeginiň özboluşly faktory hökmündäki roly dogrusynda şeýle ýazýar: «Haçanda konkret indiwidiň durmuş obrazyny öwrenenmizde, biz diňe onuň näme edýändigini we nähili edýändigini analiz etmek bilen çäklenip bilmeris, biz şeýle hem onuň kim bilen, nähili aragatnaşyk saklaýandygyňy barlamalydyrys».

**Aragatnaşygyň mazmuny.** Aragatnaşyk maglumat

bermegi göz öňünde tutýar. Aragatnaşygyň mazmunyny ylmy we durmuşdan alnan bilim düşünjeleridir. Mugallym taryh sapagynda biziň Watanymyzyň uzak geçmişini habar berýär, okuwçy öz ýoldaşyna algebraik funksiýalary düşündirmäge synanşýar. Gyzyl yzça lyçylar okuwçylar bilen birlikde grajdanlyk wa Watançylyk uruşlarynyň gahrymanlarynyň dokumentleriňi, olara degişli zatlary gözleýärler, Oktýabr rewolýusiýasynyň weteranlarynyň ýaşaýan ýerlerine barýarlar. Olaryň tapýan we öwrenýän zatlary, şonda emele gelýän we amala aşyrylýan özara hereketler we aragatnaşygyň mazmunydyr.

Mekdepde «Timurçylar komandasy» hereket edýär, olar pensionerlere, inwalidlere we ş. m. kömek berýärler, olar bilen aragatnaşyk saklaýarlar. Mekdepdäki «ýaşyl patrul» gök ösümliklere, güllere, nahallara gözegçilik edýär. Bular hem aragatnaşygyň dürli formadaky mazmuny öz içine alýar.

Aragatnaşyk arkaly endikler hem-de başarjaňlyklar bir-birine geçip biler. Zähmet mugallymy slesarçylyk guralyny nähili ulanmalydygyny, olar bilen metaly ýa-da agajy nähili işlemelidigini gürrün berýär we görkezär. Bedenterbiýe sapagynda mugallym okuwçylarda hereket ediş endikleriňi formirleýär, olara öz bedenine erk etmegi öwredýär.

Aragatnaşygyň mazmuny tutuş adam, onuň daş görnüşi, gylygynyň aýratynlyklary, özüni alyp baryş usuly bolup biler. Biz dostlarymyz, garyndaşlarymyz bilen düşüşýarys. Bile bolmak birek-biregi görmek; «bir howadan dem almak» bize şatlyk getiräýr.Şu babatda «Baharyň on ýedi pursaty» atly telefilmden bir epizod ýatlamaga mynasypdyr. Komandowaniýe Ştirlise (öswet razwedkaçysy) bitarap ýurduň territoriýasynda gitleriň içalylaryndan hyryn-dykyn uly bolmadyk kafede öz aýaly bilen düşüşyk guraýar. Olar bir söz hem antman, içgin tanyş, ýakyn adamlardgyny duýdurman bir-birine seredýärler. Şol wagt oýerde duýgularyň örän çylşyrymly toplumy möwç urýardy; olarda bir-birini bagryna

basmak, köp zatlar aýtmak, soramak islegi örän uludy. Şeýle bolsa-da, olaryň şu ýagdaýda özara birek-birege düşüişmegi, aýdylmadyk, ýüze çykarylmadyk pikirleri we duýgulary aragatnaşygyň mazmunydyr.

Toparlaýyn mesele çözmek, iş etmek hem aragatnaşygyň mazmunydyr. Kolhozçylar brigadasy pagta ýygýar. Konstruktorlaryň bir topary täze stanok döredýärler. Mekdebiň pedagogik kollektiwi gutardyş klasda ýetişigiň ýagdaýy hakyndaky meseläni çözýär. Şu ýagdaýlaryň hemmesinde iş, wezipe, olaryň ýerine ýetirilişi we çözülişi aragatnaşygyň mazmunydyr.

Aragatnaşygy baýlaşdyrýan, oňa özboluşly aýratynlyk, öwüşgin berýän serişdeler we äheňlerini-de aragatnaşygyň özboluşly mazmuny hasaplamak bolar. Adamyň aragatnaşygynyň bütin sistemasy özara gatnaşyklaryň döreýşine baglydyr.

Bularyň hemmesi aragatnaşygyň manysynyň diňe aýry-aýry alamatlarydyr. Her bir adamda aragatşygyň dürli aýdyň temalary bolup, bu temalar naçe köp boldugyça adam şonça-da giň aragatnaşyk aýlawyna goşulyp, şonça-da onuň şahsyýeti baýdyr we manylydyr. Meselem sorag-jogap alyşmak, studentleriñ dürli problemalar boýunça soraglaryna jogap bermek, konsultasiýalar aragatnaşygyñ gundelik durmuşyny häsiýetlendirýän mazmunydyr. Şeýle aragatnaşyklaryň netijesinde aragatnaşyk saklaýan iki adamyñ ýa-da birnäçe adamyñ içki dünýasi belli bir serişdeler, usullar arkaly amala aşyrylýar. Adamzat jemgyýetinde esasy aragatnaşyk serişdesi dildir. Emma dil bilen paralellikde sözleýiş aragatnaşygynyň içinde sözsiz serişdeler um, yşarat etmek, ýüz-gözüň hereketi, garşydaşlaryň biri-birine gatnaşyklary we ş. m. giňden ulanylýar.

Adamyň daş keşbi, onuň özi tarapyndap aňly-düşunjeli üýtgedilýär we belli bir derejede döredilýär. Keşp ýüzüň fiziologik nikabyndan, geýimden, özüni alypbaryş usulyndan

ybaratdyr. Nikap-ýüzüňesasy aňlatmasy adamda tiz-tizden döreýän pikirleriň,duýgularyň, gatnaşyklaryň täsiri bilen emele gelýär.Nikabyň deremegipesaçyň daralyşy, kösmetiki seriňdeler, ýüzdäki emeli operasiýalar hem ep-esli täsiredýärler. Nikabyň gaharjaň, hoşgylaň, ulumsy, hoş-niýetli we beýleki görnuşlerini bellemek bolar. Adamyň keşbini köalenç onuň synpy, tire, professionalgelip çykyşynyň görkezijisi bolan egin-eşik hem baglaşdyrýar. Orta asyr şeherlerinde haýsydyr birsynpy gatlagyň geýän egin-eşiginiň formasyna çäklendirme goýulandygy hem ýöne ýerden däldir.Şol çäklendirmäniň bozulmaklygy berk jezalandyrylypdyr.Häzir hem egin-eşigiň formasy özuňi alyp barmagyň belli-bir görnüşine borçly edýär. Harby forma tertip düzgünliligi talap edýär. Ýas eşiginiň geýen adamyň şatlanmagy biziň üçin geň bolup görünýär. Adamyň özünialyp barşy häsiýetiniň üsti bilen onuň edenliligne,ýagdaýyna, özüne göwni ýetijiligine, gatnaşyk saklaýanadamsyna bolan garaýşyna baha berilýär. Adamlaryňarasyndaky aragatnaşygyň mazmun we emosional taraplary üçin adamyň daş keşbiniň uly ähmiýeti bardyr, şonuň esasynda adam hakynda ilkinji pikirler döreýar, ol pikirler bolsa köplenç gatnaşyklaryň ösüşini kesgitleýär.

Daş keşp fiziologik nikap hereketsiz bolýar. Aragatnaşygyň joşgunly tarapy um-yşarat we ýüz-gözüň hereketlerinde ýüze çykýar. Ýüz-gözüň hereketleri aragatnaşygyň häzirki pursatynda onuň joşgunly aňlatmalarydyr. Yşarat etmek psihiki ýagdany ýüze çykarýan sosial taýdan tanlanan hereketdir. Ýüz-gözüň hereketleri we yşarat etmegiň käbir elementleri dogabitdi bar hem bolsa, olar aragatnaşygyň jemgyýetçilik serişdeleri höküminde ösýärler. Mysal üçin, fiziologik barlaglarda ýakymly predmetler duş gelende gözüň görejiniň işelýändigi anyklandy. Predmete bolan polojitel gatnaşyk, onuň bilen ýakynlaşmaga bolan meýilde, yşarat etmelerde ýüze çykýar. Bu babatda gujak açyp garşylamak diýen obrazly jümleni ýatlmak ýerliklidir. Ikinji

tarapdan, dürli medeniýet şertlerinde ýüzüň keşbiniň we yşarat etmegiň şol bir alatmalary diametral gapma-garşylykly many aňladyp biler. Mysal üçin, gözüňi giň açmak ýaponýaly üçin ýigrenç alamaty bolsa, ýewropaly üçin alçaklygyň, täsinligiň alamatydyr.

Predmetleri, zatlalary, çalyşmak hem aragatnaşygyň sözlýiş serişdelerine girýär. Adamlar bir-birine predmetleri bermek arkaly gatnaşyk saklaýarlar. Arabaglanyşygyň şu usuly öz başlangyjyny uzakdan alyp gaýdýar. Adamzat jemgyýetniň ýaňy dörän döwürlerinde iýmitler, zähmet gurallary bilen alyş-çalyş etmek taýpalaryň arasynda aragatnaşygyň ýeke-täk diýen ýaly serişdesi bolupdyr. Biziň günlerimizde bu usul aýratyn many-mazmuna eýe boldy. Häzirki zaman adamsy material işden düýpgöter üzňe bolup bilmez, ol predmetleri, zatlary ulanmak arkaly özara hereket elmelidir. Stanok ýygnamak işinde işleýän brigada-da aragatnaşyk söz arkaly saklanýar: işiň alany, yzygideriligi düzülýär, her bir adamyň etmeli işleri paýlanylyp berilýär. Iş başlananda bolsa köp sanly operasiýalar sözsiz ýerine ýetirilýär: detallary, instrumentleri kabul etmek, başga birine gowşurmak we ş. m. aşga bir mysal, täze jaý toýy tutulanda sowgatlar getirilýär: bu ýagdaýda köplenç täze jaýda ulanmaga zeryr bolan predmetleri gowşurylýar. Munuň özi zatlaryň üsti bilen aragatnaşyk saklamak hereketidir.

Geçen asyrda manyly çemen sowgat bermek däbi hem giň ýaýrapdyr. Ýörite düzgünler sistemasy işlenip düzülip, şol sistema laýyklykda gülleriň görnüşi, aryň çemende ýerleşdirilişiniň aýratyn ähmiýeti uludyr. Biziň günlerimizde hem gul sowgat berlip, onuň üsti bilen gatnaşyk aňladylýar. Ýöne çemen baglamagyň manyly görnüşi häzirki döwürde öz ähmiýetini ýitiripdir.

Galtaşmak-muskul duýgurlygy hem aragatnaşyk serişdesidir. Birek-birege galtaşmak; başga birine gönükdirilen hereket etmek ýa-da ondan saklanmak üçin muskul dartgynlygy-şeýle aragatnaşygyň serişdeleridir. Onuň

aýdyn añladyşformasy bolup, oña gysyşmak, çaganyň enesiniň elinde bolmagy, sportsmenleriň(göreşijileriň, boksýorlaryň we ş.m.) başa-başgidişigi mysal bolup biler. Adam galtaşmak myşça duýgurlygynyň kömegi bilen fiziki guýje şahsyýetiň käbir aýratynlyklaryna başga adamyň gatnaşyklaryna akyl ýetirýär, öz gezeginde ol hem özünikäbir hesiýetleriňi, ona bolan gatnaşyklaryny Gguýa çykarýar. Galtaşmak myşça duýgurlygy gulagy eşitmeýän we gözi görmeýän, şeýlelik bilen hem tebigy ýolbilen sözleýşinden mahrum bolan adamlar üçin daşky dünýäden maglumat almaklygyň esasy usuly we aragatnaşyk serişdesi bolup durýar.

Şekillendiriş - fotosurat, film, çekilen surat hem aragatnaşyk serişdeleridir, ýöne olar gös-göni gatnaşyk serişdeleri bolman, olaryň ýaýramagy tehnikanyň ösüşi—kitap çap etmegiň, kinonyň, telewidenýanyň, oýlanyp tapylmagy bilen baglydyr. Ýokarda seredilip geçilen sözsiz aragatnaşyk serişdeleri köplenç sözli aragatnaşyk bilen utgaşýar, olar çagalar tarapyndan hem ýeňillik bilen okalýar. Çaga ejem gaharly sözler aýtsada gaharlanmaýar, «onuň gahary ýok» diýip aýdýar. Sessiz kino tutuşlygyna sözsiz aragatnaşyga esaslanýar. Drama oýny görkezilende sözsiz aragatnaşyk serişdeleri bolmasa aktýoryň oýnamagy mümkin däl. Şoña görä hem obraz döretmäk aktýor üçin öz sözüni we aragatnaşygyň sözsiz serişdelerini ýa keşbi, ýüzüň hereketini we yşarat etmegi, garşydaş bilen aralygy bir bütewi zada birleşdirmegi başarmagy añladýar. Aragatnaşygyň sözli we sözsiz serişdelerini, birligini gazanmak hem çagalar bilen işleýän mugallymyň, terbiýeçiniň wezipesine girýär. Mugallym özüniň tolgunmalaryny gatnaşyklaryny, pikirlerini pedagogik wezipelere baglylykda guramak bilen olaryň sözsiz täsir etmek serişdelerindäki ýerlikli añlatmalaryny tapmalydyr. Mugallym okuw materiýalyndan bir goşgyny labyzly okaýar. Şonda goşgyň mazmunyna laýyk intonasiýa bilen birlikde eliniň ýüz-keşbiniň hereketlerini hem üýtgedýär.

## § 2. Aragatnaşyklaryň görnüşleri

Aragatnaşyklary birnäçe esaslara görä görnüşlere bölmek bolar: gatnaşýanlaryň kontingentine, gatnaşygyň dowamlylygyňa, dahyllylygyna, gutarnyklylygyna, zerurlylygyna we ş. m. Gatnaşýanlaryň kontinentine laýyklykda aragatşyklary şahsyýetara, şahsy toparlaýyn, toparara we girnüşlere bölmek maksada laýykdyr.

Ilkinji toparda (kollektiwde) her bir adam biri-biri bilen aragatnaşyk saklaýar. Şeýle jübütleýin aragatnaşyklaryň dowamynda şahsy maksatlar we wezipeler bilen bilelikde toparlaýyn maksatlar, wezipeler hem durmuşa geçirilýär. Eger aragatnaşyk diňe şol adamlara degişli meselelerden düzülen bolsa, onda olaryň her biriniň pozisiýasyny has gowy beýan edýän serişdeleri özleri saýlap alýarlar. Eger aragatnaşyga gatnaşýan adamlar toparlaryň, kollektiwleriň wekilleri bolsa, onda olar aragatnaşyk tärlerini saýlap almakda doly erkin däldirler. Aragatnaşygyň mazmumy barada köpçüligiň öňünden habarly bolmagy we iki adamyň aragatnaşyk alyp barýan pursatynda üçünji bir adamynyň gatnaşmagy aragatnaşygyň ýagdaýyny üýtgedýär. Şeýle ýagdaýda serişde saýlap almak çäkli bolýar, sebäbi aragatnaşyk alyp barýan adamlar özleriniň wekilçilik edýän umumylyklarynyň abraýy barada alada etmelidirler.

Şahsy toparlaýyn aragatnaşyk munuň özi gatnaşyjylaryň bir tarapynyň şahsyýetden beýleki tarapy bolsa topardan (kollektiwden) ybarat bolýan ýagdaýydyr. Şahsy— toparlaýyn aragatnaşyk aýratyn hem ýolbaşçy bilen toparyň (kollektiwiň) arasynda, mugallym bilen okuwçylar toparynyň, lektor bilen diňleýjileriň arasynda has aýdyň ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda ýolbaşçynyň toparyň wekili hökmünde aýratyn şahsyýet bilen, toparlaýyn pikiri, wezipäni ýörediji bilen, şeýle hem tutuş topar bilen, mysal üçin, mugallym okuwçylara okuw

materiaýalyny özleşdirmek, berkitmek üçin sorag bilen ýüzlenmegi we okuwçylaryň jogap bermäge taýýarlygy, jogaby şahsy toparlaýyn aragatnaşygyň mysalydyr.

Topararalaýň aragatnaşyk iki sany umumylygyň aragatnaşygydyr. Komandalaýyn sport ýaryşlary (woleýbol, futbol, hokkeý) şeýle aragatnaşykdyr. Toparlaryň, kollektiwleriň aragatnaşyklarynyň maksatlary hem-de wezipeleri gabat gelip hem-de gabat gelmän biler. Eger maksatlar gabat gelse, onda güýçler utgaşýarlar we aragatnaşyk «parahatçylykly» hesiýete eýe bolýar. Eger maksatlar gabat gelmese we biri-birini ret edýän bolsa, onda jedelli ýagdaý emele gelýär we aragatanaşyk garşylykly göreş häsiýetine geçýär. Toparara aragatnaşyk şahsyýetsiz, aragatnaşyk däldir. Ol käte şahsy özara gatnaşyklarda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýda her bir şahsyýet kollektiwiň pikirini ýaýradýar, ony görýär, ony goldanma edýär. Şoňa laýyklykda, şahsyýet kollektiwlaýyş nuktaýnazardan has göni beýan edýän aragatnaşyk serişdelerini saýlap alýar.

Gös-göni we aralaşdyrylan aragatnaşyklar, «Gös-göni» diýen söz ulanylanda «ýuzbe-ýuz» durun aragatnaşyk saklanmak göz öňünde tutulýar, şeýle ýagdaýda oňa gatnaşýan adamlaryň her biri beýleki adamyňy kabul edýän we öz ygtyýarynda bar bolan hemme serişdeleri ulanyp, aragatnaşyk saklaýar. Gös-göni aragatnaşykda garşylykly jogap üçin mümkinçilik köpdür we aragatnaşyk saklaýan toparlaryň her biri degişlilikde olaryň üsti bilen beýleki toparyň mesele düşüniş derejesi barada, oňa bolan reaksiýasy barada magalumat alýar. Iki tanyş adamyň bir mesele barada iki-çäk gepleşmegi, dostluk weziti bilen dürli döwletiň wekilleriniň düşüşygy, mugallymyň okuwçy bilen, okuwçynyň ata-eesi bilen alyp barýan indiwidual gürrüňleri gös-göni aragatnaşygyň mysalydyr. Bu aragatnaşyklaryň üsti bilen sosial-ykdysady, medeni, okatmak we terbiýelemek baradaky meseleleriň çözülmegine mümkinçilik döreýär.

Aralaşdyrylan aragatnaşyk munuň özi aragatnaşyga üçünji adam, mehanizm, zatlar görnüşde aralyk zwenolaryñ goşulýan baglanyşygydyr. Aralaşdyrma iň az, saldamly bolup biler. Mysal üçin, iki adam telefonda gürleşýän wagty, aralaşdyryjyny iň az hasap etmek bolar: olar biri-birini görmeýärler, şeşidärler, ýöne biri-birine galtaşyp bilmeýärler. Bir adamyň başga birine hat iberýän mahalynda ýa-da ikinji we üçünji adamyň üsti bilen maglumat iberýän mahalynda aralaşdyrma köp bolýar. Häzirki döwürde argatnaşygyň şu görnüşi dürli kontingentdäki şäherleriň arasynda guralýan telemostlaryň, partiýa sowet işgerleri, kompozitorlar, sungat işgerleri, alymlar bilen duşuşyklar geçirilýän wagtynda telefon üsti bilen islendik adamyň öz soraglaryny, tekliplerini beýan edip bilmegi, onun telefonistkalaryň ýazgysy formasynda esasy obýekte ýetirilmegi aragatnaşyga üçünji bir adamyň, tehniki serişdäniň gatnaşmagynyñ formasydyr.

**Gysga wagtlaýyn we uzak möhletli aragatnaşyklar**

Aragatnaşygyň bolup geçýän möhleti, onuň häsiýetine-de täsir edýär. Ol aragatnaşygyň mazmunynyñ we terleriniň özboluşly çaltlandyryjysydyr. Netanyş adam bilen geçirilýän gysga wagtly aragatnaşyk (bir temanyň çeklerinde we birnäçe sagatlyk wagtda) tanyş adam bilen geçirilýän aragatnaşykdan tapawutlanýar. Eger ol işewir häsiýetde bolsa, onda nätanyş adam bilen geçirilýän aragatnaşyk iki ýagdaýda amala aşyrylýar. Bir tarapdan ol öňde goýlan meseläni çözmeklige, ikinji tarapdan şol adamy bilmeklige gönükdirilendir. Elbet-de adamy gysga wagtyň içinde jikme-jik öwrenip bolmaz, ýöne şahsyýetiň esasy sypatlaryny bilmeklige hemişe çemeleşmeli bolýar.

Uzak möhletli özara gatnaşyk bir ýa-da birnäçe temalaryň çäklerinde dyngyly we dyngysyz bolup, diňe bir goýlan meseleleleri çözmekligi däl-de eýsem bir-birini bilmegi hem añladýar. Uzak möhletli aragatnaşyk özara düşünişmekligiň usulydyr. Iki döwlet ýolbaşçylarynyň,

ministrleriň wagtal-wagtal düşüşyp durmaklygy oňa mysal bolup biler.

Tamamlanan we tamamlanmadyk aragatnaşyklar. Aragatnaşyk tamamlananlygynyň görkezijisi bolup bilelikdäki hereketiň, temasynyň mazmunynyň gutarnyklylygy hyzmat edýär. Gatnaşýanlar tarapyndan bir menzeş baha berilýän aragatnaşygy tamamlanan hasap etmek bolar. Şeýle ýagdaýda aragatnaşyga onuň subýektýw ähmiýeti boýunça (kanagatlanmak, parhsyzlyk, kanagatlanmazlyk) däl-de gutarnyklylyk fakty boýunça, baha berilýär. Emma aragatnaşyk saklaýan adamlar, gatnaşygyň barşy we netijesi boýunça käbir garaýyşlaryň döremegi tebigydyr.

**Tamamlanmadyk aragatnaşygyň** barşynda temanyň ýa-da bilelikdäki hereketiň mazmuny ahyryna, taraplaryň her birniň garaşýan netijesine ýetirilmedik ýgdaýda galýar. Aragatnaşygyň tamamlanmazlygy obýektiw we subýektiw sebäpler bilen döredilip bilip obýektiw ýa-da daşky sebäpler — adamlaryň giňişlikde aýrylyşmagy, gadagan etmek, aragatnaşyk serişdeleriniň ýetmegi we ş. m. bolup biler. Subýektin sebäpler iki tarapyň hem ýa-da bir tarapyň aragatnaşygy dowam etdirmek islemezligi, aragatnaşygy ýatyrmagyň zerurlygyna düşünmekleri we ş. m. bolunp biler. Mugallym okuwçy bilen indiwidual gürrüň edýän wagtynda mugallymyň soraglarynyň ählisine jogap berip oturan okuwçynyň, mugallymyň «Maşgalada ata-eneñ bilen näme üçin ylalaşmaýarsyn? Diýen soragy bermegi bilen, onuň hiç hili jogap bermegi islemezçligi, sesini çykarmazlygy aragatnaşygyñ tamamlanman ýatyrylmagyna getirip biler.

## § 3. Sözleýiş we onuň görnüşleri

**Sözleýiş we pikirlenme.** Pikirlenme prosesi sözleýiş bilen üznüksiz baglanyşyklydyr.

Birinjiden, adamlar özleriniň pikirlerini sözleýşiñ

kömegi bilen bir-birlerine aýdýarlar. Sözleýiş adamlaryñ arasyndaky aragatnaşyk serişdesidir.

Ikinjiden, adamlar sözleýşiň kömegi bilen pikirlenýärler. Şunlukda, sözleýiş pikirlenmäniñ formasydyr. Eger bir adamdan: «Siz haýsy dilde pikirlenýärsiňiz?» diýip soralsa, ol azajykda geňirgenmän şol pursadyn özünde: «turkmen dilinde», «özbek dilinde», «rus dilinde» we ş. m. pikirlenýärin diýip jogap berer. Iki, üç dili oňat bilýän adam şu dilleriň käte birinde, käte beýlekisinde pikirlenip biler. Adam sözleri ulanyn sözleýşiň kömegi bilen pikirlenýär.

Sözleýşiň fiziologik esasy ikinji signal sistemanyň işi hasaplanylýar. Adam ikinji signal sistemanyň üsti bilen «durmuşyň hojaýyny bolup başlýar» diýip I. P. Pawlow aýtdy. Ol giç «signallaryñ signalydyr» diýip belledi. Sözler birinji signal sistemasynyň signallaryny, mümkin bolar ýaly her hili tesleri signal bermek bilen, edil gös-goni gyjyndyryjylaryň döredýän hereketlerini döredip bilerler. Ikinji signal sistemasy birinji signal sistemasy bilen üznüksiz baglanyşykdadyr. Olar birlikde işleýärler. Egerde olaryň özara gatnaşygy bozulsa, on-da sözleýiş manysyz söz topbaklaryna öwrüler.

Sözleýşiñ görnüşleri. Psihologiýada sözleýşiň daşky we içki görnüşlerini tapawutlandyrýarlar.

Içki sözleýşin daşky sözleýişden tapawudy diňe özüniň sessizligi boýunça däldir. Ol özüniň gurluşy boýunça-da tapawutlanýar.

Daşky sözleýiş başgalar üçin bolup, içki sözleýiş bolsa bir özüñ üçindir.

Içki sözleýişden daşky sözleýişe geçmegiň, pikirin sözleýiş bilen añladylyşyny täzeden guramaklygy talap edýändigi eşgärdir we ol uly kynçylyk bilen baglanyşyklydyr.

Daşky sözleýşi dilden we ýazuw üsti bilen bolup biler. Ondan başga-da, dilden sözleýşin çeklerinde iki görnüşi: iki ýa-da birnäçe adam arasynda gürrüñ formasynda geçýän dialogiki sözleýşi («dialog» sözünden iki adamyň gürrüñi») we

bir adam tarapyndan aýdylýan, edil şol wagtda beýlekiler diňe diňleýjier bolýan dokladdan, leksiýadan we ş. m. ybarat monologiki sözleýşi («monolog» sözünden bir adamyň söz-leýşi») tapawutlandyryp bolar.

Her bir sözleýiş diňe bir belli mazmun aňlatmañ eýsem gepleýäniň ýa-da ýazýanyň şol mazmuna bolan garaýşyny hem añladýar. Başgaça aýdanymyzda ol sözleýiş diňe bir pikiri bermän, eýsem duýguny hem añladýär. Dilden sözleýişde diñleýjiniň emosional tanyş äheňinde, umlerde, ýüz-gözüň hereketinde añlanylýar; ýazuw üsti bilen bolan sözleýişde bu serişde bolmaýarlar we ýazýan özüniň sözleýşini diňe sözleri saýlap almak we tertipli ýerleşdirmek ýoly bilen täsirli sözleýiş gurap biler.

Sözleýişe turgenleşik öz pikirini mümkin bolup has kämilleşip suratda añladyp, diňe bir esasy mazmunyny däl, eýsem onuň has inçe tarapyny dabaşgalara aýtmagy başarmak diýmekdir. Munuň özi dilden aýdylýan dialogiki sözleýişde, dilden aýdylýan monologiki sözleýişde we ýazuw üsti bilen bolan sözleýişde dürli ýollar bilen gazanylýar. Sözleýşiñ şu görnüşleriniň arasyndaky psihologik tapawudy uludyr: güýçli alymlaryň, ýazyjylaryň gowşakton bolýandyklary, munuň tersine, dilden sözleýşin köp ussatlarynyň bolsa guýçli ýazyjyllar, şahyrlar bolmandyklary şuña mysal bolup biler.

Dialogiki sözleýişe, käwagtlar goldalýan sözleýşi diýip at berýarler. Munuň özi gürrüñe gatnaşyjylaryñ her biriniň sözleýşi mydama soraglar, jogaplar, garşy çykmaklar üsti bilen goldaýandygyny añladýar. Eger bu goldamaklyk bes ediläýse, onda sözleýiş ýeke adamyñ gürrüñine öwrüler ýa-da adam gelemegini bes eder.

Ýazuw üsti bilen sözleýişde sözleýiş doly ahyryna çenli aýdylmalydyr. Awtoryň hut nämäni göz öňünde tutýandygyny, onuň ol ýa-da başga zady näme üçin agzalýandygyñy, özüniň aýdýan sözleri bilen nähili sorag jogap berýändigini haty okaýan diňe, sözleýşin özün-den düşünip biler.

Şunlukda, dilden sözleýiş özüniň gurluşy boýunça sadadyr, emma ol gepleşik prosesinde söz üstüni uzak işlemäge ýol bermeýär; ýazuw üsti bilen sözleýiş özüniň, gurluşy bogýunça kyn we çylşyrymlydyr, emma ol ýazmak prosesinde pikiri sözleýiş bilen aňlatmaklygy näçe isleseň, şonça hem üns bilen işlemek mümkinçilik berýär.

## § 4. Sözleýşiň funksiýalary

Söz bilen bir zady habar bermek üçin ol predmeti hereketi, ýagdaýy we başgalary alamatlandyrmalydyr onuň adyny tutmalydyr. Sözleýşiň bu funksiýa psihologiýada belgilemek funksiýasy diýlip atlandyrylýar. Belgilemek fuiksiýasy adamyň sözleýşini haýwanlaryň aragatnaşygyndan tapawutlandyrýar. Haýwanlaryň çykarýan sesleri obýekti aňlatman, ol açlyk, gorky, kanagatlanmak ýagdaýlaryny aňladýar we şol hadysalaryň ýüze çykmasynyň, şol görnüşi hemmesi üçin umumylygy mynasybetli bu ses beýlekiler üçin obýektiw howalylyk hakyndaky signala öwrülýär. Adamda söz bilen predmet ýa-da hadysa baradaky düşünje baglanyşyklydyr. Şeýlelikde aragatnaşyk prosesindäki birek-birege düşünişmeklik belginiň bütewiligine esaslanýar. Belgi ýa-da signifitiw manynyň bütewiliginiň ýüze çykyşyna sözleýiş öwrenmegiň ilkinji ädimlerinde syn etmek ansatdyr Çaga görkezmek arkaly sözüň manysyna düşýär. Görközmek munuň özi predmetiň kabul edilýän obrazynyň söz bilen gabat gelmesidir. Ulular «bu eje» diýip aýdýarlar, şonda kabul ediş bilen köp gezek baglanyşykly sözleýiş kompleksi enäniň obrazyny ýüze çykaryp başlaýar.

Sözleýiş diliniň ikinji funksiýasy umumylaşdyrmakdyr. Söz diňe bir şol aýratyn predmet aňlatman, eýsem menzeş predmetleriň uly bir toparyny aňladýar we hemişe olaryň esasy alamatlaryny jemleýji bolýar. W. I. Lenin «...Iwan adamdyr, Žuçka itdir, munuň özi agajyň ýapragydyr we ş. m. diýmek

bilen biz ençeme alamatlary tötänleýin alamatlar hökmünde taşlaýarys, biz düýpli zady göze görünýan zatdan aýyrýarys we olaryň birini beýlekisine garşy goýýarys» diýip ýazýar.

Umümylaşdyrmak funksiýasy arkaly söz pikirlenme bilen berk baglanyşýar. Eger belgilemek funksiýa sözindäky ähli obrazlar bilen baglanyşdyrýan bolsa, umumylaşdyrmak sözleýiş bilen pikirlenmäniň berk baglanyşygyny aňladýar. Sözleýiş abstrakt logiki pikirlenme üçin has umümy pikir bolmagynyň formasydyr.

Sözde (düşünjede) hem, sözlemde (pikir ýöretmede) hem umumylaşdyrmak dürli derejede bolýar. «Awtobus» diýen sözüň umumylygy «transport» diýen sözüňkiden has dar bolar. «Şu uçburçluk göňüburçlukdyr» diýen sözlemde şol bir uçburçlyk barada gürrüň edilýän ýeke-täk pikir ýöretme bardyr. «Her bir uçburçlugyň burçlarynyň jemi 180°-a deňdir» diýen sözlemde pikir ýöretme umumydyr. Düşünjeleriň we pikir ýöretmeleriň umumylaşdyrylan derejesi pikirlenme işiniň we bilimleri öwretmegiň möhüm elementidir.

Sözleýşiň üçünji funksiýasy aragatnaşyk (kommunikasiýa) bolup, ol bilimleri, gatnaşyklary, duýgulary beýleki adama geçirmekdir. Aragatnaşyk funk-siýasy başga adamlar bilen baglanyşyk saklamaga göňükdirilen daşky sözleýşiň tertip hökmünde çykyş edýär. Daşky sözleýiş arkaly täsir etmek käbir hünärlerdäki adamlaryň-ýazyjylaryň, aftorlaryň, mugallymlaryň işiniň esasy görnüşidir.

Sözleýşiň habar beriji tarapy düşünjeleri geçirmekde ýuze çykyp, ol bellemegiň hem-de umumylaşdyrmagyň funksiýalary bilen berk baglanyşyklydyr. Habar beriş funksiýa subýektiň pikiri aňladýan sözi tapmak başarjaňlygypy şeýle hem ol sözüň kabul edip adamda hem edil şeýle pikir döretmekligini göz öňünde tutýar.

Sözleýşiň täsirlilik tarapy gepleýän adamyň duýgularyny we garaýyşlaryny aragatnaşyk predmetine geçirmek bilen baglanyşyklydyr. Adamyň sesi boýunça onuň

asudalygyňy ýa-da tolgunýandygyny, gaharlydygyny, ýa-da keýpiniň ýokdugyny kesgitlemek bolýar. Mugallym sözleýiş arkaly okuwçylaryň hereketlerine we bilimlerine bolan garaýyşlaryny aňlatmalydyr. Okuwçylar mugallymyň parhly-parhsyzdygyny hemişe onuň sözleýiş dilinden aňýarlar.

Sözleýşiň erkine tabyn etmek funksiýasy diňleýjiniň hereketleriniň gepleýän adamyň oý-pikirini gös-göni tabyn bolmagyna gönükdirilendir. A.S. Makarenko «Gel bärik» diýen şol bir jumleni ýigrimi dürli äheňde aýtmagy öwrenýänçäm özümi ussat-pedagog hasap etmezdim diýip ýazýar. Aragatnaşyk funksiýanyň şu tarapy pikirleriň, duýgularyň we garaýyşlaryň sözleýiş arkaly aňladylmagy bilen berk baglanyşyklydyr.

Mugallym özüniň sözleýşini ösdurmegiň üstüni köp işlemeli bolýar. K.D. Uşinskiý «Mugallymlarda klasda gürrüň bermek sungatynyň seýrek duşýanlygy-nyň sebäbi, ol onuň tebigatyň seýrek eçilýän ukyby bolman, eýsem ukyply adamyň hem özünde pedagogik gürrüň bermek ukybyny terbiýelemek üçin kan zähmet çekmeginiň zerurlygydyr» diýip ýazýar. Diýmek, mugallym sözleýiş diliniň sada, her bir sözlemiň gutarnykly oý-pikiri beýan etmegini, indiki sözlem-ler bilen logiki baglanyşygyny talap edýär. Edil şonuň ýaly okuwçynyň sözleýiş dilini «ödürmek gutarnykly pikir ýöretmegi talap etmek bilen utgaş-dyrylmalydyr.

## § 5. Şahsyýetiň gönükdirilmesi we sözleýşiň stili

Sözleýiş dilinde şaheyýetiň gönükdirilmekligi: onuň bähbitleri, islegleri, ynamlary ýüze çykylýar. Birinjiden, şaheyýetiň gönükdirilmekligini adamyň gürrüňleriniň manysy, predmeta kesgitleýär. ikinjiden, adam öz bähbitleriniň predmetine öz hyýalynda, aragatnaşyklarynda köp gezek dolanýar. Gyzykly zat baradaky gürrüň şahsyýet üçin leksikaýdan baý we emosional taýdan täsirlidir.

Pikirlenme bilen sözleýiş diliniň arasyndaky berk baglanyşyk şaheyýetiň sözleýiş dil aýratynynlyklarynda, onuň pikirleriniň bir giden toparynyň beýan edilýändigine düşünmäge ýardam edýär. Mysal üçin, obrazly sözleýiş dili, obrazly pikire dogry gelýär. Güwä geçijilik pikiri oýlanmalaryň obrazly subut edijiligi bilen däl-de, sözleýiş diliniň doly we logiki jemlenenligi bilen baglydyr.

Şahsyýetiň sözleýiş diliniň aýratynlyklary pikirlenme işini yzygiderli çözmäge göňükdirilen wezipelere garaşlydyr. Bilimleri öwretmek, sözleýiş aragatnaşygynda öz pikirleniş prosesini aýbaňlandyrylan logiki formada açyp görkezmek wezipeleri pikrini söz üsti bilen aňlatmagyň formalaryny timarlaýar. Meseläni «içinden» oýlanmak, ýagny içinden sözlemek köplenç öz pikirini aýtmak islegi bolan wagtynda diňleýjiler bilen aragatnaşyk saklamagyň kynlaşmagyna getirýär. Sözleýiş adam üçin örän aýdyň pikir auditoriýa tarapyndaň kabul edilmeýär. Sözleýän ýagdaýlarda sözleýiş dili pikiri açman, ony «ýapýar» diýilýär. Adamyň medeni derejesini häsiýetlendirmek üçin şaheyýetiň gönükdirilmegi bilen berk baglanyşykly bolan sözleýiş stiliniň uly ähmiýeti bardyr. Sözleýşini stilinde adamyň akyl işiniň we zähmetiň , aýratynlyklary, onuň hünäriniň özboluşlygy beýan edilýär. Iň pes stil guramaçylyksyz gepleşikde ulanylýan sözleýiş stili bolup, onda gurleýän adam nädogry sözleri we aňlatmalary ulanýar, ümler we artyk sözler köp bolýar. Sözleýiş dil medenýeti pes bolýar.

Gepleşik-dialog sözleýşiň esasynda has ýokary stil hem ýüze çykýar ony obrazly-emosional stil diýip atlandyrmak bolar. Şu stil üçin diliň arassalygy, aňlatmalaryň obrazlylygy, pikirleri we sözleri ylmy terminologiýany ulanmagy dogry bermek häsiýetlidir.

Sözleýşiň ylmy-iş stili gepleşik diline ýazuw we monologik sözleýşiniň täsir etmeginiň netijesinde döräpdir. Sözleýşiň şu stili has gurak, obrazly aňlatmalara baryp bolýar.

Onuň üçin köpsanly ylmy terminologiýany öz içine almak häsiýetlidir.

Sözleýiş diliniň şu üç stiliniň hemmesinde hem adamyň professional işi aňladylýar. Munuň özi sözleri saýlamakda (leksikada), ulanylýan deňeşdirme-leriň, obrazlaryň häsiýotinde açyk duýulýar. Sözleýiş stili diňe bir aragagnaşyk saklamak üçin zerur bolman, ol aragatnaşyk saklamak prosesine gatnaşýan adamlaryň özara täsir ediş prosesidir. Şonuň, üçin şaheyýetiň sözleýiş dil aýratynlyklary hesiýetlendirilende diňe bir adamyň sözleýän wagtyndaky aktiw tesir edişinde ýüze çykýan zatlary bellemek bilen çäklenmän, eýssm ony diňleýji hökmünde häsiýetlendirýän zatlary hem bellemek möhümdir. Adamyny diňleýji hökmünde häsiýetlendirip aýratynlyklar — onuň kabul edişiniň, ünsüniň we sözleýişişiniň aýratynlyklarynyň sintozi hökmünde ýüze çykýar. Ünsli diňleýji özüne gönükdirilen sözleýşe, onuň manysyna laýyklykda düşünmäge ukyplydyr. Ünsüz diňleýji habar berilýän zadyň manysyna ýaramaz düşünýär, sözleýiş maglumatyndan diňe özüni gyzyklandyrýanlaryny saýlap alýar we obýektiw möhüm, emma özi üçin ähmiýetsiz zatlary kabul etmeýär, ýatda saklamaýar.

Netijede sözleýiş diýilip aýratynlygy her bir mugallymyň okuw materialyny owretmegini, okuwçylaryň düşünjelerini, pikir ýöretmelerini, ösdürmegini guramak bilen baglanyşyklydyr.

# 6-NJY BAŞ. ŞAHSYÝET WE ONUŇ GURLUŞY

## 1, Adam, şahsyýet, indiwiduallyk hakynda düşünje

**Adam hakynda düşünje.** Jemgyýetçilik ylymlaryna, durmuş praktikasynda «adam», «şahsyýet, «Indiwidallyk» düşünjeleri giňden ulanylýar. Olar käha-latlarda deň manyda garalýar) käte bolsa biri-birine garşy goýulýar. Bu garaýyşlaryň, ikisi-de nädogrydyr. Adam hakyndaky düşünje iň düýpli, başlangyç dününjedir. Adam munuň özi, ozaly bilen süýtemdirijiler klasyna degişli Homo sapions, pähimli biologik jandardyr. Bu görnüşiň haýwanlardan tapawudy, onuň aňly-düşünjeli, daşky dünýä we hut öz-özüne akyl ýetirip bilýän, şona laýyklykda parasatly herekete ukyplylygyndan ybaratdyr. Adam biologik görnüş hökmünde aýratyn alamatlary bolan jismi gurluş hökmünde häsiýetlendirilip, ol alamatlara onuň göni ýöreýşi, zähmete ukyply elleri, dünýäni düşünjeler boýunça şöhlelendirip, ony öz isleglerine, bähbitlerine we ideallaryna laýyklykda özgertmäge mümkinçalik berýän ýokary derejede ösen kelle beýnisiniň bolmak-ygy degişlidir.

Şonuň, bilen birlikde adam jemgyýetçilik jandary bolup, bu onuň ideýasy alamatydyr. Jemgyetçilik durmuşy we zähmet diňe bir adamyň tebigy gurluşyny kämilleşdirmek bilen çäklenmän, eýsem ony öz gurluşyna tabyn edipdir. Adam hususy jemgyýetçilik önümi bolup durýan aňy doredijidir. Adam jemgyýet gurluşyň kömegi bilen diňe bir akyl ýetirmäge we zähmet çekmäge ukyply bolman, eýsem özüniň içki proseslerine düşünmäge, olary durmuşyň daşarky ýagdaýlary biri-biri bilen deneşdirmäge, parasatly hereket etmäge hem ukyplydyr.

Adam köp taraplaýyn bolup birbada tebigy ylymlaryň hem-de jemgyýetçilik ylymlarynyň öwrenýän obýekti bolup durýar. «Şahsyýet» diýen düşünje «adam» diýen düşünjeden

has darrakdyr. Şahsyýet jemgyýetçilik taryhy kategoriýa bolup, onuň jemgyýetçilik häsiýeti we sosial funksiýasy ony häsiýetlendirýän esasy sypatlarlyr.
Şahsyýet esasan jemgyýetçilik ylymlaryň-taryh, filosofiýa, sosiologiýa, etika, estetika, psihologiýa, pedagogika we ş. m. öwrenän obýektidir.

Şahsyýet-jemgyetçilik ösüşiniň subýekti bolup, onda belli bir orny eýeleýän we jemgyýetçilik roly ýerine ýetirän aňly-düşünjeli indiwiddir. Bu rol şaheyýetiň sosial funksiýasydyr: mysal üçin, ata-enäniň çagalara terbiýe bermek roly, mekdep direktoryny mugallymlar kollektiwine ýolbaşçylyk etmek we okuwçylary okatmak prosesini guramak boýunça roly we ş. m

Şaheyýetiň pozisiýasy onuň gatnaşyklarynyň sisitemasyndan durýar. Şahsyýetin, esasy gatnaşyklary onun durmuşyň maddy şertlerine, jemgyýete we adamlara, öz-özüne, öz borçlaryna jemgyýetçilik we zähmet çekmek borçlaryna we ş. m. bolan gatnaşyklaryndan durýar. Bu gatnaşyklar şahsyýotiň ahlak keşbini, onun sosial funksiýalaryny häsiýetlendirýär.

Gatnaşyklary diňe bir olaryň obýekte gönükdirilmegi boýunça däl-de, eýsem olaryň aňlanylyş derejesi boýunça hem tapawutlandyrýarlar. Köplenç pes aňlanylan we çuň aňlanylan gatnaşyklary tapawutlandyrýarlar.

Pes aňlanylan gatnaşyga gysga wagtlaýyn söýgi ýa-da ýigrenç duýgulary mysal bolup biler. Çun aňlanylan gatnaşyk-munuň özi prinsipial gatnaşyk bolup, ol pursatyn talaby bilen däl-de, içki ynamlar, şahsyýet-de kemala gelen ahlak ideallary, borjuna we wezipesine düşünmek bilen kesgitlenilär.

Şeýlelik-de ylmy filosofiýa we psihologiýa şahsyýetiň sosial mazmunly gurluş hasaplaýar. »Şahsyýet munuň özi şol bir adam bolup, ýöne adam bu ýerde jemgyýetçilik zähmetliligi, jemgyýetçilik işi ňukdaý nazardan seredilýär. Fiziolog adamy organizm hökmün-de öwrenip, sosiolog we psiholog bolsa ona esasan şahsyýet hökmünde çemeleşýärler.

Hut şonuň, üçin hem şahsyýete, onuñ gurluşynyna kesgitleme berlende sosial we biologik tarapyna deň ähmiýetde garamak bolmaz. K. Marks «şaheyýetiň mazmunyny onuň sakgaly-da gany-da, onuň abstrakt fiziki tebigaty-da ybarat etmän, onuň sosial häsiýetleri düzýär» diýip ýazýar.

Şahsyýet-munuň özi añly-düşünjeli indiwiddir. Ýöne şaheyýetiñ psihologiýasyna, onuň işini, ukyplarynyň we hesiýetiniň mazmunyna, käbir ýagdaýlarda onuñ (beden gurluşynyň aýratynlyklaryny (mysal üçin, kelle beýnisiniň gurluşyny) analiz etmän onuñ jemgyýetçilik roluna düşünmek bolmaz.

**Indiwiduallyk** şahsyýetden uly ýa-da onuň ýokarsyndaky bir zat däldir. Indiwiduallyk-munuñ özi şahsyýetiň özboluşlylygýnyň derejesidir. Indiwiduallyk hakynda gürrüp, edilendo, şahsyýetiň originaldygy göz öñünde tutulýar. Köplenç «indiwiduallyk» sözi bilen şahsyýetiň ony başga adamlardan tapawutlandyrýan haýsydyr bir esasy aýratynlygy aňladylýr. Her bir adam indiwidualdyr, ýöne käbir adamlaryň indiwiduallygy has aýdyň, ýüze çykyp, käbir adamlaryňky bolsa çala göze ilýär. Indiwiduallyk intellektual, emosional , erk sferasynda, baştana aýdanynda psihiki işiň ähli sferalarynda birden ýüze çykyp biler. Akylyň originallygy, onuň başgalaryň görmeýän zatlaryny görmek ukybyndan, informasiýalary täzeden işlemek baradaky aýratynlyklaryndan ýagny problemalary goýmagy we olary çözmegi başarmagyndan ybaratdyr. Duýgularyň özboluşlylygy olaryň biriniň (akyl ýa-da ahlak duýgusynyň) adatdan daşary döremeginden, emosiýanyň has çaltlygyndan ybarat bolup biler. Erkiň aýratynlygy bolsa onuň güýjünde, aýratyn edermenlikde ýa-da özüne erk etmekde ýüze çykýar. Originallyk mundan başga-da konkret adamyň aýratynlyklarynyň onuň hereketlerine we özüni alyp barşyna aýratyn äheň berýän özboluşly sazlaşygyn-da hem ýüze çykyp biler.

Indiwýduallyk şahsyýeti has anyk, takyk we onuň bilen bilelikde has doly häsiýetlendirýär.

Ol şahsyýetiň psihologiýany owrenilende, psihologiýanyň beýleki ugurlarynda hem hemişelik derňew obýektidir.

Durmuş praktikasynda hem-de ylymda «indiwýduallyk» diýen söz bilen birlikde «indiwid» diýen söz hem ulanylýar. «Indiwid» sözi adatça haýsyda bolsa bir umumylygyň, birligiň, organizmleriň bir görnüşiniň ýekelik wekilini aňladyp, bir görnünşini aňladyp konteketinde özüne mahsus aýratynlyklary bolan şol bir konkret adama düşünilýär.

## § 2. Şahsyýet häzirki zaman psihologiýasynda

Jemgyýetçilik we şahsyýetin, ösüşi gös-göni weo organiki özara baglanyşyklydyr. Ýöne, şol aragatnaşyk diňe jemgyýetiň belli gurluşynda sazlaşyk häsiýet-de bolýar. Şahsyýet jemgyýet üçin, jemgyýet her bir şahsyýet üçin işleýär, sebebi onuň aladalarynyň merkezinde şahsyýet, onuň maddy we ruhy isleglerini kanagatlandyrmak wezipesi durýar: öz gözeginde bolsa her bir şahsyýet jemgyýet üçin işleýär, onuň ruhy, sosial we maddy talaplary näçe doly kanagatlandyryldygyça, şonça-da ol köp gujur we inisiatiwa bilen işleýär.

Şahsyýetiň, ösüşi esasan durmuşdaky kollektiw başlangyçlaryň ösüşi bilen berk baglanyşyklydyr. K. Marks «Şahsyýetiň hakyky azatlygy, onuň sosial taýdan goraglylygy diňe kollektiwde mümkindir hem-de diňe kollektiwde onuň hemme taraplarynyň ösmegi, ähli ukyplarynyň we talaplarynyň güllemegi mümkindir» diýip ýazypdy. Şahsyýetin, we jemgyýetiň, şahsy we jemgyýetçilik bähbitleriniň kadaly ösen jemgyýetdäki sazlaşyklygy şahsyýetiň bar gurluşyny döredip, onuň hartarlaýyn ösüşine şert bolup durýar. Şu ýerden hem

adamyň kollektiwde ýaşamak we işlemek höwesi, kollektiwiň onuň ilkinji islegine öwrulär.

Şahsyýet häzirki döwürde sosiologiýanyň, psihologiýanyň, pedagogikanyň we etikanyň üns merkezinde durýar. Şahsyýete bolan gyzyklanmanyň has guýçlenmegi syýasy hem-de öňümçilik maksatlary bilen döredilýär. Şahsyýeti öwrenmek onuň işini netijeli dolandyrmagyň möhüm şertidir.

Şahsyýet hakyndaky ylym jemgyýetiň syýasy bähbitlerine galtaşýar. Şonuň üçin hem bu ugurda döredilýän taglymatlar olaryň awtorlarynyň idialogik go-nukdirilmesine bagly bolýar.

Gunbataryň psihologňýasynda şahsyýet barada köp dürli, köplenç biri-birinden düýpli tapawutlanýan taglymatlar ýaýrandyr. Şolaryň arasynda biologik, biososial we sosial taglymatlar has tapawutlanýarlar.

Aýratyn hem Freýdiň şahsyýete berýän düşündirişinde biologizm has aýdyň ýüze çykýar. Onuň taglymatyna görä, şahsyýet aýrybaşga biologik indiwiduallyk hökmünde hemişe jemgyýetde bolýar we özünde onuň tasirligini duýýar, emma şol bir wagtyn özünde-de garşy durýar. Şahsyýetin özüni alyp barşy tutuşlygy biologik meýiller ýa-da instinktler bilen, esasan seksual meýiller bilen kesgitleýär. Freýd meýiliň gurluşyndan uruşlaryň gutulgysyzdygyny getirip, adama söýmeklige bolan meýil bilen ölüme we weýrançylyga bolan meýilleri dogabitdi hasaplaýar. Freýdiň taglymaty şahsyýetin biologik indiwidualizmini obsolýutlaşdyrýän taglymatdyr.

Biososial taglymatyň wekilleri bitewi şahsyýeti iki bölege bölmäge synanşýarlar we adamyň psihiki proseslериniň biologik tebigaty bolup, şol wagtyň özünde şahsyýetiň gönükdirilmesi sosial hadysalar tarapyndan kesgitlenýlär diýip tassyklaýarlar. Şeýle düşünje nädogrydyr, sebäbi ol ýönekeý duýma prosesi adamyň sosial taýdaýn döredilen häsiýetleri bilen çylşyrymlaşandyr.

Gunbataryň psihologiýasynda şahsyýetin sosial taglymaty giňden ýaýrandyr. ABŞ-da aýratyn hem sosiallaşdyrmak diýilýän teoriýa aýratyn işlenilýar. Şu teoriýa laýyklykda, adam biologik şahs bolup dogulmak bilen durmuşyň sosial şertleriniň täsiri arkaly şahsyýete öwrulär. Onda adamlaryň aragatnaşygyna psihologik taýdan biri-birine düşümesine aýratyn ähmiýet berilýär. Şol bir wagtyn özün-de adamlaryň ykdysady we syýasy gatnaşyklaryna, olaryñ şahsyýete edýän täsirine kembaha garalýar.

Şu taglymatyň wekilleri konformizm hadysasynyñ derňewlerine, sosial toparyň şahsyýete edýän täsirin uly üns berýärler. Günbataryň psihologlary adamyň toparda özüni alyp barşyny derñemek bilen şahsyýetiň toparyň talaplaryna ýa-da başgaça aýdanyñda kapitalistik jemgyýetiň düzgünlerine uýgunlaşmagyna bolan añlanylan ýa-da aňlanylmaýan meýillere ählíumumy kanunalaýyklyk diýip yglan edýär. Şol bir wagtyn özünde konformizmi şahsyýetiň jemgyýetçilik düzgünlerine uýgunlaşmagy üçin uniwersal mehanizm hasap edýärler.

Hakykatda bolsa, topryñ, kolektiwleýin şahsyýete edýäntäsiri dürli häsiýetli bolupbiler. Munuň özi şahsyýetin aýratynlyklarynda, onuñ ideýa taýdan tutýan pozisiýasyna, häsiýetine şonuň ýaly hem täsir etmegiň aýratynyklaryna bagly bolýar. Ýoldaşlyk hyzmatdaşlygy we özara kömek şertlerinde kollektiwiñ we şahsyetiň aragatnaşyklary prinsipial häsiýetlidir, kollektiwin, çleniniň toparyň bähbitleri üçin edýän hereketleri bolsa ynamly kollektiwistiñ hereketleridir. Şeýle hereketleriň konformlyk hadysasy bilen hiç hili umumlygy ýokdur.

Şahsyýetiñ problemalaryna galtaşýan sosial-psihologik taglymatlaryň biri-de öwretmek teoriýasydyr. Bu teoriýa laýyklykda şahsyýetin durmuşy, onuň gatnaşyklary öwrenmegiñ bilimleriň toplumyny özgertdirmegiň netijesidir (E. Torndaýyk we başgalar). Mekdepde okatmagyñ we öwretmegiň ýaş ösdürimi durmuşa taýýarlamakda, şol sanda

şahsyýeti kemala getirmekde ahmiýeti uludyr. Ýöne şahsyýetiň tutuş ösüşini diňe öwretmegiň täsirine syrykdyrmak bolmaz. Onuň kemala gelmegine jemtýetçilik durmuş, sreda, zähmet, adamlaryň aragatnaşyklary aýgytlaýjy täsir edýärler.

Daşary ýurt psihologiýasynda rollar teoriýasy hem has giňden ýaýran. Ol durmuşda her bir adamyp diňe özi üçin niýetlenen haýsydyr bir roly oýnaýanlygyndan ugur alýar. Ýerine ýetirilýän rola baglylykda şahsyýetin özüni alyp barşynyň, onuň başga adamlar bilen gatnaşyklarynyň häsiýeti kesgitlenilýär.

Şahsyýetiň roluny derňemegiň psihologik teoriýa hem-de sosial praktika düşünmek üçin hem möhümdeş gürrüňsizdir. Emma gunbataryň psihologiýasynda rola diňe psihologik gatnaşyklaryň sistemasy hökmünde garalyp, şahsyýetin pözisiýasyny, şeýle hem onuň jemgyýetçilýk durmuşyndaky ornuny kesgitleýän maddy, syýasy we idelogik gatnaşyklar ünsden düşürilýär. Şahsyýetin sosial roluny öwrenmeklige synpsyz esasda çemeleşik rollar teoriýasyna eýerlenýänleriň hemmesi üçin mahsus hadysadyr.

Görşümiz ýaly, şu teoriýalaryň her birinde adamyň sosial taýdan özüni alyp barşy şahsyýetin ýa-da sredanyň diňe özleri üçin maheus bolan aýratynlyklaryndan ugur alyp düşündirilýär. Şeýle bolanda adamyň durmuşy, onuň özüni alyp barşyny kesgitleýän obýektiw jemgyýetçilik şertleri köp bir nazara alynmaýar. Bu teoriýalar hakykatda jemgyýetiň sosial toparlaryň we şahsyýetin ösüşiniň hakyky kanunalaýyklyklaryny doly açyp görkezip bilmeýärler.

Marksistik şahsyýet psihologiýasynda şahsyýetin sosial tebigaty açyp görkezmeklige aýratyn üns berip, jemgyýetiň we şahsyýetin aragatnaşyklaryny, onuň kemala gelmeginiň kanunalaýyklaryny şu nukdaýdan düşündirýärler.

Şahsyýet teoriýasyny işläp düzmekde rus psihology A. F. Lazurskiniň işleriniň uly ahmiýeti boldy. Ol peder psihologiýamyzda ilkinji gezek gatnaşyklar problemasyny orta

atdy we olaryň durmuşyň sosial şertlerine baglydygyny açyp görkezdi. Gatnaşyklaryň marksistik taglymatyny işläp duzenleriň birinde W. Mýasişewdir.

## § 3. Şahsyýetiň esasy düzüm bölekleri

Psihiki durmuşyň hem her bir bütewilik ýaly belli bir gurluşy bardyr. Psihiki gurluşyň indiwidual aýatynlyklaryndan sowlup, şahsyýetiň pihiki strukturasyny döretmek bolar. Strukturanyň ilkinji komponenti (sostaw bölegi) şahsyýetiň göňükdirilmesini ýa-da adama hakyky mahsus bolan gatnaşyklary häýsiýetlendirilýär. Gönükdirilmek dürli häsiýetleri, özara baglanyşykly islegleriň we bähbitleriň sistemasyny, ideýa we praktiki taýdan ýörelgeleri öz içine alýar. Şeýle banda göňükdirilmekligiň komponentleriniň biri agalyk edip, esasy rol oýnaýar, beýlekileri bolsa söýget-kömekçi bolup hyzmat edýärler. Agalyk ediji gö-nükdirilmeklik şahsyýetiň tutuş psihiki hereketlerini kesgitleýär. Mysal üçin, akyl ýetirmek isleginiň agalyk etmegi degişlilikde erk we emosional hyjuwlaryny döredýär, bu bolsa öz gözeginde intellektual işi aktiwleşdirýär. Şol bir wagtyň özünde tebigy islegler birneme togtaýar, gündelik aladalar ikinji plana geçýär. Şahsyýet öz meşgullanýan, ýerine ýetirýän zadynyň entek maksada laýyk däldigini esanlandyryp oňa jemgyýetçilik we şahsy taýdan aýratyn ähmiýet berip başlaýar.

Şahsyýetiň strukturasynyň ikinji komponenti onuň mümkinçiliklerini kesgitleýär we işleriň üstünligini üpjün edýän ukyplar sistemasyny öz içine alýar. Ukyplar biri-biri bilen özära baglanyşyklydyr we baglanyşykly hereket edýärler. Köplenç ukyplaryň biri agalyk ediji bolup, beýlekileri ona garaşlydyrlar. Mysal üçin A.S. Puşkinde şahyrçylyk talanty agalyk edip, ol şol bir wagtda taryhçy hökmünde, talantly surat çekiji hökmünde-de özüni görkezipdir. Tabyn edilen ukyp esasy ukyby guýçlendirýär. Magtymguly Pyragy şahyrçylyk

bilen birlikde kümüşçi ussatçylyk ukybyny utgaşdyrypdyr.

Şahsyýetiň strukturasynyň üçünji komponentyna gylyk ýa-da adamyň sosial sferada özüni alyp baryş stilidir. Gylyk çylşyrymly jemlenip hadysa bolmak bilen, onda adamyň ruhy durmuşynyň mazmuny, formasy bilelikde ýüze çykýar. Belli bir derejede gylyk şahsyýeti tutuşlugyna añladýar diýmek-de bolýar: onuň temperamentinde ýüze çykýan tipologik aýratynlyklaryny, çylşyrymly gönükdirilme sistemasyny we erkini, akyl we emosional sypatlaryny özünde jem-leýär.

Gylykda şeýle esasy aýratynlyklary bellemek bolar. Şeýle aýratynlyklara ilkinji nobatda ahlak sypatlarynyň aýratynlyklary, adamlara eserdeñlik ýa-da rehimsizlik, jemgyýetçilik borçlaryna jogapkärçilik ýa-da biperwaýçylyk, kiçi göwunlilik ýa-da ulumsylyk, ikinji nobatda bolsa erk sypatlary (töwekgellik, erjeñlik, edermenlik we özüňe erk etmek) degişli bolup, ol özüni alyp barmagyň belli bir stilini we praktiki meseleleri çözmegiň tärlerini upjun edýar. Şonuň üçin ahlak, edermenlik, gaýratlylyk sypatlary gylygyñ esasyny duzär diýmek bolar.

Ähli beýleki komponentleri özüne tabyn edýän dördünji komponent bolsa dolandyryş sistemasy bolup, onuň özünde ol «men» hadysasy bolýar. «Men» şahsyýetde düşünjeliligi, öz-özüni kadalaşdyrmagy aňladyp, hereketiň güýçlenmegine ýa-da gowşamagyña öz-özüne kontrollyga edilýän işlere düzediş girizmäge, hadysalary beýleki adamlardan öň duýmaga, hususy işlerini durmuşa laýyk planlaşdyrmaga amala aşyrmaga ýardam edýär. Öz-özüñi dolandyrmagyň şahsyýetindäki, maksadalaýyk ýaşamagynda we işinde uly ähmiýeti bardyr.

## § 4. Şahsyýetiň gönükdirilmesi

**Şahsyýetiň göňükdirilmesi munuň özi gatnaşyklary saýlap almagy we adamyň aktiwligini kesgitleýän arzuwlaryň we ymtylmalaryň sistemasydyr.**

Gadym wagtlardan bäri akyldarlar şahsyýetiň aktiwliginiň çeşmelerini, adamyň durmuşynyň manyly kesgitlemäge synanyşypdyrlar. Olaryň birinjisi lezzet almaga ymtylyş indiwidiň edýän işleriniň esasy motiwidir diýip hasap edipdirler (gedonizm taglymaty). Beýleki bir topary bolsa borjuny ýerine ýirmek adam durmuşynyň delil-isleglerini we manyny düzýär diýip hasaplandyrýär. Şeýle bolanda orta abstrakt, real jemgyýetçilik talaplaryndan üzñelikde garalýar.

Günbataryň psihologiýasynda käbir alymlar şahsyýetiň özüni alyp barşyny biologik meýiller bilen, mysal üçin, seksual meýiller bilen (Z. Freýd), käbir ýeri bolsa agalyk etmäge ýa-da boýun egmäge bolan «sosial» meýiller bilen (A. Adler) baglanyşdyrmaga çalşýarlar.

Delillere, motiwlere şeýle düşünmek adamzat şahyýetiniň hil aýratynlygyny eýýar. Adamyň islegini alan maddy we ideal motiwler oýandyrýar. Marksizmiň klassyklary adamy, onuň iş-durmuşyny maddy bähbitler, arzuwlar we hyýallar, ahyrky netijede bolsa daşky sebäpler durmuşyň ýagdaýlary, ykdysady, ahlak we syýasy gatnaşyklar öňe itergilip biler diýip görkezýär.

Latyn aforizminde: «Men adam, şonuň üçin hem adama mahsus bolan hiç zat maňa geň, däl» diýilär. K. Marksdan onuň gyzyklanýan zatlary barasynda soralanda şu aforizmi mysal getiripdir. Dogrudan hem şahsyýet kän sanly jemgyýetçilik gatnaşyklara, baglanyşyklara goşulýar we reaksikanyň dürli ugurlarynda hereket edip, şonda ol dürli motiwler ýa-da dellilerden ugur alýar. Motiwler bu aňlanylan isleg hökmünde adamy hereket etmäge oýandyrýan psihiki hadysadyr.

Motiwleri bilmezden, adamyň näme üçin bir maksada has göwünjeň, beýleki bolsa biperwaý garaýandygyna düşünip bolmaz. Adamyň her bir hereketi we işi belli bir derejede delillendirilendir, ol muňa doly düşünýär. Adam käbir ýagdaýlarda jemgyýetçilik borjuna düşünmeklige eýerip, başga bir ýagdaýlarda bolsa şahsy isleglerden we bähbitlerden ugur alýar, üçünji bir ýagdaýda bolsa belli bir derejede duýgularynyň esasynda (söýgi, hormatlamak, ýigrenmek we ş. m.) hereket edýär. Şonuň bilen birlikde, hem her bir uly adamda bir esasy ugur bolup, şol hem şahsyýeti esasy gönükdirilmegini kesgitleýär. Kä bir adamlar durmuşyň manysyny öňümçilikden ýa-da ylmy işden başga birleri sungatdan, üçünji bir-birleri bolsa jemgyýetçilik işinden gözleýärler. Elbetde şeýle ýagdaýlarda her bir adam öz borjuna çuň düşünip, oňa göz ýetirmekden-zähmetiň bilen adamlara has köp jemgyýetçilik peýda berip boljakdygyny aňlamakdan, ýa-da indiwidualistok meýillerden açgözlülik, şöhratparazlyk, wezipeparazlyk şuňa meňzeş zatlardan ugur alýar. Bu ýerden, özüňi alyp baryş we hereketler analiz edilende diňe bir esasy meýilleri kesgitlemän, eýsem şahsyýetiň durmuş pözisiýasyny, onuň durmuşyň dürli taraplaryna bolan garaýyşlaryny kesgitleýän moral-psihologik daýançlary, goldawlaryda kesgitlemeli diýen pikir gelip çykýar.

Aýlanylan islegler hökmündäki motiwlerden meýilleri tapawutlandyrmak zerurdyr. Adam meýiller esasynda hereket edeninde diňe içki islegler ýa-da daşky höweslendirijikeriň täsiri bilen hereket edýär. Olar bolsa aýlanylan däldir, ýagny olaryň şahsy we jemgyýetçilik taýdan ähmiýetliligini akyl ýetirilen we olardan gelip çykýan hereketleriň netijeleri özara alynan däldir.

Şeýlelik bilen, motiwler hökmünde dürli islegler çykyş edýärler. Olar adamyň aýlanylan islegleri we bähbitleri, onuň käbir moral-psihologik ýörelgeleri we dünýägaraýşynyň we ynamlarynyň komponentleri hökmünde ideýalary, duýgulary

we oý-pikirleridir!

Adamyň motiwlerini öwrenmegiň şahsyýetiň moral - psihologik mazmunyna düşünmekde uly ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, käbir adamlar öz isleglerine görä zähmete ak ýürek bilen ýanaşýarlar, ikinji birleri öz borjuna düşünip, üçünji bir toparlary bolsa wagytlaýynça, özlerini, egoistik bähbitlerine ýetmek üçin şeýle hereket edýärler. Şu häsiýetnamalaryň hemmesi şahsyýetiň sosial taýdaň ösüşiniň dürli derejelerini ýüze çykarmaga, kesgitlemäge, baha bermäge hyzmat edýärler.

## § 5. Islegler hakynda düşünje

Adamlar ýaşamak üçin özlerini, iýmite, geýime we başga köp zatlara bolan isleglerini kanagatlandyrmalydyrlar. Isleg munuň özi adamyň ýaşaýyş durmuşynyň we ösüşiniň belli bir şertlerinde başdan geçirýän zerurlygy bilen baglanyşykly ýagdaýdyr. Islegler organizmi içki sredasynyň ýa-da durmuşyň, daşky şertleriniň durnukly talaptlaryny añladýarlar. Olar aýlanylan bolmak bilen özüni alyp barşyň delilleri formasynda ýüze çykýarlar. Islegler adamyň aktiwliginiň çeşmesidir. Adamlar ýaşamak üçin maddy we ruhy baýlyklary kemgyýetçilik öňümçiligini döredýärler we ösdürýärler. Şonuň bilen birlikde, islegler önümçilik bilen bile ösýärler. Munuň özi düşnüklidir: sebäbi diňe islegleri kanagatlandyrmak prosesi olaryň ösmegine alyp barýar, islegleri kana-gatlandyrmak bolsa doly suratda durmuş serişdeleriniň öndürilişine we zähmet öňümleriniň paýlanylyşynyň jemgyýetde höküm sürýän häsiýetine baglydyr. Islegleri diňe sarp ediş täzeden döredip bilýär. Şeýlelikde, adamyň hemme islegleri jemgyýetçilik taýdan döredilendir, olaryň ösüşi bolsa jemgyýetçilik mümkinçilikleriniň we paýlaýnşyň häsiýeti bilen kesgilenilýär. Hatda fiziologik islegler babatda hem jemgiýet olaryň kanagatlandyrylyş formasyny kesgitleýär, sosialruhy

islegler babatda bolsa, formasyny hem-de mazmunyny kesgitleýär.

Islegler belli bir derejede adamyň gaýgy-şatlygynyna, pikirlenmesine, erkine täsir edýär. Isleglerin kanagatlandyryş ýa-da kanagatlandyrylmazlygyna, olary kanagatlandyryş serişdelerini we tärlerine baglylykda adam tolgunmak ýa-da rahatlyk, kanagatlandyrmak ýa-da närazylyk emosiýalaryny başdan geçirýär.

Islegler adamyň akyl ýetiriş we praktiki işinini esasy ugrukdyryjy, mejbur ediji güýjüdir. Indiwid öz isleglerini kanagatlandyrmak üçin haýsydyr bir serişdeleri tapmaly, şonuň üçin hem belli bir teoretiki we praktiki meseleleri çözmeli bolýar. F. Engels adam, özüniň pikirlenmesi maddy onümçilige bagly däldir oýdüp pikir edýär, hakykatda bolsa, ol ahyrky netijede ykdysady sebäbler arkaly döreýär diýip belleýär. Pikirlenme islegleri kanagatlandyrmak üçin serişde gözlemegi üpjün edýän psihiki işleriň bir tarapydyr.

Erk hem islegler esasynda döredilýär. Bu barada F. Engels, islegler adamyň kellesiniň içi bilen geçýär, ýagny ona erk görnüşinde akyl ýetirilýär we ýüze çykýar diýip görkezýär. S. L. Rubinşteýn erki meýilleriň, ymtylmalaryý ýokary derejesi diýip belläpdir. Adam erk tagallasy we durnuklylygy mynasybetli maksadyna ýetmek ugrunda duşýan kynçylyklary ýeňip geçýär we islegleri kanagatlandyrmak bilen nähili hem bolsa bagly bolan öňde duran praktiki meseleleri çözýär. Adamyň islegleri köp dürli bolýar, olar şahsyýetiň gönükdirilmesiniň tutuş sistemasynda we öz aralarynda onuň beýleki maksatlary bilen hem belli bir arabaglanşykda we aragatnaşykda bolýarlar. Häzirki pursatda esasy rol oýnaýan isleg beýleki islegleri ýatyryp, ediljek hereketiň esasy ugruny kesgitläp biler. Mysal üçin, açlykdan ýa-da suwsyzlyzkdan horluk çekýäm adam açlygyny ýatyrmak ýa-da suwsyzlygyny gandyrmak üçin serişde gözlemekden başga hiç zat barada pikir edip bilmez. Ýa-da aýdaly, ahlak

islegi güýçli bolan adam diňe bir açlygy, suwsyzlygy äsgermezlik bilen çäklenmän, janyny-da gaýgyrma. Görşümiz ýaly, islegde indiwidiň psihiki hereketleriniň gönükdirilmesini dolandyrmak meýli bolup, şonuň bilen birlikde-de onuň özi bolsa has belent maksatlarra tarapyndan, ahlak-syýasy ynamlar, jemgyýetçilik borjuna düşünmek ýaly maksatlar tarapyndan dolandyrylýar.

Isleglerіň häsiýeti we olary kadalaşdyrmak şahsyýetiň psihiki gurluşynyň tutuşlygyna, onuň edepliligine baglydyr. A. S. Makarenkanyň aýdyşy ýaly adamyň islegi borjuň süýtdeş doganydyr. Iniwidualistiň islegleri egoistik häsiýetlidir. Şeýle adam jemgyýetçilik saçagyndan başardygyça köp almaga çalşyp, beýleki adamlar bilen onuň işi bolmaýar. Şu ýerden hem açgözlük, nebisjeňlik ýaly egoistik keşbiň hakyky alamatlary ýüze çykýar.

Öň aýdylyp geçilişi ýaly, islegler aňlanylan görnüşde bolup bilerler, şonuň üçin hem olar özlerine laýyk serişdeler arkaly kanagatlandyrylyp bilner.

Şeýle hem olar meýiller ýa-da doly aňlanylmadyk ymtylmalar görnüşinde bolup bilerler. Bu ýagdaýda adam «özüni haýsydyr bir güýjüň özüne çekýändigini» diňe duýýar (A. S. Puşkin). Şeýle ýagdaýda adam, haýsydyr bir zadyň ýetmeýändigini duýýar ýa-da hiç hili «sebäpsiz» dartgynlyk we galagoplyk ýagdaýyny başdan geçirýär. Meýiller güýçlenende isleg ykrar edilýär we şahsyýet tarapyndan degişli herekete ýol berilýär ýa-da ýatyrylýar.

Isleglerіň giňligi adamyň ösüş derejesine we onuň durmuşynyň maddy şertlerine bagly bolýar. Adam öz isleglerini aňly-düşünjeli kadalaşdyrýar, hut şonuň bilen hem haýwandan tapawutlanýar. Ol isleglerini dolandyrmak bilen, diňe bir daşky şertleri däl-de, eýsem, jemgyýetde özüni alyp barşyň ahlak normalaryny-da göz önünde tutýar. Şonuň üçin edepli adam bu isleglerіniň öňi alynmadyk adam däl-de beýleki adamlaryň, isleglerini we jemgyýetiň bähbitlerini nazara alyp, öz isleglerini

kanagatlandyrýan adamdyr.

**Islegleriň görnüşleri.** Adamyň islegleri köp dürli bolýar. Olar toparlara bölünende maddy, ruhy we jemgyýetçilik islegleri tapawutlandyrmak bolar. Şeýle bölünişiň esasynda şahsyýetiň haýsydyr bir obýekte gönükdirilmeklik prinsipi goýulýar. Maddy islegler adamyň durmuş hereketleriniň esasy bolup hyzmat edýär (iýmite, geýme we ýaşaýyş jaýa bolan islegler). Olar adamyň jemgyýetçilik taryhy ösüş prosesinde emele gelip onuň baş häsiýetnamasyny düzýärler. Adamzadyň, tebigat bilen alyp barýan göreşiniň we synpy göreşiniň taryhy ozaly bilen maddy islegleri kanagatlandyrmak üçin şertleri döretmek ugrundaky göreşiň taryhydyr.

Ähli adamlaryň esasy maddy isleginiň kanagatlandyrylmagy olary iň möhüm zat bolan bir döwüm çörek ugrundaky ýiti göreşde döreýän açgözlik, göriplik, ogurlyk etmek ýaly ýaramaz hadysalardan halas edýär. A. S. Makarenko "Adamyň arzuwlarynyň öňünde açgözlük ýok. Eger adam bir tüsseli jaýdan sosna tokaýçylygyna gelip, onda hezil edip dem alsa, onuň köp kislorod sarp edýänligi üçin hiç kim, hiç wagt oňa azar bermez. Açgözlük bir adamyň islegleriniň, başga biriniň islegleri bilen çakyyşýan ýerinde döreýär. Sebäbi şeýle bolanda goňşyň şatlygyny ýa-da eşretini güýç mekirlik ýa-da ogurlyk üsti bilen elinden almak zerurlygy döreýär" diýip ýazýar. Maddy gymmatlyklary toplanmaklyga bolan bir taraplaýyn ymtylyş, ruhy taýdan garyp, diňe şahsy bähbitlerini araýan adamlarda bolýar. Ruhy we sosial iglegleri ýeterlik derejede ösen adam maddy isleglerini paýhasly kanataglandyrýar. Şeýle adam üçin durmuşyň manysy döredijilikli zähmetde we öz işiniň şahsy hem-de köpçülige peýdasyny aramakda bolýar.

Ruhy islegler adamzadyň öz boluşly islegleri bolup, olara akyl ýetirmek we lezzet almak islegler girýär.

Akyl ýetirmek islegleri umumy bolýar (birzatda ugur alyp, tutuş dunýä akyl ýetirmek) we hususy (hakykatyň aýratyn

hadysalaryna akyl ýetirmäge bolan hyjuw) bolýar. Isleg esasynda añda ylmy döredijilige bolan özbaşdak isleg döreýär. Şeýle ýagdaýda akyl ýetirmek maksat bolman, döredijilige bolan islegi kanagatlandyrmagyñ serişdesidir.

Estetiki lezzet almak islegi adamyň ömründe uly orun tutýar. Şol mynasybetli adam öz durmuşynyň dynç alşynyň we ýaşaýşynyň gözel bolmagy ugrund çalyşýar. Durmuşdaky we sungatdaky estetiki baýlýaklara baha bermek şahsyýete asyllylyk, salyhatlylyk berýär, ony ýokary göterýär. Şeýle baha bermek çeper döredijilik islegine ösüp göçip biler: şeýle bolanda adam diňe bir taýýar estetiki baýlyklara eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem olary sungat kanunlaryna laýyk döretmäge çalyşýar we döredýär.

## 6. Höwesler hakynda düşünje

**Höwesler-munuň özi, durmuşdaky ähmiýetine we emosional taýdan özüne çekijiligine garap şahsyýetiñ obýekte bolan seçip alyjylyk gatnaşygydyr.** Höwesler islegler esasynda döräp ýöne olara syrykdyrylmaýar. Isleg zerurlygy aňladyp, höwes bolsa haýsydyr bir hakykat bilen şahsy gyzyklanmany añladýar. Çuñlaşan we ykrar edilen höwes islege öwrülip biler. Mysal üçin, teatr bilen gyzyklanmak spektakllara gatnaşmak, hat-da sahna bilen meşgullanmak ýaly islegi öwrülip biler.

Höwesleri döremegi hemişe islegleri, gyzyklanmalary ýa-da jemgyýetçilik borjuny aňlamakdan başlanmaýar. Höwesler obýektiñ emosional özüne çekijiligi sebäpli öz-özünden, duýdansyz ýüze çykyp biler, diňe şondan soñra onuň islegler, jemgyýetçilik talaplary, ukyplar ýaly köpýanly sebäpler bilen döredilýän durmuş ähmiýetine akyl ýetirilip bilner.

Obýektiñ emosional özüne çekijiliginiň ilki başda düşünilmeýän, köki, obýektiñ we subýektiñ özboluşlyklaryndan

alyp gaýdýan çeşmeleri bolup biler. Obýekt näme üçin ünsi özüne çekýär, şatlyk, lezzet berýär? Sebäbi ol öz häsiýetleri boýunça belli bir derejede şahsystiň psihiki gurluşyna we isleglerine jogap berýär. Hut şonuň üçin şol bir obýekt hemme adamda bir meňzeş tolgunma döredip bilmez. Dogrusy, käbir obýektler adamlaryň umumy adamzat tebigatyna, başga birnäçesi iş aýratynlyklaryna, üçünjisi sosial-topar aýratynlyklaryna, dördünjisi şahsyýetiň indiwidual aýratynlyklaryna, özboluşly meýillerine, garaýyşlaryna we isleglerine laýyk gelýär. Mysal üçin, açyk, ýalkymly obýekt, saz ritmi, saz heňi hemme çagalarda lezzet duýgusyny döredýär.

Obýekte bolan gatnaşyklar babatyndaky tapawutlar şahsy tejribäniň baýlygyna ýa-da garyplygyna, onuň ylmy derejesine we edeplidigine, şahsyýetiň ömrüniň taryhyny we işini ýüze çykarýan ruhy gurluşynyň aýratynlygyna baglydyr.

Subýektiw gatnaşyklar başga adamlar tarapyndan diňe bir göňükdirilmen, eýsem terbiýeleýär. Mysal üçin, obýektiň hili we onuň durmuşdaky ähmiýeti barasynda kollektiw pikir abraýly adamlaryň şol obýekte bolan garaýşy-şularyň hemmesi şahsyýetiň oňa bolan gatnaşyklaryna täsir edýär. Awiasiýanyň gülläp ösýän mahaly ýaşlar awiasiýa ýykgyň edýärdiler, kösmonawtika eýýamynda bolsa kosmos uçuşlaryna bolan höwes köpçülikleýin häsiýete eýe boldy.

Diýmek, indiwidiň höwesleri obýektiň aýratynlyklaryna we indiwidiň özüniň psihiki sypatlaryna (onuň medenýeti, edenliligi, ukyplary we häsiýetleri) bagly bolsa-da, ahyrky netijede başga adamlar, kollektiw, jemgyýet, jemgyýetçilik psihologiýasy tarapyňdan formirleýär. Şeýlelikde adamlaryň höwesleriniň jemgyýetçilik-taryhy gelip çykyş bardyr. Olar önümçiligiň ösüş derejesine we jemgyýetiň ruhy medeniýetine, sosial gatnaşyklaryň ösüşine we ş. m. baglydyr.

Jemgyýetiň ösüşiniň her bir taryhy ösüş basganjagynda umumy adamzat höwesleri bilen birlikde synpy höwesler

bardyr. Mysal üçin, şahsy eýeçilik jem-gyýetçilik durmuşda, jemgyetçilik kontrol gowşan-da «gyzyl ýaly» diýilýän ýaşlarla birinji orna pul we seksual isleglerini kanagatlandyrmak bilen bag-lanyşykly höwesler öňe sürülýär.

Progressiw jemgyýetde öňde baryjy ýaşlar döredijilikli zähmet, ylym, medeniýet, praktiki babatlarda (tehniki döredijilik) bolsa döredijilik bilen gyzyklanýarlar. Höwes şatlanmak we işinden kanagatlanmak, gyzyklanýan obýektinde pikirini ýeňil jemlemek mümkinçiliginde we galyberse-de adamyň şu ukybynyň ýokarlanmagy mynasybetli polojitel emosiýalarda ýuze çykýar.

Höwesleriň adamyň durmuşynda we işinde uly ähmiýeti bardyr. Adam durmuşyň doludygyna, bagtlydygyna diňe höwesleri bar bolan ýagdaýda düşünýär. Höwes herekete itekleýär we şahsyýeti aktiwleşdirýär. I. P. Pawlow höweslere kelle beýnisiniň gabygynyň ýagdaýyny aktiwleşdirýän zat hökmünde garapdyr. Höweslerine laýyk gelýän iş ýeňil we önümli ýerine ýetirilýär.

Pedagogik işde şahsyýetiň ösmegi we bilimleriň formirlenmegi üçin höwesleriň, ähmiýetini nazara almak aýratyn möhümdir. K.D. Uşinskiý hemme höweslerden mahrum edilip we diňe mejbur etmek arkaly okatmak okuwçynyň bilimleri ele almaga bolan höwesini ýatyrýar diýip adalatly ýazýar. Şonuň bilen birlikda hem okatmagy tutuşlygyna höweslere syrykdyrmak bolmaz diýip belleýär. Okatmak gara işi hem, ep-esli derejede erk tagallasynyň bolmagyny hem talap edýär.

Höwesleriň görnüşleri. Adamlaryň höwesleri adamyň durmuşy ýaly adatdan daşary kop taraplydyr. Höwesleri olaryň mazmuny we gönükdirilmesi bilen tapawutlandyrylýar. Bu ugurda maddy, jemgyýetçilige ruhy höwesleri tapawutlandyrmak bolýar. Maddy höwesler ýaşaýyş amatlyklary, azyk öňümlerini egin-eşik edinmäge çalyşmakda ýüze çykyp biler.

Maddy höwesleriň nobisjeňlik, baýlyga, zat toplamaga kowalaşmak ýaly ýaramaz formalaryda bardyr.

Ruhy höwesler şahsyýetiň ösüşiniň ýokary derejesini häsiýetlendirýär. Munun, özi, ozaly bilen matematika, fizika, himiýa, biologiýa, filosofiýa, psihologiýa we ş. m. akyl ýetirmek (sözüň giň manysynda) ugrundaky höweslerdir. Edebiýata we sungatyň durli görnüşlerine (saza, suratçylyga, teatra) bolan höwesleri hem şona goşmak bolar.

Jemgyýetçilik höwesler jemgyetçilik işine, guramaçylyk işine bolan höwesleri öz içine alýar. Jemgyýetçilik işini gowy görýän we oňa bar güýçlerini berýän adamlaryň (şol saýda okuwçylaryň hem) sany köp. Olaryň şatlygy we gynanjy ozaly bilen jemgyýetçilik işlerinde gazanýan üstünlikleri we şowsuzlyklary bilen baglydyr.

Höwes gös-göni we aralaşdyrylan howes diýip ikä bölünýar. Gös-göni höwes-munuň özi iş prosesiniň hut özüne: akyl ýetirmek, bilimleri ele almak, zähmet, döredijlik proseslerine bolan höweslerdir. Aralaşdyrylan höwes-munuň özi işiň netijesine: mysal üçin, hünär edinmäge, belli bir gulluk we jemgyýetçilik we-zipesine, alymlyk derejesine galyberse-de zähmetiň maddy netijelerine bolan höwesidir. Gös-göni we aralaşdyrylan höwesleriň utgaşmasy şahsyýetiň aktiw we önümli işi üçin has amatlydyr. Eger adam zähmeti, zähmet prosesiniň özüni söýüp, zähmetiň netijeleri barasynda hem alada edýän bolsa, onda ol döwtalap işe döredijilikli çemsleşmegiň nusgasyny görkezýär we zähmetiň üstünlikli tamamlanmagyňy gazanýar. Höwesleriň şeýle sazlaşygynda şahsyýet özüni has kanagatlandyrylan ýagdaýda duýýar.

Işjeňligi boýunça passiw we aktiw höwesleri tapawutlandyrýar. Passiw höwesler munuň özi syn etmek arkaly döreýän höwesler bolup, onda adam gyzyklanýan obýektine akyl ýetirmek bilen çäklenýar. Mysal üçin, adam opera diňlemegi gowy görýär, suratlary synlamakdan lezzet alýar, ýöne obýekte çuň akyl ýetirmek ony ele almak,

gyzyklanýan ugry boýunça döredijilik bilen meşgullanmak üçin aktiwlik görkezmeýär. Aktiw höwesler munuň özi işjeň höwesler bolup, onda adam syn etmek bilen çäklenmän, gyzyklanýan obýektini ele almak ugrunda hereket edýär. Aktiw höwes şahsyýetiň ösüşiniň bilimleriň we endikleriň, ukyplaryň we häsiýetleriň formirlenmeginiň oýandyryjylaryň biridir. Höwesleri şeýle hem möçberi boýunça tapawutlandyrýarlar. Şeýle tapawut höwesiň görnüşlerini kesgitlemän, has dogrusy, şahsyýetiň häsiýeleriniň struktura-syny häsiýetlendirýär. Giň köptaraply we çuň höwesli adam bilen bir hatarda giň, ýöne ýüzleý gyzyklanýan adamlar bolup bilerler. Köp sanly alymlar we ýazy-jylar köp taraply höwesleri bilen tapawutlanypdyr. (M.W. Lomonosow, D.I. Mendeleýew, Magtymguly. L.S. Puşkin, L.N. Tolstoý we başgalar). Hemme zatlar bilen gyzyklanyp, emma hadysalara ýuzleý garaýan, olaryň manysyna çuň aralaşmaýan, haýsydyr bir zat bilen düýpli we yzygiderli moşgullanmaýan adamlar hem bolýar. Galyberse-de, höwesleri çuň, emma orän dar adamlar hem bolar. Höwesleriň darlygy belli bir derejede şahsyýetiň ösüşini çäklendirip biler.

Gin we köptaraplaýyn höwesleriň aňyrsynda durmuşyň manysyny we edilen işiň esasy ugruny kesgitleýän merkezi, esasy höwes bar bolan adam has polojitel hasaplanýar. Mysal uçin, belli hudojnik B. Nuraly giň höwesleri bolan adam bolupdyr, ýöne onuň ömruniň esasy höwesi Türkmeniň milli çeperçilik sungatynyň original žanrlaryny döretmeklige gönükdirilipdir.

# 7-NJI BAŞ. KOLLEKTIW

## § 1. Toparlar we kollektiwler hakynda düşünje

Toparlar we kollektiwler hakynda düşünje, olaryň görnüşleri. Ýaşaýşyň we aragatnaşyk saklamagyň taryhy şertleri adamlaryň milletlere, döwletlere, synplara, partiýalara we beýleki umumylyklara birleşmegine getiripdir. Olar isleg boýunça däl-de jemgyýetçilik kanunlarynyň esasypda döräpdirler. Umumylyklaryň her biri haýsydyr bir psihologik aýratynlyklar bilen häsiýetlendirilýär. Marksizmiň däplerinde toparlaryň arasynda synplara uly ähmiýet berlip, olara mahsus bolan psihologik sypatlar tapawutlandyrylýar. W. I. Leniniň kesgitleýşi boýunça «synplar diýlip önümçilik serişdelerine olaryň gatnaşygy (köplenç halatlarda kanunlarda pugtalandyrylan we kadalaşdyrydan gatnaşygy) boýunça zähmetiň jemgyýetçilik gurluşyňda olaryň roly boýunça, diýmek, jemgyýetçilik baýlygyny olaryň alyş usullary we şol baýlykdaň özleriniň ygtyýarynda bolýan ülşüniň mukdary boýunça tapawutlanýan uly toparlaryna aýdylýar. Synplaryň özi adamlaryň şeýle toparlary bolup, jemgyýetçilik hojalygyň belli bir ukladynda özlerini tutýan ornunyň talawutlylygy netijesinde şol toparlaryň biri başgasynyň zähmetini eýeläp bilýär».

Synpy psihologiýa bolan aýratyn gyzyklanma is-lendik antogonistik formasiýanyň garşydaş synplara bölunändigi bilen düşündirilýär. Synplaryň arasyndaky göreş bolsa taryhy ösüşiň hereketlendiriji güýjüdir.

Adam öz ömrüniň dowamynda, maddy, ruhy, medeni ne beýleki zerurlyklara görä, beýleki adamlar bilen gös-göni aragatnaşykda bolýar. Şol gatnaşyklar toparlarda we kollektiwlerde bolup geçýär. Bu umumylyklar bir menzeş däldir. Olar birnäçe esaslar boýunça beýleklere belünip bilner:

emele gelýän gatnaşyklaryň ýakynlygy we çuňlugy, Döreýiş prinsipa, şahsyýetiň toparyň normalaryna gatnaşygy boýunça we ş. m. Emele gelýän aragatnaşygyň ýakynlygyna we çuňlugyna baglylykda ilkinji topary tapawutlandyrýarlar.

Ilkinji topar. Möçberi boýunça uly bolmadyk, sostawy otnositel durnukly, çlenleri umumy maksatlar boýunça baglanyşdyrylan we çlenleriniň arasynda gös-göni gatnaşyk saklanylýan adamlaryň birleşmesine ilkinji topar diýilýär. Ona girýän adamlaryň hemmesi biri-birlerini ýakyndan tanaýarlar we toparyň öňünde durýan wezipeleri çözmek prosesinde özara gatnaşyk saklaýarlar. Ilkinji toparda adamlaryň sany ikiden az we 30-40 adamdan köp bolmaly hem däldir.

Maşgala, öňumçilik brigadasy, samolýotyň ýa-da kosmos korablynyň ekipajy polýar stansiýasynda gyşlaýjylar, ekspedisiýalar, mekdep klasy ýaly birleşmeler ilknnji toparlar hasaplamak bolar. Adam bir wagtda birnäçe ilkinji toparyň çleni bolup durýar. Meselem, okuwçy bir wagtyň özünde topar zwenosynyň, otrýadynyň agzasy, družina sowetiniň, mekdebiň diwar gazetiniň redkollegiýasynyň, çeper höwesjeňler kollektiwiniň, şäher ýaşlar guramasynyň ştabynyň. agzasy, futbol komandasynyň kapitany, küşt ýaryşy boýunça raýonyň ýygyndy komandasynyň agzasy we ş. m. bolup biler. Ilknnji tolarlardaky aragatna-şyklar hasaba tabyn däldir. Her bir adam islegi we zerurlygy boýunça beýleki adam bilen aragatnaşyk saklap biler. Praktikada bolsa, toparyň çlenleri käbir adamlary beýlekilerden tapawutlandyrýarlar, Olar çalt-çaltdan düşüşýarlar, aragatnaşyklary ýakyp häsiýetli bolýar (şahsy ýa-da iş esasynda). Bu aragatnaşygyň ilknnji aýlawy bolup, mikrotopar diýlip atlandyrylýar. Adatça şeýle topar san taýdap uly bolmaýar (27 adam). Toparyň beýleki çlenleri bilen şahsy we iş bilen baglanyşykly gatnaşyklary kesilmeýänligi sebäpli, onuň çlenleri ilkinji toparyň çlenleri bolup galyp bilerler.

Döreýiş prinsipi we usuly boýunça real we şertli resmi we resmi däl toparlary tapawutlandyrýarlar.

Real we şertli toparlar. Real topar munuň özi hakyky bar bolan, birleşmäniň çlenleriniň arasynda real gatnaşyklar dowam edýän topar bolup, onuň belli maksatlary we wezipeleri bolýar. Real topar az wagtlyk ýa-da uzak möhletleýin, san taýdan uly ýa-da kiçi bolup biler. Ol umumylyk hökmünde ýaşaýar we hereket edýär.

Adamlaryň nominal düzülen umumylygyna şertli topar diýilýär. Meselem: sport žurnalinstleri dünýäniň iň gowy futbolçylaryňdan komanda döretmän meselesini çözýärler. Olar birinji derejeli oýunçylary spisoga goşýarlar. Bu oýunçylar hiç wagt bile ýygnanmazlar we komanda hiç wagt ýaryşda çykyş etmez. Ýöne ol komanda düzülýär we şertli ýagdaýda bar hasap edilýär. Nominal umumylyk prinsipi boýunça mekdebe çenli, kiçi ýaşly çagalary, ýetginjekleri, jahyllary anatomo-fiziologik, psihologik kanunalaýyklyklaryny we aýratynlyklaryny derňemek, öwremek üçin olary ýaş kategoriýalaryna bölýärler,

Resmi we resmi del toparlar. Resmi topar ştat raspisaniesynyň, ustawyň, ýa-da başga resmi dokumentleriň esasynda döredilýär. Mysal üçin, klasdaky ýaşlar guramasy ýa-da zwenosy mekdebiň. ustawynda, düzgünnamasynda göz öňünde tutulýar. Önümçilikdäki üpjünçilik bölümi, studentler topary, mekdebiň mugallylarynyň we işgärleriniň ştaty - bularyň hemmesi resmi toparyň mysalydyr. Toparyň çlenleriniň arasynda hem resmi dokumentde göz öňünde tutulan iş bilen baglapyşykly gatnaşyklar emele gelýär. Olarda deňlik, bilelikde garaşly bolmak ýa-da meseläniň ýerine etirilmegi üçin uly ýa-da kiçi jogapkärçilikde bolmak göz öňünde tutulýar. Resmi topar üýtgedilip hem bilner, ýöne ol hem diňe buýruk ýa-da karar esasynda durmuşa geçirilär.

Aragatnaşygy häsietiniň, temperamentiniň, ukyplarynyň, gatnaşyk stiliniň sypatlary boýunça menzeş bolmadyk adamlar alyp baranlygy üçin resmi toparlardaky özara gatnaşyklar hat-da bir instruksiiýa esasynda hem meňzeş bolup bilmez. Işewür gatnaşklar instruksiýa göz öňünde

tutulmadyk şahsy gatnaşyklar bilen baýlaşdyrylýar. Psihologik ýakynlyk göwne ýaramlylyk, hormat goýmak, dostluk) resmi topary berkidýär, öňde goýlan wezipeleri çözmäge kömek edýär. Resmi toparyň we iş gatnaşyklarynyň çäklerinde birek-biregi halamazlyk, hormat goýmazlyk, ýigrenmek, duşmançylyk ýa-da otrisatel emosional gatnaşyklaryň hem bolmagy mümkindir. Olar hem iş gatnaşyklaryna täsir edip, işde üstünlik gazanylmagyna päsgel berýär.

Resmi däl topar agzalarynyň psihologik häsiýetnamalarynyň bir bütewi göňükdirilmekligi esasynda aýry şahslaryň bir-birine göwnee ýaramlylygy, garaýyşlarynyň we ynamlarynyň birligi, abraýynyň iş başarjanlygynyň ykrar edilmegi we beýlekileriň esasynda döreýär. Şeýle topar ştat raspisaniýesynde-de, instruksiýada-da göz öňünde tutulmaýar. Bu ýagdaýda resmi dokumentleriň guýji bolmaýar. Bile oýna gatnaşýan adamlaryň toparlary, dynç alyş günlerinde dereýän balykçylaryň, awçylaryň kompaniýalary we ş. m. şeýle ýüze çykýar. Birek-birege ýaramak gowy görmek topary pugtalandyrýar. Eger şeýle duýgular, gatnaşyklar bolmasa topar dargaýar.

Şahsyýetiň toparyň normalaryna garaýşynyň alamatlary boýunça referent toparyny tapawutlandyrylýar.

Referent topary. Referent (etalon) topary garaýyşlary, özüňi alyş baryş normalary şahsyet üçin nusga bolup hyzmat edýän, real bar bolan ýa-da hyýalda döredilen topardyr. Şahsyet normalaryny, gymmatlyklaryňy ykrar edýän, goldaýan we iň gowy diýip hasap edýän toparyna girip biler. Şonda şahsyýet diňe bir bu normalary berjaý etmek bilen çäklenmän, olary goldaýar, goraýar. Eger zerur bolsa olary ündeýär, propagandirleär. Ýöne, şahsyýetiň özi bir toparyň çleni bolup, gymmatlyk idealy hökmünde başga bir toparyň garaýyşlaryny, normalaryny kabul etmegi hem mümkindir.

Başgaça aýdanymyzda, şahsyýet üçin başga nusga görelde bolup hyzmat edýär. Mysal üçin, ýetginjek ýokary klas

okuwçylarynyň ýa-da uly adamlaryň toparynyň çleni bolmaga çalyşýar. Eger ony başarmasa bolsa, ol ululara mahsus özüňi alyp baryş normalaryňa öýküýär.

Şeýdelik bilen şol bir ilkinji topara durli nukdaý nazarlardan garamak bolar.

Kollektiw. Kollektiw diýip bir maksada birigen, jemgyýetiň, maksatlaryna boýun egýän adamlaryň toparyna aýdylýar. A. S. Makarenko kollektiwiň, alamatlarypy ylmy we praktiki taýdan esaslandyrypdyr: «Kollektiw- munuň özi şahsyýetleriň guramaçylykly, kollektiwiň organlary bolan, maksada gönükdirilen, kompleksidir. Kollektiw guramasy bar ýerinde bolsa, kollektiwiň, organlary bolup, şol ýerde kollektiw tarapyndan ynanylan, wekilçilikli adamlaryň guramasy döreýär we ýoldaşyň ýoldaşa gatnaşygy barada mesele hem dostluk meselesi, söýgi meselesi, goňşuçylyk meseleleri bolman, munuň, özi jogapkärçilikli garaýyşly meselesidir. A.S. Makarenko kollektiw diňe onuň agzalary gös-göni jemgyýete peýdaly wezipeleriň töweregine birleşdirilýän ýeriňde bolup biler diýip belleýär.

Kollektiw adamlaryň bir topary bolmagyna görä, oňa toparyň alamatlary häsiýetlidir. Ýöne kollektiw toparda ýok alamatlary özünde jemleýär. Şonuň, üçin her bir kollektiw topar, emma her bir topar kollekktiw däldir. Resmi we resmi däl toparlar eger kollektiwiň, alamatlaryna eýe bolsa kollektiwe öwrülip bilerler. Şeýle ýagdaýda kollektiwiň, esasy alamaty bolan maksatlaryň we wezipeleriň, jemgyetçilik taýdan ähmiýetliligi üýtgewsiz galýar. Eger şu alamat bolmasa topara kollektiw diýmek bolmaz.

Edýän işini, maksatlaryna laýyklykda aşakdaky kollektiwleri tapawutlandyrýarlar: professional kollektiwler (önümçilik, döredijilik, harby, okuw kollektiwleri), jemgyýetçilik guramalary (profsoýuzýlar, partiýa we ýaşlar guramalary), meýletin jemgyýetler (ylmy, ylmy-propagandistik, harby-sport), höwesjeňler kollektiwleri (çeper

höwesjeňler, kolleksionerler, bagçylar jemgyýeti).

Beýleki kollektiwleriň baglanyşyklary we olaň arasynda tutýan orunlary boýunça olary ilkinji we esasy kollektiwlere bölýärler. Ilkiiji kollektiw munuň özi kollektiwiň alamatlary bolan adamlaryň ilkiiji topara birleşigidir. Mysal üçin, studentler toparyny ilkinji kollektiw, fakulteti bolsa esasy kollektiw diýip hasap etmek bolar. Ýa-da her bir klas ilkinji kollektiw, tutuş mekdep esasy kollektiwdir.

Kollektiwiň çlenlerine kollektiwizm oý-pikirleinde, baha berşinde we işde raýdaşlyk häsiýeti. Ol sosial duýgular, şahsyýetiň subýektiw hökmünde ýüze çykýar. Şonuň esasynda häsiýet-şahsyýetiň durnukly häsiýetnamasy formirlenýär. N.K. Krupskaýa şol häsiýetiň möhümdigini belläp şeýle ýazýar: «Biz kollektiwisti, ýagny şahsy bähbitlerini jemgyýetçilik bähbitlerine boýun egdirip bilýän adamyny terbiýemelidiris.

Kollektiwizm umumy kararlara boýup egmegi, kollektiwiň abraýy ugrunda, onuň üstünlikleri ugrunda; alada etmegi göz öňünde tutýar.

## § 2. Toparlary, kollektiwleri öwrenmegiň usullary

Toparlary kollektiwleri öwrenmegiň esasy usuly syn etmekdir. Ol umumylyklaryň durmuşynyň mazmun tarapyny, olaryň strukturasyny; ösüş derejesini we beýleki taraplaryny anyklamaga mümkinçilik berýär. Sosial psihologiýada goşulan we goşulmadyk syn etmeleri tapawutlandyrylýar. Olaryň birinjisi syn edijiniň, barlagçynyň çlen hökmünde umumylygyň sostawyna girmegini göz öňünde tutýar. Şeýle ýagdaýda ol topary, kollektiwi içinden öwrenýär. Ol dine bir barlaman, özi hem ähli işlere gatnaşýar. Goşulmadyk syn etme-umumylygy daşyndan, onuň durmuşyna gös-göni goşulman öwrenmekdir. Mugallym öz zähmetini häsiýetine we çagalar kollektiwine (klasa, ýaşlar guramasy toparyňa) garanynda öz

ornunyň özboluşly bolýanlygy sebäpli goşulan hem goşulmadyk synçynyň pozisiýalarynda bolup biler. Bir ýagdaýda ol toparyň, kollektiwiň çleni bolýar, başga ýagdaýlarda bolsa çagalaryň umumylygyndan daşdadyr. Mysal üçin, ekskursiýa, turistik ýöriş guranynda ol klas ýolbaşçysy ýa-da turizm boýunça instruktor bolmak bilen kollektiwde deň hukukly ýagdaýy eýeleýär we şol ýagdaýa laýyk gelýän syn etmekligi amala aşyrýar. Drujina ýygnanyşygyna ýa-da ýaşlar guramasynyň ýygnagyna gatnaşanynda ol dine synçy-dernewçi bolup galyp biler.

Toparyň, kollektiwiň durmuşynyň käbir taraplaryny öwrenmek üçin tebigy eksperiment ulanylýar. Ol synag edilýänler üçin adaty şertlerde geçirilip, eksperimentiň mazmuny bolsa şol umumylygyň edýän işine laýyk gelýär. Mysal üçin, klas kollektiwinde klasdan daşary terbiýeçilik işiniň formasy hökmünde disput geçirilär. Ýöne disput barlag meselelerini çözýän häsiýetde we şol maksatdan ugur alyp geçiril bolsa ol eksperimental hem bolup biler. Eger okuwwçylar bilen şäherden daşary gidilende käbir barlag meseleleri çözulän bolsa, ösümlikleri öwrenmek we ş. m. ol hem eksperimental bolup biler.

Toparlar, kollektiwler öwrenilende has netijelisi sorag-jogap geçirmek, şol umumylygyň durmuşynyň dürli taraplary barada toparyň, kollektiwiň, çlenleriniň pikirini ýüze çykarmakdyr. Mysal üçin, klasdan daşary işiň, mazmuny we formalary barada klasda sorag-jogap geçirilär, okuwyň ýagdaýy barada okuwçylaryň pikiri öwrenilýär we ş. m. Sorag-jogap geçirmegiň birnäçe görnüşi bolýar. Onuň has köp ulanylýanlary interwýu we anketadyr. Interwýu geçirmek adamdan gös-göni gepleşmek arkaly maglumat almagy göz öňünde tutýar; anketa arkaly hat bilen ýazmaça soraglara jogap alynýar. Bu bolsa tutuş anketa bilen tanyşmak üçin, her bir soraga oýlanyşykly jogap tapmak üçin şert döredýär. Interwýu geçirlende ýa-da anketa ýaýradylanda olara açyk we ýapyk

soraglar girizmek bolar. Ýapyk soraglar üçin anketa jogaplaryň wariantlary girizilýär. Meselem: Siziň ýaşlar guramaňyz oňat işleýärmi?». Jogaplaryň wariantlary: «Ýok», «Hawa», «Bilemok». Açyk soraglara giňişleýin jogap bermek göz öňünde tutulýar. Meselem: «Seni ýaşlar guramasynyň, işinde näme gyzyklandyrýar?».

Toparlary we kollektiwi öwrenmegiň bu ýollary mugallymlaryň okuwçylar kollektiwini- guramaga ýolbaşçylyk etmek, kollektiwiň ösüşini analizlemek mümkinçiliklerini üpjün edýär. Mugallym şu ýollardan döredijilikli peýdalanmak bilen kollektiwi guramagyň psiholog-pedagogik talaplaryny ýeriňe etirär.

## § 3. Şahsyýet we kollektiw

Şahsyýet kollektiwde beýleki şahsyýetler bilen baglanşykly bolýar we şolar bilen şu umumylygyň gönükdirilmesini döredýär. Şahsyýet kollektiwiň üsti bilen beýleki kollektiwlere we tutuş jemgyýete gatnaşýar. Kollektiw-jemgyýetiň bir bölejigi bolýanlygyna görä, onuň jemgyýetiň syýasy estetiki, ahlak we beýleki ideýalaryny özünde jemleýänligi tebigydyr. Şahsyýet bu ideýalary peýdalanýar, we özüni alyp barşynda olardan ugur alýar.

Şahsyýet maddy dünýä we adamlar bilen özara gatnaşykda bolmagy bilen diňe bir indiwidual syňatlary formirleýän tejribe toplaman, özüniň ruhy baýlygynyň möhüm sostaw bölegine öwrülýän jemgyýetçlik tejribesini-de özleşdirýär. Ýakyn we has giň sosial sreranyň, ideýa we ahlak taýdan umumylygy şahsyýetiň bütewi, sazlaşykly ösmegi we formirlenmegi üçin şertler döredýär.

Şahsyýet bilen kollektiwiň, özara gatnaşyklary köp dürlidir. Bu ýerde iki sany esasy aspekti tapawutlandyrmak bolar: **kollektiwiň şahsyýete edýän täsiri we şahsyýetiň kollektiwe edýän täsiri.**

**Kollektiwiň şahsyýete edýän täsiri.** Käbir günorta psihologlary kollektiw şahsyýeti gysýar, ony ýeketäk nusga, galypa salýar, diýip ykrar edýärler. Munuň özi şahsy eýeçilik şertlerinde şahsyýet azatlygy diýilýän taglymaty esaslandyrmaga synanşykdyr.

Kollektiw-progressiw jemgyýetiň ýaçeýkasy bolup onuň çlenlerine mahsus kollektiwizm bolsa ony pugtalandyrýan ruhy güýçdür. Sagdyn kollektiw şahsyýetiň, özboluşlygyny gysman, tersine ol şahsyýetiň hemme taraplaýyn ösmegi ugrunda çalyşýar, çünki kollektiwiň her bir çleniniň dolulygyndan we baýlygyndan kollektiwiň durmuşy hem baýlaşýar. Şonuň bilen birlikde hem, kollektiwiň ona girýän şahsyýet belli derejede täsir edýändigini inkär etmek bolmaz, hut şonuk ýaly-da şahsyýet hem kollektiwe täsir elmän durup bilmez. Kollektiw şahsyýet babatynda birnäçe funksiýalary ýerine ýetirýär: biriňjiden ony ideýa, ahlak, estetiki we beýleki baýlyklar bilen tanyşdyrýar. Kollektiw bu funksiýalary özüniň açyk sosial sistema bolýanlygy we öz maksatlaryny, wezipelerini jemgyýetden susup alýanlygy mynasybetli amala aşyrýar (ol şeýle funksiýalary öz içinde hem taýýarlap, jemtyetçilik funkňiýalary bilen utgaşdyryp biler). Eger şahsyýete kollektiw bilen baglanşykda seretsek, onda bu umumylyk babatynda açyk sistema hökmünde göz öňüne gelýär. Şahsyýet kollektiwiň ideýa, ahlak we beýleki baýlyklaryny kabul edip, kollektiw bolsa olary jemtyetden alýar. Şeýlelik bilen kollektiwde şahsyýetiň ideýa hem-de ahlak-estetiki keşbi kemala gelýär.

Ikinjiden, kollektiwiň, şahsyýete edýän täsiri (ruh terbiýeçilik we düzediji funksiýasynda ýüze çykýar. Bir bada göräýmäge adamyň diňe özi öz hesitiňiň taplaýjysy, özüňiň durnukly, edermen, eserdeň, şadyýan, hoşgylaz we ş. m. bolmagy diňe onuň özüne bagly ýaly bolup gerüner. Adamyň özüni formirlemelidigi gürrüňsizdir, üstesine-de onda gowy adam bolmak, jemgyet üçin gerekli, ieýdaly bolmak arzuwlary

bolmalydyr. Emma şeýle bolsa-da kollektiw kuwwatly güýç bolmagynda galýar. Ol öz arsenalynda terbiýeçilik täsirleriniň şahsyýetde ýok serişdelerini saklaýar. kollektiwleýin pikir, ynandyrmak, düşündirmek, tankyt etmek, ýaryş bular kollektiwde bar bolan çäeleriň doly bolmadyk görnüşleridir. Kollektiw indiwidi täzeden terbiýelemek işinde aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ol özüňi alyp baryşdaky, psihiki gurluşdaky kemçilikleri şahsyýetiň özünden öň duýýar, Munuň özi geň hem däl, sebäbi kollektiw oňa girýän şahsyýetleriň hereketlerine we üstünliklerine şah-yetiň özi bilen bir deň jogapkärdir.

Progressiw jemgyýetde zähmet diňe bir jemgyýetçilik häsiýetli bolman, eýsem ol kollektiw häsiýetlidir. Her bir adam zähmet birleşmesiniň çlenidir. Ol kollektiw öňümiň özi tarapyndan öndürilýän bölüminiň hili üçin jogapkärdir. Şonuň üçin hem umumylyk adamdan onuň zähmet borçlaryny ýerine etirilişi barada soramaga haklydyr.

**Konformizm meselesi. Konformizm munuň özi çaknyşyklaryň öňuni almak maksady bilen şahsyýetiň pikirini kollektiwiň pikirine tabyn etmekdir.** Konformizm amerikan barlagçylary tarapyndan öwrenilip başlandy. 50-nji ýyllaryň başynda amerikan psihology Aş aşakdaky eksperimenti geçirýär. Sekiz adamdan ybarat bolan studentler toparyna bir çyzygyň uzynlygyny oňa deň gelmeýän üç sany başga çyzyk bilen deneşdirmek teklip edilýär. Synag edilýänleriň her biri özüniň berýän jogabyny gaty ses bilen aýtmaly. Topara girýänleriň birisinden başgasy öňünden eksperimentator bilen duşuşýarlar we çyzyklaryň uzynlygy barada bilgeşleýin nädogry maglumat bermegi gürleşýärler. Real ýagdaýda olaryň ýalňyşlyk derejesi derejesi has uludy (1 sm-den, 4 sm-e çenli). Şu özbolușly dil düwüşikden habarsyz adam onuň real tejribesine garşy gelýän köpçulikleýin pikir bilen çaknyşýar.

Ýagdaý dartgynlaşýar: bir ta rapdan köpçüligiň pikiri-ikinji

tarapdan bolsa toparyň çleniniň real düşünjesi we şahsy pikiri. Şahsyýetiň häsiýeti bilen baglylykda dil düwüşikden habarsyz adamlaryň pikiri dürli-dürli bolýar; olaryň käbirleri öz düşünjelerine esaslanýan pikirlerinde durmagy, beýlekileriň pikirini ret etmegi ýüze çykaryp, käbirleri bolsa köpçüligiň pikiri bilen razydyklaryny aýdýarlar. (Bir ýagdaýda gürüňsiz razy bolýarlar, ýa-da il ýüzüne razylaşyp, hakykatda bolsa öz pikirlerinde galmaklaryny dowam etdirýärler).

Şu geçirilen we beýleki şuňa meňzeş eksperimentleriň esasynda şahsyýetiň toparlaýyn pikire bolan gatnaşygynyň iki warianty bar diýlip netije gelindi: Ýa razylaşmazlyk, ret etmek, nonkonformizm ýa-da ony doly kabul etmek (konformizm). Başga hiç hili şahsyýet ýok.

Sowet psiholotlary konformizme sosial-psihologik hadysa hökmünde garamak bilen, özbaşdak eksperiment geçirdiler. Eksperiment geçirilende bir-birlerini tanamaýan adamlardan düzülen, şeýle hem kollektiwlik statusy bolan toparlar alyndy. Barlaglar konformizmiň bardygyny täsir etdi. Şeýle edilsede, diňe eksperiment üçin- düzülen we şeýlelik bilen kollektiw bolmadyk toparlarda hakykatdan hem konformistleriň we nonkonformistleriň bardygy anyklandy. Kollektiwde bolsa ýagdaý düýbünden başgaça boldy. Kollektiwiň çlenleri şol bir eksperimentiň. şertlerinde berlen tabşyryga başgaça garaýarlar. Eger onuň möhüm ähmiýeti bolsa, onda kollektiwleýin bähbitler beýan edilse, onda şahsyýete daşyndan ýa-da şol kollektiwiň çlenleriniň köpüsi tarapyndan garşylyk görkezilmegine garamazdan kollektiwiň agzalary öz pikirini goramagyny dowam etdirýär. Şeýle ýagdaýda ol kollektiw bilen çaknyşyga gidýär. Şahsyýetiň kollektiwe bolan şeýle pözisiýasy şahsyýetiň öz pozisiýasyny kesgitlemekligi, onuň, ahlak taýdan durnuklylygy diýlip atlandyrylýar. Diffuz toparda-da kollektiw statusy bolan toparda-da şahsyýetiň pozisiýasy hut şunuň bilen tapawutlanýar. Şonuň üçin hem günbataryň alymlarynyň biziň

kollektiwlerimizde konformizm güýçli ösendir diýýip pikir ýöretmesi bir taraplaýyndyr. Olar kollektiwizmiň, şol umylygy pugtalandyrýan güýçdigini, şahsyýetiň kollektiwiň pozisiýalarynyň we gymmatlyklarynyň atllanmasy hökmünde öz ykbalyny kesgitleýiş güýçdigini nazara almaýarlar.

**Şahsyýetiň kollektiwe edýän täsiri.** Şahsyýetiň kollektiwe edýän täsiriniň ölçegi abraý, ýolbaşçylyk, lidirlik ýaly kategoriýalarda aňladylýar.

Abraý şahsyýetiň jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilmegidir. Adamyň subýektiw häsiýetleriniň, işiniň obýektiw talaplaryna kybapdaşlygyna kollektiwiň! berýän bahasydyr.

Abraýlylyk ozaly bilen adamyň şahsy häsiýetlerine baglydyr. Giň düşünjelilik, baý durmuş tejribesi, öwrenilen başarjaňlyk we endikler-bularyň hemmesi adamyny beýleki adamlardan tapawutlandyrýar. Şeýle adamyň sözüne gulak asýarlar, oňa maslahat, kömek sorap ýüz tutýarlar. Abraýly adamy başgalara
ak göwünlilik bilen kömek etmäge çalyşmak duýgusy, başarjaňlygy beýleki adamlardan tapawutlandyrýar by bolsa adamlarda oňa bolan minnetdarlygy döredýär. Şeýlelik bilen abraýyň esasynda şahsy häsiýetler bardyr. Şonuň bilen birlikde hem ona töwerekdäki adamlaryň, toparlaryň, kollektiwiň dahyly bardyr. Olar abraýy goraýarlar we pugtalandyrýarlar, käte bolsa ony syndyrýarlar. Adamyň gymmatly taraplaryny onuň şahsy häsiýetlerini näçe köp adam görse, onuň bitiren asylly işleriniň sany näçe köp bolsa, onuň abraýy şonça-da ýokarydyr, ol şonça-da köp ykrar edilip, şonça-da töweregindeki adamlara köp täsir edip biler. Meselem: Turkmen halkynyň durmuşyny beýan etmek bilen nessillere beýan etmek bilen nesillere uly miras galdyran klassik edebiýatyň beýik wekilleri: Döwletmämmet Azadynyň, Magtymtulynyň, Seýdiniň, Zeliliniň we başgalar ýene-de türkmen halkynyň aň bilimi ugrunda göreşen Muhammetguly Atabaýewiň. Artykgul Tekinskaýanyň abraýy taryhyň ösüşinde

ýüze çykarylan we köplere görelde bolan giň möçberli abraýdyr.

Ýöne çişirilen, galp abraýlar hem bolýar. Şeýle ýagdaýda ol adama onuň mynasyplygyndan has köp hyzmatlary ýöňkeýärler. Şeýle adamlarda öz bilimleri, başarjaňlyklary, endikleri barada artdyrylan düşünjeler döreýär. Galp abraý başga adamlaryň bilimlerini, ukyplaryny peýdalanmaty başarýan hilegär adamlar tarapyndan döredilip we goldanyp bilner. Ýöne galp abraýyn, üsti irde-giçde açylar we ol synar. Käwagtlar şahsyýetiň galp abraýy öz peýdasyna kowalaşýan başta adamlar taratyndan hem döredilýär we goldanylýar.

Progressiw jemtyetde ak ýürekli umumy iş üçin zähmet çekýän, we ol baradaky aladany şahsy bähbitlerinden ileri tutýan, batyrgaý, prinsipial adamlar abraýlydyr. Şeýle adama onuň töweregindäkiler, ozaly bilen hem onuň, çleni bolup durýan kollektiwi mynasyp baha berýär.

Abraýly şahsyýet hökman ýolbaşçy bolmaly däldir. Ol kollektiwiň ýönekeý çleni bolup biler, köplenç şeýle hem bolýar. Ol özüniň ýönekeý çlenlik rolunda şol umumylygyň durmuşyna we jebisleşenligine uly täsir edýär.

**Ýolbaşçylyk we liderçilik.** Kollektiw birlik, adamlaryň umumylygy hökmünde özüniň bütewiligini diňe bir maksadynyň umumylygy bilen däl-de, eýsem hereketleriň sazlaşygyny üpjün edýän ýolbaşçylygyň bolmagy mynasybetli hem saklaýar. Şu häsiýetde şahsyýetiň kollektiwe edýän täsiri ýüze çykýar. Adatça psihologiýada «ýolbaşçy» we «lider» düşünjeleri ulanylyp, olaryň biriňjisi bellenilýän, ikinjisi bolsa toparyň hut öz saýlaýan adamsy hökmünde tapawutlandyrylýar.

Saýlanýan ýa-da bellenilýän ýolbaşçy birnäçe funksiýalary ýerine ýetirýär: a)wezipeleri öňe sürýär, formirleýär, olary kollektiwiň her çleniniň aňyna ornaşdyrmaga ýardam edýär; b)tabşyryklary paýlaýar we kollektiwiň çlenleriniň işini kadalaşdyrýar; w)işlere höweslendirýär, munuň

üçin onuň elinde sylaglamak, gymmat bahaly zatlary baýrak bermek rugsat berilmegiňi hödürlemek, sag bolsun yglan etmek, köp tiražly ýa-da diwar gazetleri ýaly maddy we moral höweslendirme, çäklendirme serişdeleri bar; g)kollektiwiň işiniň gidişine we netijesine kontrollyk edýär; d)terbiýeçilik funksiýalaryny ýerine ýetirýär; e)beýleki kollektiwler bilen, şeýle hem has ýokary derejedäki ýolbaşçylar bilen aragatnaşygy ýola goýýar we amala aşyrýar.

Barlaglar netijesinde ýolbaşçylaryň tipleri kesgitlenildi. Ýolbaşçylygyň tipologiýasy şahsyýetiň psihiki gurluşyna, kollektiwleýin işi dolandyrmak (ukybyna we başarjaňlygyna esaslanýar. Onuň, üç tiri tapawutlandyrylýar.

Biriňji tip **awtoritar ýolbaşçy.** Şeýle tipdäki ýolbaşçy köplenç administrirlemek usullaryny ulanýar. Ol galapyn hyrsyz bolýar, başgalaryň pikirine gulak asmak islemeýär, kararlary özbaşdak kabul edýär, Awtoritar ýolbaşçylary onuň gol astyndaky adamlar, onuň buýruklaryny we görkezmelerini dogry we öz möhletinde ýerine ýetirmelidirler diýip hasap edýär. Ýolbaşçylyk etmekde awtoritarlyk – munuň özi şahsyýetiň haýsydyr bir görünmeýän häsiýetleriniň ýüze çykmasy bolman, eýsem onuň häsiýetiniň, erkiniň, temperamentiniň, sazlaşygydyr, birleşmesidir.

Ikinji tip - **demokratik ýolbaşçy.** Şeýle tip üçin möhüm problemalary we kararlary kollektiwiň, ara alyp maslahatlaşmagyna bermek, beýlekileriň, pirini öwrenmek mahsusdyr. Demokratik tipli ýolbaşçylar mesele çözmekde çeýelikleri, ugur tapyjyklary bilen tapawutlanýarlar. Ol diňe seýrek ýagdaýlarda özüne garaşly adamlara administratiw çäreler arkaly täsir etmek usulyny ulanýar. Şeýle ýolbaşçylaryň şahsyýetinde özüne garaşly adamlar bilen aragatnaşyk saklamaga ýardam edýän, olaryň ýagdaýyna oýlanyşykly garaşyk häsiýetleri agdyklyk edýär. Demokratik stilde ýolbaşçynyň käbir funksiýalary kollektiwiň, beýleki çlenlerine berilýär we şeýlelik bilen öz-özüňi dolandyrmak meýilleri ýüze

çykyp başlaýar. Demokratik ýolbaşçyly kollektiwlerde ýolbaşçynyň , bar we ýok wagty işler şol bir depginde, şol bir netijelilikde dowam edýär.

Uçuiji tip gatyşmazlyk, başyna goýbermekdir. Şeýle tipli ýolbaşçy işleri öz ugruna goýberýär. Ol kollektiwi guramak barada, onuň işleri barada az alada edýär. Adamlar ýolbaşçylygy duýmaýarlar. Her kim näme islese şony edip, umumy wezipelere ýa-da başgalaryň edýän işlerine üns berilmeýän ýaly düşünje ýöredýär. Gözegçiliklerden görnüşi ýaly şeýle tipli ýolbaşçylar nalajedeýin bolýarlar, olara görkezme bermek, başgalar hakynda alada etmek kyn düşýär, Ol tabynlygyndaky adamlar bilen çynlakaý işjeň aragatnaşyk alyp baryp bilmeýärler. Olar köplenç ýolbaşçylyk edýän adamlaryndan utanýarlar, käte bolsa gorkýarlar. Käwagtlar şeýle ýolbaşçylar ýagdaýlaryndan basylýarlar we ýolbaşçylyk etmegi başga adama bermäge taýýar bolýarlar.

Ýolbaşçylyk etmegiň, tipiniň toparyň strukturasyna we onuň içindäki gatnaşyklara edýän täsirini öwrenmek boýuça psihologlar ýörite barlaglar geçirdiler. Mekdep ýaşly çagalardan toparlar döredilip, olaryň hemmesine oýnawaçlar taýýarlamak barada bir tabşyryk berildi. Hemmeler üçin birmeňzeş iş şertleri döredildi. Toparlara dürli tipli ýolbaşçylar: awtoritar, demokratik we başyna goýberýän ýolbaşçylar goýuldy. Toparlar birnäçe aýyň dowamynda işlediler. Şol döwrüň bütiň dowamynda, olara gözegçilik alnyp baryldy: öňümiň hili we mukdary, çagalaryň aragatnaşygy hasaba alyndy. Toparlarda zähmet öndürijiligi we olardaky gatnaşyklar mese-mälim tapawutly bolup çykdy. Tabşyrygyň ýerine etirilişiniň mukdar taýdan jemi awtoritar ýolbaşçylykda demokratik ýolbaşçylardan az kem ýokary, başyna goý-berilen ýolbaşçylykda has pes boldy. Toparlardaky psihologik ýagdaý hem epesli tapawutly boldy. Awtoritar ýolbaşçylykda çagalar dine ýolbaşçy barka işlediler, ol giden badyna bolsa işlemelerini bes etdiler. Çagalaryň

aragatnaşyklarynda gödeklik, edepsizlik, duşmançylyk, käte bolsa ýaranjaňlyk etmek duýuldy.

Demokratik ýolbaşçylykda çagalar ýolbaşçy bolmasa-da işlediler. Olaryň gatnaşyklarynda gödeklik, duşmançylyk duýulmady. Çagalar maslahatlaşdylar, önümiň hilini gowulandyrmak boýunça gymmatly teklipler aýtdylar. Umumy iş üçin guwanç duýgusy ýüze çykýardy. Mundan başga-da awtoritar stil has ýönekeý wezileleri çözmekde demokratik stilden netijeliräk bolýar, işler çylşyrymlaşanda bolsa (agzybirlik, funksiýalary paýlaşmak we ş. m.) demokratik stil has netijeli bolýar.

Başyna goýberilen ýolbaşçylykda işe çynlakaý çemeleşmezlik, tertipsizlik döredi. Çagalar edýän işlýerine zerur iş hökmünde garaman, oňa oýuň hökmünde çemeleşdiler.

Toparlarda we kollektiwlerde ýolbaşçylygyň, ýokarda agzalan görnüşleriniň nähili derejedeligini anyklamak, oňa psihologik nukdaý nazardan çemeleşmek üçin mugallymlar; terbiýeçiler şeýle eksperimentleri gurap biler. Ylaýtada okuwçylaryň öz saýlaýan aktiwleriniň ýolbaşçylarynyň haýsy tipine degişlidigini analizlemek we olaryň öz ýolbaşçylaryna tabyn bolmagyny, talap goýmagyny, jebisleşen kollektiwiň kemala gelmeginiň, sylaşykly aragatnaşygyň. döremegini ýola goýmak möhümdir. Bu aragatnaşyklaryň sazlaşygy ýaşlaryň geljekki durmuşy üçin örän ähmiýetlidir,

**Liderlik.** Ýokarda aýdyşymyz ýaly sosial psihologiýada «ýolbaşçylyk» («ýolbaşçy») düşünjesi bilen birlikde «Liderlik» («lider») düşünjesi hem giňden ulanylýar. Käbir psihologlar şu düşünjeleri menzeş diýip hasaplaýarlar. Olaryň köpusi bolsa bu düşünjeleriň her birinde özboluşlylyk görmek bilen, olary tapawutlandyrýarlar.

Biriňjiden, liderlik köplenç resmi bolmadyk toparlarda degişli aragatnaşyklar bolan mahalynda döreýär. Ýolbaşçy resmi toparlar üçin mahsus bolan jogapkärçilik gatnaşyklaryny hem aňladýar.

Ikinjiden, liderlik köplenç kiçi toparlarda (mikrosredada) ýüze çykýar, ýolbaşçylyk bolsa uly umumylyklarda ýüze çykýar: lider kiçi topar bilen gümra bolýar, ýolbaşçy bolsa kollektiwden daşa hem çykýar, sebäbi oňa ýokarky ýolbaşçylar bilen aragatnaşyk saklamak zerurdyr.

Üçünjiden, lider tötänden öňe çykýar, ýolbaşçy bolsa guramalaryň, institutlaryň, sistemasy tarapyndan tassyk edilýär. Şonuň üçin hem ýolbaşçylyk liderlikden has durnuklydyr. Liderlik toparlaryň pikiniň üýtgemegiňe baglydyr.

Dördünjiden, lideriň abraýy onuň şahsy täsirine baglydyr, ýolbaşçynyň abraýy bolsa diňe bir onuň şahsy täsirine däl-de, eýsem oňa berlen görkezmelere we sanksiýalara hem baglydyr.

Bäşinjiden, ýolbaşçynyň jogapkärçiligi köp basgançakly we lideriňkiden has köp gatnaşyklydyr.

Toparlarda we kollektiwlerde ýolbaşçylaryň, liderleriň roly, olaryň abraýyna, guramaçylyk ukybyna baglydyr. Mikrokollektiwlerdäki liderler kollektiwiň jebisleşmegine-de, aýry-aýry ýagdaýlarda kollektiwde agzalalyklaryň ýüze çykmagynada sebäp bolup biler. Şoňa görä mugallym, terbiýeçi okuwçylaryň arasynda özakymlaýyn ýüze çykan mikrokollektiwleriň liderlerini, olaryň polojitel we otrisatel taraplaryny pedagogik-psihologik metodlaryň üsti bilen öwrenmelidir. Okuwçylar kollektiwinde yglan edilen ýolbaşçylaryň rolunyň artmagyna täsir etmelidir. Bu bolsa jebisleşen klas kollektiwini terbiýelemegiň serişdesidir.

Mekdepde yglan edilen ýolbaşçylar bilen birlikde, ýaşlaryň jemgyýetçilik guramalarynyň zwenolarynda we beýleki mikrokollektiwlerde yglan edilen liderleriň döremegini ýola goýmak bolar.

## § 4. Toparlarda we kollektiwlerde şahsyýetara gatnaşyklar

Toparlarda, kollektiwlerde gatnaşyklar we özara gatnaşyklar bardyr. Gatnaşyklar munuň özi şahsyetiň töwerekdäki zatlara we öz-özüne bolan pözisiýasydyr. Her bir adamda zatlara, wakalara, sosial durmuşa, adamlara bolan haýsydyr bir gatnaşyk bolýar. Oňa bir zat ýaraýar, bir zat ýaramaýar, käbir wakalar, faktlar ony tolgundyrýar, käbiri bolsa tolgundyrmaýar. Adamyň gatnaşygyny, onuň pozisiýasyny aňladýan psihiki prosesler onuň duýgulary, islegleri we ünsidir. Sosial umumylyklarda (toparlarda, kollektiwlerde) olary duzýän adamlarda gatnaşyklar özara gatnaşyklar hesiýetde bolýar.

Özara gatnaşyklar munuň özi bir şahsyýetiň başga birine, şahsyýetiň umumylyga bolan pozisiýasydyr.

Özara gatnaşyklar adamlardan adamlara gönükdirilen, «birek-biregi garşylaýan» gatnaşykdyr. Şeýle ýagdaýda, eger gatnaşyklarda adama garşylykly jogabyň gelmegi hökman däl bolsa, özara gatnaşyklarda birtaraplaýyn gatnaşyk yzygiderli amala aşyrylýar. Aragatnaşyk saklaýan taraplaryň özara gatnaşykla-rynyň hemişe şol bir modallygy (hemişe şol bir tony, sypaty) bolmaýar. Myrat Saparowiçiň Geldi Muhammedowiçe hoş niýeti gowy gatnaşyklary bolup biler, Geldi Muhemmedowiçiň bolsa Myrat Saparowiçe gatnaşygy tersine bolup biler.

Aragatnaşyk saklamak bilen gatnaşyklaryň we özara gatnaşyklaryň arasynda belli bir baglanyşyk bardyr. Aragatnaşyk adamlaryň göze görünýän, syn edip bolýan, ýüze çykarylýan daşky arabaglanyşygydyr. Gatnaşyklar we özara gatnaşyklar aragatnaşygyň taraplarydyr. Olar aç-açan göze görünmeýän, gizlin hem bolup bilerler. Özara gatnaşyklar aragatnaşyklarda we aragatnaşyklaryň üsti bilen durmuşa

geçirilýär. Şol bir wagtyň özünde hem özara gatnaşyklar aragatnaşyklarda yz galdyrýarlar, onuň özboluşly mazmuny bolup hyzmat edýärler. B. Kerbabaewiň «Aýgytly ädim» romanynda Artyk bilen Aşyryň aragatnaşygyny alyp göreliň. Ilki Artyk bilen Aşyryň hoşniýeti gyzgyn özara gatnaşyklary bolup, şol gatnaşyklar olary mahsus bolan dürli aragatnaşyk formalarynda ýüze çykypdyr. Soňra özara gatnaşyklar bozulyp, gapma-garşylykly hereketler edýärler, şonda aragatnaşyklar hem üýtgeýär.

Özara gatnaşyklary **işewür we şahsy** özara gatnaşyklara bölýärler. Işewür özara gatnaşyklar instruksiýa, ustaw, karar bilen çäklendirilen, gulluk wezipesi ýerine ýetirilende döreýär. Topar formirlenende onuň çlenleriniň wezipeleri hem kesgitlenýär. Mysal üçin, mekdep-internat açylýar. Ştat raspisaniýesi boýunça direktor, okuw bölüminiň müdiri, mugallymlar, (terbiýeçiler, hojalyk bölüminiň müdiri we ş. m. göz Iňünde tutulýar. Şol dokument bilen olaryň her biriniň etmeli işleri hem kesgitleýär. Haýsydyr bir wezipä bellenýän adam belli bir işleri ýerine ýetirmeli bolýar, şeýle hem gulluk wezipesi bilen baglylykda ýüze çykýan iş gatnaşyklaryny ýola goýmaly| bolýar.

Psihologik barlaglaryň netijesinde işewür tabynlygyň birnäçe görnüşi kesgitlendi. **1. Deňlik** iş gatnaşyklary. Şeýle ýagdaýda toparyň kollektiwiň iki ýa-da birnäçe çleniniň birmeňzeş hukuklary we borçlary bolýar, birmeňzeş funksiýany ýerine ýetirýärler. Muňa mysal edip okuw toparyndaky studentleri we gurluşykçylar brigadasyndaky iki sany montažçyny we başgalary almak bolar. **2.Tabynlyk** iş gatnaşyklary. Şeýle gatnaşyklarda bir adam dokumentlere laýyklykda beýlekini başga bir adamyň (zerurlygy üçin obýekt taýýarlamaga, ýerine ýetirişiň tärlerini bellemäge, kontrollyk etmäge, ýerine ýetirilen işleri kabul etmäge borçly edýän wezipäni eýeleýär. Beýleki adam ony ykrar edýär, dokumentlerden bellenilen zatlary ýerine ýetirýär, ol zatlar gös-

göni dokumentlerden gelip çykman, wekilçilik berlen adam tarapyndan buýrulýan ýagdaýda hem şeýle edýär. Işewür özara gatnaşyklary hemişe insruksiýalarda, ustawlarda, buýruklarda berkidilen düzgünlerden ybarat bolýarlar. Munuň özi indiwidual häsiýetleri bolan adamlaryň biri-biriniň ýüz tutýandyklary bilen baglydyr.

Şahsy özara gatnaşyk mähir, garaýyşlaryň we höwesleriň meňzeşligi, sulhun alyp-almazlyk we başgalar ýaly psihologik motiwleriň esasynda döreýär. Şahsy özara gatnaşyklarda dokumentleriň ähmiýeti bolmaýar. Şahsy özara gatnaşyklary buýruklar, görkezmeler bilen ýola goýup bolmaz. Şeýle özara gatnaşyklaryň ýüze çykmagynyň zerur şerti birek-birege düşünmekdir. Hut akyl ýetirmegiň barşynda özara gatnaşyklar başlanyp, olar pugtalandygyça toparyň. çlenleri biri-birlerini gowy tanaýarlar. Özara gatnaşyklar döreden motiwleriň kesilmegi bilen, olaryň özi hem kesilip biler. Şahsy özara gatnaşyklaryň sistemasy dostluk, ýoldaşlyk, söýgi, ýigrenç, ýekelik ýaly kategoriýalarda aňladylyp bilner. Aragatnaşyk prosesinde iş bilen bagly we şahsy özara gatnaşyklaryň birnäçe warianty göz öňünde tutulýar.

1. Oňyn hüý häsiýetleriň gabat gelmegi. Adam toparlaryň çlenleriniň arasynda iş bilen baglanyşykly garşylyklar bolmadyk topardaky hoşniýeti, şahsy gatnaşyklar wagtynda öňde duran wezipäniň üstünlikli amala aşyrylmagyna ýardam edýär. Oňyn şahsy özara gatnaşyklaryň täsiri bilen gatnaşyklaryň resmiligi azalýar. Ýöne, olaryň arasyndaky tapawut saklanyp galýar.

2. Dartgynly iş gatnaşyklary we ýaramaz garaýyşly şahsy gatnaşyklar. Munuň özi konfliktiň, öň ýanyňdaky we konfliktli ýagdaýdyr. Ol deňlik ýa-da tabynlyk aragatnaşyklary döwründe döräp biler. Gatnaşyklaryň ýaramazlaşmagynyň dürli sebäpleri bolup biler. Ýöne konfliktiň öňüni almaklygy, ony ýeňip geçmekligi toparyň çlenleriniň iş aktiwligini peseltmegiň öňdürilýän önümiň hilini, mukdaryny azaltmagyň hasabyna

amala aşyrak bolmaz.

3. Bitarap işewür we şahsy gatnaşyklar. Bitarap gattnaşyklar diýip iki taranyň hem instruksiýany berjaý edip, onuň çeklerinden çykmaýan gatnaşyklaryna düşünmek bolar. Muňa pugta resmi gatnaşyklar diýiländir. Şeýle bolanda şahsy gatnaşyklar hem deňleşär. Olar ýüze çykmaýarlar, sebäbi olaryň ýüze çykmagy üçin sebäp bolmaýar.

Şahsyýetara gatnaşyklar adamyň topardaky, kollektiwdäki ornuny kesgitleýärler. Olaryň ýagdaýyna baglylykda adamyň emosional abadançylygy, şu umumylykda bolmagyndan kanagatlanýanlygy ýa-da kanagatlanmaýanlygy şol gatnaşyklaryň ýagdaýyna baglydyr. kollektiwiň, toparyň agzybirligi, öňde goýlan wezipeleri çözmäge bolan ukyplylyga hem baglydyr. Şahsyýetara gatnaşygyň okuwçylar kollektiwinde dogry ýola goýulmagy bilimiň hilini, düzgün-nyzamlylygy berjaý etmäge täsir edýär.

## § 5. Şahsyýetara gatnaşyklarda sygyşmaklyk we konfliktler

Şahsyýetara gatnaşyklar adamlaryň sygyşmaklygynda ýüze çykýar. Sygyşmaklygy adamlaryň aragatnaşyk prosesinde olaryň häsiýetleriniň amatly sazlaşygy bolup, ol işiň bilelikde üstünlikli ýerine ýetirilmegine ýardam edýär. Sygyşmaklygyň üç görnüşi bolup, olar: fiziki, psihologik we sosial-psihologik sygyşmaklykdyr. Fiziki sygyşmaklyk bile işleýän iki ýa-da birnäçe adamyň fiziki sypatlarynyň garmoniki sazlaşygynda (güýçleriniň we çydamlylygynyň sazlaşygynda) ýüze çykýar. Meselem, kürekli gämileriň (baýdarkalaryň kanoeleriň, akademiki gaýyklaryň) ekipajlary düzülende fiziki görkezijileri deň bolan sportsmenler saýlanyp alynýar. başga bir mysal: sportuň käbir görnüşlerinde sportsmenler agram kategoriýalaryna bölünýär. Bu fiziki aýratynlyklaryň ösüşini esaslandyrýan anatomiki predposylkalary deňleşdirmek, sazlamak üçin şeýle edilýär. Olar bolsa göwräniň agramynyň

deneçer bolmagyna garamazdan dürli-dürli bolup bilerler. Ol türgenleşige bagly bolýar. Sport ýaryşlarynyň dowamynda göwräniň agramy däl-de sportsmeniň şu agramda, turgenleşip gazanan fiziki häsiýetleri ýaryşýarlar.

Psihofiziki sygyşmaklygyň esasynda analizator sistemalarynyň aýratynlyklary, şeýle hem temperamentiň häsiýetleri ýatýar. Sygyşmaklygyň bu görnüşinde adamlaryň bilelikdäki hereketleriniň dowamynda olaryň özara gatnaşyklarynda ýa-da beýleki analizator sistemasynyň çäklerinde duýgurlyk aýgytlaýjy bolýar. Bu babatda L.N. Tolstoýyň «Kör we ker» hekaýasyndaky ýagdaýy mysal getirmek bolar. Hekaýanyň iki gahrymanynyň biriniň nohut ekişne çozuşy netijesiz gutarýar, sebäbi, olaryň biri eşitmeýär, beýlekisi bolsa görmeýär, şonuň üçin hem olaryň signallary biri-birine barmaýar. Olar fiziologik taýdan sygyşmaýarlar. Dokma fabriginde işleýän we bilelikde bir işi ýerine ýetirýän iki sany kontrolýor aýal gözleriniň ýitilikleri we reňk duýgurlygy bilen düýpli tapawutlanýan bolsalar, olar ylalaşykly işläp bilmeýärler. Olaryň zähmet öňdürijiligi ýokary bolmaz.

Sygyşmaklygyň şu görnüşiniň çäklerinde temperamentiň has hem uly ähmiýeti bardyr. Barlaglaryň we gözegçilikleriň görkezişi ýaly temperamentleri «oýarmak» belli bir düzgünler boýunça amala aşyrylar. Aragatnaşyk wagtynda iki sany deň bolmadyk temperamentiň (göçgünli adam bilen perwaýsyz adamyň, şadyýan adam bilen göwnüçökgün adamyň) gowy sazlaşýandygy we bir menzeş temperamentli iki adamyň (iki sany göçgünli adamyň) öňuşmaýanlygy subut edildi. Ikinji tarapdan işe gatnaşýan adamlaryň hemmesiniň nerw sistemasynyň galjaň bolmagyny talap edýän işde garşylykly temperamentler onuşmaýarlar, sebäbi işiň birmeňzeş deňginiňi üpjün edip bilmeýärler.

Sosial-psihologik sygyşmaklyk adamlaryň sosial rollary üstünlikli ýerine ýetirmegine ýardam edýän şahsy aýratynlyklary bolam, adamlaryň özara gatnaşygyny göz

öňünde tutýar. Şeýle ýagdaýda häsiýetleriň, ukyplaryň meňzeş bolmagy hökman däl, ýöne olaryň sazlaşykly bolmagy hökmandyr. Durmuş praktikasyndan görnüşi ýaly, häsiýetleri biri-biriniň üstnii doldurýan adamlarda: ulumsy, töwekgel adamlar bilen asuda, paýhasly, äwmezek adamlaryň arasynda gatnaşyk tiz we berk bolýar. Bir adam bilimleri özleşdirmäge, başga biri bolsa hereket bilen baglanyşykly endikleri öwrenmäge ukyply bolýar. Bu aýdylanlar islendik ýagdaýda diňe garşylykly häsiýeti bolan, ukyplary we beýleki aýratynlyklary gabat gelmeýän adamlar oňşukly bolýarlar diýmegi aňlatmaýar. Sygyşmaklyk temperamentleri meňzeş adamlarda-da bolup biler. Ýöne şeýle ýagdaýda umumylygyň dargamak ähtimallygy ululyr.

Konfliktler şahsyýetara gatnaşyklarda döräp bilerler. Konflikt - munuň özi sosial we şahsy durmuşyň haýsydyr bir meselesini çözmek bilen baglanyşykly adamlaryň arasynda döreýän gapma-garşylykdyr (A, G. Kowalýow).

Konfliktiň ýüze çykmagynyň köpsanly sebäpleriniň arasynda fiziki, psiho-fiziologik we sosial-psihologik babatlardaky sygyşmazlyklar belli bir orun tutýarlar. Progressiw jemgyýetde antogonistik gapmagarşylyklar ýok. Şonuň, üçin hem sosial-ideologik sygyşmazlyklar tarapyndan döredilen uly möçberli konfliktler bolmaýar. Şeýle bolsa-da, graždanlyk urşy ýyllarynda ýurdumyzda döräen ideologik agzalalyklar diňe bir ýat adamlaryň arasynda däl-de hatda dogan-garyndaşlaryň arasynda hem: ata-ene bilen çagalaryň, doganlaryň, uýalaryň arasynda hem konfliktleriň döremegiňe getirdi.

Şahsyýetara gatnaşyklardaky agzalalyklar hemişe konfliktlere getirmeýär: olaryň köpusi parahatçylyk ýoly bilei çözülýär. Käbiri bolsa garşylykly göreş döredip, şonda çözülýär.

Gapma-garşylyklar eýäm formirlenen we netijeli işe gönükdirilen toparlarda we kollektiwlerde gysga möhletleýin

toparlara garanda seýrek ýüze çykýar. Munuň özi uzak wagt dowam edýän umumylyklarda işden çykyp gitmeleriň- we özara düşünişmeleriň täsiri bilen sygyşmaklygyň ýokary derejesiniň gazaşylýanlygy, şeýle derejede gapma-garşylyklar konfliktler arkaly çözülmeýänligi bilen baglydyr. Ýaňy dörän we entek ösüş prosesinde duran toparlarda we kollektiwlerde, gapma-garşylyklar köplenç konflikt bilen tamamlanýar. Onuň şeýle bolmagynyň sebäbi hökmünde psiho-fiziologik we sosial-psihologik sygyşmazlyklar çykyş edip bilerler. has takygy: Şol umumylyklarda agyr häsiýetli adamlaryň ulumsy, ynjyk, özüne çendenaşa göwni ýetýän we nägilelikleri köp adamlaryň, içigaralaryň we gepçileriň peýda bolmagydyr. Şeýle adamlar azar bermäge, ahmallyga salmaga synanyşmak ýagdaýyny döretmäge ukyplydyrlar.

Olar diňe öz diýenlerini edýän; olaryň mekir pikirlerini durmuşa geçirmäge ýardam edýän adamlar bilen oňuşýarlar.

Okuw-terbiýeçilik işiniň üstünlikli guralmagy üç maddy-tehniki bazanyň, administratiw şertleriň kadalylygyny gazanmak bilen bir hatarda ilkinji kollektiwler bolan klaslaryň, pedagogik kollektiwiň şeýle hem esasy kollektiw-mekdebiň agzalarynyň arasynda psihologik sygyşmaklygy guramak esasy şertleriň biridir.

## Soraglar

1. Toparlara we kollektiwlere kesgitleme beriň.
2. Toparlary we kollektiwleri öwrenmegiň nähili usullary bar?
3. Kollektiw şahsyýete nähili täsir edip biler?
4. Konformizm meselesini düşündiriň?
5. Abraýlylyk, ýolbaşçylyk we liderlik näme?
6. Kollektiwlerde gatnaşyklar we özara gatnaşyklar nähili ýüze çykýar?
7. Sygyşmaklygy we konfliktleri häsiýetlendiriň

# 8-NJI BAŞ. ÜNS

## § 1. Üns hakynda düşünje

Üns we onuň fiziologik esaslary. Psihiki hadysalaryň arasynda üns aýratyn orun tutýar: ol özbaşdak psihiki proses däldir we şahsyýetiň mazmuny aýratynlyklaryny aňlatmaýar. Şeýlede bolsa, üns hemişe praktiki işe we akyl ýetiriş proseslerine girizilýär, onuň üsti bilen şahsyýetiň höwesleriniň, gönükdiril-mesiniň forma tarapy aňladylýar. Üns durmuşda psihiki işiň bir tarapy hökmünde ýüze çykyp, ol bilimleri üstünlikli ele almagyň, zähmet işiniň, gowy hilli we öndürijilikli bolmagynyň, şahsyýetiň özüni aňlatmasynyň zerur şerti bolup durýar.

**Üns—munuň özi aňyň belli bir obýekte gönükdirilmegi we onda jemlenmegi bolup, ol psihiki şöhlelenmegiň takyklygyny we aýdyňlygyny üpjün edýär.** Daşky dünýäniň her bir predmeti we hadysasy, biziň hut öz hereklerimiz, göz öňüne getirmelerimiz we pikirlerimiz ünsüň obýekti bolup biler. Men gazet okaýaryn, meniň aň ym onuň mazmuny bilen bütinleý gümrä, öýüň içindäki edilýän gürrüň meniň gulagyma gelýär, emma ol gürrüňlere üns bermeýärin. Emma birden içerdäki adamlardan biri näme-de bolsa bir gyzykly zady gürrüň etmäge başlady, gözlerim gazetiň setirlerinde gezýän-de bolsa, ünsumiň gurrüňe sowulandygyny men duýýaryn. Soňa baka men edil bir wagtyň özünde edilýän gürrüňi-de diňleýärin, gazeti-de okaýaryn. Elbet-de, meniň psihiki işimiň gurluşy bu iki ýagdaýda düýpden dürli-dürlidir. Ilki başda meniň aňym okaýan zadymy düşünmäge gönükdirilipdi; gazetiň mazmuny meniň aňymyň merkezindedi, gürrüňiň mazmuny bolsa ýokarky mazmunyň töwereginde, aňymyň gyrasyndady. Soňra aňym gürüňi diňlegmäge gönükdirilip, gürüň aňymyň merkezine geçip, gazeti okamak

bolsa, onuň gyrasypa suýşdi. Bu ýagdaýda uns gazet-okamakdan gürrüň diňlemäge geçdi diýäris.

Ünsi ygtyýarly obýekte gönükdirmek we onda jemlemek ukyby adamyň aktiwligini döredýär. Ygtyýarly üns, adamyň psihiki durmuşynyň aýratynlygy hekmünde zähmet işiniň prosesinde emele gelýär. Muny K. Marks: «Zähmetiň amala aşyrylýan bütiň wagtynda üns bermekden ybarat maksadalaýyk erk zerurdyr, onsoňam zähmet öz mazmuny we ýerine etiriliş usuly bilen işçini näçe az gyzyklandyrýan bolsa şol erk şonça-da gerekdir» diýip belläpdi.

Ünsüň döremegi üçin belli bir obýekti alyp, şoňa tarap ünsi jemlemek we töwerekden gyjyndyryjylardan ünsüni sowmak zerurdyr. Ünsiň predmeti bolup, akyl ýetiriş aktynyň gönükdirilen obýekta bolup daşky dünýä, psihiki işiň hut özi, oý-pikirler, duýgylar, hereketleriň analizleri hyzmat edip biler. Üns predmetsiz bolup bilmez. Ünslüligi gurmak bijjini, mugallym, okuwçylara şol wagtyň özünde nämä üns bermelidigini görkezmelidir we olaryň ünsüni bir predmetden başga predmete başarjaňlyk bilen geçirmelidir. «Teoremanyň subut edilişini diňläň indi bolsa çyzga üns beriň...»- şeýle bellikler okuw materialynyň has çylşyrymly we häzirki pursatda has ähmiýetli taraplarypa okuwçylaryň Ünsüni çekmäge hyzmat edýär. Okuwçylara sorag berlende: okuwçynyň jogabynyň haýsylaranyna klasyň Ünsüni çekmelidigi barada ýumuş goýmagy, pikiriň subut edilişine, sözleýşiň dogrulygyna, onuň täsirliligi, labyzlylygyna, düşünjeleriň dolulygyna umuman sapagyň aýratyň gowy özleşdirilenligini subut edýän ýagdaýlara üns gönükdirilmelidir. Eger şeýle maksat öňde goýlan bolsa, onda sorag berilýän wagtda üns bermeýän okuwçylar az bolar.

Terbiýeçilik işiniň prosesinde üns beriş obýektini aýratyn görkezmäniň uly ähmiýeti bardyr. Okuwçylaryk ünsini položitel we otriňatel ýagdaýlara, gözellige we gelşiksizliklere çekmek zerurdyr.

Meselem: Mugallym» Adamyň içki we daşky gözelligi hakynda» terbiýeçilik işini geçirende gözelligi we erbetligi duzýän häsiýetler nygtalananda, emosional beýan edilende okuwçylaryň ählisiniň ünsüni bir obýekte gönükdirip bilýär. Şeýle ýagdaýda okuwçylarda içki täsirleriň toplumy döräp, özüňi alyp barşyň, şahsy gigiýenanyň normalaryny berjaý etmäge položitel garaýyşlar terbiýelenýär, estetiki duýgular formirlenýär.

**Ünsuň fiziologik esaslary.** Ünsüň fiziologik mehanizmi çylşyrymlydyr. Häzirki döwürde üns nerw sistemasynyň dürli derejelerinde ýerlleşýän we ähmiýeti az bolan signallaryň süzüp geçirän filtr hökmünde häsiýetlendirilýär. Üns retikulýar formaňiýa bilen anatomik we funksional aýry başglaşan, beýniniň esüntgisinde we bardanyň aşaklarynda ýerleşýän nerw dokumasy bilen baglanyşýar. Ol impulslaryň, bir toparyny süzüp togtadýar, başga bir toparyny bolsa güýçlendirip, kelle beýniniň bardasyna geçirip goýberýär. Şu mynasybetli hem açyk aň zonasyna ýetmän stimullar saýlanyp alynýar.

Uisuň fiziologik ýagdaýyna düşüimäge I.P.Pawlowyň açan amatly (optimal) oýanyş ojagy diýip atlandyrylýan hadysasy kömek edýär. Beýnä her bir pursatda gyjyndyryjylaryň birnäçesi (eşidiş, görüş, deri we ş. m.) täsir edýärler. Onuň täsiri bilen uly ýarym şaryň bardasynda guýji boýunça dürli-dürli köpsanly alamatly oýanma ojaiklary döreýär. Barlaglaryň görkezişi ýaly amatly oýanma ojagy orta intensilikde bolup, ol organizmiň şu pursatdaky ýaşaýyş şertlerinde has durnuklydyr. Otrisatel özara induksiýa kanuny boýunça amatly oýanma ojagy bardanyň beýleki oýanma uçastoklaryny togtadýar. Şunlukda oýanma hiç haçan ähli barda boýunça endigan ýaýramaýar.

Mugallymlar we terbiýeçiler pedagogik praktikada amatly oýanma ojagynyň döreýän kanunlaryny bilip, şoň döremegi üçin amatly şertleri gurap bilerler. Mugallym: «Çagalar dogry oturyň, elleriňizi partaň üstünde goýuň, maňa

seređiň diýär». Özüňi alyp barşy guramak boýunça şeýle görkezmeler, okuwçylaryň öz unslerini dolandyrmagy doly başarmaýan wagtynda, başlangyç klaslarda aýratyn hem möhümdir. Hereketleriň çäkliligi, gürläp adama seretmek, ünsüň gönükdirilmegi, klasda başga gyjyndyryjylaryň bolmazlygy - bu zatlaryň hemmesi beýnide amatly oýanma ojagynyň döremegiňe ýardam edip, ol bolsa ünsüň netijeli bolmagy üçin zerurdyr. A. A. Uhtomskiý beýniniň fiziologik işini öwrenmek bilen dominanta hakyndaky taglymaty döretdi. Dominanta ýa-da agalyk ediji oýanma ojagy adaty üýtgeýji amatly oýanma ojagyndan ýokary durnuklylygy bilen tapawutlanýar. Ol diňe bir täze oýanma ojaklaryny togtatmak bilen çäklenmän, olaryň hasabyna güýçlenmäge, beýleki nerw merkezlerinde döreýän oýanma proseslerini özüne öwürmäge ukyplydyr.

Kelle beýnisini gabygynda agalyk ediji oýanma ojaagynyň bolmagy haýsydyr bir predmete ýa-da haýsy hadysa üns bermekligiň şeýle bir derejesine düşünmäge kömek edip, onda daşky gyjyndyryjylaryň ünsi sowmaga güýji ýetmän, olar gerunmän galýarlar. Adamyň Ünsüniň jemlenmesiniň güýji işiň jan-tenden söýülýänligi, predmetiň çuň höwes döredýändigi bilen baglydyr.

Ünsüň deremeginde we guralmagynda hemişelik iş režiminiň täsiri astyndaky dinamiki stereotipleriň öwredilmegiň uly ähmiýeti bardyr. Hemişelik režim amatly oýanma ojagynyň ýüze çykmagyny epesli ýeňňileşdirýär we işde üstünligi üpjün edýär. Işiň ünsüz ýerine ýetirilmegine ýol bermeli däldigini aýratyn nygtamalydyr. ünnssüzligiň döreden dinamiki stereotipii üýtgetmek kyndyr. Ünssüzlik okuwçylaryň, sapaga ýetişmezligine, aýry-aýry predmetleriň özleşdirilmeginiň has kyn bolmagyna sebäp bolýar.

Üns daşky tarapdan özboluşly görnüşde aýratyn mimikada aňladylyp, ony synlamak adsatdyr we ol boýunça adamyň ünsslülik derejesiie gözegçilik etme mümkindir. Ünsüň

daşky görnüşi iş üçin artykmaç hereketleriň togtadylmagy, duýgy organlarynyň we tutuş göwraiiň obýekte gönükdirilendigi bilen häsiýetlendirilýär. Oý-pikirler bilen başagaýlyk mimikasy gözleriň aklarynyň dönmesi («ol adamda nazar ýok diýilýär), göwräniň gowşanlygy bilen häsiýetlidir.

Pedagog çagalar bilen işlemek boýunça tejribe toplap, ünsüň başga ýere sowlup başlaýandygyny mimiki we görnüş boýunça kesgitlemelidir we okuwçyny ünsünin sapakdan doly sowulmagyna garaşman öň gönükdirmelidir.

Psihiki işde ünsüň roluna baha bermekde beýik rus pedagogy K. D. Uşinskiniň, üns munuň özi daşky dünýäden gelen zatlaryň hemmesiniň adamyň, ruhunda geçýän gapysydyr diýen sözlerini ýatlamak zerurdyr.

Anyň mazmunynyň formirlenmeginde ünsüň roly hakynda K. D. Uşiiskiý tarapyndan ýüz ýyldan gowyrak wagt mundan ozal aýdylan sözler okamak praktikkasynda biziň günlerimizde geçirilýän didaktik barlaglarda yzygiderli tassyk edilýär. Mysal üçin eksperimental işlerde eşidiş ünsüniň ýok ýerinde eşidiş duýgurlygynyň bosagasynyň üýtgeýändigi giň körkezillýär. Ol adatdaky bilen deňeşdirilende onllarça gezek ýokarlanyp, emma sese bolan duýgurlyk bolsa aşaklaýar.

## § 2. Ünsüň görnüşleri

Işjeňligi boýunça adamyň ünsüniň üç görnüşi bolýar: ygtyýarsyz, ygtyýarly we ygtyýardan sonky üns.

**Ygtyýarsyz üns.** Psihologik edebiýatda ygtyýarsyz üns aňladýan sinonimleriň birnäçesi ulanylýar. Käbir barlaglarda ol passiw üns diýip atlandyrylsa, başgalarynda emosional, niýetlenmedik üns diýilýär. Şu sinonimleriň hemmesi ygtyýarsyz Ünsüň aýratynlyklaryny açmaga ýardam edýärler. Haçanda obýekte passiw üns hakynda gürrüň edilende, adam tarapypdan obýekte gönükdirilen tagallalaryň ýokdugy

nygtalýar. Ygtyýarsyz ünsi emosional diýip atlandyrylanda bolsa şahsyýetiň şol obýekt bilen baglanyşykly duýgularynyň, bähbitleriniň, isleglerniň arasyndaky gatnaşyklar tapawutlandyrylýar. Ygtyýarsyz üns adam tarapyndan öňünden niýetlenmezden, hiç hili tagalla edilmezden döreýär. Şeýlelik bilen, ygtyýarly üns munuň özi obýektiň gyjyndyryjylyk aýratynlyklaryna baglylykda aňyň şol obýekte jemlenmegidir. Gyjyndyryjyny üns obýektine öwürýän onuň käbir häsiýetlerine seredip geçeliň.

Hereket edýän **gyjyndyryjylaryň** arasyňda has **güýçlüsi** adamyň ünsüni çekýär.

Mugallym okuw materialyny düşündirýän mahaly sözüň depginini ýokarlandyryp, gowşadyp, intonasiýasyny üýtgedip we şonuň bilen hem materialyň möhüm bölegine ygtyýarsyz ünsi çekip biler. Birmeňzeş, täsirsiz aýdylýan sözler daşky tarapdan ünsi çekmäge goldamaga ukyply däldir. Täsirli söz ünsi forma bilen özüne çekýär.

Ygtyýarsyz ünsi **gyjyndyryjynyň täzeligi** hem döredip biler. Köçelerde peýda bolan täze modada geýnen jahyl diwar gazetiň täze nomeri derrew göze düşýär. Ünsüň şu aýratyňlygyny sapaklarda görkezme esbaplar ulanylanda hem göz öňünde tutmak zerurdyr. Eger mugallym klasa sapak düşündirmek üçin zerur bolan görkezme esbaplaryny getirip, olary şol bada asyşdyryp goýsa, onda okuwçylaryň ünsüni soraglara jogap bermekden sowar, sapak düşündirilýän pursatyna çenli görkezme esbaplar öz täzeligini ýitirip, ünsi çekmegiň goşmaça faktory bolup bilmez. Hut şeýle sebäp boýunça surat reproduksiýalarynyň çalşyrylýan sergisini guramak dogry bolar, sebäbi ýyllar boýy çalşyrylmaýan surat galeriýasy okuwçylaryň ünsüni çekmesini bes edýär.

**Gyjyndyryjynyň** hereketinde başlanyşy we tamamlanyşy hem ünsi döredýär. Munuň şeýledigini, bilip, käte gurruňiň arasyny. kesip dyngy bermek şeýlelik bilen okuwçylaryň ünsüni çekmek olara duýduryş bermek amatly

bolar. Duýduryş bermek hemişe beýlekileriň ünsüni düzgüni bözan okuwça tarap öwürýär we olary okuw işinden sowýar. Käte kLasda absolýut ümsümlige garaşman gürläp başlamak amatlydyr. Mugallymyň gürüňi heňiz ünsüni sapaga jemläp ýetişmedik okuwçylaryň ünsüni çeker.

Okuwçylaryň isleglerini, onuň üsti bilen hem olaryň erksiz isleglerini goldamak üçin, sapagyň maksadyny aýtmak bilen, okuwçylaryň nähili täzelikler öwrenjekdigini habar bermek, netijede bolsa, näme öwrenendiklerini nygtamak amatly bolýar.

Okuwçylardan şu sapaga gyzyklanma döretmäge we onuň üsti bilen hem olaryň ünsüni beýleki predmetlere çekmäge gönükdirilýän metodiki usullar dürli-dürlidir. Mysal üçin, daşary ýurt sözlerini berkitmek üçin dürli oýunlary guramak, görkezme esbaplaryny şol sözlere degişli predmetler şekillerdirilen suratlary ulanmak, daşary ýurt dilinde goşgulary we aýdymlary diňlemek bolar.

Sapagy ygtyýarsyz ünsüň isleg, höwes bilen goldanylýan formasyny guramagyň umumy psihologik prinsipleri şu aşakdakylardyr: gyzykly formada beýap edilen materialyň manyly bolmagy, işiň formalarynyň we usullarynyň dürli bolmagy, mugallymyň özuniň düşündirýän materialy bilen gumralygy, sapagyň janlylygy we emosional baýlygy we ş. m.

**Ygtyýarly üns.** Ygtyýarly ünsüň. sinonimleri işjeň we erkana diýen sözlerdir. Bu terminleriň ikiside ünsüň, obýektde jemlenmeginde inisiatiwanyň subýekte degişlidigini nygtaýarlar.

Ünsüň bu görnüşi psihiki işiň obýektde aňly-düşünjeli jemlenmesi bolup, ol işiň talaplary arkaly gönükdirilýär. Ygtyýarly üns wagtynda gönükdirilmek we jemlenmek diňe, bir emosional taýdan ýakymly zatlar dälde, köp derejede, hökmany derwaýys zerur zatlarda bolup geçär. Şonuň üçin hem ygtyýarly ünsüň psihologik manysy iş maksatlarynyň goýluşy

we ygtyýarly tagallalary bilen baglanyşyklydyr.

Obýektde ünsi ygtyýarly jemlemek we saklamak ygtyýarly tagallalary göz öňünde tutýar. Ygtyýarly tagalalar dartgynlyk, güýçleri öňde goýlan maksada ýetmäge mobilizlemek ýaly häsiýetlerde ýüze çykýar. Ol ünsi obýektde saklamaga, ünsi sowmazlyga, ýalnyşman hereket etmäge kömek edýär. Meselem: çeper höwesjeňlerde çykyş edýän okuwçy goşgyny ýalnyşman aýtmak üçin ygtyýarly ünsüň häsiýetlerini ýüze çykarýar.

Başlangyç synplarda okatmak okuwçylara guýji ýetäýjek maksatlary teklip edip, okuw işini olaryň mümkinçiliklerine laýyk guramak ýoly bilen ygtyýarly ünsüň formirlenmegini göz öňünde tutýar. Şowlulyklary başdan geçirmek ýumuşlaryň indiki dereje alman, ünsi onda jemlemek islegini berkidýär. okuwçylaryň ýaşy näçe kiçi bolsa, sapakda işleriň görnüşleri şonça-da köp çalşylmalydyr. Işiň täze görnüşi - munuň özi ygtyýarsyz ünsi çekmegiň faktory bolmak bilen, ygtyýarly ünsüň jemlenmegine hem ýardam edýär.

Ygtyýarly üns şahsyýetiň häsiýeti hökmünde onuň önünden garaşsyz formirlenip bilmez. Şonuň üçin pedagog, ünsi guranyňda ygtyýarly jemlenmegi aňsatlaşdyrýan şertleriň birnäçesini göz öňünde tutmalydyr.

Eger akyl ýetirişe praktiki, işler girizilen bolsa ünsi akyl işine jemlemek aňsatlaşýar. Meselem, eger pkamak konspektirlemek bilen bile alnyp barylsa, |ünsi ylmy kitabyň mazmunynda saklamak ýeňil bolýar leksiýalarda we ýokary klaslardaky sapaklarda şu maksatlar üçin okuwçylaryň ýazgy alyp barmagy peýdalydyr.

Ygtyýarly ünsi saklamagy ýeňilleşdirýän şertlerine iş ýeriniň ýagdaýynyň aýratynlyklary hem girýär. Jaýyň içinde Ünsüni sowýan gyjyndyryjylar bolmaly däldir. Mysal üçin, sapak wagtynda okuwçynyň özara gürrüň etmekleri aktiw işleýän okuwçylaryň ünslerini jemlemeklerini kynlaşdyrýar, gowşaýar.

Üns saklamagyn, ýene bir möhüm şerti adamyň psihiki ýagdaýydyr. Argyn adama ünsi toplamak kyn bolýar. köpsany gözegçilikler we tejribeler bir iş edilende gününiň ahyrynda ýalňyşlyklaryň köpelýändigini şeýle hem subýektiw argynlyk ýagdaýynyň başdan geçirýändigini subut edýär: ünsi jemlemek kyn bolýar. Daşky sebapler bilen (başga pikirler bilen gümra bolmak, näsaglyk ýagdaýy we beýleki faktorlar) döredilen emosional gyjynma, syzyşlar ygtyýarly
ünsi ep-esli gowşadýar.

Ýerine ýetirilende aýratyn unsli bolmagy talap edýän maksadyny öz-özüne söz bilen ýatlatmak hem ygtyýarlty ünsi saklamaga ýardam edýär. Meselem okuw-muallymyň düşündirýän kesgitlemesini mugallymyň aýdyşy ýaly öz içinden gaýtalaýar.

**Ygtyýardan sonky üns.** Ünsüň şu görnüşiniň ygtyýarly üns döräninden soň ýüze çykýandygy termininiň özünden düşnüklidir. Ygtyýardan soňky ünsde ygtyýarly üns wagtynda jemlenmek üçin zerur bolan ygtyýarly dartgynlyk peselýär. Ygtyýardan sonky üns bu obýektiň öz ähmiýetine laýyklykda şahsyýetiň aňynda jemlenmegidir.

Ygtyýardan soňky üns özüniň psihologiki häsiýetnamalary boýunça ygtyýarsyz ünse ýakynlaşýar. Ýöne olaryň arasynda uly aýratynlyklar ýüze çykýar. Ygtyýardan sonky üns islegleriň esasynda döreýär, emma olar predmetiň aýratynlyklary bilen howeslendirlenen islegler bolman, şahsyýetiň ugrukdyrmasynyň ýüze çykmagydyr. Ygtyýardan sonky ünsde işin özi isleg hökmünde başdan geçirilip, onuň netijesi bolsa şahsyýet üçin amatly bolýar.

Mysal üçin, okuwçy hiç hili islegsiz, arifmetiki gönükmäni çözmek üçin ünsüni jemlemäge öz-özüni mejbur edip, ony çözmäge başlap biler. Iş wagtynda onda haýsydyr bir sebäbe görä (mysal üçin, «bolanok, ýöne näme bolsada men muny çözerin, başarýanymy subut ederiň» we ş. m.) ünsi ygtyýarly saklamakdan başarýan höwes, gyzyklanma döreýär,

ol predmete gümra bolup, gönükmäni çözmek meselesi bilen gyzyşyp galýar.

Ygtyýardan sonky ünsüň derejesinde işe kontrollyk etmäge geçmek şahsyýetiň aýratynlyklaryňa, zähmet çekmek häsiýetine bagly bolup, onda artykmaç, bihasap, gara dere batyp, uly güýç sarp edilip işlenen, tutanýerli zähmet çekip geçirilen sagatlar adam ömrüniň bagtyna ewrülýär. Eger ygtyýarly üns ygtyýardan sonky ünse geçeň bolsa, onda umumy ýadawlyk başlanýança dartgynlyk duýulmaýar.

Adamyň praktiki işindäki ünsüň seredilip geçilen üç görnüşi özara biri-birine geçýänligi üçin berk arabaglanyşykda bolup, biri-birine daýanýarlar. Mugallym, okuwçylaryň ünsüni guramak, gönükdirmek bilen, diňe bir şu sapaga okuwçylaryň ünsüni çekmek barada alada etmän, ol şahsyýetde ünsi dolandyrmagy ýeňilleşdirýän erk häsiýetlerini formirlemek barada oýlanmalydyr.

## § 3. Ünsüň häsiýetleri

Ünsüň häsiýetlerine aşakdakylar girýär: onuň göwrümi, paýlanmagy, durnuklylygy we başga zada geçmekligi.

**Ünsüň göwrümi.** Ünsüň gewrümi iňňäň çäklendirilen wagt içinde onuň, öz içine alyp biljek obýektleriniň mukdary bilen öçelýär. Ünsüň gowrümini kesgitlemek üçin adama obýektleriň toparyny (saýlary, özara baglanyşygy bolmadyk harplary, aýry-aýry predmetleri) 1/10 sekunda barabar wagtyň içinde görkzýärler. Şunça wagt aýdyň göruş kabul edişiniň ýuze çykmagy üçin ýeterlikdir. Ýöne tejribeleriň görkezişi ýaly adamyň nazaryna düşen hemme predmetleri düşünjeli beýan etmek üçin şunça wagt ýeterlik bolmaýar. Şeýle tejribäniň şertlerinde synag edilýän adam käbir predmetleriň adyny tutýar, olaryň galanlary bolsa olar göründi diýip, ýöne üns berip

ýetişmändigini aýdýar. Adamyň ünsüne ilen predmetleri şöhlelendirmek üçin has köpräk wagt gerek. Okuwçylarda ünsüň göwrümini görüş kabul edişiniň, üsti bilen kesgitlemek üçin sanlaryň, şekilleriň birnäçesini görkezil, kimiň köp sany ýa-da şekili ýatlap bilendigini barlaýan didaktiki oýunlary guramak maksada laýykdyr. Şeýle türgenleşikler okuwçylaryň ünsüniň jemlenmegine, onuň göwrüminiň giňelmegine, okuw materialynyň doly kabul etmegine täsir eder.

Uly adamyň biri-birine bagly bolmadyk dört-bäş, iň köpi alty obýekte bir wagtyň özünde üns berip bilmekdigini tahistoskopik tejribeleriň netijeleri ýüze çykardy. Eger tahistoskopyň kartoçkasynda bir-birine baglanyşykly bolmadyk we söz emele getirmeýän harplar çap edilen bolsa, onda adam altydan köp harpy birden kabul edip bilmez. Şunlukda, Ünsüň göwrümi adatça dörtden alta çenli obýektleriň çäginde bolýar diýip aýtmak bolar.

**Ünsüň paýlanmagy.** Ünsüň paýlanmagy islendik iş edýän adamyň üns merkezinde bir wagtda birnäçe obýekti saklap bilmeginde aňladylýar.

Ünsi paýlamagy başarmak bir işi adyň merkezinde saklap, şol bir wagtyň özünde ünsi başga işe hem gönükdirmek, ýagny ony anyň merkeziniň golaýynda saklamagy başarmak diýmekdir.

Ünsi paýlamagy başarmaklyk terbiýelenýär. Ýaňy işe başlaýan mugallymyň sapagy düşündirýän wagtynda klasdaky her bir okuwçyny görmeýändigini, käte özi gürrüňinde ýalňyş goýberip, okuwçylaryň jogaplaryndaky ýalňyşlyklary hem duýman geçirýändigi hemmelere mälimdir. Bu tejribesiz mugallymyň, öz ünsüni paýlap we gurap bilmeýänligi bilen baglydyr, "Onuň üçin ýeke-täk obýekt gürrüň berýän materialydyr. Ol düşündirip duran wagty okuwçylara göz aýlap bidüzgünlikleri görmeýär. Tejribe toplandygyça okuw materialynyň mazmuny, onuň beýan edilişem mugallymyň Ünsüni az sowup başlaýarlar. Şu mynasybetli ünsi materialy

düşündirmek bilen okuwçylaryň özüňi alyp barşynyň arasynda paýlamak mümkinçiligi döreýär. Mugallym materialy beýan edýär, tagtada degişli ýazgylary ýazýar, şol bir wagtyň özünde-de okuwçylaryň tertibisine-de syn edip ýetişýär.

Uly ýaşly mekdep okuwçylarynda-da studentlerde-de, uly adamlarda-da ünsi bölmek başarnyklary terbiýelenýär. Radio, telewizor diňläp, ýalňyşsyz ýazuw işlerini ýerine ýetirmegi, kitap okamagy endik edinen adamlar az däldir. ýene-de gürrüňleşip oturanda köp adam edip oturan işini goýup, gürüňdeşine jogap berýär, käbirleri gürüňdeşine jogap hem berýär, işlerini hem ýerine ýetirýär. Bu ünsi paýlamagy ygtyýarly amala aşyrýan adamlara degişlidir.

Ünsüň durnuklylygy. Ünsüň durnuklylygy onuň köp wagtlap obýektde jemlenmeginmde ýüze çykýar. Ünsüň şu aýratynlygy birnäçe sebäplere: nerw prosesleriniň güýjüne, işiň häsiýetine, işe bolan garaýşa, endige baglydyr.

Durnuklylyga garşy häsiýet ünsüň sowulmagy bolup, ol ünsüň üýtgäp durmagynda ýüze çykýar. Ünsüň uýtgäp durmagyny goşa şekilleri kabul etmekde synlap görmek bolar. Eger birnaçe minudyň dowamynda suratýa syn etseň, bir tarapdan kiçi kwadratyň öňe süýşüp, ulynyň öňüne geçýändigini, ýa-da uly kwadratyň süýşüp öňdäki planda durandygyny görmek bolýar (1-nji surat). Kwadratlaryň özara ýerleýşişi yzygider, üznüksiz üýtgeär. Şu tejribe ünsüň üýtgäp durýanlygynyň modelidir. Her bir iş 10 ýa-da 20 minut üns berlip işlenenden son ünsüň birnäçe sekunt başga ýana sowulmagyna getirýär. Eger-de ünse gysga dynç alyşlar berilse, onda ol birnäçe sagadyň dowamynda hem özüniň durnuklylygyny saklap biler.

Ünsüň şu aýratynLygyny bilip, mugallymlar her 10-15 minutdan okuwçylaryň sapakda edýän işleriniň dürli görnüşlerini çalşyrmagy göz öňünde tutýarlar, okuwçylaryň eşidiş we görüş kabul edişlerini mugaIlymyň düşündirişi, okuwçynyň jogaby praktiki işler bilen depderdäki ýazgylar ýa-

da suratlar, tejribe geçirmek gözekleşdirýärler. Materialy uzak wagtlap beýan etmeli bolanda mekdep leksiýasynda gürrüňiň arasynda dartgynlylyk ýagdaýyny gowşadýan epizodlary goşmak peýdalydyr.

**Ünsüň başga zada geçmeklIgi.** Ünsüň bir obýektden başga bir obýekte aňly we manyly ornuny üýtgetmegine ünsüň başga zada geçmegi diýip at berilýär. ünsüň başga zada geçmegini ünsi bölmekden tapawutlandyrmaly. Adam ünsüni sowup, ygtyýarly ýagdaýda ünsüň obýektini üýtgedýär. Ol Ünsüni başga zada geçirip bir zat bilen meşgullanmagy ýa-da dynç almagy maksat edinýär. Biz iş prosesinde täze wezipeleri öňe sürmek bilen ünsümizi bir obýektden başga bir obýekte, ýa-da onuň bir häsiýetinden başga bir häsiýetine geçirýäris. Ünsüň başga zada göçmek häsiýetiniň uly ähmiýeti bardyr. Käbir klaslarda jaň kakylmagy we mugallymyň peýda bolmagy okuwçynyň Ünsüniň sapaga gönükdirilmegine getirýär. Käte şeýle hem bolýar: mugallym okuwçylara köp wagtlap sapakda ünssüz oturmaga öwrenişdiripdir, şonuň üçin hem okuwçylaryň arakesmede eden işlerinden ünsüň sapagyň mazmunyna geçmegi haýal geçär. Şeýle bolanda sapagy gurman, okuw prosesinde okuwçylaryň ünsüni jemlemek kyn bolýar. Sapagyň guramaçylyk döwrüne aýratyn üns bermeli bolýar. Okuw prosesini sapagyň ilki başyňdan okuwçylaryň pikirini sapaga gönükdirmek, guramaçylyk tabşyryklaryny bermek, tabşyrylan öý işiniň adyny soramak, klasa ýüzlenmek ýaly zatlar bilen başlamak maksada laýykdyr.

## § 4. Ünsüň sypatlary

Adama täsir edýän hadysalary **ünslülik** ýa-da **aljyraňlylyk** ýagdaýlaryny döredip biler.

Aşa ünslülik ýagdaýy özi üçin adaty bolmadyk, täze şertlere duşan adamda döreýär; ol şahsyýetiň üýtgeşik şertlere dykgat bilen garaşmagy, jogapkärli tabşyryklary ýerine

ýetirmegi sebäpli döreýär. Şeile adama güýçleriň ygtyýarly mobilizlenmegi, ykjamlaşmak we hereketlere taýýar bolmak esasynda dörän duýgurlygyň ýitileşmegi, pikiriň aýdyňlygy, emomsional ruhy belentlilik, psihiki reaksiýalaryň tizliginiň artmagy häsiýetlidir. Şeýle ýagdaýda ünslülik ýagdaýyň esasyny ygtyýarly üns duzýär.

Ünslülik ýagdaýy isleg dartgynlygy döwründe ýa-da şol bir pursatda predmete bolan höwesiň ýokarlanmagy netijesinde döräp hem biler. Şol ýagdaýda ünslüligi esasy ygtyýarsyz ünsden ybaratdyr.

Aljyraňňylyk munuň özi adamyň öz ünsüni haýsydyr bir obýekte jemläp bilmeýän pursatydyr. Agyr iş gününden soňky argynlyk, öz pikirleriň bilen gümra bolup alada batmak, gyzyksyz işleri ýerine ýetirmek ine şularyň hemmesi edil beýleki sebäpler ýaly aljyraňlylyk ýagdaýyny döredip biler. Şeýle ýagdaýda adamda şahsyýet hökmünde özüne mahsus bolmadyk ünssüzlik döräp biler.

Şahsyýeti adatça, ünsliler unssüzler we aljyraňňylar diýen ýaly toparlara bölýärler. Ünslülik ünsüň görnüşleriniň işindäki gatnaşyklar bilren kesgitlenilýär. Ygtyýarly we ygtyýardan soňky ünsüň agdyklyk etmegi özüne näme gerekdigine. näme uçin gerekdigine aýdyň düşünýän, özüne erk edýän, maksada okgunly adam üçin häsiýetlidir. Şunuň ýaly ýagdaýlarda käbir häsiýetlerindäki kemçilikleriň (ugruny haýal üýtgetmegi, gowşak paýlanmagy) öwezi doldurylýar.

Ünslülik jemgyýetde adamyň adamlara bolan gatnaýşyklaryny aňladýan häsiýet hökmünde uly ähmiýete eýedir isgärleriň zerurlyklaryna we höweslerine, aladalarynara we saglygyna ünsli bolmak her ýolbaşçynyň hökmany häsiýeti bolmalydyr. Şeýle talaplar mugallymlara hem doly degişlidir, sebäbi olar üçin çagalaryň durmuşy we ösüşi hemişelik üns obýektidir. Ünslilik çagalara ýüzlenmekde-de, ululara ýüzlenmekde-de eserdeňligiň we salykatlylygyň esasyny duzýär.

Mugallymyň ünsluligi okuwçylaryň akyl ýetirişini guramaga, terbiýeçilik täsirini ýetirmäge her okuwçynyň indiwidual aýratynlygyna dogry çemeleşmäge bolan serişdeleri, ýollary saýlap almaga kömek edýär.

Ünssüzlik bir predmete ünsüni jemläp bilmezlik, ýüzleý netije çykarmak, başga bir adamyň içki dünýäsine aralaşmagy başarmazlyk ýaly häsiýetlerde ýüze çykýar. Ünssüzlik bilimleriň, ygtyýarly ünsüň umumy ýetmezçiligi esasynda, adamlaryň ykbaly baradaky olaryň ýoklugyndan döreýär. Ünssüzlik okuwçynyň zähmet işinde geleňsizlige sebäp bolýar.

## Soraglar

1. Üns näme we ony döredýän sebäpleri aýdyp beriň.
2. Ünsüň fiziologik esaslary nämeler?
3. Ünsüň görnüşleriniň arasyndaky tapawudy düşündiriň.
4. Ünsiň paýlanmagy we ünsüň başga zada geçmegi düşünjeleriniň arasynda nähili tapawut bar?
5. Aljyraňlylyk we ünssüzlik ýagdaýlaryny aýdyp beriň?

# 9-NJY BAŞ. Duýmalar

## § 1 Duýma hakynda düşünje

Duýmanyň kesgitlemesi. Kiçijik tejribe geçiriň: ýoldaşyňyzdan gözuni ýummagyny haýyş ediň we onuň eliniň aýasyna nätanyş predmeti degirip görüň, soňra ondan şol predmet barada näme aýdyp biljekdigini soraň. Eger synag edilýän adam predmetiň nämedigin bilmese, onda ol:«Özä bir gaty, tekiz, sowuk zat» diýip ýa-da «ýumşajyk, ýyljak, büdür-südür zat» diýip jogap berer. Şu sözler bilen adamyň duýmagy beýan edilýär.

Duýmalar predmetleriň aýry-aýry häsiýetleriň şöhlelendirýän obrazlar hökmünde ýüze çykýarlar predmetleriň aýry-aýry häsiýetleri baradaky düşünje islendik duýgy organyň iş prosesinde ýüze çykýar. Meselem: bir predmet 1/100 sek ekspozisiýa edilýän (görkezilän) bolsa, şonda adam ýagtylyk ýa-da belli bir reňkli salgym görendigini aýdar, ýöne şol gören zadynyň nahili predmetdigini aýdyp bilmez. Adam nätanyş dilde gürrüň eşnden-de şol sesiň käbir häsiýetlerini (belentligini, gatylygyny, tembrini aýdýar, ýöne sözüň manysyna düşünmeýär.

**Duýma-munuň özi predmetler, hadysalar adamyň duýgu organlaryna täsir edende olaryň aýry-aýry häsiýetleriniň beýnide şöhlelendirilmegidir.**

Duýma dünýäni şöhlelendirmegiň ýeke-täk formasy däldir. Duýma şöhlelenmesiniň has ýokary formalary (kabul ediş, göz öňüne getirmek) duýmalaryň ýönekeý jemine ýa-da utgaşmasyna syrykdyrylyp bilinmez. Şöhlelenmäniň formalarynyň her biriniň hil taýdan özboluşlylygy bardyr, ýöne şöhlelenmäniň başlangyç formasy bolmasa, haýsydyr bir akyl ýetiriş işini amala aşyrmak mümkin däldir.

Duýma bolmasa, adamyň psihiki aktiwligi hem ýokdur.

Häzirki döwürde kosmosy we dünýä okeanynyň düýbüni özleşdirmek wezipesi bilen baglylykda sensor (duýma) izolýasiýanyň (adamyň gyjyndyryjylardan) doly ýa-da bölekleýin mahrum bolmagy) adamyň psihikasyna we organizmine edýän täsiriniň ýüze çykarýan köp sanly tejribeler geçirilýär. Tejribäniň, görkezilişi ýaly, doly sensor izolýasiýa wagtynda bir gije-gündizden hem öz wagtyň içinde adamyň aňynyň bozulyp gallýüsinasiýa peýda bolýar. Ýürege duşgünç ideýalar döreýär. Şeýlelik bilen, duýmalar bilen amala aşyrylýan «daşky gyjyndyryjynyň energiýasynyň yzygiderli aňynyň faktyna» öwrülip durmagy psihikanyň kadaly işiniň zerur şertidir.

**Duýmalaryň fiziologik esaslary.** Duýma diňe predmetiň duýgy organlaryna täsir eden mahalynda döräp biler. Mälim bolşy ýaly, reseptorlar - duýýan nerwleriň şahalarynyň gutaran ýerleriňdäki mikroskopik kiçi bedenjikler her bir analizatoryň periferik bölegi bolup hyzmat edýärler. Olarda energiýanyň dürli Görnüşleriniň täsirine aýratyn ýokary oýanyjylyk bar. Meselem, gözüň torjagazyndaky taýajyklar we kolbajyklar belli bir ýygylykly yşyk tolkunlaryň täsirine örän duýgurdyrlar; içki gulagyň ulitkasynda ýerlesýän übtükli öýjükler ses tolkunlaryna iň ýokary oýanyjylyk bilen tapawutlanýarlar; diliň üstündäki tagam düwmejikleriň belli bir maddalara ýokary duýgurlygy bardyr we ş. m.

Merkeze barýan nerw süýümleri oýanmany reseptorlardan kelle beýnisiniň sütünli böleginiň merkezlerine, ol ýerden bolsa beýniniň degişli zolaklaryna geçirýärler we emele gelýän gyjynmalaryň inçe analizi şol ýerde amala aşyrylýar. Uly ýarym şarlaryň gabygyny aializatorlaryň beýni bölekleriniň jemidir.

Täsir edýän gyjyndyryjynyň obrazy bolan duýma uly ýarym şarlaryň bardasynyň şu zolaklary oýananda döreýär. Şunuň ýaly oýanmanyň bolmagy üçin, rseptorlaryň, şeýle hem bardanyň nerw oýjükleri bilen reseptorlary birikdirýän, geçiriji

ýollaryň kadaly ösmekligi zerurdyr.

Duýmalaryň prosesinde organizme täsir edýän obýektleriň analizi bolup geçýär.

**Duýma şöhlelenme taglymaty nukdaýdan**. Akyl ýetiriş işi problemasy köp asyrlaryň dowamynda materializm bilen idealizmiň göreşiniň arenasy bolup geldi. W.I. Lenin XX-asyryň başyna çenli tebigy we filosofiki bilimler babatynda ylymda toplanan ägirt tejribä esaslanyp, şöhlelenme taglymatyny deretmek bilen materialistik gnosiologiýany (akyl ýetiriş teoriýasyny) çunlaşdyrdy we baýlaşdyrdy.

Şöhlelenme teoriýasy marksistik psihologiýanyň: metodologik esasy bolmak bilen duýmanyň tebigatyny dialektiki materializm nukdaý nazaryndan açyp görkezýär.

Akyl ýetiriş duýgusyndaky materializm bilen idealizmiň arasyndaky gapma-garşylyk biziň dunýä baradaky bilimlerimiziň dünýäniň özüne nähili gatnaşykda bolýandygy baradaky sowala berýän jogaplarynyň çapraz gelýänliginden ybaratdyr. Materialistler biziň dünýä baradaky bilimlerimiz biziň erkimi bagly bolmadyk predmetleriň «nusgasy», «köpiýasy», «şöhleleimesi» diýii ykrar edýärler. Idealistler duýmalara predmetleriň we hadysalaryň «nyşanlary», «simwollary» hökmünde garaýarlar we şol esasda dünýä barada takyk hiç zat bilmeýändigimizi (agnostisizm) subut etjek bolýarlar. Başgaça aýdanyňda duýma teoriýasy babatynda materialistik we idealistik dünýä garaýyşlarda biziň duýmalarymyz materinanyň obýektiw häsiýetleriniň subýektiw şöhlelenmesimi (materializm) ýa-da duýma predmetleriň häsiýetlep dogrusynda adamyň içki dünýäsinde döreýän nyşanly simwollary bolup durýar (idealizm) diýen pikir ýöretmeler öňe sürülýär.

W. I. Lenin özüniň «Materializm we empirokrtisizm» atly eserinde: «bizden daşardan zatlar bar. Biziň kabul edişlerimiz we göz öňüne getirmelerimiz ol zatlaryň obrazydyr. Bu obrazlaryň barlanylmagy, hakyky zatlaryň ýalan zatlardan

parhlandyrylmagy praktiki arkaly gazanylýar» diýip ýazýar.

Günbataryň käbir alymlary duýmalarda predmetleriň häsiýetleri orginal-nusga hökmünde şöhlelenmeýär diýen tezisi subut etmäge çalşyp, fiziologiýadan we psihologiýadaky ylmy faktlary bir taraplapy düşündirýärler. XIX—asyryň başynda nemeň fiziologi I. Mýuller hemmelere belli bolan bir hadysany öwrendi. Eger adam diliniň ujuny jubi bateriýasyni, plastiňkasyna degirse, turşumtyk tagamy syzýar. Eger elektrik gyjyndyryjyny göze tutsaň, gözden «uçgun» çykýar (fosfena hadysasy), elektrik togy bilen gyjyndyrsaň galmagal duýmasy emele gelýär. Görüş we eşidiş aializatorlarynda güýçli mehaniki gyjyndyryjylardan hem hut şol netije ýüze çykýar. I. Mýuller şu faktlary düşündirmek bilen duýgy organlarynyň özboluşly energiýasy kanuny doretdi. Bu kanuna görä bir duýgy organy şol organdaky energiýa laýyklykda islendik gyjyndyrmalara seslenýär. Mýulleriň pikiriçe duýma predmetleriň, gyjyndyryjylaryň häsiýetlerini şöhlelendirmän, ol hut şol bir duýgy organyna mahsus energiýanyň boşamagynyň bolup durýar. Mýulleriň taglymaty fiziologik idealizm taglymaty diýen at aldy. Ol filosofiki idealizmiň duýma organizmi daşky dünýä bilen baglanyşdyrmaýarda-da, tersine janly organizmi daşky sredadan bölup aýyrýan diwardyr diýen esasy tezisine laýyk gelýär.

Duýmanyň tebigatyna berilýän idealistik häsiýetnamanyň nädogrydygyny subut edýän zat praktiki işdir. praktikada adam akyl ýetirişiň dogrulygyny göz ýetirýär. Biz praktikada öz duýmalarymyzyň we kabul edişlerimiziň diňe bir ýalňyşlyklaryna göz ýetirmän, olaryň sebäpderi, olary düzetmegiň ýa-da işde hasaba almagyň ýollary barada maglumat alýarys.

Şeýlelikde, marksistik psihologiýanyň, hususanda duýma teoriýasynyň metodologik esasy şöhlelenme teoriýasydyr.

## § 2. Duýmanyň görnüşlere bölünişi

Baryp, eýýäm, gadymy greklerde bäş sany duýgy organyny we olara degişli duýmalary tapawutlandyrypdyrlar. Olar: göruş, eşidiş, ys alyş, tagam biliş organlarydyr. Häzirki zaman ylmy adamyň duýmalarynyň görnüşleri baradaky düşünjäni epesli giňeltdi. Häzirki döwürde daşky we içki sredanyň reseptorlarda edýän täsirini şöhlelendirýän analizatorlar sistemalarynyň ýigrimä golaýynyň bardygy bellenildi.

Duýmanyň klasifikasiýasy birnäçe esaslara gore berilýär. Reseptor bilen duýmany döredýän gyjyndyryjynyň arasynda gös-göni baglanyşygyň bardygy ýa-da ýoklugy boýunça distant (aralyk) we kontakt (galtaşmak) resepsiýalaryny tapawutlandyrýarlar. Görüş, eşidiş, ys alyş distant degişlidir. Duýmalaryň şu görnüşleri has ýakyn sredadaky ugur alyşyny üpjün edýärler. Tagam, agyry, temperatura duýmalary kontakt arkaly syzmaklykdyr.

Reseptorlaryň bedeniň daşynda, organizmiň içinde, ýa-da myşsalarda we damarlarda ýerleşişi boýunçza eksterosepsiýa (görüş, eşidiş, ys alyş we ş. m; propriosepsiýa (myşsalar, damarlar arkaly duýma) , interosepsiýa (açlygy we suwsuzlygy duýma) ýaly görnüşleri tapawutlandyrýarlar.

Haýwanat dünýäsiniň ewolýusiýasynyňş prosesinde döräň wagty boýunça gadymy we täze duýgurlygy tapawutlandyrýarlar. Mysal üçin, distant resepsiýany täze hasaplamak bolar, ýöne galtaşmaklyk analizatorlaryň strukturasynda has gadymy we has täze funksiýala tapawutlandyrýarlar. Agyry duýgurlygy göruş duýgurlygyna garanyňda has gadymydyr.

Klassifikasiýa üçin hödürlenen esaslar duýmalaryň görnüşlerini sistemalar boýunça toparlara bölmäge we olaryň aragatnaşygyna hem-de özara garaşlygyna göz ýetirmäge mümkinçilik berýär. Duýmalaryň dürli görnüşlerini

häsiýetlendirip geçeliň.

**Görüş duýmalary.** Görüş apparaty bolup çylşrymly anatomiki gurluşly duýgy organy - göz hyzmat edýär. Predmet tarapyndan şöhlelendirilýän ýagtylyk tolkunlary, gözüň görejiniň üstünden geçip döwülýär we şekil görnüşinde torly bardada fokusirleşýär. Göz distant reseptorlaryna degişlidir, sebäbi görüş duýgy organlaryndan belli bir derejede daşlykda bolan predmetleriň we hadysalaryň obrazyny berýär. Görüş analizatorynyň jubütligi, predmet daşlaşanda ýa-da ýakynlaşanda torly bardada şekiliň möçberleriniň üýtgemegi, şeýle hem gözüň oklarynyň hereti (birleşdirmegi we aýyrylyşdyrmagy) giňişligiň şöhlelendirilmegini üpjün edýär.

Gözüň torly bardasy görüş nerwleriniň süýüm uçlarynyň on münlerçesinden ybarat bolup, olar şöhle tolkunlarynyň täsiri bilen gyjyndyrylan ýagaýa gelýärler. Görüş nerwiniň ujy özüniň formasy we funksiýalary boýunça tapawutlanýar. Formasy boýunça kolbajyklara meňzeş rödseptorlar reňkleri şöhlelendirmäge uýgunlaşandyr. Olar torly bardanyň merkezinde ýerleşendirler we gündizine görüşi üpjünedýän aparatdyr. Taýajyk görnüşli nerw uçlary ýagtylygy şöhlelendirýärler. Olar kolbajyklaryň töwereginde, torly bardanyň gyrasyna ýakyn erleşýärler. Ol tutuk görüş apparatydyr. Taýajyklar zaýalananda kolbo şekilli görüş bözulmaýar we tersine, reňki we ýagtyly duýmagyň öz hususy analizator sistemalary bardyr. Biziň görýän zatlarymyzyň hemmesiniň haýsy da bir reňki bardyr. Diňe absolýut dury zat, k görünmeýän zat reňksiz bolup biler. Şuňa görä, görüş duýmalaryna biz reňk duýmasy diýip aýdyp bileris.

**Reňkleriň hemmesi iki uly topara, ahromatik reňklere hromatik reňklere bölünýär. Ak, gara we hemme reňkler ahromatik reňklerden hasaplanýar, ähli buýanyňky reňkler, ýagny hemme mümkin bolan öwüşgünli gyzyl, sary, ýaşyl, gök reňkler hromatik reňklerden - hasaplanýar.**

**Eşidiş duýmalary.** Eşidiş duýmalary hem distant

duýmalara degişlidir. Eşidiş nerwiniň duýujy uçlary gulagyň içki bölejikde ýerleşendir (eşidiş membranaly we duýujy tüýjagazly eşidiş perdesi). Gulagyň daşky bölegi (gulak çukurjygy) ses yrgyldysy ýygnaýar, orta gulak mehanizmi bolsa ony eşidiş perdesine geçirýär. Eşidiş perdesiniň duýujy uçlaryny gyjyndyrmagyň esasynda rezonans prinsipi ýatýar. Eşidiş nerwiniň uzynlygy we ýogynlygy boýunça dürli uçlary yrgyldylaryň bir sekuntdaky belli bir sany bilen herekete gelýär (rezonirleýär). Yrgyldy- maýyşgak jisimleriň hereketi gulaga daşky sreda tarapyndan berilýär.

Eşidiş duýmalarynyň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. Olar: **gepleşigi, sazy we galmagaly** syzmak ýaly görnüşlerdir. Duýmanyň şu görnüşlerinde ses analizatorlary dört sany aýratynlygy: **güýçlüligi** (gaty-gowşak), **belentliligi** (ýokary-aşak), **tembri** (sesiň ýa-da saz gurallaryň özboluşlylygy), dowamlylygy (sesiň çykýan wagtynyň dowamlylygy) we mundan başga-da, yzygiderli kabul edilýän sesleriň depgin-ritmiki öwüşgini tapawutlandyrýarlar.

Gepleşik seslerini tapawutlandyrýan eşidişe fonematik eşidiş diýilýär. Ol çaganyň terbiýelenýän gepleşik sredasyna baglylykda bütin ömründe formirlenýär. Daşary ýurt dilini öwrenmek fonematik eşidişiň täze sistemasynyň döremegini göz öňüne tutýar. Daşary ýurt dillerini öwretmäge bolan ukyp epesli derejede fonematik eşidişiň esenligi bilen kesgitleýär. Fonematik eşidiş ýazuw diliniň ýalňyşsyz bolmagyna mese-mälim täsir edýär, aýratyp hem başlangyç klas okuwçyda şeýledir.

Saza düşünmek hem gepleşik eşidişinden pes bolmadyk derejede sosialdyr. Sazdan estetiki lezzet almak mümkinçiligi ses bilen bagly emosioial äheňe siňdirilendir. Aýry bir sesiň ýakymly ýa-da ýakymsyz bolup biljegi mälimdir. Ýöne şol elementar emosional ýagdaý bilen saz eserleriňden lezzet almak ukybnyň arasynda adamzadyň saz medenietiniň ösüşiniň eňçeme asyrlary ýatyr. Çaganyň saz uşügi hem gepleşik eşidişi

ýaly terbiýeleýär we formirleýär.

Ses duýmasynyň üçünji görnüşi galmagalyň şygyrdylaryň - sosiallygynyň adam üçin ähmiýetli ozalkylardan pes däldir. Galmagal belli bir derejede emosional hüşgärlik döredip biler (ýagşyň sesi, eli ýeşuwwuldysy), käte bolsa ol abanýan howpuň, signaly bolup hyzmat edýär (ýylanyň haşşyldysy, ýakynlaşýan duşmanyň aýak sesi). Mekdep praktikasynda galmagalyň otrisatel täsirine duş gelinýär: ol aňdaky peýdaly signallary- sözleri tapawutlandyrmaga päsgel berip, nerw sistemasyny ýadadýar. Uly şäherleriň keçelerinde galmagala garşy göreş yglan edilýänligi ýöne ýerden däldir.

**Wibrasiýa duýmasy.** Wibrasion duýgurlyk hem ediş duýmasyna sepleşýär. Olarda şöhlelendirilýän fiziki hadysalaryň tebigaty umumydyr. Wibrasion syzgylar maýyşgak sredanyň wibrasiýalaryny şöhlelendirýär. Duýgurlygyň şu görnüşini «galtaşyp eşidiş» diýip obrazly atlandyrýarlar. Adamda ýörite wibrasion reseptorlar ýüze çykarylanok. Häzir wirasion syzgy duýgurlygyň iň gadymy görnüşleriniň biri hasaplanylýar, daşky we içki sredanyň wibrasiýalaryny şöhlelemdirmegi bolsa orgaiizmiň ähli dokumalaryna malaryna mahsusdyr.

Adamyň durmuşynda wibraňion duýgurlygy eşdiş we görüş duýmalaryna garaşlydyr. Maşynlaryň işinde wýbrasiýanyň näsazlyk signalyna öwrülýän ýerlerinde wibrasion duýgurlygyň akyl ýetiriş ähmiýeti barha esär. Kerleriň we körlerleriň durmuşynda wibrasion duýgurlyk eşitmezligiň ewezini doldurýar. Dowamly bolmadyk wibrasiýalar sagat adamyň organizme ruhlandyryjy täsir edýär, dowamly we intensiw wibrasiýalar—ýadadýar hem-de näsaglyk hadysalarynyň döremegine sebäp bolýar.

**Ys alyş duýmasy.** Ys alyş duýmasy distant syzgyrlyga degişlidir. Ys alyş duýmasyny döredäp gyjyndyryjylar maddalaryň owunjak belejikleri bolup, olar howa bilen burun boşlugyna düşüp, burun sowuklygyna ereýärler we reseptorlara

täsir edýärler. Haýwanlaryň giden bir toparynda ys alyş-esasy distant reseptordyr: haýwanlar ysdan ugur alyp, özlerine iömitt tapýarlar ýa-da üsttlerine abanýan howpdan goranýar1ar. Ys alyş duýmasy tagam biliş duýmasy bilen berk baglanyşykly bolup, ol iýmitleriň hilini kesgitlemäge kömek edýär. Ys alyş organizm üçin howply howa sredasy barada habar berip, käbir ýagdaýlarda olalaryň himiki sostawyny tapawutlandyrmaga mümkinçilik berýär. Tagam biliş duýmasy.

**Tagam biliş duýmasy.** Tagam biliş duýmasy galtaşmak bilen baglanyşyklydyr. Olar duýgy organy predmetiň özi bilen galtaşanynda ýüze çykýarlar. Tagam biliş organy dildir. Tagam biliş gyjyndyrylaryň dört esasy häsietlerini tapawutlandyrýarlar. Olar: **turşulyk, süýjülik, ajylyk, duzlulykdyr.** çak edilişine görä şol dört syzgynyň üstüne musgul syzgysy (diliň hereketi) hem sepleşýär we şol kombinasiýadan tagam biliş syzgylarynyň gammasy döreýär.

**Deri duýmalary.** Deriniň ýüzunde birnäçe özbaşdak analizator sistemalary bolýar. Olar: taktil (galtaşmagy syzmak), temperatura (sowugy we ýylyny syzmak), **agyrydyr.** Deri duýgurlygynyň hemme görnüşleri galtaşma duýgurlygyna degişlidir. Taktil duýgurlygyna endamyň hemme ýeri boýunça birsydyrgynsyz ýaýrandyr. Taktil reseptorlaryň has köp toplanan ýerleri eliň aýasy, barmaklaryň uçlary, maňlaý we dodaklardyr.

Eliň taktil syzgylary myşsa bogun duýgurlygy birleşip, syzmaklyk sistemasyny döredýär. Derä galltaşýan zadyň häsiýetlerini, onuň gatydygyny, ekizdigini, büdür-südürdigini, ýylmanaklygyny, formasyny we ş. m. anyk kesgitlemek üçin ony elläp görmeli bolýar.

Eger bedeniň daş ýüzüne el degirseň, soňra bolsa gaty bassaň, basyş agyry duýmasyny emele getirýär. Agyry duýgurlygynyň reseptorlarynyň uçlary deriniň aşagynda, taktil reseptorlardan çuňrak ýerleşendir Taktil reseptorlaryň köp mukdarda ýerleşen ýerlerinde agyry reseptorlary az bolýarlar.

Taktil duýgurlyk predmetleriň hili barada düşünje berýär. Agyry syzgylary organizme gyjyndyryjydan daşlaşmagy zerurlygy barada signal berýärler we olar magat otrisatel häsiýetlidir. Uzak wagtlap agyry syzgylary gyjyndyryjy barada habar bermeýär diýlip hasap edilip gelindi. Alymlaryň barlaglarynyň görkezişi ýaly, agyry syzgylarynda gyjyndyryjynyň intensiwligi, onuň hili (çümüji, kesiji, ýiti agyry) täsir edýän ýeri şöhlelendirilýär. Agyry duýgurlygy organizme ýetirilýän zyýan barada signal berýär.

Deri duýgurlygynyň üçünji görnüşi- temperetura duýmalary bolup, ol ýylylygy we sowugy syzmakdyr. Temperatura duýgurlygy organizm bilen daşky sredanyň arasyndaky ýylylyk alyş-çalşyny kadalaşdyrýar. Ýylylyk we sowuklyk reseptorlarynyň organizm boýunça bölünişi endigan däldir. Sowugy has gaty çalt syzýan ýer ýagyrnydyr, has az duýýan bolsa döşdür.

**Kinesteziki duýmalary.** Kinesteziki duýmalar diýip göwräniň aýry-aýry we beleklериniň hereketlerniň we ýagdaýlarynyň syzgylaryna aýdylýar. Kinesteziki duýmalaryň reseptorlary myşsalarda damarlarda ýerleşendir. Şol reseptorlaryň gyjyndyryjylary myşsalaryň süýnmeginiň we gysylmagynyň täsiri astynda döreýär. Kinestöziki duýmalryň netijesinde güýç, tizlik, gewräniň bölekleriniň hereketniň traýektoriýasy barada düşünjeler toplanýar.

Kinesteziki duýmalaryň ösdürilmegi okatmagyň möhüm meseleleriniň biridigi düşnüklidir. Zähmet, beden terbiýe, surat, çyzgy, çeper okaýyş sapaklary hereket ediş analizatorynyň mümkinçiliklerini we perspektiwalaryny nazara alyp planlaşdyrylmalydyr. Xereketleri öwrenmekde olaryň estetiki täsirlilik tarapynyň ähmiýeti ululyr. Ony terbiýelemek uçin tans etmek, çeper gimnastika, fehtowanie we sportuň hereketleriň gözelligini we ýeňilmegiňi ösdürýän beýleki gönüşleri bilen meşgullanmak zerurdyr,

**Organiki duýmalar.** Içki organlarda reseptorlylaryň

uly topary jemlenýädir. Olardan döreýän syzgylar adamyň organiki duýmalaryny özünde jemleýär. Käbir aýratyn organiki duýmalar hem tapawutlandyrylýar: mysal üçin, açlyk, suwsuzlyk, agyry duýgulary. Bu analizatorlaryň iş prinsipine açlyk duýmasynyň dinamikasynda seredip geçeliň. Açlyk duýmasy hökmünde döreýän syzmalaryň reseptorlarynyň ýerşişi henize çenli gutarnykly kesgitlenen däldir. Fiziologlaryň bir topary olar garynda erleşýärler diýip hasap edýärler, başga bir topary bolsa olary ganyň sostawyna kontrollyk edýän analizatorlar bilen baglanyşdyrýarlar. Dogrudan hem, ganda ýokumly maddalaryň azalmagy açlyk duýmasyny döredýär. Has dogrusy, açlyk syzgysynyň döremeginde şol reseptorlaryň ikisi hem rol oýnaýan bolsa gerek. Dokluk açlyk duýmasynyň ýitmegine getirýär, nahar iýleninden belli bir wagt geçeninden soň şol syzgylar ýe-de döräp başlaýarlaýarlar.

## § 3. Duýmalaryň kanunalaýyklyklary

Duýma bolan ukyplylyga duýgurlyk diýilýär. Duýgurlygyň iki sany görnüşleri bardyr. **Absolýut duýgurlyk we tapawuda bolan duýgurlyk.** Absolýut duýgurlyk-munuň özi sähelçe gyjyndyrmalary syzmaga bolan ykyplylykdyr. Tapawutlanma duýgurlygy, gyjyndyrmalaryň arasyndaky azajyk tapawutlary duýmaga bolan ukyplylyk diýmekdir.

Gyjyndyrmalaryň duýmany döretmeýänleri-de bolýar. Tenimiziň ustüne düsýän tozanlaryň galtaşmalasyny biz duýmaýarys, el- sagatlarynyň sesini eşitmeýäris. Duýmanyň dörsmegi üçin gyjyndyryjynyň güýjüniň belli bir ululyga ýetmegi zerurdyr. Çala bildirýän duýmany döredäp gyjynmanyň minimal ululylygy duýmanyň absolýut bosagasy diýilýär. Ululygy bosagadan aşakda durýan gyjynmalar duýmany döretmmeýär.

Duýmanyň bosagasynyň ululygy näçe az bolsa, bu gyjyndyryjylar barada absolýut duýgurlyk şonça köpdür.

Absolýut duýgurlyk, duýmalaryň absolýut bosaganyň ululygyna ters ululyk bilen häsiýetlenýär.

**Tapawutlanma bolan duýgurlygy** alyp gersek, onda ony häsiýetlendirmek üçin tapawutlandyrmak bosagasynyň ululygyny peýdalanýarlar.

Eger biz elimiziň aýasyna 100 g. pagta goýup, sonra onuň ustupe ýene 1 g. pagta goşsak, onda şu goşulan 1 g. pagtany hiç bir adam ten bilen syzyp bilmez. Ten duýgusynyň artandygyny duýmak üçin 100 g. pagtanyň üstüne azyndan 3-4 g. pagta goşmak gerekdir. Duýmalarynyň çala bildirýän tapawulyny berýän gyjyndyryjylaryň arasyndaky şol minimal tapawuda tapawutlanmanyň bosagasy diýilýär.

Ýagtylyk guýjuni tapawutlandyrmagyň bosagasy takmyňan 1/100 deňdir. Munuň özi, ýüz şemden ybarat ýagtylyk guýjune bir şem goşulanda ýagtylygyň artandygyny bildirýär diýildigidir.

**Duýgurlygyň uýtgeýjiligi.** Adamyň absolýut duýgurlygy we tapawutlanma duýgurlygy üýtgewsiz galmaýar, ýokarlanýar (ýitileşýär) ýa-da peselýär (kütelýär). Duýmalaryň bosagasy bilen duýgurlygyň arasynda ters gatnaşyk bar: duýgurlyk ýokary boldugyça, degişli bosaga pes (az) bolýar we tersine, duýgurlyk pes boldugyça, ol bosaga ýokary (köp) bolýar. Meselem, çilim çeýkänleriň ys alyş bosagasy çilim çekmeýänleriňkiden adatça ýokary bolýar, ys alyjylyk duýgurlygy bolsa şeýlelik bilen pes bolýar.

**Analizatora täsir edýän gyjyndyryjylara uýgunlaşmaklygyň netijesinde duýgurlygyň üýtgemegine adaptasiýa diýilýär.**

Duýmalaryň käbir görnüşlerinde adaptasiýa öran güýçli, başgalarynda bolsa juda ujypsyz bolýar. Güýçli adaptasiýa taktil, temperatura, ys alyş we görüş duýmalarynda, gowşak adaptasiýa bolsa, eşidiş we agyry duýmalarynda ýüze çykýar.

Eger-de güýçli gyjyndyryjylar birnäçe wagtyň dowamynda duýgy organlaryna täsir etseler, onda şu

gyjyndyryjylara bolan duýgurlyk ýuwaş-ýuwaşdan peselýär. Eger-de gyjyndyryjylar öräň gowşak bolsalar ýa düýpden bolmasalar, duýgurlyk artýar. Adam suwa düşünýän mahalynda ilki bada suw sowuk ýaly bolup görünýär, emma biraz wagt geçenden son, eýýam beden oňa öwrenişip suwuň onçakly sowuk dal bolup duýulýar.

Ys alyş duýmalarynda adaptasiýa has çalt başlanýar. Arassa howadan dem alyň erbet ýelejiredilen öýüň içine gireniňde onuň içindäki ýakymsyz ys ilki pursatda juda gaty duýulýar, emma birnäçe minut geçenden soň ys bildirmeýär.

**Görüşdäki** adaptasiýanyň aýratyn ähmiýeti bardyr. Garaňky jaýdan gün ýagtysyna çykan wagtynda adam birinji wagtda örýän erbet görýär, çünki güýçli ýagty adamyň gözüni gamaşdyrýar we gözleriniň gabaklaryny alaçsyz ýumulýar. Emma gözuň açyk ýagtylyga uýgunlanmagy we kadaly işläp başlamagy üçin dört-bäş minut wagt ýeterlikdir. Muňa ýagtylyga bolan adaptasiýa diýip at berilýär. Munuň tersine adamda garaňkylyga bolan adaptasiýa hem bolup geçýär. Biz açyk ýagtydan garanky öýe girenimizde ilki başda biz hiç zady bilmeýäris, emma welin biraz wagt geçenden soň, öýüň içindäki zatlary saýgaryp ugraýarys.

**Kontrast** hadysalary wagtynda hem duýmalaryň ýtgeýjiligi ýüze çykýar. Birwagtlaýyn kontrasta reňkiň birwagtlaýyn kontrastynyň mysalynda garap geçeliň. Mysal üçin, sargylt ýagtylykda garyň üstüne düşýän kölege gök ýa-da mawumtyl reňkde bolup görünýär; açyk ýaşyl ösümligiň fonundaky çal ýoda käwagt açyk gyzyl öwüşginde ýaly bolup gerünýär. Birwagtlaýyn yşyk kontrastynda gara zat açyk fonda has hem gara bolup görünýär we tersine (2-nj,i surat)

## Soraglar

1.Duýma diýip nämä aýdylýar?
2. Duýma hakynda şöhlelenme taglymatyny gysga-düşündiriň.
3. Duýmalaryň. nähili klassifikasyýasy bar?
4. Duýmanyň absolýut we tapawutlanma bosagasy diýip nämä aýdylýar?
5. Adaptasiýany düşündiriň we onuň görnüşlerine mysal getiriň.

# 10-NJY BAŞ. KABUL EDIŞ
## § 1. Kabul ediş hakynda düşünje

Kabul ediş daşky dunýäniň şöhlelendirilmesidir. Daşky dünýä bilen gös-göni aragatnaşyk saklananda, ol baradaky düşünjsleri biz diňe bir duýmanyň üsti bilen däl, kabul edişiň üsti bilen hem alýarys. Şöhlelenmäniň şu formalarynyň, ikisi hem akyl ýetiriş duýgusy prosesiniň zwenolarydyr. Olar özara aýrylmaz baglanyşyklydyrlar, ýöne olaryň her biriniň, tapawutly aýratynlyklary bardyr. Eger duýmanyň netijesinde, adam predmetiň aýry-aýry häsietleri, aýratynlyklary barada (eldamyma bir sowuk zat degdi, aýagymyň üstünden bir zat ýöräp geçdi, gözüme bir ýagty zat göründi diýen ýaly) düşünje alýan bolsa, onda kabul ediş predmetiň, ýa-da hadysanyň bütewi obrazyny (ýagty, giň. klas, oýnaýan oglan we ş. m.) berýär

**Kabul ediş munuň özi predmetler we hadysalar duýgy organlaryna täsir edenlerinde olaryň bölekleriniň we häsieýetleriniň bütewilikde şöhlelendirilmegidir.**

Kabul ediş dürli duýmalaryň esasynda döräp ýöne olaryň jemine syrykdyrylmaýar. Kabul ediş duýmalaryň, arasyndaky belli bir gatnaşyklara baglydyr.

Duýmany öwrenmeklige niýetlenen tejribäni geçireliň: öňünden gözüni ýuman ýoldaşyňyzyň eliniň aýasyna uly bolmadyk predmeti goýun. Synag edilýän adamda predmetiň diňe käbir häsiýetlerini şöhlelendirýän duýmalaryň obrazlary döreýär. Şol predmeti elläp görmek arkaly tutuşlygyna tanamak hem kyn däldir. Munuň özi kabul ediş obrazydyr. Onda özara baglanyşykly duýmalar şöhlelenýär.

Duýma bolmasa kabul ediş hem bolmaz. ýöňe kabul ediş duýmadan başga-da göz öňüne getirmeler we düşunjeler görnüşinde adamyň geçmişdäki tejribesini hem öz içine alýar. Kabul edilýän predmet, mysal üçin, elektron-hasaplaýjy

maşynyň täze warianty dürli, ýöne öňden tanyş predmetlere meňzeşdir.

Edebiýat sapagynda ýa-da kružogynda mugallym Magtymguly bilen Durdy şahyryň aýdyşygyny sorag - jogabyny «Habar ber-şeýledir» goşgusyny labyzly okamagy guranda:

O nämedir, ýaşyl-gyzyl öwüsýän?
O nämedir, aýagy ýok towusýan?
O nämedir, ýedi derýa böwüsýän?
Şahyr bolsaň, şondan bize habar ber!

„O nämedir, ýedi ülke gözýä?
O nämedir, bilin bir zat ezýä?
O nämedir, adam ýaly syzýa?
Şahyr bolsaň, şondan, bize habar ber!”- diýen

setirleriň jogabyny aýtmasada, okuwçylar onuň manysyna düşünmek üçin, durmuşy, daşky dünýäniň hadysalaryny göz öňüne getirmeli, olary utgaşdyrmaly, deneşdirmeli bolýar.

Kabul ediş prosesi şahsyýetiň beýleki psihiki prosesleri bilen bilelikde geçýär: pikirlenme, (biz öňümizde duran zada akyl ýetirýäris), sözleýiş (kabul edilýän predmetiň adyny tutýarys), duýgular (kabulýän zadymyza belli bir nazar bilen garaýarys), erk nähili bolsa-da kabul ediş prosesini ygtyýarly gurýarys) prosesleri bile amala aşyrylýar.

Daşky dünýäniň aýry-aýry predmetleriniň we hadysalarynyň biziň duýgy organlarymyza täsir etmegi netijesinde kabul edişiň predmetligi kemala gelýär. Kabul edişiň göze ilýän obrazy daşky dünýäniň belli bir predmetine degişlidir. Bu häsiýet biziň, özümizi alyp barşymyzyň, we işimiziň gönükdirilme funksiýasynyň esasydyr.

Kabul edişiň dolulygy we dogrulygy adamlaryň jemgyetçilik praktikasyna we tejribesine, predmet1eriň alamatlary we aýratynlyklary barada toplanan düşünjelere

baglydyr. Adam özüniň akyl ýetiriş işinde bilimi özleşdirýär, olary anyklaýar, giňeldýär, öz düşünjelerini jemgyete belli bolan duşünjeler bilen deneşdirýär.

**Kabul edişin fiziologik esaslary.** Kabul edişin, fiziologik esasy analizatorlar sistemasynyň kompleksleýin işidir. Reseptorlarda amala aşyrylýan

Ilkinji analiziň üsti analizatorlaryň beýni zwenolarynyň çylşyrymly analitik-sintetik işi bilen doldurylýar.

Student leksiýany kabul edeninde mugallymy görýär, onuň gurrüňini eşidýär, leksiýanyň esasy mazmunyny ýazýar. Hereket edýän gyjyndyryjylaryň kompleksi görüş, eşidiş, hereket ediş reseptorlarynda gyjynma döredýär. Emele gelen gyjynma beýnidäki barda merkezine iberilýär. Netijede kabul edişiň bitewiligini kesgitleýän wagtlaýyn nerw baglanyşyklarynyň çylşyrymly sistemasy emele retirýär. Bu baglanyşyklar bolsa şöhlelendirilýän hadysalaryň bütewiligini we predmetligini şertlendirýärler. Ikinji signal sistemasy (sözleýiş) şöhlelendirilýän predmetleriň düşünilmegine we oýlanyşykly bolmagyna ýardam edýär we adamyň kabul ediş obrazlarynyň formirlenme prosesini kadalaşdyrýar.

## § 2. Kabul edişin häsiýetleri

**Kabul edişiň seçijiligi.** Adama täsir edýän predmetleriň we hadysalaryň köp dürlüligi sebäpli, adam olaryň hemmesini kabul edip we hemmesine birden üns berip bilmeýär. Biz köp sanly täsirlerden diňe bir näçesini has aýdyň we aňly tapawutlandyrýarys. Bu aýratynlyk kabul edişiň, seçijiligini üpjün edýär. Seçijilikde şahsyýetiň kabul ediş aktiwligi ýüze çykýar.

Kabul edişiň seçijiligi şahsyýetiň höweslenşi gönükdirilmesine, isleglerine baglydyr. Sahnalaşdyrylan oýny kabul ediş şahsyýetiň gönükdirilmegine baglylykda dürli-dürli bolup biler: oýna tomaş etmek we dinlemek ýa-da oňa seretmek

we şol oýnuň rollarynyň birinde haýsydyr bir belli artisti diňlemek. Adamyň kabul edýän zada bolan gatnaşygy kabul ediş prosesiniň guralyşyny we geçişini kesgitleýär.

**Kabul edişiň predmeti we fony.** Mugallym frontal sorag geçirilende jogap bermek üçin yzly-y.çy! birnäçe okuwçyny çagyrýar. Her bir pursatda mugallymyň we okuwçylaryň kabul edişinde soralýanlar biriniň jogaby has aýdyn göze ilýär. Jogabyň mazmuny we formasy, jogap berýän okuwçynyň özüňi alyp barrşy kabul edişiň predmetidir. Galan okuwçylaryň heketleri (olaryň üns berşi, ellerini galdyryşlary we başgalar) kabul edişiň predmeti bolmaklaryny bes edýärler we kabul edişiň, fonuna öwrülýärler. Jogap bermäge soňky çagyrylan, özal kabul edişiň fonuňda duran okuwçy indi kabul edişiň predmetine öwrülýär. Klasyň kabul edişiniň merkezinde okuwçynyň bilimi, bilimleri özleşdirişi, başarnygy| galýar. Kabul edişiň predmeti we fony üýtgeýjilige mahsusdyr. Ozal kabul edişiň predmeti bolan zat zerurlygyňyň ýoklugy ýa-da işleriň tamamlanmagy sebäpli fona goşulyp biler. Fondan haýsydyr bir zat wagtlaýynça kabul edişiň predmetine öwrülip biler. Predmetiň we fonuň, özara gatnaşygynyň üýtgeýjiligini ünsüň olaryň birinden beýlekisine geçýänligi bilen düşündirmek bolar.

Kabul edişiň psihologik kanunalaýyklygyňyň biri - kabul edişiň predmetiniň fondan bölünip aýrylmagynyň we bu çalyşmaklygyň üýtgeýjilik häsiýeti - goşalaýyn şekil diýilýän (3, 4, 5-nji suratlarda) şekillerde has gowy görünýär.

Predmetiň bölünýän konturyna baglylykda kabul edişiň dürli-dürli bolup biler. Eger kubuň 1, 2, 3 meýdanlaryny birikdirseň, alty kub kabul ediler, 3, 4, 5, meýdanlaryň birikdirilmegi bolsa 7 kubuň kabul edilmegini üpjün eder (3-nji surat).






4-нжи сурат



5-нжи сурат

Serederiň basgançagy (4-nji surat) diýip atlandyrylan şekil üçleýin şekillendirmegiň mysalydyr. Eger aşaky burçdan diagonal boýunça ýokarlygyna seretseň, basgançak gerüýär. Eger şu şekile sagdaky ýokarky burçdan aşaklygyna diagonal boýunça seretseň, asylyp duran karniziň kabul edilişi döreýär, Eger diagonal boýunça çepden saga we tersine sagdan çepe gözuňi aýlasaň, eplenen kagyzyň çal zolaklarynyň kabul edilişi ýüze çykýar.

Aýalyň goşalaýyn şekiline syn edip, ony burnuny galdyryp duran ýaş aýal hökmüde-de, äpet burunly gartaşan

aýal hökmünde-de kabul etmek bolar.

Predmet bilen fonuň gatnaşyklarynyň aýratynlyklary praktikada reňk, forma, köçeleriň geçilýän ýerleri üçin harplar, transport belgileri saýlanylanda göz öňünde tutulýar. Strelkaçylar, demir ýol, beýleki ýollaryň işçileri liniýalarda işleýän wagtlary ýörite tikilen mämişi jilet geýärler. Tebigatda mämişi reňk seýrek duş gelýär, şonuň üçin hem mämişi eşikli adam ýeriň, garyň, asfaltyň fonupda has aýdyň görülýär.

**Appersepsiýa.** Kabul edişiň geçişiniň mazmuny we häsieti aýry-aýry adamlaryň gönükdirilmesine, olaryň durmuş tejribeleriniň aýratynlyklaryna, höweslerine, şahsyýetiň umumy gönükdirilmesine baglydyr. Çekilen suratyň sazyň, kinokartinanyň kabul edilişi adamlaryň her birinde özboluşly bolýanlygy bellidir. Käte adamyň hakykatda bar zady dal-de, öz isleýän zadyny kabul edýän wagty hem bolýar.

Kabul edişiň mazmunyň we gönükdirilmesiniň adamyň tejribesine, onuň bähbitlerine, durmuşa garaýşyna, ustanowkalaryna, düşünjeleriniň baýlygyna bagly bolmagyna appersepsiýa diýilýär. Appersepsiýa kabul edişiň möhüm aýratynlyklarynyň býridir. Kabul edişi organ hökmunde gözüň ýeke özi ýerine ýetirmeýär, sesi diňe bir gulagyň özi eşitmeýär, diliň diňe özi tagamlary tapawutlandyrmaýar. Kabul edişiň ähli görnüşleri anyk, janly adam taranyndan ýerine ýetirilýär. Kabul edişde hemişe hereket edýän, öwrenýän adamyň aýratynlyklary ýüze çykýar, onuň arzuwlary, islegleri, duýgulary we kabul edilýän predmete bolan belli bir garaýyşlary göze ilýär.

Appersepsiýa şahsyýetiň kabul edişine aktiw häsiýet berrýär. Adam predmetleri kabul etmek bilen olara belli bir garaýyş bildirýär: Mysal üçin, studentleriň metodik-bilimleri kabul etmäge bolan garaýyşlary öwrende praktika geçmezinden öň we soň tapawutly Nrlir. Praktika döwründe studentleriň dürli görkezme esbaplary we tehniki serişdelerini öwrenmäge we peýdalanmaga bolan isleglerniň aktiwligi üzül-kesil ýokarlanýar, sapagy geçirmegiň dürli usullarynyň we

metodlarynyň zerurlygyna has çuň akyl ýetirilýär.

Kabul edişiň manylylygy we jemlenenligi. Kabul edişmunuň özi diňe bir duýgy obrazy bolman, ol saýlan obýekti öwrenmekdir. Adam özi üçin belli bir ähmiýeti bolan predmetleri kabul edýär. Predmetiň maksadyna we mazmunyna akyl ýetirilmegi mynasybetli olary maksada laýyk ulanmak, olar bilen praktiki iş alyp barmak mümkinçiligi döreýär. Kabul edişiň manylylygy predmetleriň mazmunyna düýünmek, kabul ediş prosesinde adamyň pikirlenmeginiň üsti bilen gazanydlar. Biz predmeti kabul etmek bilen, onuň dogry adyny ýa-da nämäni ýatladýandygyny aýdyp bileris. Adam täze predmetleri kabul edeninde, diňe bir öňünde duran zadyň nämedigini bilmäge dälde, eýsem kabul edilýän predmeti özüne belli bolan predmetleriň belli bir toparyna degişli etmäge, deneşdirmage, tapawutlanmaga çalyşýar.

Islendik seýrek duşýan hadysany umumy zadyň aýratyn ýüze çykmasy hökmünde şöhlelendirmekligi kabul edişiň jemlenmegini döredýär. Kabul edişiň bir aktynda jemlenmäniň belli bir derejesi bardyr. Kabul ediş prosesinde islendik hadysa, özümizde bar bolan bilimleriň, toplan tejribämiziň nukdaýnazaryndan düşünýäris. Munuň özi bolsa, ozal kemala gelen bilimler sistemasynyň üstüne täze bilimleri goşmaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin çylşyrymly güllüler maşgalasyndan bolan ösümlikleriň esasy häsiýetlerini bilmek, okuwçylara ýönekeý ýa-da köp gul ýaprakly, uly ýa-da kiçijik astralary şol häsiýetleriň birine degişli etmäge mümkinçilik berýär.

Kabul edişiň jemlenenlik derejesi adamda bar bolan düşünjeleriň aýratynlyklaryna, ýagny bilimleriniň möçberiniň derejesine baglydyr. Meselem kabul edilýän açyk gyzyl güljagaz ýa-.da astra hökmünde, ýa-da çylşyrymly güllüler maşgalasynyň wekili hökmünde tanalýar. Tagtada çyzylan ýa-da kartondan ýasalan geometrik figura prizma hökmünde ýa-da geomet0rik prizmatik figuranyň hususy ýüze çykmasy

hekmünde akyl ýetirilýär Kabul ediş söz bilen alnyp barylýar. Biziň kabul edýän zatlarymyz: «Bu - iki basgançakly raketanyň modeli», «Bu priborlary elektrik zynjyryna goşmagyň yzygiderliliginiň shemasy» diýlip (daşyndan ýa-da içinden) atlandyrylyp bilner. Predmetiň adyny tutmak kabul edişiň jemlenenlik derejesini ýokarlandyrýar.

**Kabul edişiň konstantlygy.** Konstantlyk diýlip, kabul edilýän ululygyň aralyk, ýagtylyk derejesi üýtgäninde, onuň formasynyň we reňkiniň otnositel hemişelik galmagyna aýdylýar. Jaýyň içinde hereket eden wagtymyz diwarda asylgy duran suraty, oňa golaýlaşmagymyza we daşlaşmazlygymyza garamazdan, ony bir meňzeş ululykda kabul edýäris.

Kabul edişiň konstantlygy mundan başga-da predmetleriň formasyny we reňkini görüş arkaly kabul etmekde duýulýar. Meselem, okuwçylar botanika sapagynda görkezilän materiala syn edýärler, öz oturan ýerinden geçirilýän tejribelere tomaşa edýärler. Olaryň her biri şol bir materialy öz nukdaýnazaryndan, aralykdan kabul edýär. Emma predmetiň obrazyny olaryň ählisinde şol bir ululykda, formada kabul edilýär. Açyk günüň ýagtysynda, bulutly, öçügsi säherde, agşamyň garaňkysynda elektrik yşygynyň astynda klas tagtasy gara, potolok ak, depderiň daşy gök görnüşde kabul edilýär. Görünýän reňkiň otnositel üýtgemezligi diňe kesgitli şertlerde saklanýar. Has açyk reňkli ýagtylykda reňkiň konstantlygy bolýar. Predmetler üýsýýän ýagtynyň reňkine geçýärler. Biz üýtgäp duran açyk-gyzyl, melewşe, ýaşyl we beýleki ýagtylyklara baglylykda aktýoryň kostýumyňyň, ýüzüniň reňkiniň üýtgeýänligini görýäris. Ak yşyk beriji çyralar ýanýança, geýimiň hakyky reňkini kesgitlemek kyn bolýar.

Kabul edişiň konstantlygy şahsyýetiň indiwidual ösüş prosesinde toplanan tejribe bilen düşündirilip, onuň durmuş üçin uly praktiki ähmiýeti bardyr. Ol kabul edişiň takyklygyny üpjün edýär.

Eger kabul edişiň konstantlygy bolmadyk bolsa, onda

biz her bir ädimimizde, öwrümimizde, hereketimizde ýagtylygyň her bir üýtgemeginde täze predmetlere duşýan ýaly bolup, öňden belli bolan tanyş zatla hem tanamagymyzy bes ederdik.

## § 3. Kabul edişiň görnüşderi

Daşky dünýäni kabul etmek köptaraplydyr. Kabul edişiň birnäçe görnüşleri bardyr. Olar özboluşly tapawutlanýarlar.

**Wagtyň kabul edilişi.** Wagtyň kabul edilişi – munuň özi hadysalaryň ýa-da wakalaryň, dowamlylygynyň we yzygiderliliginiň şöhlelenmesidir. Wagty, kabul edilişi mynasybetli töweregimizde bolup geçýän özgerişler aňda şöhleleidirilýär.

Wagt aralyklary adamyň organizminde bolup geçýän ritmik prosesler bilen kesgitlenilýär. Ýüregiň iş ritmi, ritmik dem alyş, gundelik işiň ritmik häsiýeti wagt refleksiniň döremegiňe täsir edýärler. Takyk, gös-göni wagt kabul edilişine, diňe wagtlaýyn gysgajyk aralyklar tabyn bolýar. Wagtlaýyn aralyklara has dogry baha bermäge eşidiş we hereket ediş duýmalarynyň ýardam edýändigi anyklandy. Wagty kabul edilişinde gysga wagt aralyklaryny uzaltmaga (meselem, gyzykly söhbeti), uly wagt aralyklaryň azaltmaga bolan meýiller ýüze çykýar.

Wagt uzaklygyny kabul etmek adamyň edýän işiniň ähmiýetine baglydyr. Gyzykly, ähmietli işler bilen doldurylan wagt çalt geçýär. Okuwçylar sapakda aktiw akyl işi bilen meşgullanýan bolsalar, wagtyň nähili geçýänini bilmeýärler. Tersine, eger okuwçylaryň işeňňirligi höweslendirilmese, sapak gutarnyksyz uzaga çekýär.

Wagta baha bermäge, şeýle hem şahsyýetiň gönükdirilmesiniň täsiri ýetýär. Ýarýamaz hadysalara garaşmak tiz geçýän wagtyň kabul etmesini- ýüze çykarýar. Ýakymly zatlara garaşylýanda, islendik wakanyň wagty haýal geçän ýaly

bolup duýulýar.

Geçmişi ýatlamakda wagta başgaça baha berilýänligini görmek bolýar. Geçmişde aladalar, işler bilen doly bolan wagt has uzak dowam eden hökmünde ýatlanylýar, ömrüň gyzyksyz we birmeňzeş wakalaly döwri bolsa, çalt geçen wagt hökmünde ýatlanylýar.

Wagta baha bermekdäki käbir subýektiwizm adamyň ýaşyna hem bagly bolýar: çagalar üçin wagt haýal geçilýän ýaly bolsa, uly adamlar wagtyň çalt geçýänligine haýran galýarlar.

Hereketiň kabul edilişi. Hereketiň kabul edilşi diýip, predmetleriň giňişlikdäki ugrupyň we tizLiginiň şöhlelenmesine aýdylýar. Ol adamlara we haýwanlara, otnositel özgerişlerinden ugur almak; mumkinçilik berýär.

Adam predmetleriň oriunyn üýtgeýänligi barada düşünjäni, hereketi gös-göni kabul etmek arkaly alýar.

Çaganyň haýsy tarapa ugrandygyny, otlynyň nähili tizlik bilen geçýädigini giňişlikde ugur kesgitlemek boýunça tejribesi bolan adamlar kesgitläp biler. Hereketiň kabul edilişiii kesgitlemäge şeýle netije çykarmak arkaly amala aşyrmak bolar. Meselem, awtomobiliň tizlitinde azajyk üýtgeşme bolanlygyna, spidometriň görkezijisindäki üýtgeşme seredip baha berýärler. Ylgamagyň, ýöremegiň, bagryň bilen suýşmegiň, bökmegiň özüňi alyp baryş ýagdaýlary bolýar. Şol ýagdaýlara esaslanyp, şahsy tejribe boýunça edilen hereket barada netije çykarylýar.

Hereketiň kabul edilişi görüş, eşidiş, kinsetezik analizatorlar tarapyndan amala aşyrylýar. Hereketiň kabul edilişine indiwidual tejribe we şahsyýetiň töwerekdäki sredada bolan özgerişlere akyl ýetirişi ýardam edýär. Her bir adamyň düşünjesine baglylykda garaňky agşamda asman giňişligiňdäki ýyldyzlaryň hereketini synlamak, ýeriň öz okunyň Yňynda aýlanmasy ýa-da ýyldyzlaryň hereketi hökmünde kabul edilip bilner.

**Adamyň adamy kabul edişi.** Aragatnaşyk saklamak

prosesinde her bir adam özara iş salyşýan adamlarynyň obrazlarynda we düşünjelerinde özüniň ýaş, jyns konstitusion, psihologik aýratynlyklary bilen bilelikde şahsyýet hökmünde, indiwiduallyk hökmünde şöhlelendirilýär. Bilelikdäki işiň wezipelerine, aragatnaşyk saklanýan ýagdaýa, töwerekdäkileriň häsiýetlerine baglylykda şahsyýetiň aýratynlyklarynyň her biri özboluşly şöhlelendirilip bilner. Sözleýiş gatnaşyklarynyň prosesinde adamyň daşky keşbiniň aýratynlyklary, olaryň özlerini alyp baryş, endikleri, dili, emonional ýüze çykmalary, gös-göni reaksiýalary, hereketleri we ş. m şöhlelendirilýär. Çylşyrymly psihiki hadysalar adamyň başdan geçirmeleriniň ýa-da şu pursatdaky psihiki prosesleriň üýtgemegine baglylykda yzygiderli täzeden guralýar, Her bir täze struktura, mimika, pantomimika, sözlenýän sözüň äheňi, aňlatmalaryň ekspressiýasy bilen goşulyp, beýleki adam üçin signal we informasiýa bolup hyzmat edýär. Şatlygy, gynanjy, gorkyny, ýigrenji, ýygralygy şöhlelendirýän täsirli hereketler şeýle ýagdaýlaryň signalydyr. Bu hadysalaryň diňe bir töwerekdäki adamlar uçii informasion ähmiýeti bilen bir hatarda olar dolandyryş funksiýasyny ýerine ýetirýärler. Gürrüňdeşler belli bir psihologik aragatnaşyga taýýarlanýarlar, köpsanly ugurdaş hadysalaryň içinden özleri üçin has ähmiýetli alamatlary tapawutlandyryp, özüni alyp baryşyny üýtgedýärler.

Adamyň adamy kabul edilişini öwrenmäge bagyşlanan barlaglarda emosional ýagdaýlary tapawutlandyrmak üçin, ýüzüň görnüşiniň aýratyn ähmiýetiniň bardygy nygtalýar. Hereketleriň uly habar berijilik ähmiýeti bardyr. Olar boýunça adamyň daş töweräge, wakalara bolan garaýyşlary barada netije çykarmak bolar. Adamyň hereketleriniň aýratynlyklary şahsyetiň aýry-aýry häsiýetlerini ýüze çykarýar. Meselem, suýrenjeňlik, başagaýlyk, jögülige meýillilik we ş.m; özboluşly hereketlerde ýüze çykýar. Adamyň ýöreýşine syn etmek (onuň ritmine, tizligine, üýtgeýjiligiňe, durnuklylygyna, maýyşgaklygyna), onuň psihiki ýagdaýy, edýän işi barada

(deňizçi, soldat, sportsmen, balerina) netije çykarmaga kömek eder. Adamyň dil aýratynlyklaryny kabul etmegiň netijesinde: sözleýşiň çaltlygy, jümleleriň uzynlygy, sözlemleriň düzülişi, çeperçilik serişdeleriniň, aňlatmalaryň, deňeşdirmeleriň, meňzetmeleriň ulanylmagy, basymlaryň, sözleýşiň ýalňyşlyklarynyň ýerleşişi we ş. m. barada maglumat almak bolar. Diliň stilini gurrüňdeş taranyndan baha berlip, bu gürleýän adamyň şahsyýeti baradaky umumy düşünje täsir edýar. Adamyň dil aýratynlyklaryny kabul etmegiň üsti bilen nätanyş adamlaryň sözleýiş diliniň mazmunyna görä, olaryň hünärini kesgitlemek bolar: wraç, mugallym, gurluşykçy, söwda işgäri, öý hojalykçy we ş. m.

**Ygtyýarsyz we ygtyýarly kabul ediş.** Şahsyýetiň işiniň maksada okgunlylygyna baglylykda kabul edişi ygtyýarly we ygtyýarsyz diýen toparlara bölýärler. Ygtyýarsyz kabul ediş töwerekdäki predmetleriň aýratynlyklary (olaryň açyklygy, hatara durşy, üýtgeşikligi), şeýle hem bu predmetleriň şahsyýetiň isleglerine laýyk gelýänligi bilen döredilýär. Siz köçeden barýarkaňyz maşyňlaryň sesini, adamlaryň gürrüňini eşidýärsiniz, açyk witrinalary görýärsiňiz, dürli yslary we başga köp zatlary kabul edýärsiňiz. Ygtyýarsyz kabul edişde öňünden goýlan maksat bolmaýar. Onda erk aktiwligi hem ýokdur.

Ygtyýarly kabul edişde adamyň öňünde maksat goýýar, (özüňde döreýän hyýaly, islegi amala aşyrmak üçin, belli bir tagallalar edýär. Kabul ediş obýektini ygtyýarly saýlap alýar. Meselem, elektron-hasaplaýjy maşynyň ýüze üzeliniň shemasyny syn etmek, doklad diňlemek, ýa-da kitaplaryň tematik sergisine tomaşa etmek şeý-de kabul ediş bolýar.

Töwerekdäki zatlara akyl ýetiriş prosesinde kabul ediş syn etmeklige geçip biler.

## §4. Synlamak, synçylyk we kabul edişiň tipleri

**Synlamak.** Munuň özi şahsyýetiň gyzyklanýan obýektleriniň maksada laýyk, planly kabul edilmegidir. Ol

ýggtyýarly kabul edişiň has ösen formasydyr. Synlamak şahsyýetiň uly aktiwligi bilen häsiýetlendirilýär. Adam gözüne ilen zatlaryň hemmesini kabul etmän, özi üçin möhümlerini, gyzyklylaryny saýlap alýar. Synçy predmetleri tapawutlandyrmak bilen, kabul edişi şol predmetler nazardan düşmez ýaly edip guraýar, kabul edýän zadyny üns merkezinde saklaýar.

Synlamak şahsyýetiň içki aktiwligini ýüze çykarýar. Ol adamyň akylynyň, duýgularynyň ne erkiniň aýratynlyklary bilen berk baglanyşyklydyr. Ýöne synlamakda bu häsiýetleriň gatnaşmaklygy synlamagyň maksatlaryna, synçynyň özüniň häsiýetlerine baglylykda dürli-dürli bolar. Şonuň üçin synlamak döwründe bir ýagdaýda, köplenç ukyplylygyň alamatlary duýlup, başga bir ýagdaýda bolsa, emosional ýa-da maksada okgunlylyk göze ilýär.

**Synçylyk.** Eger adam synçylyk boýunça yzygider türgenlesýän bolsa, synçylyk medenietini kämilleşdirýän bolsa, onda şahsyýetiň synçylyk häsiýeti ösýär. Synçylyk - munuň özi predmetleriň we hadysalaryň we hadysalaryň, ýöne göze az ilýän aýratynlyklaryny görmegi başarmakdyr. Ol söýgüli işiň bilen yzygiderli meşgullanmak prosesinde öwrenilýär. Şonuň üçin hem ol şahsyýetiň professional islegleriniň ösüşi bilen baglanyşyklydyr, ol mugallymlara we ylmy-barlag işini alyp barýan adamlara degişlidir.

Synçylyk şahsystiň häsiýeti bolmak bilen, adamyň psihiki prosesleriniň strukturasyny we mazmunyny üýtgedýär. Mugallymyň synaglardan geçen synçylygy, onuň pedagogik edenliliginiň ösmegiňe ýardam berýär. Mugallym çagalar bilen iş alyp barýan wagtynda klasyň ýa-da aýry-aýry okuwçylaryň adaty iş ýagdaýyndap daşlaşýandygyny görýär. Bu ýagdaý umuman, çala göze ilip, käbir oturan adamlar bolsa ony düýpden bilmeýärler, synlap kabul etmegi başarmaýarlar.

Okuwçylaryň synçylygyny ösdürmek- olaryň bilimleriň sistemasyny ele almaklary üçin zerur şertleriň biri hem-de şol

bir wagtyň özünde mugallymyň terbiýeçilik işiniň möhüm özbaşdak meselesidir. K. D. Uşinskiý okatmak synçylyk ukybyny turgenleşdirmelidir diýip belleýärdi. Bu barada türkmen nakyllarynda: «Eşiden deň bolmaz, görýän göz bilen» diýlip, örän ýerlikli pikir öňe sürülýär.

Okatmak prosesinde görkezme esabaplary, tehniki serişdeleri ulanmaklygyň okuwçylaryň synçylygyny ösdürmek üçin uly ähmiýeti bardyr. Şeýle-de, synçylyk okuwçylaryň tebigat hadysalaryna syn edýän ma-haly, ýaş naturalistleriň işinde, krujoklar geçirm lende, tomusky dynç alyş döwründe dürli syn etmeleriň netijesinde ösýär we kämilleşýär. Synçylyk okuwçylaryň gözýetimini, düşünjesini baýlaşdyrýar,

**Kabul edişiň we synlamagyň tipleri.** adamzat durmuşynda, adamlaryň kabul etmesini psihologik taýdan öwrenmekde kabul edişiň we synlamagyň aşakdaky esasy tipleri ýüze çykarylýar: sintetik, analitik, analitik-sintetik we emosional tipleri.

Sintetik tipli adamlarda hadysalary umumylaşdyryp şöhlelendirmäge we bolup geçýän zatlaryň esasy manysyny kesgitlemäge bolan ukyp duýulýar. Olar ownuk zatlara üns bermeýärler we olar bilen içgin gyzyklanmagy halamaýarlar. Kabul edişiň şeýle tipinden bolan mugallym edilen işiň sebäpleriniň analizine üns bermän, okuwçylara: «Tertipli», «yhlasly», «ak ýürekli», ýa-da «tertipsiz», «biedep» diýen ýaly örän gysga we umumylaşdyrylan baha berýär. Çagalaryň hereketleri mugallym üçin tiz ähmiýetini ýitirýär. Onuň okuwçy baradaky pikiri pugta bolmagynda galýar. Mugallym özüniň sintetik tipli kabul edişi özünde jemleýändigini duýsa, onda kem-kemden kabul edişiň beýlki tiplerine geçip biler. Ol hakyky terbiýeçi bolmak, juwçylara dogry psihologik häsiýetnama bermek üçin, kabul edişini we synçylygyny terbiýelemelidir.

Daşky dünýäni aňda dogry şöhlendirmegi kiçi ylylarda kemala getirmek üçin, dürli soraglaryň üsti bilen olaryň

synçylygynyň we kabul edişiniň göňükdirilip durulmagy zerurdyr.

Analitik tipli adamlar durmuş hadysalaryna umumylaşdyrylan baha bermäge az meýillidir. Olar üçin detallary jikme-jik tapawutlandyrmak we analiz etmäge çalyşmak häsiýetlldir. Olar jikme-jikligiň ähli ýagdaýlaryna üns berip aralaşýarlar. Şeýle adamlar ownuk zatlara gsreginden artyk üns berip, köplenç hadysanyň esasy manysyna düşünmekdir kynçylyk çekýärler. Şeýle tipli mugallym okuwçy şahsynyň esasy alamatlaryny germän, hereketlerine üns berýär. Analitik - sintetik tipli adamlar hadysanyň esasy manysyny we ykrar edilişini düşünmäge meýillidir. Şeýle adamlar bölekleriň, analizini netijeler bilen, faktlaryň düşündirilişi bilen deňeşdirýärler.

Galyberse-de durmuşda hadysalaryň we onuň aýratynlyklarynyň mazmunyň tapawutlandyrmak däl-de, ozaly bilen özüniň şol hadysalar tarapyndan döredilen başdan geçirmelerini aýtmaga meýilli bolan adamlara duş gelmek bolýar. Şeýle adamlaryň kabul edişi we synlamasy bulaşyk we guramaçylyksyzdyr. Olar kabul edişiň emosional tipinden bolan adamlardyr. Olarda dürli-dürli gyjyndyryjylara ýokarlandyrylan emosional ynjalyksyzlyk duýulýar. Olar daşky
hakykaty predmetleýin şöhlelendirmekden öz başdan geçirmelerine, duýgularyna gereginden artyk ähmiýet bermeklige çalyşýarlar.

Mugallym özüniň gündelik işinde okuwçylaryň kabul edişiniň indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Bu okatmak we terbiýe bermek prosesinde adatdan daşary möhüm wezipe hökmünde durýar. Bu wezipäniň maksady okuwçylarda daşky dünýäni has obýektiw şöhlslendirmäge bolan başarnygy kemala getirmekdir. Mugallym geometriýadan uçburçluklaryň meňzeşligi hakynda gürrüň edende, dürli uçburçlyklaryň şekilini, çyzgysyny synlamak bilen,

okuwçylarda olaryň aýratynlygyny häsiýetlendirişiniň analizlep biler.

Her bir sapagyň, pedagogik, psihologik situasiýalaryň okuwçylar tarapyndan kabul edilişini, syn edilişini guramak we ýolbaşçylyk etmek okuw işiniň netijeliligi üçin möhümdir.

## SORAGLAR

1. Kabul ediş näme we ol duýmalardan näme bilen tapawutlanýar?
2. Kabul edişiň fiziologik esaslaryny aýdyp beriň.
3. Kabul edişin seçijilik häsiýeti nämä bagly bolýar?
4. Kabul edişin predmeti we fony näme?
5. Wagtyň tiz geçmekligi we geçmezligi nämä bagly?
6. Synlamagy we synçylygy häsiýetlendiriň.

# 11-NJI BAŞ. ÝAT

## § 1. Ýat barada umumy düşünje

**Ýadyň kesgitlenilişi.** ÝAt adamyň psihiki durmuşynyň esasydyr. Täsir edýän gyjyndyryjylaryň yzy saklanyp galmasa, her bir duýma we kabul ediş adamyň öňünde ilkinji gezek dörýän zat hökmünde durardy we adam daşky sredadan ugur almasyny bes ederdi. Göz öňüne getirmeleriň toplumy bolmasa, onda obrazlar döretmek mümkin däldir, çünki şol göz eňüne getirmeleri özgerdip, täze bir zat döretmek bolýar. Göz öňüne getirmeleri we düşüijeleri peýdalanmak üçin, olary ýatda saklamak zerurdyr. Ýat bolmasa, adamyň «men» gurluşynyň bütewiligi, dünýä bolan belli bir garaýyşlary, durnukly islegleri, motiwleri, onuň özüňi şahsyýet hökmünde duýmagy mümkin däldir. Kliniki gözegçiliklerden gerünişi ýaly, «ýatsyz adam» şahsyýet bolmasyny bes edýär.

W. I. Lenin şahsystiň ýadynyň we onuň tejribesiniň baýlygyna ýokary baha beripdi. Ol ýadyň aňly-düşünjeli şahsyýetde kemala gelşiniň ynamlylyk bilen baglydygyny nygtaýardy.

Ýat prosesine psihiki durmuşyň esasy hökmünde seretmek bolar. Ýat munuň özi çylşyrymly psihiki prosesleriň toplumyny özünde jemläp, adam ony aktiw ele almak bilen peýdaly informasiýa almagy we aňynda saklamagy, zerur bolan wagtynda ýene-de ony ýadyna ýa düşürmegi dolandyrýar.

**Ýat - bu durmuş hadysalaryny we şahsyýetiň işini ýatda galdyrmak, ýatda saklamak we gaýtadan dikeltmekdir.**

## § 2. Ýadyň esasy prosesleri

**Ýatda saklamak.** Ýatda saklamak prosesi üç formada bolup geçýär: ýatda galdyrmak ( ygtyýarly we ygtyýarsyz ýatda saklamak

**Ýatda galdyrmak — materialyň birnäçe sekuntlap birgezek görkezilmegi netijesinde wakanyň gysga wagtlaýyn we uzak wagtlaýyn ýatda pugta we dogry saklanyp galmagydyr.** Ýatda galdyrmak ýoly bilen gysga wagtlaýyn ýatda eýdetik obrazlar döreýär. eýdetizmiň özboluşlylygy şundan ybaratdyr: synag edilýän adam bir surata göz aýlanyndan soň, ýüzüni öwrüp, onuň bölekleri, detallary barada edil şu wagt görülýäň zadyň obrazy kimin olary birme-bir gaýtadan dikeldýär. Gysga wagtlaýyn ýatdaky eýdetizm, aýratyn hem çagalarda köp duş gelýär. Eýdetiki obrazlar yzygiderli obrazdan olarda predmetiň özüne mahsus bolan reňkiň we durnukly formanyň saklanyp galýanlygy bilen tapawutlanýar.

**Ygtyýarsyz ýatda saklamak** - munuň özi wakalaryň (birnäçe gezek gaýtalanmagy netijesinde olaryň ýatda galmagydyr. Ygtyýarsyz ýatda saklamak hemişe bolup durýan, gaýtalanýan wakalary şöhlelendirýär. Çaga bir ýaşanyndan soň, belli bir dil sredasynda bolmak bilen ene diliniň sözlerini ýat tutýar. Mugallym mekdep okuwçylary bilen birnäçe gezek düşuşandan soň, olar Bilen sapak geçirmese-de, käbirini ýatda saklaýar.

Adamyň ýatda saklamagynyň esasy formasy ygtyýar1y ýatda saklamakdyr. Ol zähmet çekmek, adamlaryň aragatnaşyk saklamagy netijesinde döräp, zähmet çekmek üçin zerur bolan bilimleri, öňdäkleri ýatda saklamak, ýerine ýetirmek zerurlygy bilen baglydyr. Okatmakda ýatda saklamaly materialyň möçberi' uly bolsa, ýa-da işiň maksadyna laýyklykda informasiýalaryň uly möçberini ýatda saklamaly boLanda,

adam ýa tutmaklyga geçýär.

**Ýat tutmak -** munuň özi haýsydyr bir materialy ýatda saklamak maksady bilen ýatda galdyrmakdyr. Ýat tutmak ýörite guralan mnemik (ýat tutmak usuly) işi bolup, ol şahsyýetiň maksatlary we meýilleri bilen bagly zatlaryň, aňda saklanyp galmagyna gönükdirilendir,

Okuwçy daşary ýurt diliniň sözlerini özüne ýaraýanlygy üçin däl-de, olary ýadynda saklamak üçin köp gezek gaýtalaýar. Mugallym klas bilen işlemäge başlanyn-da, okuwçylary ýatda saklamagy maksat edýär. Okamakda ýat tutmak. bilimleri ele almagyň zerur şertleriniň biridir.

Ýatda saklanylýan materialdaky baglanyşyklar, häsiýetine laýyklykda mehaniki we many boýunça ýatda saklamalary tapawutlandyrýarlar. Mehaniki baglanyşyklar ýatda saklanylýan obýektiň giňişlik ýagdaýyny, wagt yzygiderliligini şöhlelendirýär. Many baglanyşyklar - kanuny baglanyşyklary şöhlelendirýär. Köplenç ýatda saklamagyň tärlerine baha berlende bu görnüşler biri-birine garşy goýulýar. Many boýunça ýatda saklamaklyga ýokary baha berlip, ol köp gezek gaýtalamagy talap etmeýär. Mehaniki ýatda saklamagyň roluna kembaha garalýar, sebäbi ol diňe ýatdan gaýtalamak bilen deň tutulýar. Dogrudan hem, mehaniki ýatda saklamak, materialyň köp gezek gaýtalanmagyna esaslanýar, ýöne ol manysy boýunça ýatda saklamagyň zerur şertidir.

Ýatda saklamagyň käbir kanunalaýyklyklaryna seredip geçeliň.

Ýatda saklamagyň öňde goýan maksadyna baglylygy. Şu kanunalaýyklygy okuwçylar praktikadan gowy bilýändirler. Olaryň diňe ekzamen tabşyrmak üçin ýat tutýan okuw predmeta ekzamenden soň tiz ýatdan çykýar. Ýatda saklamagyň maksada baglydygy köp gezek eksperimentler arkaly subut edildi. Mugallym başlangyç mekdebiň iki klasynda hem şol bir hekaýany okap berýär. Ol bir klasda hekaýanyň manysyny

indiki sapakda sorajakdygyny, beýleki klasda bolsa, bir hepdeden sorajakdygyny aýdýar. Barlag bir aýdan son geçirilýär. Hekaýany uzak wagtlaýyn ýatda saklamak maksady goýlan klasda netije hemişe biräçe esse gowy bolýar

2. ÝAtda saklamagyn materialyň beýan ediliş **ediliş serişdesine baglylygy.**

Mugallymyň gürrüňi, okuw kitabynyň ýazylan teksti bilim bermegiň, esasy serişdesidir. Häzirki döwürde mekdepde diňe bir adaty aýanlyk (didaktiki suratlar) däl-de, okatmak maksady bilen köpçülikleýin kommunikatiw häzirki zaman serişdeleriniň (kino, telewideniýe, radio) barha giňden ulanylýanlygydyr. Şunuň bilen baglylykda bilim bermekde obrazlaryň paýy hem uzul-kesil ýokarlanýar.

Sapakda temanyň manysyny obrazlar bilen baýlaşdyrmak psihologik taýdan goldanylýar, emma obrazly elementleriň sanyň iň çendenaşa köp bolmagy ýatda saklamaga otrisatel täsir edip biler. Okuwçylar ýat tutýan wagtlarynda, diňe bir teksti okap gaýtalamak bilen çäklenmen, sapakda kabul edilýän obrazlary ýada düşürmäge çalyşsalar has amatly bolar.

3. Ýatda saklamagyň, materialyn **logiki strukturasyna** baglylygy. Materialyň, logiki yzygiderlilikde guralmagy ýat tutmagyň üstünlikli bolmagynyň hökmany şertidir. Eksperimentleriň görkezişine görä, beýan ediliş logikasy bozulan okuw materialynyň bölegi, beýan ediliş logikasy berjaý edilen bölekden ýaramaz ýatda galýar. Mundan başga-da, synag edilýän adam logiki baglanyşygy bozulan parçany ýatlap öwrsnýän wagtynda mejbury suratda özi bilip, gürüňi logiki yzygiderlikde düzýär, logiki baglanyşyksyz teksti bolsa täzeden düzýär.

4. Ýatda saklamagyň ýat tutmak **prosesiniň guralyşyna** baglylygy. Bu kanunalaýyklyk ýat tutmaklygyň oýlanyşykly yzygiderliliginde, ýat tutulýan materialyň wagt boýunça endigan bölünmeginde ýüze çykýar, ýatda saklanylmaly materialyň kadalaşdyrylmagyny talap edýär.

Studentiň ýa-da okuwçynyň okuw işi guralanda, meňzeş predmetleriň biri-biriniň yzyndan gelmezligiňi gazanmaly. Meňzeş materiallary tapawutlandyrmak we ýatda saklamak kynrak bolýar. Eger biologiýany, matematikany, pedagogikany, fizikany şunuň ýaly yzygiderlikde öwretseň, pugta ýat tutular, ýeňil özleşdiriler, eger matematika, fizika, biologiýa, pedagogika ýaly, yzygiderlikde öwretseň, netnjelilik ondan az bolar, sebäbi predmetleriň meňzeşligi kynçylyk döredýär.

Ýatda saklamagy wagta bölmek zerurdyr. Materialy iki-üç sagatdan soň gaýtalasaň, yzly-yzyna iki-üç okanyňdan netijeliräk bolar, köp düşünjeler ýatda galar.

Möçberi boýunça uly materialy tekste ýakyn, logiki manysy boýunça böleklere bölmek we şol bölekler boýunça ýat tutmak hem-de birnäçe wagtdan soň, materialy doly gaýtalamak maksada laýyk bolar. Şeýle ýol bilen goşgulary, monologlary, birnäçe sözlemden ybarat bolan kesgitlemeleri öwrenmek amatly bolar.

5. ÝAtda saklamakda ýadyň hemme görnüşlerini ulanmak zerurdyr. Okuw prosesinde hemişe görüş, eşidiş, hereket ýadyna daýanylmalydyr. Şonuň, üçin-de material ýat tutulanda, ony ýazmak, konspekt etmek, okamak, daşyndan ýa-da içinden gaýtalamak zerurdyr. Içiçden ýaýbaňlandyrylyp gaýtalanylanda, kabul edişe sözleýiş-hereket analizatory hem goşulýar we ýatda galan yzlary kesgitlemek üçin mümkinçilikler ýüze çykýar. 6. Çylşyrymly material ýat tutulanda, ony daşyndan gaýtalamak zerurdyr. Pikiriňi doly ýaýbaňlandyrylan sözlemler arkaly gürrüň bermek, beýan etmek, ony içiňden gaýtalamakdan has çylşyrymly wezipedir. Şeýle tapawut içki sözleýişden daşky sözleýşe geçmegiň kynçylyklary bilen baglanyşyklydyr. Adam içinden gaýtalamak bilen esasy ýagdaýlary ýatlaýar. Daşyndan gaýtalamak bilen ol özüniň giň tejribesi boýunça kabul edýär we nämeni ýatda saklandygyny, ýene-de nämäni gaýtalamalydygyny dogry

kesgitleýär.

**Ýatda galdyrmak.** Bu - tejribe arkaly alnan maglumatlaryň, az ýa-da köp wagtlap ýatda durmagydyr. Ýatda galdyrmagyň ýatda galdyrmak we ýatdan çykarmak ýaly iki tarapy bolýar. Şol taraplaryň ikisi-de şahsyýet üçin möhümdir. Köplenç ýatdan çykarmagyň otriňatel tarapy göze ilýär. Studente ýadyna salmak gerek. Emma ol ýatdan çykarypdyr. Ýöne ýatdan çykarmak peýdalydyr we şahsyýetiň tejribesiniň kemala gelmegi bilen organiki baglanyşyklydyr. Wajyp bolmadyk, gaýtalanmaýan, adamyň hatda içinden hem gaýtalamaýan maglumatlaryň hemmesi ýatdan çykarylmaga degişlidir. Ýatdan çykarmak bolmasa, aňda has ähmiýetli maglumatlar bilen bir hatarda tötänleýin öwrenilen nädogry maglumatlar hem saklanardy. Hat ýazmakda dogry ýazmagyň awtomatizmine derek olary ýazmagyň düzgünleri yzygiderli ýada duşer durardy. Ýaramaz, kyn emosional tolgunmalar yzygiderli ýada düşüp, adamyň kadaly durmuşyna azar bererdi, göwnüçökgünlik, biperwaýlyk dörederdi.

Emma okatmakda ýatdan çykarmagyň otriňatel häsietdigi gürüňsizdir. Ýatdan çykarmagyň köp böleginiň material kabul edilenden we ýat tutulandan soňky 48 sagada degişlidigini barlaglar görkezdi. Şu ýerden kim ýatdan çykarmaga garşy göreşmek boýunça käbir maslahatlar ýüze çykýar, bu ýady terbiýelemegiň ýollarydyr.

Material kabul edilenden soň, köp wagt geçmänke gaýtalanmalydyr. Meselem, irden ýazylan leksiýany agşam okamak, konspekte girmedik zatlary ýatlamak peýdalydyr. Bu ýatdan çykarmagyň öňüni alar.

Ýada düşürmek munuň özi huşunda galan materialy işde we aragatnaşyk saklananda ýadyňda salmakdyr. ÝAda düşürmegiň birnäçe derejesi bolýar. **Tanamak** - bu kabul edişiň kömegi bilen ýada düşündirmekdir. Durmuşda şeýle faktlary görmek bolýar. Okuwçynyň sapak ýadyňa duşmeýär, ýöne ol «okadym» diýip aýdýar. Dogrudan hem, ol ýat tutan

materialyna bir-iki minut seretse, ony dogry ýadyna düşürip bilýär. Ine, şu ýada düşürmegiň biriňji derejesidir. By ýerde materialyň pugta ýatda galmagy üçin ony kabul etmäge daýanmasaň, ýada düşürmek kyn bolýar. Ýatda saklamak prosesinde tanamak ýat tutmaga zyýan berýär. Okuwçy materialy gaýtalap okanynda, ony tanaýar we ol material şeýle pugta ýadyna dusýändir we ony gürüň berip bilerip oýdýär. Şonuň üçin ýat tutulyp öwrenilende, okamak bilen ýada düşürmegi maslahat bermeli, ine, şonda heniz nämäniň ýatda galmandygy okuwçynyň özüne belli bolar.

**Hususy ýada düşürmek** - munuň özi kyn bolmadyk we kabul etmäge daýanmagy talap etmeýän ýada düşürmekdir. Onuň esasy häsiýeti - ýadyna düşürjek bolanynda -isleg tagallalarynyň bolmazlygydyr. Material özünden huşuňa gelýän ýaly bolýar. Emma möçberi boýunça uly tekstleri ýada düşürmek üçin, plan görnüşinde daýanç materialynyň bolmagy gowudyr. Mugallym sapagy kagyz, konspekt boýunça okap bilmez, ýöne beýan etmegiň akymynyň arasyny üzmezlik üçin käwagt plana seretmek zerurdyr. Ýada duşürilýän pursatda uly tekstiň käbir ýerleriniň huşundan çykmagy mümkindir. Şona görä, hususy ýada düşürmegiň iň amatly serişdsleriniň biri, her bir özbaşdak pikir üçin plan duzmekdir.

## § 3. Ýadyň görnuşleri

Adamyň ýadynyň umumy ösüş derejesi bolýar. Adatça güýçli ýa-da gowşak ýat görnuşleri göz öňünde tutulýar. Bu umumy häsiýetnamalardan başga-da her bir adaMda ýadyň aýry-aýry görnüşleriniň ösüş derejesini tanawutlandyrýarlar. Olar: **söz- logiki, obrazly we emosional ýatlardyr.**

**Söz-logiki ýat-** munuň özi logiki shemalary, matematiki simwolikalary söz görnüşinde bilmekdir. Ýadyň şu görnuşi bilen ýady gowy ösen adama sözleri, ideýalary, logiki konstruksiýalary ýat tutmak ýeňil bolýar. Bu adamda köplenç

ýat tutulýan material görnüş assosiasiýalaryny döretmeýär. Şeýle adam durmuşda familiýalary we atlary ýat tutanda köp tagalla etmän, ýöne adamlary obrazly toparlara böljek bolanynda uly kynçylyklar çekýär. Söz logiki görnüşli ýat filosofik jemlemelere, teoretiki pikirlere meýilli adamyň akylynyň gurluşy bilen baglanyşykly bolýar.

Söz-logiki ýat pikirleri ýatda saklamakdan we olary ýada düşürmekden ybaratdyr. Biziň pikirlerimiziň sözleýiş bilen üznüksiz baglanyşykly bolýanlygyna görä, pikirleri huşa getirmek hem mydama ol ýa-da beýleki sözleýiş aňlatmasy bilen baglanyşyklydyr. Biz sözlerde aňladylan pikirleri ýatda saklaýarys we huşa getirýäris. Şunuň esasynda ýadyň bu tipine söz-logiki ýat diýlip at berilýär. Söz logiki ýady adam yzygiderli peýdalanýar. Okuw işinde onuň roly çäksiz ululyr. Özalky paragraflarda ýatda saklamak, ýatda galdyrmak we ýada düşürmek proseslerine sereden wag tymyzda, biz esasan, söz-logiki ýady nazarda tutduk.

**Obrazly ýat**—göz öňüne getirme esaslanýan ýatdyr. Onuň ösüş derejesi dürli modallyklar üçin yzygiderli däldir. Şonuň üçin hem görüş, eşidiş, hereket ýatlary tapawutlandyrylyp, olaryň ösüş derejesine aýratyn üns berilýär. Adamlarda ys alyş, tagam biliş we beýleki ýatlar ösüş derejeleri boýunça tapawutlanýarlar.

Adamda obrazly ýadyň şu agzalyp geçýlýän görnüşleriniň agdyklyk etmegi okatmakda has aýdyň göze ilýär. Eger okuwçy içinden okanynda gowy ýat tutýan bolsa, diýmek, onda görüş ýady osendir. Ol has gowy ösen derejede hem bolup biler. Şeýle bolanynda okuwçy gerek materialyny ýada düşürmeginde, onuň ýazylan sahypasyny hem görýär. Sözbaşylaryň, goşgy setirleriň, düzgünleriň, suratlaryň, çyzgylaryň, hatda abzaslaryň nähili başlanýandygyny göz öňüne getirip bilýär. Eger okuwçy öz okan zadyny eşidende ýat tutýan bolsa, onda ýadyň eşidiş tipi ösendir. Haty sowatly ýazýan, emma grammatikanyň düzgünlerini bilmeýan

okuwçyda görüş-hereket ýady gowy esendir. Professional işde hudojniklerde görüş ýady, kompözitordarda eşidiş ýady, sportsmenlerde hereket ýady ösen bolýar. Mugallym we okuwçy üçin görüş we eşidiş ýadynyň, ýadyň beýleki tipleri bilen utgaşykli esen bolmagy ähmiýetlidir.

Okatmakda okuwçynyň ýadynyň aýratynlyklary durli tarapdan nazara alynmalydyr. Bir tarapdan, ýadyň dürli görnüşlerine degişli işleri öz içine alýan tabşyryklar berip, okuwçylaryň ýadynyň hemme görnüşlerini ösdürmek zerurdyr. Ikinji tarapdan bolsa, okuwçynyň ýadynyň ösen görnüşini netijeli ulanmaga kömek edýän ýollary, serişdeleri oňa salgy bermek zerurdyr. Ýadyň umumy ösüşi materialy ýatlamakda ýadyň ähli görnüşlerini bir wagtyň özünde utgaşdyryp bilşine baglydyr.

**Ýadyň aýratynlyklary.** Ýatda saklamak haýsydyr bir materialy ýada düşürmek üçin zerur bolan gaýtalamalaryň sany bilen ölçenip bilner. Ýatdan çykarmak ýat tutmak pursatyndan ýatdan çykarmaga çenli geçep Wagt bilen ölçelýär. Şu parametrler boýunça ýadyň aşakdaky ýaly tipiki aýratynlyklary duş gelýär:

1. Çalt ýatda saklamak we çalt ýatdan çykarmak. Bu ýerde materialyň öz wagtynda gaýtalanmagyny guramak zerurdyr.

2. Haýal ýatda saklamak we haýal ýatdan çykarmak. Bu ýagdaýda gysgajyk bölekleri yzygiderli ýat tutmaklygy üns bermeli.

3. Çalt ýatda saklamak we haýal ýatdan çykarmak. Bu ýat prosesleriniň aýratynlyklarynyň in amatly sazlaşygydyr.

4. Haýal ýatda saklaMak we çalt ýatdan çykarmak. Bu ýat prosesleriniň aýratynlyklarynyň amatsyz utgaşmasydyr. Ýady ösdürmegiň üstünde yzygiderli işlemek, ýady türgenleşdirmek zerurdyr.

## § 4. Göz öňüne getirme we onuň görnuşleri

Göz öňüne getirme. Munuň özi häzirki pursatdan duýgy organlaryna täsir edýeän predmetiň ýa-da hadysanyň obrazydyr. Göz öňüne getirmäniň obrazynyň duýmanyň we kabul edişiň obrazlary bilen deňeşdirip, ony ýatda saklanyp galan predmetiň ýa-da hadysanyň ikinji obrazydyr diýip aýtmak bolar.

Ilkinji gezek dörän obrazlar bilen deňeşdirilende, göz eňüne getirmäniň birnäçe aýratynlyklary bardyr. Bir wagt ýaşan jaýymyzy, şaýady bolan wakamyzy hyýalymyzda göz öňüne getirmäge synanyşalyň. Hyýaldaky obraz kämil däl, bölekleýin (predmetiň, wakanyň käbir häsiýetleri düşüp galýar), durnuksyz bolar. Mysal üçin, adamlarda görüş göz öňüne getirme ukyby dürli-dürlidir. Bir adam obrazy ýadynda aýdyň, açyk, gallýusinasiýalardaky ýaly görse, beýlekiler ony ýadynda kynçylyk bilen ýüze çykaryp bilýär. Ýöne göz öňüne getirme boýunça bir wadyň suratyny çekip bilýär. Adamlaryň surat çekmäge bolan ukyplary dürli-dürli bolýar, ýöne şol bir adamyň çekýän suraty çylşyrymlylygy, meňzeşligi, hili boýunça bir den meňzeş bolmaz: olaryň biri predmetiň esasy aýratynlygyny takyk beýan etse, beýlekileri has eý-lan bolar. Biriňji ýagdaýda ikinje garanydda has doly, aýdyn, dogry göz edune gýetirmelerid bardygyny aýtmak bolar.

Göz öňüne getirme - munuň özi, birinjiden, predmetiň jemlenen obrazydyr, adamyň dünýä duýgy arkaly akyl ýetirmesiniň jemidir. Görüş kabul edişiniň ýüze çykmagy üçin sekundyň bir bölegi ýetirlikdir. Bir günüň dowamynda şol bir predmetleriň we hadysalaryň ýüzlerçe kabul edilişi bolup geçýär. Eger her bir kabul ediş aňda bir obraz galdyrýan bolsa, onda akyl işi mümkin bolmazdy. Kabul edişin ýüz müňlerçe obrazlaryndan birnäçe jemlenen obraz döräp, barlaglardan görkezişi ýaly, olarda has möhüm zatlar: predmetiň otnositel

ululygy we möçberleri, esasy reňki, olary beýleki meňzeş predmetlerden tapawutlandyrýan bölekler, şol predmetler bilen işlemek üçin zerur bolan häsiýetler ýatda saklanyp galýar.

Ikinjiden, göz öňüne getirme — dünýäni dil arka1y şöhlelendirmegiň zerur bolan mazmun komponentidir. Baý duýgy tejribesine esaslanmazdan, diliň osüşi öňe gidip bilmez. Muny başlangyç mekdepleriň mugallymlary, mekdebe çenli edaralaryň işgärleri gowy bilseler-de, orta mekdepleriň mugallymlary ony köplenç ýatdan çykarýarlar, olar aýdýan sözleri öz-özünden obrazlar bilen baglanyşyklydyr diýip hasap edýärler.

Üçünjiden, göz öňüne getirme duýmadan pikirlenmä geçmegiň derejesidir. Duýmanyň we logika laýyklygyň dialektikasy göz öňüne getirmäni takyklykdan abstraktlyga geçmegiň zwenosy hökmünde öz içine alýar. Adamda dünýäni şöhlelendirmek diňe bir duýgulaýyn akyl ýetirmäniň derejesinde bolup geçýär. Meselem, edebiýat sapagynda keminäniň «Garyplyk» diýen goşgusy geçilende, mugallym okuwçylaryň özleriniň gözi bilen görmedik taryhy-jemgyýetçilik situasiýalary göz öňüne getirmäniň pikirlenmek arkaly ösdürilmegini ýola goýýar:

«Ýylba-ýyldan meniň muflisim çykar,
Garybyn ýüzüne kim gülüp bakar?
Ýörüşsem, ýaryşsam, göräşsem ýykar,
Oýnasam, oýnumda utar garyplyk.
ýa-da
Kimsäge toý-baýram, kisäge zulum».

Piikiriň jemi we başlangyç formasy düşünjedir. Göz öňüne getirmäniň düşünjäniň mazmuny bilen gös-göni baglanyşygy bardyr. Anyk, takyk düşünjeler köplenç görüş göz öňüne getirmesine esaslanýar. Mysal üçin, «gar» diýen düşünjäniň tropiki ýerlerde ýaşaýanlar üçin hiç hili ähmiýeti

ýokdur. Predmetiň duýgy tejribesinde ýokdugy sebäpli, bu düşünjäniň mazmunyny düşünmek, olar üçin kyndyr. Diýmek, göz öňüne getirmeleriň döremegi üçin, şol predmetleriň, hadysalaryň görülmegi ýa-da bir wagt duýulmagy zerur bolmaýar.

Göz öňüne getirmeniň görnüşleri. Daşky dünýä bolup geçýän hakykatyň obrazda jemlenenlik derejesi boýunça göz öňüne getirmäniň ýekeleýin we umumy görnüşleri tanawutlandyrylýar.

Ýekeleýin göz öňüne getirme bir anyk predmeta ýa-da hadysany göz öňüne getirmekdir. Ol real predmetiň, ýa-da sungat eseriniň kabul etmesi esasynda ýüze çykyp biler. Tokaýda göwnüňe ýaran meýdançany, tanyş adamyny, bir artistiň halaýan pýesaňda ýa-da kinofilminde oýnaýşyňy göz öňüne getirmek bolar.

Ýekeleýin göz öňüne getirmeler anyk strukturasynda aýratyn orun tutýarlar. Olar şahsyýetiň etiki we estetiki duýgularynyň ösmegi üçin esas bolup hyzmat edýärler. Ýekeje-de anyk sazy bilmeýän, göz öňüne getirmesinde ýekeje-de sazy gutarnykly saklamadyk adamyň saz bilen gyzyklanmagyna ýa-da ony söýmegine garaşmak bolmaz. Sebäbi gyzyklanma, höwesler, meýiller göz öňüne getirmeleriň döremegine täsir edýärler.

Kitabyň gahrymanlarynyň eden işleriniň etiki tolgundyrmalary adamlaryň şeýle ýagdaýlarda özüni alyp barşynyň esasy häsiýetlerini esaslandyrýar. Eger kitap şeýle göz öňüne getirme galdyrmasa, diýmek, okamak boş, emosional täsirsiz geçipdir diýmek bolar. Ýekeleýin göz öňüne getirmeler, ýadyn obrazlary hökmünde öňki görlen we eşidilen zatlary tanamagyň esasydyr. Ýekeleýin göz öňüne getirmeler - umumy göz öňüne getirmeleriň kemala gelmeginiň esasyny düzýär.

**Umumy göz öňüne getirmeler** — meňzeş predmetler

toparynyň umumy häsiýetleri barada göz öňüne getirmedir. Käte uly adamlar çagalar üçin adamyň suratyny çekenlerinde: «Nokat, nokat, otur, minus, ýüzjagazy gyşygrak, eljagazy aýaklary badam boldy, suratymyz adam boldy» diýen ýaly sözleri aýdýarlar. Şeýle suratda adam figurasynyň esasy komponentleri alynýar. Agajyň umumy suraty çekilende, düýbi bilen şahalarynyň görkezilýändigi hemmelere mälimdir. Umumy göz öňüne getirmelerde diňe daşky görnüşlerinde meňzeşlik bolan predmetleri we HadysaIary şekillendirmek mümkindir. Haýwanlaryň umumy suratyny çekip bolmaz, emma guşlary, pişikleri, umumy häsiýetde göz öňüne getirmek bolar. Göz önüne getirmeler has ýokary derejede jemlenende, obrazlar dargaýar, ol dürli predmetleri özüne birleşdirip we aňda ýerleşdirip bilmeýär. Aýry-aýry predmetleri, zatlary diňe hyýalda döretmek bolar. Meselem «Ýarym durna we ýarym pişik» diýen obrazlary diňe hyýalda döretmek mümkindir. Adamyň durmuşynda hyýaly obrazlary göz öňüne getirmegiň ösüşi netijesinde ylmy-fantastiki kinolar, eserler, suratlar döredilýär. Olar hakykata hyýaly göz öňüne getirmeler bilen çemeleşmeklikdir, hyýaly döredijilikdir.

## SORAGLAR

1. Ýat näme we onuň adamyň ýaşaýşyndaky we işindäki ähmiýeti nämeden ybarat?
2. Ýatda saklamagyň nähili kanunalaýyklyklary bar?
3. Ýatda saklamak we tanamak näme?
4. ÝAdyň, aýratynlyklaryny aýdyp beriň?
5. Göz öňüne getirmeleri häsiýetlendiriň.

# 12-NJI BAŞ. PIKIRLENME

## § 1. Pikirlenme hakynda düşünje

**Pikirlenme hakykaty şöhlelendirmegiň ýokary formasydyr. Pikirlenme — munuň özi dil bilen aýrylmaz baglanyşykly, aýry-aýry ýagdaýlar, hadysalar dogrusynda düýpli täzelik açmagyň we agtarmagyň, duşunjeleri jemlemegiň prosesi bolup, onuň netijesinde barlyk (hakykat) analiziň we sinteziň esasynda aralaşdyrylan usulda şöhlelendirilýär.** Akyl ýetirişiň duýgy derejesinde daşky täsirler gös-göni biziň aňymyzda degişli obrazlaryň döremegine getirýärler. Obýektiw hakykata akyl ýetirişin söz-logiki derejesinde şöhlelendirilişi has çylşyrymly bolýar. Ol gös-göni däl-de, aralaşdyrylan häsiýetde bolup, onuň netijesinde predmetleriň we hadysalaryň akyl ýetirilişi duýgy derejesinde bolman, kabul edilmeýän häsiýetleri beýnide şöhlelendirilýär. Meselem baha, udel agramy diýen häsiýetler, duýma üsti bilen däl-de, pikirlenmede şöhlelendirilýär. Eger okuwçylara dürli halklaryň ýaşaýyş jaýlaryny göz öňüne getirmek teklip edilse, onda olaryň biri aýnadan we betondan gurlan häzirki zamaý jaýlaryny göz öňüne getirse, başga biri çtmny, ýene biri ýokarsyna çenli gar syran öýi görýär. Şeýle ýagdaýda dörän göz öňüne getirme hakykaty duýma arkaly şöhlelendirmegiň netijesidir. Şeýle göz öňüne getirmeler adamyň geçmiş tejribesinde bolup geçýän real predmetleriň we şekilleriň gös-göni aňda gaýtadan dikeldilmesidir.

Eger tabşyrygy üýtgedip, okuwçylara «Adamyň ýaşaýyş jaýy näme?» diýen sowala jotap bermegi teklip etseň, onda olaryň ýene-de dürli ýaşaýyş jaýlarynyň görnüşlerini göz öňüne getirmegi mümkin. ýöne, bu ýeterlik däldir. Ýaşaýyş jaýlarynyň dürli görnüşlerini öz aralarynda deňeşdirilip, olaryň ählisine mahsus bolan esasy alamatlary ýüze çykarmaly bolýar.

Şeýle edilsede, şol alamatlaryň bir topary umumy bolup, başga bir topary bolsa üzül-kesil tapýawutly bolar. Ýaşaýyş jaýynyň umumy nämedigini aýtmak üçin, aýratyn alamatlardan ünsüni sowup, ýaşaýyş jaýlarynyň görnüşleriniň her biri üçin mahsus bolan umumy zatlary birleşdirmek gerek bolar. Diňe şeýle pikirleniş ýagdaýlaryndan soň, adamyň ýaşaýyş jaýy näme diýen sowala umumy kesgitleme bermek bolar. Şeýle kesgitlemäniň döredilmegi akyl ýetirişiň duýgulaýyn derejesi bolman, onuň logiki pikirlenme derejesidir. Şu öňde goýlan meseläni çözmek diňe pikirlenme operasiýalarynyň käbir sistemalarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

## § 2 Pikirlenmäniň operasiýalary

Pikirlenmäniň esasy operasiýalaryna analiz, sintez, deneşdirme, abstraktlaşdyrma, umumylaşdyrma, klassifikasiýalaşdyrma, sistemalaşdyrma ýaly düşünjeler degişlidir. Bu operasiýalaryň her biri akyl ýetiriş prosesinde belli bir funksiýany ýerine ýetirýär we beýleki operasiýalar bilen çylşyrymly arabagla-nyşykda bolýar.

Analiziň funksiýasy tutuş zady böleklere bölüp, onuň aýry-aýry alamatlaryny, taraplaryny taýawutlandyrmakdan ybaratdyr. Meselem, haýsy-da bolsa bir sözlem analiz edenimizde ýa-da söz toparlaryna bolenimizde, biz aýry-aýry sözleri bolup aýryp, olara atlaryň, işlikleriň, çalyşmalarynyň hallaryň we baş-galaryň toparlaryna degişli edýäris. öwrenilýän predmeti analiz etmek bilen, pikirlenýän adam oňa has çuňňur düşünmäge mümkinçilik gazanýar.

Sintez analiziň prosesinde ýüze çykarylan aýry-aýry elementleri birleşdirmek, olaryň arabaglanşygyny tapmak üçin serişde bolup hyzmat edýär. Meselem, alym köp asyrlar mundan özal ýaşan halkyň hatynyň aýry-aýry belgilerini analiz etmegiň kömegi bilen, ony agzalara bölüp, olaryň manysyna göz ýetirip, iýeroglifleri manyly jümlä birleşdirýär. Netijede

haýsy-da bolsa bir ýazgyny okamaga mümkinçilik tapýar.

Deňeşdirmeniň kömegi bilen aýry-aýry obýektiwleriň meňzeşligi we tapawutlary ýüze çykarylýar. Deňeşdirme arkaly adam ozaly bilen teoretiki we praktiki wajyp wezipäni çözmek üçin ähmiýeti bolan sypatlary, alamatlary bölüp aýyrýar. Meselem, bir sesiň aýdylyşyndaky sähelçejik tapawut (meselem, ony ýumşatmaklyk, uzyn ýa-da gysga aýtmaklyk: «tur» we «dur», ýa-da «kel», «gel», «at», «a:t» we ş. m.) sözüň manysyny üýtgedýär.

Abstraktlaşdyrmak bir alamatlary başgalardan tapawutlandyrmagy we olardan ünsi sowmagy üpjün edýär. Abstraktlaşdyrmagyň kömegi bilen amala aşyrylýan umumylaşdyrmalaryň netijesinde aýdyň obraz däl-de, sowa pikir alýarys. Bu ýagdaýda obýektleriň aýry-aýry sypatlary, käwagtda olaryň arasyndaky gatnaşyk pikiriň mazmuny bolup, obýektleriň özleri bolsa pikire girizilýär.

Umumylaşdyrma predmetleri we hadysalary, olaryň esasy alamatlary we häsiýetleri boýunça birleşdirmegiň serişdesidir. Has doly formada umumylaşdyrmak düşünjelerde amala aşyrylsa-da, ol baryp eýäm göz öňüne getirmede emele gelip başlanýar. Adamyň şahsy tejribesiniň umumylaşdyrmak üçin ýeter1ik material bermeýän wagty-da bolýar. Adamlar özleriniň işinde elmydama eýýäm umumylaşdyrylan we sözleýişde berkleşdirilen jemgyýetçilik tejribelerine esaslanýarlar.

Her bir söz umumylaşdyrmadyr. Meselem, «raýçy» sözi aýdylanda, birnäçe meňzeş predmetlere: tikinçiniň gaýçysyna, hirurgyň gaýçysyna, bagbançylyk gaýçysyna, şeýle hem demir kesmek üçin ulanylýan gaýça mahsus bolan sypatlar bu sözde umumylaşdyrylýar.

Klassifikasiýalaşdyrma obýektleri haýsydyr bir esasa görä, böleklere, toparlara bölmäge we soňra birleşdirmäge gönükdirilendir.

Sistemalaşdyrma klassifikasiýalaşdyrmadaky ýaly aýry-

aýry obýektleri däl-de, olaryň toparlaryny, klaslaryny bölmegi we soňra birleşdirmegi üpjün edýär.

Pikirlenme operasiýalary biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Pikirlenme operasiýalarynyň her birine akyl işi hökmünde garamak bolar. Şeýle bolanda, psihiki şöhlelenmäniň işjeňlik häsiýeti öňe sürlüp, adamyň pikiriniň aktiwligi, hakykatyň aktiw, döredijilikli özgerdilmek mümkinçiligi nygtalýar.

## § 3. Pikirlenme mesele çözmekde

Pikirlenme prosesi adatça, adam haýsy-da bolsa bir kynçylyga uçranda, bir zada düşünmäge, haýsy-da bolsa bir meseläni çözmäge isleg bildiren ýagdaýynda başlanýar. Başgaça aýdanymyzda, pikirlenme mydama meseleden başlanýar.

Özuňe ýa-da başga birine «pikirlenmegi» ýöne maslahat bermek bilen pikiriň işeňňir işlemegini döretmek bolmaz. Munuň çözülmegi üçin pikirlenme talap edýän meseläniň adamyň öňünde durmagy, ýa-da adamda şu meseläni çözmek dogrusynda isleg ýa-da borç duýgusynyň döremegi zerurdyr. Şoňa görä, pikirlenýän adamyň biriňji alamaty-meseleleri hakykatdan-da bar ýerinde görmegi başarmagyndan ybaratdyr. Meseleler diňe özbaşdak pikirlenmäge endik etmedik adamlar üçin ýokdur we onuň üçin hemme zat öz-özünden düşünikli ýaly bolup görünýändir. Bilimiň giňelmegi, özal hemme zat aýdyň ýaly bolup görünýän ýerde bize täze problemalaryň üstüni açmaga kömek edip, pikiri osdurýär, ony özbaşdak işlemäge, meseläni çözmegi höweslendirýär.

Meseläniň nämeden ybaratdygyny doly we anyk aňlamak zerurdyr. Mesele çözmekdäki üstünlik özaly bilen meseläniň dogry goýluşyna baglydyr. Meseläni dogry goýmak, meseleniň çözülmegine tarap ýola birinji ädim etmek

diýmekdir. Meseläni aňlamagyň yzy bilen, meseläni çözmek prosesi gelýär. Galan çaklamalaryň soňky barlagy meseläni çözmegiň zerur etapydyr. Şu etapda käte haýsydyr bir täze informasiýa almak meselesiniň şertlerini goşmaça takyklamak, doly anyklamak, meseläni täzeden formulirlemek zerurlyklary hem ýüze çykýar.

Pikirlenmede meseläniň çözgudi dürli-dürli bolup geçip biler. Adamyň synanyşmak we ýalňyşlyklar usulda, has dogry we doly, nädogry çaklamalaryň üsti bilen hereke0t edýän ýagdaýlarynda bolýar.

Çözgüt kähalatlarda algoritmiň passiw peýdalanylmagyna esaslanyp biler: bu ýagdaýda çözüliş eýäm belli bolan ýazgynyň gös-göni amala aşyrylmasy hökmünde bolup geçýär. Adam täze mesele çözmegiň zerurlygyna yzygiderli duş gelmek bilen, meňzeşliklerini ulanýar. Ol käte hiç zady tapawutlandyrman, hatda çözgudiň hemme taraplaryna göz ýetirmän, özüniň geçmiş tejribesinden belli bir nusgany tapýar we şona meňzeşlikde täze ýumşy çözýär.

Pikir üsti bilen mesele çözmäge has döredijilikli çemeleşmek algoritmiň has aktiw ulanylmasy bolup, ol öz çözgüdini meseleniň mazmunyň uýgünlaşmak arkaly ýa-da meseläniň transformasiýasynda meseläniň yzygiderli çözülmegi üçin böleklere bölünmegi; meseläniň mazmunynyň täzelenmegi; çyzgynyň modeliň, shemanyň gurluşy; meseläniň hususy ýagdaýa ýa-da umumy ýagdaýa getirilmegi) tapyp biler.

## § 4. Pikirlenmeniň görnüşleri

Çözülýän ýumşuň mazmunyna baglylykda psihologiýada pikirlenmäniň üç görnüşi tapawutlandyrylýar. **Olar: aýdyň-hereket, aýdyň-obraz söz-logiki görnüşleridir.**

**Aýdyň-hereket pikirlenmesi.** Bu ýerde pikirlenme ýumşuň gös-göni iş prosesinde çözülýändigi bilen häsiýetlendirilär. Aýdyň-hereket pikirlenmesi taryhy

we ontogenetik taýdan adamyň pikirlenmesiniň has irki görnüşidir. Pikirlenmäniň ösüşi zähmet işiniň döreýiş prosesinde hut şu görnüşden başlap, şol döwürde akyl işi heniz predmet-praktiki işden bölünip aýrylmalydyr. Pikirlenmäniň ontogenezdäki osüşi hem şu görnüşden başlanýar. Çaga ilki başda haýsydyr bir iş meselesiniň çözende, predmet bilen gös-göni baglanyşykly hereket edýär.

Emma aýdyň hereket pikirlenmesi pikirlenmäniň haýsydyr bir ýönekeý formasydyr diýip pikir etmek ýalňyşdyr. Ol adamzadyň dörýän gününden emele gelmek bilen, her bir adamda onun ömrüniň ilkinji günlerinden ýüze çykyp, adamzat taryhynyň butin dowamynda, her bir adamyň ýaş basgançaklarynyň ählisinde saklanyp galýar, ösýär, kämilleşýär.

Pikirlenmede ýumşy gös-göni iş prosesinde çözmek zerurlygy döredýän ýagdaýlaryň hemmesinde pikirlenmäniň bu görnüşi zerur we tapylgysyz bolýar. Biziň her birimiz iz öňümiziň gapysyny açmak üçin onuň ýanyna baryp, açary gulpa ötürenimizden soň, onuň açmaýanyny görüp, açary sogrup, öýe girmegiň başga mümkin bolal wariantlary barada oýlanmaýan bolsak gerek. Biz köplenç başgaça edýäris: açary dürli çuňluklara suýşürip, ony dürli taraplara towlaýarys, ganyny itýäris ýa-da özümize çekýäris, ýagny praktiki hereket edip yzygiderli ýüze çykýan çaklamalary praktikada barlap, ýumşy çözmäge çalyşýarys.

Okuwçylarda pikirlenmäniň şu görnüşini ösdürmek uçin, pikirlenme işiniň gös-göni praktiki işe geçýänligi sebäpli, praktiki hereketleriň strukturasynda pikirlenmäniň operasion hereketlerini ýüze çykarmagyň, olary jemlemegiň hem-de täze praktiki messleleri çözmäge geçirmegiň kyndygyny göz öňünde tutmak möhümdir. Sebäbi predmeti özleşdnrmek bnlel baglanyşykly tejrlbeler, laboratoriýa işleri, zähmet sapaklarynda pikirlenme praktiki işi ýerine ýetirmek prosesi belli birllkde alnyp barylýar.

**Aýdyň-obrazly pikirlenme.** Bu ýerde pikirlenme ýumuşunyň mazmunynyň obrazly materiala esaslanýandygy bilen tapawutlanýar. Diýmek, pikirlenmäniň bu görnüşi haçanda adamyň mesele çözup, predmetleriň, wakalaryň, hadysalaryň dürli obrazlaryny analiz edýän, deňeşdirýäň, jemlejek bolýan wagty ýüze çykýar. My-sal üçin, haýsydyr bir taryhy wakany analiz etmek we jemlemek dürli-dürli amala aşyrylyp bilner.

Aýdyn-obrazly pikirlenmäniň ähmiýeti, onuň adama obýektiw hakykaty köp taraplaýyn we dürlüçe şöhlelendirmäge mümkinçilik berýänliglnden ybaratdyr.

Sungatdaky abstraksionizm (aýdyň däl dutulje) ýaly ugruň mysalynda, haçan-da ýöriteleşdiriden obrazly serişdeler aýrylanynda, adamyň dünýäni Şöhlelendirmesiniň nähili garyplaşýandygyny ýeterlik derejede aýdyň görmek bolýar. Şu ugur näçe köp taraply bolsa-da, onuň manysy şol bir bolşuna galýar, Ol obrazy has şowly ýa-da şoweua saýlapyp alii l Simwol, bilen çalşyrmakdyr.

Okatmah prosesinde aýdyň-obrazly pikirlenmäni ösdürmek dürli derejelerde jemleneň obrazlar, pred1 metlerii rec-geli we shematik şekillendirnlmegiňiD we simwoliki görkezilmetllpň hereket bilen uggaşdyrylmagyny talap edýän ýumuşlary bz ýçine alýar.

**Söz-logiki pikirlenme.** Pikirlelmäniň bu görnüşiniň, aýratynlyklary bu ýerde ýumşuň sözleýiş formasynda çözülýänliginden ybaratdyr. Adam sözleýiş formasyny ulanmak bilen has umumy düşünjeler, käte bolsa göni obrazly anlatmasy bolmadyk düşünjeler arkaly hereket edýär (mysal uçin, baha, mukdar, gymmat, peýda, döwlet, synp, jemgyýetçilik gatnaşyklary, sosial-taryhy dogruçyllyk, prinsipiallyk, watançylyk we ş. m.). Pikirlelmäniň hut şu görnüşi tebigatyň, jemgyýetiň, adamyň özüniň ösüşini kesgitleýän has umumy kanunalaýyklary ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Pikirlenmäniň bu görnüşi mynasybetli

adam pikirlenme ýumuşlaryny has umumy çözmegi başarýar. Bu görlüşiň esasy artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri şuldadyr.

Okatmak prosesinde mugallymyň öňünde hemişe söz-logiki pikirlenmäni hemme çäreler arkaly ösdürmek wezipesi durýar, sebäbi okuwçylar diňe şu ýagdaýda düşünjeleri, aýratyn hem olaryň sistemalaryny ele alyp, haýsydyr bir ylmyň kanunalaýyklyklaryna düşünip biler. Ýöne şunuň bilen birlikde sözleýiş formasyndaky umumy düşünjeleriň obýektiw hakykatyň ähli baýlyklaryny özünde jemläp bilmeýändiginde unutmaly däldir. Sebäbi söz-logiki pikirlenme bilen tebigatdaky we jemgyýetçilik durmuşyndaky bolup geçýän ýagdaýlary, hadysalary bolşy ýaly adamyň aňyna ýetirmäge mümkinçilik çäklidir

## § 5. Akylyň hili

Adam akylynyň hili ozaly bilen pikirlenmäniň dürli görnüşleriniň sazlaşygynyň aýratynlyklary we ösüş derejesi bilen baglanyşyklydyr. Haýsydyr bir ukybyň we meýliň belli bir mazmunly ýumşy çözmäge artykmaçlygynyň bolmagy adamyň akylynyň hil häsiýetnamalarynyň ilkinjileriniň we has umumyla-rynyň biridir. Bu barada adamyň sensor-perseptiw aýratynlyklary, birinji we ikinji signal sistemalarynyň gatnaşyklary has möhümdir. Emma işiň belli bir görnüşlerindäki tejribäniň aýratyn ähmiýeti bardyr.

Adamyň akylynyň ikinji umumy hil häsiýetnamasy **pikirlenmäniň mazmun we operasion strukturasynyň** gatiaşyklarynyň aýratynlyklary bilen baglanyşyklydyr. Ol ýa-da beýleki komponentleriň garmoniki sazlaşygy, belli bir derejede biri-birine laýyk gelmegi has amatly bolýar. Eger adamyň ýadynyň öndümli işlemegi bilen düşünjeleriň has uly mukdary özleşdirilse-de, pikirlenme operasiýasynyň osüşiniň degişli derejesine ýetilmez we munuň özi adamyň akyl işiniň

umumy netijesini epesli aşakladar. Eger ýörite türgenleşikleriň netijesinde pikirlenmäniň ol ýa-da beýleki operasiýalary özleşdirilip, emma çuň we doly düşünjeleri özleşdirmegiň netijesi bolmasa, onda bu hem adamyň akyl işiniň tutuş prosesine otrisatel täsir eder.

Şunun bilen baglanyşyklykda, psihologiýada köplenç akylyň çuňlugy, giňligi, çeýeligi, tankydylygy, özbaşdaklygy ýaly häsiýetlerine hem garalyp geçilýär.

Akylyň çuňlugy we giňligi ýaly häsiýetleriniň gatnaşyklary çylşyrymly we gapma-garşylykly bolýarlar. Häzirki informasiýalaryň akymynyň barha artýan şertlerinde bilimleriň haýsy-da bolsa bir ugry boýunça akylyň çuňlaşmagy gutulgysyz bolup, onuň çäkleriniň daralmagyna getirer. Bilimleriň çuňlugy wakalaryň manysyna aralaşmagyň derejesi bilen kesgitlenip, onuň giňligi bolsa şol wezipäni çözmek üçin dürli ugurlardan bolan bilimleri oňa çekmegiň mum-kinçiligi bilen kesgitleýär. Häzirki şertlerde akylyň çuňlugynyň we giňliginiň adama bilimleriň belli bir sistemasynyň çuň we hemmetaraplaýyn ele almaga mümkinçilik berýän sazlaşygy has maksada laýyk hasanlanýar.

Akylyň çeýeligi hut şol bir meseläni çözmegiň ýörite şertlerini doly hasaba almagy, pikiriň esasy logikasyny özuňde jemleýär çözgut ýoluny esaslandyrmagy üpjün edýär. Hut akylyň çeýeligi mynasybetli meseläniň talaplaryna has doly jogap berýän täze çemeleşmeleri; täze çözgütleri tapmak başardýar. Akylyň çeýeliginiň gapma-garşylykly häsiýeti onuň inertligi we şablonlygydyr. Pikirlenmäniň şablonlygy we inertligi psihiki päsgelçilikler diýilýän hadysany döredýär, olar bolsa özal öwrenilişen şertlerde täze çözgütleri tapmagy kynlaşdyrýarlar; çözgutleriň täze tärlerini tapmaga, tanyŞ zatlardaky üýtgeşiklikleri görmäge päsgel berýärler.

Köne we täze ýumuşlaryň hem original çözgutlerini tapmak diňe bir akylyň çeýeligi bilen dälde, onuň tankydylygy bilen baglydyr. Akylyň tankydylygy adamyň belli pozisiýany

eýelemek, öz işinde öňa surülýän çaklamalara dogry baha berip bilmek, olaryň netijelerini barlap bilmek we ş. m. ukyplary bilen häsiýetlendirilýär. Bu adamyň çuň düşünjeleri we tejribesi mynasybetli amala aşyrylýar. Ýöne bilimleriň we toplapylan tejribäniň tankydy gatnaşyklary kynlaşdyrýan halatlary hem bolýar. Bu şablonlygyň we inertligiň ýüze çykýan halatlarynda emele gelýär.

Hakykata çuň we köptaraplaýyn esaslandyrylan häsiýetli tankydy gatnaşyklar adamyň pähiminiň özbaşdaklygynyň ýüze çykyş formalarynyň biridir. Özbaşdaklyk akylyň esasy häsiýetleriniň biridir. Özbaşdaklyk problema situasiýalarynda adamyň goýýan meseleleri çözmäge mümkinçiliginiň barlygyny, problemany original formirlemegini, çözgudiň ýörite tärlerini tapmagyny, eýelän pozisiýasynda yzygiderli durmagyny kesgitleýär.

Akylyň dürli häsiýetleriniň özboluşly sazlaşygy, dürli meseleleri çözmekde ol häsiýetleriň durnukly, ýüze çykmagy adamyň akyl işiniň özboluşlylygyny häsiýetlendirýär.

Mugallym okuwçylary okatmak prosesinde akylyň we akyl işiniň diňe bir aýry-aýry polojitel häsiýetleri kemala getirmek bilen çäklenmän, eýsem olaryň belli bir sazlaşykda ýüze çykmagy üçin şert döretmek zerurdyr. Ol akyl işiniň ýeterlik derejede netijeli, öndümli bolmagyny kemala getirmek üçin, okuw materialynyň çylşyrymly wakalaryny, oýlanmagy talap edýän meseleleri, özbaşdak işlemek üçin ýumuşlary, tabşyryklary yzygiderli we güýçýeterli ýagdaýda bermegi we ýerine ýetirişini barlamagy ýola goýmalydyr. Şeýle şertleriň mümkin boldugyça durnuklylygyny gazanmaga çalyşmalydyr. Her bir okuwçynyň akyl işiniň aýartynlyklaryny hasaba almalydyr. Akyl işiniň netijeliligi we okuwçynyň akyl işiniň dürli görnüşlerini peýdalanmak başarnygy mekdep ýyllarynda kemala gelse, adamyň ondan soňky ýaşaýşynda we ömründe özbaşdak, döredijilikli, tankydy akyl ýetiriş işiniň has netijeli bolmagyny üpjün edip biler. Şeýle şahsyýet durmuşyň

we işiň dürli meselslerini çözmekde özbaşdaklygyny hem-de aktiwligini ýüze çykarmaga ukyply bolar.

## SORAGLAR

1. Pikirlenme diýip nämä aýdylýar?
2. Pikirlenmeds umumylaşdyrma we deneşdirme nähili amala aşyrylýar?
3. Klassifikasiýalaşdyrmagyň we sistemalaşdyrmagyň düýp manysy nemeden ybarat? (Mysallary özbaşdak tapyň).
4. Pikirlenmäniň üsti bilen ýumşuň çözgudini tapmak nämeden ybarat?
5. Pikirlenmäniň görnüşlerine degişli mysallar getiriň?
6. Akylyň giňligi we çeýeligi nämeden ybarat?

# 13-NJI BAŞ. HYÝAL

## § I. Hyýal hakynda düşünje

**Hyýalyň kesgitlenişi.** Adamyň psihologiýasynyň çylşyrymly strukturasynda hyýal ýa-da fantaziýa ýaly täsin häsiýetler bar. Adam kabul edişiň we pikirlenmäniň kömegi bilen daşky dünýäniň, hadysalaryň häsiýetlerine, baglanyşyklaryna we aragatnaşyklaryna göz ýetirýär. Kähalatlarda bolsa, adam öz psihikasynda hakykatda bolan, emma adam tarapypdap real görülmedik, ýöne bolup biläýjek zatlary hem aňynda şöhlelendirýär. Ine, bu ýagdaý hyýaldyr. Hyýalda hiç wagt bolmajak, bolup bilmejek zat hem şöhlelendirilýär. Başgaça andanynda, adam öz fantaziýasynda wagt we giňişlik babatynda real durmuşyň çäklerinden daşaryk çykýar: ol sökup we duzup bolmajak zatlary söküp we düzüp bilýär, wakalary, prosesleri häzirki döwürden geljege, bir giňişlikden başga bir giňişlige geçirip bilýär.

**Hyýal — bu adamda bar bolan bilimleri täze ýagdaýa geçirmek arkaly obrazlar, predmetler, ýagdaýlar döredýan psihiki prosesdir.**

Hyýal boş ýerde döräp bilmez. Dogabitdi ker adamyň hiç haçan özüniň hyýalynda reňkli obrazy döredip bilmeýşi ýaly, eneden dogma ker adam hem sesi hiç haçan göz öňüne getirip bilmez. Adam fantaziýa döretmek üçin görmeli, eşitmeli, täsir almaly, duýmaly we olary ýatda saklamalydyr, göz öňüne getirmeleri baý bolmalydyr.

Adamyň bilimi näçe köp, tejribesi näçe baý bolsa, şonça-da obrazlary utgaşdyrmak üçin mümkinçilikleri barha köp artýar, kämilleşýär.

Adamyň hyýaly zähmet prosesinde dörepdir we ösüpdir. Zähmet arkaly adam durmuşy özgerdýär, özüniň isleglerini kanagatlandyrmak üçin zerur bolan täze zatlary döredýär. Şeýle zähmetiň esasy şertleriniň biri-de, onda aňly maksadyň

goýulmagydyr: adam özüniň zähmetiniň netijesini, onuň üsti bilen, özüniň almak isleýän, ýetmekçi bolýan zatlaryny we oňa ýetmegiň usullaryny öňünden pikirlenýär we göz öňüne getirýär. Şeýle «göz öňüne getirme», «kellede» täze zatlaryň gurulmagy, durmuşyň özgerdilişi hyýal arkaly amala aşyrylýar.

Fantaziýa diňe bir edebi döredijilikde däl-de, esasy kanunlary açýan, tebigatdaky we adamzat jemgyýetindäki hadysalary düşündirýän takyk ylymlarda-da möhüm rol oýnaýar.

D. I. Pisarew «Eger adam arzuw etmek ukybyndan bütibleý mahrum bolan bolsa, eger ol setanda-seýranda wagtyndan ir öň ümzügip, özüniň hyýalynda öz eli bilen ýaňy keşbine getirip barýan binýadyna tutuş hem bütiň ajaplygyna syn edip bilmese, onda men adam sungat, ylym we praktiki durmuş babatynda giň hem hysyrdyly işe baş goşup, ony ahyryna ýetirmäge nähili güýç-sebäbiň mejbur edendigini asla göz öňüne getirip bilmeýärin» diýip ýazypdy.

Edil şonuň ýaly «Arzuwsyz adam ganatsyz guşdur» diýlişi hem adamyň dürli zatlary arzuw edip, hyýalynda döredip, soňra durmuşa ornaşdyrmaga ymtylyşynyň ugrukdyrylmasy diýmek bolar.

Gündelik durmuş (iş, dynç almak, beýleki adamlar bilen aragatnaşyk saklamak) adamyň öňünde köp saply wezipeler goýýar. Olary çözmek üçin hemişe ýeterlik bilim bolmaýar. Hyýal şu etmezçiligi duzetmäge kömek edýär: ol bar bolan maglumatlary utgaşdyrýar, olaryň täze gatnaşyklaryny döredýär we şeýlelik bilen bilimleriň etmezçiligiňi aradan aýyrýar, öňde goýlan meseleleriň çözülişine kömek berýär.

## § 2. Hyýalyň görnüşleri

Hyýalyň gaýtadan dikeldiji we döredijilikli hyýal ýaly iki görnüşini tapawutlandyrýarlar.

**Gaýtadan dikeldiji hyýal** söz, san, nota we beýleki öň

kabul edilen belgi sistemalarynyň esasynda emele gelýär. Adam gaýtadan dikeldiji hyýal bilen ýada düşürmek esasynda öz ygtyýarynda bar bolan belgi sistemasyny bilimler bilen baýlaşdyrýar. Muňa çeper edebiýat okamak, priboryň, agregatyň çyzgysyny, gurulýan desganyň planyny özleşdirmek mysal bolup biler.

Adam aý-aýdyň gijäniň beýan edilişini kitapda okanda, ýazyjynyň döredijilikli hyýalynyň we hut özüniň ýatlamalyrynyň, tejribesiniň esasynda döredýän hyýalynyň möçberinde göz öňüne getirýär.

Gaýtadan dikeldiji hyýalyň okuw materialyny özleşdirmekde uly ämiýeti bardyr. Hyýalyň bu gernüşi bolmasa, geografiýany we başga-da birnäçe predmetleri öwrenmek mümkin däldir. Eger taryhy öwrenmeklige gaýtadan dikeldiji hyýal goşulmasa, ol ýöne bir seneleri sanaýan gurak shema öwrülýär. okuwçy taryhy öwrenende heňiz bilimlerii we durmuş tejribesiniň baý bolmadyk zapaslaryndan peýdalanýanlygy üçin, taryhy wakalary obrazlarda göz öňüne getirmek ona kyn bolýar. Ol käwagt häzýrki döwrüň göz öňüne getirmelerine daýanýar we olary geçmişe geçirýär. Bu nädogrudyr, taryhy perspektiwalary, taryhyň logikasyny bozmakdyr. Pedagogik prosesiň esasy wezipeleriniň biri-de taryhy, geografiýany we beýleki predmetleri öwrenmegiň dowamynda okuwçylarda aýdyň obrazlary döredip, olara suratlaryň, ýagdanlaryň, wakalaryň hakyky mazmunyny ýada salmaga kömek etmekdir.

**Döredijilik-hyýal**-täze we original obrazlary özbaşdak döretmekdir. Bu hyýal ýazyjylarda, hudojniklerde, kompozitorlarda, alymlarda, arhitektorlarda we başga-da ençeme hünärli adamlarda has esendir. Şu ýerde «täze» diýen sözüň iki manysyny obýektiw we subýektiw täzeligi tapawutlandyrmak zerurdyr. Obýektiw gözellik hiç wagtda materiallaşdyrylan ýa-da ideal görnüşde ýok bolan obrazlar, ideýalardyr. Bu täzelik öňden bar bolan zatlary gaýtalaman, ol

originaldyr. Subýektiw täzelik-hut şol adam üçin täzelikdir. Ol öňden jemgyýetde bar bolan, emma şol adama heniz mälim bolmadyk zadyň obrazynyň, idealynyň döredilmeridir. Ol muny özi üçin original, gaýtalanmajak zat hökmünde açýar we ony beýlekiler üçin näbelli zat hasaplaýar.

Döredijilikli hyýal gaýtadan dikeldiji hyýaldan has çuň we çylşyrymlydyr. Atomyň gurluşynyň planetar modelini (Rözerford, Bor), otnositellik taglymatyny esaslandyrmak (Eýnşteýn), türkmen halysynyň gölüni döretmek (nebelli gadymy ussat) ýaly ýokdan bar edilen zatlary, öňden bar bolan zatlary göz öňüne getirmekligi gaýtadan dikeltmek bilen deneşdirip bolmaz.

**Hyýalyň ygtyýarly we ygtyýarsyz görnüşleri-de bardyr**. Ygtyýarsyz hyýal obrazlary döretmek prosesine erkin gatnaşmaýanlygy ýa-da örän az goşulýandygy bilen tpawutlanýar. Şeýle hyýalyň has ösen derejesi duýş görmekdir. Hyýalyň ygtyýarsyz görnüşiniň ýe-ne biri samramakdyr. Adam näsaglyk halynda, oýalykdan uka geçýän ýagdaýynda samraýar, gepleýär. Şeýle ýagdaýlarda salgym bolup görünýän obrazlaryň haýsydyr bir umumy baglanyşygy bar hem bolsa, ýöne olar real ýagdaýy hasaba alman birleşýärler, baglanyşýarlar, Şeýle hyýalyň netijesi ideal, psihiki derejesinde galýar. Ony kadaly durmuşa geçirmek mümkin däldir. Käbir adamlarda kemhyýallyk çendenaşa artykmaç roly oýnaýar: kem-hyýallyk reallygyň orun tutujysy bolýar, adam öz döreden düşünjesinde ýaşap, ondan lezzet alýar.

**Ygtyýarly hyýal.** Hyýalyň bu görnüşinde ýumuş ýerine ýetirilende, obrazlaryň we erk tagallalarynyň galtaşýandygy häsiýetlidir. Gaýtadan dikeldiji we döredijilik hyýaly ygtyýarly häsiýetde bolup biler. Notany gowy bilmeýän adamyny göz öňüne getirelin. Ol notada özüniň gowy görýän aýdymyny öwrenmek isleýär. Saz guralynda ýa-da öz sesiniň, üsti bilen notadaky heňleri gaýtalamak örýän kynlyk bilen geçýär. Adam notalaryň saz bolup ýaňlanmagy üçin köp tagalla we güýç sarp

edýär. Metal işläp bejeriji tokar timarlanmadyk demir böleginde ýasaljak maşynyň detalyny we onuň üstünde özüniň nähili işlejekdigini öňünden göz öňüne getirýär. Işin görkezilen bu görnüşleri ygtyýarly hyýalyň - esasynda amala aşyrylýar.

**Arzuw**. Bu hyýalyň aýratyn formasy bolup, täze obrazlary özbaşdak döretmekdir. Arzuw - bu isleňýän geljegiň obrazlaryny döretmekdir. Adam öz ünsüni çekýän, şatlyk getirýän, özüniň in gymmatly arzuwlaryny we isleglerini kanagatlandyrýan zatlar barada arzuw edýär. Adam erbet, özüni gyzyklandyrmaýan zatlar barada arzuw etmeýär. Arzuw adamyn, bütin ömrüniň manysynynda özünde jemläp biler. Ol real hakykata ýakyn we real däl (hakykatdan daş) bolup biler. Arzuw hakykata ýakyn bolanda, adam öz arzuwynyň mazmunyň we ona ýetmegiň ýollaryny ýeterlik derejede göz öňüne getirýär.

Real ýagdaýda arzuwyň, mazmuny we ony durmuşa geçirmegiň ýollary kesgitlenmedik häsiýetde bolýar. Arzuwyň başlanyşy aktiw bolup, ol belli bir derejede adamyn işiniň hereketlendiriji guýjüdir. Köplenç öňde goýlan arzuwy soňky nesiller durmuşa geçirýärler.

Real däl, arzuwyň iki wariantyny ýüze çykarmak bolýar. Olaryň birinjisinde, adam öz arzuwynyň mazmunyna ynanýar we bu arzuw oňa hasyl bolaýjak ýaly bolup gerünýär. Ol munuň nähili we haçan boljakdygyny bilmese-de, arzuwyna hökman ýetjegine ýürekden ynanýar. Bu ýagdaýda ol özüniň obýektiw mümkinçiliklerine çakdanaşa baha berýär. Netijede arzuwlaryň obýektine ýetmek üçin sarp edýlen tagallalar biderek bolup çykýar. Munuň özi «puç bolan arzuwlar» diýlip, atlandyrylýan ýagdaýdyr.

Hakykatdan daş bolan arzuwyň ikinji wariantynda adam ony ilki başdan çyny bilen kabul etmeýär, ýöne nähili-de bolsa bu arzuwlar onuň kalbyny eýeleýär. Arzuw bu ýagdaýda durmuşdaky şowsuzlyklaryň öwezini doldurýar, käte bolsa ol ömrüň esasy manysyna öwrülýär.

Hakykata ýakyn bolan arzuw bu jemgyýetçilik we şahsy möhüm işleriň planlaşdyrylmagynyň başlangyjydyr. K. E. Siolkowskiniň adamyny kosmosa uçurmaklyk baradaky eden arzuwyny adamlar häzir iş ýüzünde subut edýärler.

## § 3. Döredijilik we onuň görnüşleri

Döredijilik munuň özi çylşyrymly psihologik prosesdir. Ol psihikanyň haýsydyr bir tarapyna syrykdyrylman, ol adam aňynyň akyl ýetiriş, emosiýa we erk ýaly ugurlarynyň sintezi hökmünde ýüze çykýar. Döredijilik şahsyýetiň indiwidual aýratynlyklary, (häsiýeti, ukyplary, islegleri we ş. m.) bilen baglanyşyklydyr.

Döredijilik prosesi köp taraplaýyň bolmak bilen, onda hyýal aýratyn orun tutýar. Ol obrazly aýdanynda, bu prosesde merkezi orunda bolmak bilen, döredijiligi üpjün edýän beýleki psihiki prosesleri we häsiýetleri töwereginde jemleýär. Döredijilik prosesinde fantaziýanyň gerimi bilimler arkady (pikirlenmenmäniň netijesinde gazanylan) üpjün edilip, ukyplar hem-de maksada okgunlylyk arkaly pugtalandyrylýar we emosional äheň bilen bezelýär. Hyýalyň aýgytlaýjy roly oýnaýan bu prosesi tutuş psihiki aktiwlik uly açyşlara, adamyň. durmuşynyň ähli görnüşlerinde maddy we ruhy baýlyklaryň döredilmegine getirip biler.

**Ylmy döredijilik-** bu akyl ýetirişiň ýokary derejesidir. Ony öňden gazanylan bilimlere esaslanmazdan amala aşyrmak mümkin däldir. Täze zady diňe şu ugurdan eýäm gazanylan bilimleri aktiw ösdürmek, utgaşdyrmak arkaly döretmek mümkindir.

**Ylmy döredijilik.** Ylmy döredijilik özal belli bolmadyk (otnositel) hadysalary, olaryň aragatnaşyklaryny, baglanyşyklaryny açmaga, tebigatdaky we jemgyýetdäki näbelli prosesleri öwrenmäge gönükdirilendir. Ylmy döredijilik, hadysalaryň, prosesleriň ýüze çykyşyny

kesgitlemegi, olary döredýän sebäpleri açmagy maksat edinýär. Ol döredýän we deredilýän hadysalaryň, faktlaryň we wakalaryň logiki zynjyryny, baglanyşygyny anyklaýar. Şonuň üçin ylmy döredijilik prosesinde hyýal möhüm roly oýnaýar. Ol kabul edilýän ýa-da göz öňüne getirilýän faktlara daýanyp, olary analizleýär, birleşdirýär, deneşdirýär, umumylaşdyrýar, kanuny arabaglanyşygy ýüze çykarýar. ýöne alyma hemişe öwrenýän zadynyň logiki yzygiderliligini döretmek başartmaýar, onuň ygtyýaryndaky faktlar azlyk edip ýa-da bar bolan faktlar materialyň umumy kabul edilen logiki yzygiderliliginiň gurluşyna ters gelip biler. Şeýle ýagdaýda barlagçy hyýaly ulanýar we etmezçiligi düzedýär.

Şeýlelik bilen, alym öz hyýalynda faktlaryň we düzgünleriň eýýäm subut edilen zynjyryndaky ýetmeýän zwenony döredýär. Şol zweno heniz esaslandyrylmadyk hem bolsa, ol real bar bolýar. Problemanyň üstünde geçirilýän ondan sonky döredijilik işi şol zwenonyň kanunydygyny ýa-da däldigini subut etmekden ybaratdyr. Olaryň birinjisi subut edilen ýagdaýda, hyýal polojitel roly oýnapdyr, eger ol nädogry bolup çyksa, onda fantaziýa taralyndan döredilşi: şol zweno wagtlaýyn bolsa-da zerur zwenodyr.

**Edebi döredijilik.** Ol ylmy döredijilikden düýpli talawutlanýar. Käte ýazyjynyň zähmetini ýönekeý, hiç hili bilim döredijilik talap etmeýän iş hasap edýärler. Bu ýagdaýda takmynan şeýle pikir ýöredilýär: «Kelläňe geldimi, oturyp ýazanmaly». Elbetde, sowatly uly adam üçin mekdepdäki duzmäniň derejesinde edebi eser ýazmak şeýle kyn däl. Ýöne, häzirki durmuşyň we geçmişiň hakyky keşbini beýan edýän çeper eser döretmek, onda öz ýazyjylyk ýörelgäňi beýan etmek aňsat iş däldir.

Ýazyjynyň döredijilik prosesi esasy ideýany tanamakdan başlanýar. Ýazyjy eseriň ideýasynyň, mazmunynyň üstünde işlän döwrunde ona köp wagt sara edýär, material ýygnamak boýunça uly we hysyrdydy iş

geçirýär. Ol diňe bir esere girjek wakalar barada dälde, eýsem beýan edilýän wakalaryň hakyky ýagdaýyny döredýän, olaryň" içine aralaşmaga, wakalara duýgularyň we paýhasyň bilen ornaşmaga mümkinçilik berýän materiallary hem ýygnaýar.

Ýazyjy eseriň sýujetiniň üstünde-de köp işlemeli bolýar. Sýujet, munuň özi dine bir bar bolan hadysany, wakany jikme-jik beýan etmek däldir (Elbete, onuň esasy çäkleri saklanyp biler). Sýujet-de tipiki zatlar we awtoryň pözisiýasy hem öz beýanyny tapýar.

Ýazyjynyň işiniň esasy çeşmesi onuň gözegçilikleri, syn etmeleri hem-de fantaziýasydyr. Ýazyjynyň ýiti nazaryndan predmetiň detallary, hatda giz1in bolaýmaly ýaly pikir we dulgular hem sypmaly däldir: Ýazyjy ony ýadyna salýar we gerek wagty esere goşýar. Ol dürli döwürlerde, dürli ýagdaýlarda özünde galan täsirleri birleşdirýär we özboluşly, emma tipiki original personaž döredýär.

Eýsem, edebi döredijiligiň nähili esasy etaplary bar?

1. Eseriň ideýasynyň, mazmunylyň ýüze çykmagy.
2. Material toplamak.
3. Sýužetiň üstünde işlemek (gahrymanlaryň özara gatnaşyklaryny, olaryň özüni alyp baryşlaryny we işlerini kesgitlemek).
4. Sýužete mazmun bermek, eseri ýazmak.

Şu agzalan etaplaryň her biri çylşyrymly, köp taraply döredijilik işidir.

Hyýalyň edebi döredijilikde oýnaýan roly ylmy döredijilik bilen deneşdirilende azrak tapawutlydyr. Ýazyjy eseriň üstünde işläp başlanyndan turuwbaşdan ona daýanýar. Alyma seredeňde ýazyjyny takyk sanlar we faktlar az gyzyklandyrýar. Ol bu maglumatlara erkana çemeleşip, olaryň ýerini, wagtyny üýtgedip hem biler. Çeper eserde faktlaryň logikasy hudožnigiň fantaziýasy bilen döredilen sýužet logikasyna we gahrymanlaryň, özlerini alyp baryş logikasyna garaşly bolýar. Çeper eserde adatdaň daşary wakalary

suratlandyrmaga hem ýol berilýar. Ýöne wakalaryň, obrazyň, logikasy bozulsa, çeper eser gymmatyny ýitirýär. Okyjy ýazyja ynanmasyny bes edýär Bu bolsa ýazyjy uçii iň ýakymsyz zatdyr.

**Çeper döredijilik.** Bu hünär hudožnige, heýkel taraşça, nagyş basyja we beýlekilere mahsusdyr. Ady agzalan hünärleriň her biri peýdalanylýan materialyň, guralyň özboluşlylyklary, ýerine ýetiriliş tehnikasynyň aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Mysal uçin- jiwopisçy hudožnik kendir mata kagyz, karton, agaç gurallary, reňkli, çotga, galam ulanýar. Heýkeltaraşçy göwrümli toýun, gips, daş, agaç ýaly materiallar we dürli gurallar bilen iş salyşýar. Ýöne bu çeper döredijiligiň-daşky material we tehniki tarapydyr. Onuň beýleki içki, psihologik tarapy hem bardyr.

Žiwopisçiniň we heýkeltaraşçynyň döredijiligi başyndan aýagyna çenli fantaziýa ýugrulandyr. Bu aýratynlyklar olaryň görüş obrazlaryna esaslanyp, göze görunýän zatlar bilen iş salyşýanlygyndandyr. Hudožnigiň we heýkeltaraşçynyň fantaziýasy özüniň has aýdynlygy, janlylygy, şekillendirilýän zadyň owunjak häsiýetlerini hem (formasyny, reňkini, ýagtylygyny) beýan edýän-obrazlaryň-da işjeňligi bilen häsiýetlendirilýär.

**Saz döredijiligi.** Saz döredijiliginde kompözitory» we ýerine ýetirjiniň döredijiligini tapawutlanlyrmak zerurdyr. Kompozitory döredijiligini original özalky zatlary gaýtalamaýan saz eserlerini döretmegi göz öňünde tutýar: ýerine ýetirjilik bolsa saz eseriniň düşündirilişini göz öňünde tutýar.

Kompozitorlyk döredijiligi döredijiligiň beýleki görnüşlerinden diňe bir materialy bilen däl-de, eýsem döredijilik aktyny barşy, akymy boýunça has belli bir derejede tapawutlanýar. Kompozitoryň aňynda dunýä owazlardan doly bolup görünýar. (Beýle diýmek, kompozitor duýgurlygyň beýleki görnüşleriniň mahrum diýildigi däldir).

Beýleki adamlaryň motoryň sesini ýa-da gapyňyň jygyldysyny, ýapdan akýan suwuň şagtyldysyny ýa-da ýapraklaryň şygyrdysyny eşidýän ýerinde, kompozitoryň aňynda sazly obraz döreýär. Kompozitor üçin, hatda ümsüm hem «saz» bolup hem ýaňlanýar. Saz eseri döredilende, başlangyç material durmuş fakty bolup, ol bolsa emosional ýagdaý döredýär we öz gezeginde saz bilen beýan edilýär. Ine, şeýdip heň doreýär. Howply ýagdaýy sazyň howsalaly ähheňi»i, şatlygy bolsa inçe näzik mylaýym heňler beýan edýär.

## § 4. Mugallymlyk işinde hyýalyň roly

Mugallymyň terbpeçilik işi göräýmage okugwçynyň tertip-düzgüniniň faktlaryny bilmäge. olary analiz etmage, pedagogik taýdan täsir etmekligi gurmaga gönükdirilen ýalydyr. Emma bu beýle däl. Mugallymçylyk işi pikirlenmegi, podagogik prosesiň geçişini öňünde hyýalda döretmegi, göz öňüne getirmegi guraýar. Öz işiniň ýakyn we uzak geljegini, okuwçynyň terbiýeçilik täsirine jogap hökmündäki hereketlerini we tertip-düzgünini öňünden görmek,okuw işiniň we çaganyň şahsyýetiniň osüşini çaklamak we proetlemek mugallymyň-terbiýeçiniň möhüm wezipesidir. Bu işleriň hemmesinde hyýal proselerine uly rol degişlidir.

Okuw-terbiýeçilik işinde geljegi öňünden görmegiň çylşyrymlygy okuwçynyň tertip-düzgüniniň we ösüşiniň iňňän köp faktlar arkaly döredilýänligi bilen düşündirilýär. Çaganyň özüni alyp baryşy dürli-dürlüligi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde şol bir sebäpler durli hereketleri döredip bilýär. Şol bir höweslendirmäniň özi okuwçynyň aňynda dürli görnüşlerde täzelen işlenip, onuň özüni alyp barşynda öz beýanyny tapýar. Bu onuň höweslendirmä düşüniş derejesine, kabul ediş derejesine, hut şu pursatdaky ýagdaýyna mugallyma bolan garaýşyna, deň-duşlarynyň täsirine we ş. m. baglydyr.

Pedagog okuwçynyň hut şu pursatdaky reaksiýalaryny,

şeýle hem onuň ýakyn geljekde özüni alyp barşynda dorejek üntgeşmeleri» sebapleriniň» kompleksini öňünden görmegi başarmalydyr, hyýaly oýlanmalary döretmelidir.

Mugallymyň zähmetinde hyýalyň. zerurlygyny bellemek bilen birlikle, bir howatyrly zat barada hem aýtmak zerurdyr. Okuwçynyň bahasy onuň jogabynyň we özüňi alyp barşyny dogry faktlarynyň esasynda goýulmalydyr.

Mugallymda terbiýeçide şol faktlaryň dogrulygy barada şübhe bolmaly däldir. Eger okuwçynyň özüni alyp barşynyň dogrulygyna kabul edişiň esagsynda däl-de, hyýalyň esasynda baha berilse, onda uly ýalňyşlyk goýberilýär. Hyýala getirilip, toslanyp tapylan faktyň tertip-düzgüniň, işiň hakyky fakty hökmünde kabul edilmegi okuwçyny hem mugallymy hem erbet netijelere getirip biler. Okuwça we onuň işlerine baha berlende, onuň her bir hereketi we etmişi logiki taýdan baglanyşykly zynjyra düzülmelidir, Bu babatda mugallymyň zähmeti alymyň döredijilikli zähmetinden kän bir tapawutlanmaýar.

**Ruhubelentlik.** Döredijilik bu tutuş bolmadyk üznüksiz prosesdir. Onda ýokary göterilişler, durgunlyk, ruhdan düşmek orunlaryny çalyşýarlar.

Ruhubelentlik döredijilikde iň uly ýokary göteriliş ýagdaýy bolmak bilen, onda akyl ýetiriliş we emosional sferalar bir joşguna birleşýär we döredijilik ýumşuny çözmäge gönükdirilip, iň ýokary netije gazanmaga mümkinçilik berýär.

Adam ruhubelentlik ýagdaýynda meseläniň uzak wagtlap tapman ýören çözgüdini tapyp bilýär. Aýratyn emosional ýokary göteriliş, pikiriň aýdyňlygy, düşnükliligi, dartgynly tolgunmalaryň bolmazlygy ine, bu häsiýetler ruhubelentlige mahsusdyr.

Ruhubelentlik ýagdaýy uzak dowam etmeýär. Aýry aýry adamlarda birnäçe sagatdan birnäçe güne çenli dowam edip, ol yzygiderli dartgynly işiň netijesini gazanmaga mümkinçilik berýär.

Ol işsizlik ýagdaýynda döremeýär. I. E. Repiniň aýdyşy ýaly ruhubelentlik «ejirli zähmet üçin goşantdyr». Diýmek, aýry-aýry işlerde ýüze çykýan kynçylygy ýeňip geçmegiň güýç beriji serişdesidir. Okatmak prosesinde okuwçynyň, ruhubelentligini döretmek, onuň mysal-meseleleri çözüşini, obrazlary häsiýetlendirişini we ş. m. makullamak bilen gazanmak bolar. Ruhubelentligiň arzuw bilen birleşmegi okuwçynyň okuw işini aňsatlyk bilen özleşdirmegine, ýumuşlary ýerine ýetirmegine täsir edip biler. Emma mekdep praktikasynda mugallymlaryň okuwçylarda ruhubelentligi oýandyrmak, döretmek, terbiýelemek baradaky aladasy goýulýan talapdan has egsikdir. Ruhubelentlik diňe oňat okaýan okuwçyda däl-de, hatda gowşak okaýan okuwçylarda-da öňe ymtylyş, özune ynamlylygy kemala getirmäge täsir edip biler. Şu nukdaýnazardan mugallymlaryň, terbiýeçileriň, ata--eneleriň döredijiligiň dürli ugurlary baradaky psihologik kanunalaýyklardan baş çykarmagy öwrenmegi häzirki günün möhüm meselesidir. Bu bolsa, çagalaryň okuwa, ylmyň aýry-aýry ugurlaryna gyzyklanmasynyň ýüze çykmagyna täsir eder. Mugallymlaryň, ata-eneleriň çagalarda ruhubelentligi döretmegi üçin, olaryň çagalary erlikli, adalatly makullamagy maksada laýykdyr.

## SORAGLAR

1. Hyýal diýip näme aýdylýar?
2. Gaýtadan dikeldiji hyýal näme we onuň ähmiýeti nämeden ybarat?
3. Arzuwyň manysyny düşündiriň?
4. Döredijilik näme we onuň nähili görnüşleri bar?
5. Ruhubelentligiň okuw prosesinde nähil roly bar?

# 14-NJI BAŞ. EMOSIÝALAR WE DUÝGYLAR

## § 1. Emosiýalar we duýgular, olaryň esasy funksiýalary, hilleri

**Emosiýalar we duýgular hakynda düşünje.** Siz günüň dogşuna syn edeniňizde, kitap okanyňyzda, saz diňläniňizde, ýüze çykýan soraga jogap gözläniňizde ýa-da geljek barada arzuw edeniňizde, sizde akyl ýetiriş işiniň dürli formalary bilen birlikde töwerekdäki dünýä barada gatnaşyklar döreýär. Okaýan kitabyňyz ýa-da ýerine ýetirýän işiňiz sizi şatlandyryp ýa-da gynandyryp, kanagatlandyrmak ýa-da närazylyk döredip biler. Şatlyk, tukatlyk, gorky, begenmek, ökünmek bularyň hemmesi dürli-dürli duýgular we emosiýalardyr. Olar adamyň psihiki şöhlelendiriş işiniň ýüze çykmalarynyň biridir. F.Engels «Daşky dünýäniň adama edýän täsiri onuň kellesinde yz galdyryp, onda duýgular, pikirler, islegleriň ýüze çykmasy görnüşinde şöhleleýär» diýip belleýär.

Eger kabul edişde, duýmada pikirlenmede we göz öňüne getirmede dürli predmetler we hadysalar, olaryň dürli-dürli häsiýetleri we hilleri, mümkin bolan arabaglanyşyklary we garaşlylykdary şöhlelendirýän bolsa, onda emosiýalarda duýgularda adam özüniň akyl ýetirýän zadynyň mazmynyna bolan gatnaşygyny ýüze çykarýar.

Emosiýadarda we duýgularda adamyň özüni alyp barşyna, hereketlerine, aýdýan zadyna. işine göwnüniň ýetäpligi ýa-da ýetmeýämligi ýüze çykýar, olar dürli ýagdýaýlarda aňladylýar.

**Emosiýalar we duýgular - munuň özi adamyň töwerekdäki zatlara we öz-özüne bolan özboluşly gatnaşyklarydyr.** Olar adamyň akyl ýetirişinden aýrybaşga bolman, onuň iş prosesinde döreýärler we onuň gidişine tasir edýärler.

Emosiýalaryň we duýgularyň çeşmesi bolup obýektiw predmetler we hadysalar, ýerine ýetirilýän iş, biziň psihikamyzda we organizmizde bolup geçýän özgerişler hyzmat edýärler. Şol bir predmetleriň adam üçin ähmiýeti dürli wagtlarda bir meňzeş bolmaýar. Suwsan adamyň içen bir bulgur suwy ony gandyrýar, lezzet berýär. Eger suwsamaýan adamyny suw içmäge mejbur etseň, onda närazylyk döreýär, gaharlanýar. Saz diňlemek ýakymly, ýöne konsert has uzaga çekse, tolgunmalar gowşaýar; kütelýär, adam ýadýar ünsi sowulýar.

Emosiýalaryň we duýgularyň özboluşlygy, adamyň taraplary, delleri, meýilleri, onuň häsiýetiniň, erkiniň aýrýatynlyklary bilen kesgitlenýär. Şu komponentleriň birisiniň üýtgemegi bilen, islegiň predmetine bolan gatnaşygy hem üýtgeýär. Şeýlelikde adamyň hakykata bolan şahsy gatnaşyklary ýüze çykýar.

Duýgular we emosiýalar dünýäsi örän çylşyrymly we köp taraplydyr. Olaryň guralyşynyň ýakymlylygyny we ýüze çykyşynyň köp taraplylygyny köplenç adamyň özi duýmaýar. Başdan geçirilen duýgularyň psihiki analiziň çylşyrymlylygy, şeýle hem predmetlere we hadysalara bolan gatnaşyklaryň şahsyýetiň ýerine ýetirýän akyl ýetiriş işine, erk-isleginiň aktiwligine baglydygy bilen düşündirilýär. Öz duýgularyň ba'rada gurrüňn bermekdäki tolgunmalar, olary dilden aýtmagyň kypçylykly bolýanlygy hemmelere mälimdirr. Tapýan sözleriň ynandyryjylygyna, onuň emosional alamatlarynyň suratlandyrylyşyna, dogrulygyňa şübhe döreýär.

**Duýgularyň we emosiýalaryň esasy funksiýalary.** Biziň Duýgularymyz iki funksiýany: signal berijilik we dolandyryjylyk funksiýalaryny ýerine ýetirýärler.

Duýgularyň signal berijilik funksiýasy gynançlaryň daşky sredada we adamyň organizminde bolup geçýän özgerişlere laýyklykda döreýänligi we üýtgeýänligi bilen

baglanyşyklydyr. Duýgularyň dolandyryjy funsiýasy durnukly gynançlaryň şahsyýetiň özüni alyp barşyna tasir etmeklen ony gollaýapdygyndan, duş gelen päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ýardam edýändiginden ýa-da işiň gidişine päsgel berip, onüňe böwet bolýandygyndap ybaratdyr.

Emosiýalaryň dolapdyryjy mehanizmleri emosional tolgunmalary azaldyp, ýa-da onuň ösmegine ýardam edip binler. MýsaL üçin tukatlyk, sussupeslik, gam-gussa alamyny tutuşlygyna aljyradýar: olar diňe psihiki taýdan ýaramaz täsir etmek bilen çäklenmen, eýsemm soňra kesele owrülip biljek organiki özgerişler hem döredýärler. Şeýle psihiki ýagdaýda bolmak orän howply bolup biler. Şona gorä şol wagtyň özünde ony haýsydyr bir maksada gönükdirilen işiň üsti bilen aýyrmaga adamyň köplenç öz guýji, erki-ygtyýary ýetmeýär. Eger güýçli şatlykly duýgular myşsalaryň hereketi, gülki, şatlyk bilen utgaşdyrylmasa, bu duýgular hem organizm üçin howplulyr. Käwagtlar iň dartgynly ýaglaýa ýeten emosiýalar nem suwuklygyny bölüp çykarmak, hereket we dem alyş myşsalarynyň dartylmagy ýaly «sessiz» proseslere öwrülýär. Agy köplepç 15 minutdan köp dowam, etmeýär. Bu wagt aralygy artykmaç dartgynlygy azaltmak üçin doly ýeterlnkdir. Şondan son adam birneme gowşaklyk, ýeňil sämemeklik duýýar. Bu ýagdaý bolsa tutuşlygyna suňňüň ýeňlemegi, organizmiň rahatlanmaga başlamagy hökmünde kabul edilýar.

Adamyň emosiýalary we duwgulary täsirli hereketler bilen utgaşýar. Olar: mimika (ýüzüň myşsalarynyň hereketleri), pantomimika (bu tutuş endamyň myşasynyň hereketleri, yşaratlar) ýaly hereketleridir. Çyny bilen begenýän adamyň gözn ýitelýär, erni bir ýere gelmeýär, gujagy ginden açylýar. Täsirli hereketler emosiýalaryň we duýgularyň ekspressiýa tarapyny döredýärler we signal berijilik funksiýasyny ýerine ýetirýärler. Olar gynançlaryň üstüni dolduryarlar, olary düşnukli edip, başga adamlar tarapyndan

kabul edilmegini, düşünilmegini ýeňilleşdirýärler.

Ses we mimika signaly gürrüň edilýän adam bilen belli bir aragatnaşyk stiline çagyrýar we özara baglanyşyk ýagdaýyny döredýär. Sözleriň intonasiýalary, sesiň reaksiýalary, mimikanyň ýüze çykmalary aragatnaşyk saklamagyň iň inçe instrumentleridir. Meselem, biziň ýylgyrmamyz, salykatly, gaharly, emeli, gynançly kineli we ş. m. bolup biler.

Ç. Darwiniň görkezişi ýaly, uzak geçmişde adamyň ata-babalary bolan haýwanlarda täsirli hereketler maksada laýyk gurluş bolup, ýaşaýyş üçin gazaply göreşlerde goranmaga kömek edýadirler. Taryhy ösüş prosesinde adamzadyň daşky dünýä bilen aragatnaşyklarynyň formalary üýtgäpdir, täsirli hereketler hem özleriniň emosiýalara we duýgulara ýardam edýän özalky ähmiýetlerini ýitiripdirler. Häzirki döwruň adamlarynda täsirli hereketleriň täze manysy bardyr. Olar aragatnaşyk formalarynyň biri bolup hyzmat edýärler. Biz olaryň üsti bilen başdan geçirilýän ýagdaýlar barada bilýäris. Mugallym okuwçylaryň Ünsüni çekmek, olary ruhlandyrmak ýa-da närazylygyny bildirmek, okuwçylara belli bir ýol bilen täsir etmek üçin täsirli hereketleri ulanýar.

**Emosiýalaryň we duýgularyň esasy hilleri.** Duýgular dartgynlykda we bu dartgynlygyň degişli çözgütlerinde ýüze çykýar. Dartgynlyk daşky ýagdaýlaryň üýtgemegine baglylykda güýjäp hem biler. Adamyň aýgytlygy özbaşdak hereket etmeli boljak haýsydyr bir waka garaşmagy dartgynlygyň çalt ösmegine ýardam edýär. Işin, mazmunyň we amala aşyrylýan ýagdaýlaryna, şahsyýetiň indiwidual aýratynlyklaryna baglylykda dartgynlylyk işe gujur berýän aktiw ýagdaý hökmünde başdan geçirilip bilner. Şeýle hem ol adamyň hereketiniň, oý-pikiriniň, edýän işleriniň gowuşgynsyzlygynda ýüze çykyp, adamyň psihikasynda yz taldyryp biler. Dartgynlygyň yzysure çözgüt ýüze çykyp, ol adam tarapyndan ýeňillik, köşeşmek ýa-da doly ysgynsyzlyk,

gowşaklyk görnüşinde başdan geçirilýär.

Hil taýdan tapawutly bolan islendik duýgular we emosiýalar (söýgi, ýigrenç, gorky, dözmezlik, mähir, begenç we ş. m.) polojitel, otriňatel, ýa-da näbelli görnüşinde garalyp geçilip bilner. Eger isleg kanagatlandyrylýan bolsa, ýa-da onuň kanagatlandyrylmagy üçin umyt bar bolsa, onda polojitel emosional ýagdaý döreýär. Eger islegleriň kanagatlandyrylmagyna bir zat päsgel berse, ýa-da onuň kanagatlandyrylmagynyň mümkin däldigi aýan bolsa, onda päsgel berýän faktorlara otrisatel emosional gatnaşyk döredýär.

Näbelli emosional ýagdaýlar täze, nätanyş wakalarda, töwerekdäki täze zatlar babatynda tejribäniň ýok ýagdaýlarynda ýa-da iş predmetleri bilen tanşylanda döreýär. Şeýle ýagdaý uzak we durnukly bolmaýar. Ol ýagdaý üýtgäninde aýrylýar. Täsir edilýän obýektleriň durnukly ýagdaýynda we çaklama reaksiýa-lar aýrylanda näbelli ýagdaý polojitel ýa-da otrisatel emosiýa ýa-da duýga öwrülýär.

Emosiýalaryň we duýgularyň ýene-de bir özboluşly aýratynlyngyny - olaryň polýarlygyny belläp geçmek bolar. Polýarlylyk munuň özi iki taraplaýyn emosional gatnaşyklaryň, garşylykly duýgularyň (şatlyk-gaýgy, söýgi-ýigrenç, mähir doňýürek) birligidir. Duýgularyň ikitaraplylygy durmuş situasiýalarynyň köplenç çylşyrymly bolýanlygy, adamyň onuň bilen aragatnaşyklarynyň haýsydyr bir elemsitar gatnaşyk bilen çäklenmeýänliginiň esasynda düşündirilýär. Eger dawaly ýagdaýlar emele gelse, onda ýiti emosional ýagdaýlarda iki taraply duýgular utgaşýarlar. F. E. Dzeržinskiý Sedleskiý türmesinde bolan wagtynda öz uýasyna şeýle hat ýazýar: «...Men hasratly ýagdaýda özümi bagtly duýýaryn. Şol bagty seniň bilen paýlaşmak isleýäriň... Men sen hakda pikir edýärin, seniň çagalaryňy gowy görýärin, olary gaýgy edip, hasrat çekýäriň». Görşümiz ýaly, adamyň dürli ýagdaýlary başdan geçirýän- pursatlarynda hem bir zat barada oýlanyp gorkmagy, gaýgylanmalary başga bir ýagdaýyn bolmanlygy

üçin begenmegi durmuş üçin mahsus hadysalardyr.

## § 2 Duýgylaryň görnüşleri

Duýgy özüniň mazmuny we ähmiýeti boýünça iňňän köp dürli we köptaraplydyr. XIX asyryň psihologlary duýgularyň görnüşleriniň çäksizligi sebäpli, olaryň görnüslerini ýüze çykarmakçy bolanlarynda uly kynçylyklara duş gelipdirler.

Şahsy we jemgyýetçilik durmuşynyň täze şertleri täze duýgulry döredýar. Bu şertler häsiýeti we mansy boýunça täze-täze syzmalaryň, duýgularyň döremeginiň çeşmesidir.

Dünýäniň ilkinji kosmonawty Ý.A.Gagariniň ilkinji kosmosa uçuşynda başdan geçiren duýgularyny, ondan ozal hiç kim başdan geçiren däldir. Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň, durmuş obrazynyň üýtgemegi täze emosional hyjuwy, täze duýgulary döredýär. Meselem, Türkmenistanyň özbaşdak döwlet bolmaklygy türkmen halkynda täze duýgylary döretdi.

Psihologiýada manysy boýunça aşakdaky duýgylary tapawutlandyrýarlar: **moral** (ahlak), **intelektual** (akyl ýetiriş), **estetiki** (gözellik) duýgulardyr.

**Ahlak duýgular. Ahlak duýgular - şahsyýetiň beýleki adamlara we onyň özüni alyp barşyna bolan emosional gatnaşyklarydyr.** Ýokary duýgular eferasynda moral duýgular aýratyn oryn tutýar. Käwagtlar Watana bolan söýgä mukaddes söýgi diýýärler, dostlyk duýgusyna – asylly duýgy, borçlylyk duýgusyna moral taýdan ýokary göteriliş duýgusy diýýilýär. Bular ýokary duýgular diýilip dogry atlandyrylýar. Sebäbi olar adamlaryň abadançylygynyň, jemgyýetiniň, halkyň bähbitleriniň hatyrasyna amala aşyrylýan işleri we hereketleri döredýäler.Ahlak duýgulary adamlaryň bilelikdäki işleriniň prosesynda döreýärler we ösýäler, bu jemgyýetde kabul edilen ahlak kadalarynyň täsirini duýýarlar. Olar beýleki adamlaryň hem-de şahsyýetiň hususy özüni alyp barşlarynyň täsiri astynda döreýäler. Bu duýgular beýleki adamlar we şahsyýetiň özi

tarapyndan hökmany ýerine ýetirmeli diýen işiň moral kadalara laýyk gelýänligine we gelmeýänligine belen bahanyň özboluşly netijesidir. Ýerine ýetirilen işleriň polojitel bahanyň berilmegi kanagatlanmak duýgusyny döredýär, oňa otrisatel baha berilmegi içki garşylyk duygusyny emele getirýär. Ahlak duygulary halamak ýa-da halamazlyk, ysnyşyk ýa-da daşlaşmak, hormat goýmak we sylamazlyk, minnetdarlyk we gady bilmezlik, söýgi we ýigrenç duýgulary degişlidir. Ahlak duýgularyň arasynda ýoldaşlyk we dostlyk, watançylyk we kollektiwizm borçlylyk we wyjdançylyk duýgularyny aýratyn bellemek zerurdyr . Bu duýgular adamyň dünýä garaýşynyň täsirinde adamyň garaýyşlarynyň we ynamlarynyň sistemasy tarapyndan döredilýär. Şeýle duýgularyň döremegine halkymyzyň uzak taryhy döwürleriniň mirasy bolan däp-dessurlaryň kem-kemden adamlaryň aňyňa ýetirilmegi, moral duýgularyň gatnaşyklaryň gaýtadan kemala gelmegi kömek edip biler.

**Intellektual duýgular. Akyl işiniň prosesinde döreýän başdan geçirmelere intellektual duýgular diýilýär. Bilesigelijilik, bilmäge höweslilik,** geň galmaklyk, meseläniň çözgüdiniň dogrulygyna ynamlylyk, şowsuzlyklara uçranda şüwhelenmeklik has çuň bilimlere höweslendirýän täzelikleri duýmak – intellektual duýgynyň myssalarydyr.

Amala aşyrýan akyl ýetiriş işi çuň başdan geçirmeleriň giden birtoparyny döredýär. Dowam edýän hadysalaryň we ony döredýän sebäpleriň tapylmagy, şol hadysanyň geçişiniň kanunalaýyklyklarynyň kesgitlenilmegi hemişe açyşyň uly şatlyk duýgusy bilen, käwagt bolsa çuň kanagatlanmaga geçýän duýgy bilen utgaşýar. Akyl ýetiriş işiniň üstinliklerini syzmak pikiriň öňküden-de güýçlenmigine alyp baryar. Akyl ýetiriş meseleleri çözülende emele gelýän şowsyzlyklar has ýiti gynançlary döredýär. Ylmy taýdan akyl ýetirişiň begençleri we gynaçlary munuň özi akyl ýetiriş işiniň emosional häsiýetnamasydyr.

Adamyň we kollektiwiň geljekgi durmuşynda aýgytly rol oýnajak meselelere jogap gözlemek hem emosional ýagdaý döredýär. Onuň esasy zwenosy bolsa kabul edilýän kararlar üçin jogakärçilik duýgusydyr. Şol kararyň dogrydygyna ynamlylyk we arkaýynlyk moral taýdan kanagatlanmak duýgysy bilen baglydyr.Adam esaslandyrylan pikirler we netijeler aýdan mahalnda hem şeýle duýgyny başdan geçirýär.

**Wäşilik we kinaýa** duýgulary hem intelektual duýgulara degişli bolup, olarda adamyň özi tarapyndan akyl ýetirilen we berlen obýektlere bolan gatnaşyklary çykyş edýär. Bäşilik duýgusy, bir tarapdan, polojitel häsiýetlerdirilýän we söýgi döredýän, ikinji tarapdan bolsa, hoşniýetli gülki döredýän kemçilikleri bar bolan hadysalar we adamlar bilen bir hatarda kiçijik ýetmezçilikleri we gowşaklyklary ýüze çykaryp bilýän adamlara mahsusdyr. Bäşilik duýgusy bolan ýazyjy özüniň söýgüli, ýöne uzakdan görüjiligi bolmadyk, gülkünç ya-da sadarak gahrymanlary barada hoşniýetlilik bilen gürrüň edýär. Ata Salyhyň, Ata Köpek Mergeniň, Pyhy Taganyň, Keminäniň goşgularynda, şorta sözlerinde bäşilik duýgusynyň söz bilen beýan edilişini we onuň halk arasynda peýdalanylyşyny, döredijilikli ösdürilişini mysal getirmek bolar.

Kinaýa duýgusy-dünýä, adamlara we öz-özüňe bolan iýti tankydy garaýyşlarynyň aňlatmasydyr. Kinaýa adamyň durmuşda goýberen haýsydyr bir kemçiligini, hatasyny we ýalňyşyny rehimsiz paş edýän baha beriş garaýyşlarynyň mazmunynda çykyş edýär. Kinaýa hiç kimi we hiç zady gaýgyrmaýar.

**Gözellik - estetiki duýgy. Estetiki duýgular adam gözellikleri kabul edende, döredende ýüze çykýar we ösýär.** Biz owadan predmeti görenimizde, günüň dogşuna syn edenimizde, gözelligiň estetiki duýgusyny başdan geçirýäris. Biz tebigatyň gözelliklerinde ýa-da sungatyň ajaýyp eserlerinde näçe haýran galsak hem, ondan ýene-de lezzet alasymyz gelýär. Adam şol gözelligiň içine näçe köp aralaşsa, oňa näçe gowy

düşünse, gözellikler şonça-da özüne çekiji bolýar.

Estetiki duýgular diňe bir fiziki gözellikler kabul edilende ýüze çykmaýar. Ahlak taýdan ajaýyp zatlar hem estetiki duýgulary döredýärler. Biz köp halatlarda töwerekdäki adamlaryň bähbitleriniň hatyrasyna ýaşaýan ýokary ahlakly şahslaryň bolşuna haýran galýarys. Şeýleadamlar bizde çuň hormat duýgusyny döredýärler. Meselem: Gaýgysyz Atabaýewiň, Nedirbaý Aýtakowyň, Annagylyç Ataýewiň, Aýdogdy Tahyrowyň we beýleki şahslaryň başdan geçiren kynçylyklary, bitiren işleri adamlarda guwanmak, hormat goýmak, haýran galmak duýgularyny döredýarler.

## § 3. Emosional ýagdaýlar

Şahsyýetiň durmuşyda **emosional ýagdaýlaryň** ähmiýeti uludyr. Olar belli bir wagtyň dowamynda adamyň bütin psihiki işini bezeýärler we intesiwlik derejesi boýunça tapawutlanýan **keýplerde we göçgünli (affektiw) ýagdaýlarda** ýüze çykarýarlar. Emosional ýagdaýlar diňe bir dowm bilen çäklenmän, eýsem oňa uly täsir edýärler. Mysal üçin, keýpi köklük adamyň adamyň akyl ýetirijilik we erk işini aktiwleşdirýär. Emosional ýagdaý ýerine ýetirilýän işe, edilen herekete, özüňi duýuşyňa, diňlenen saza, oklan goşga we ş.m. bagly bolar.

Emosional ýagdaý adamyň özüni alyp barşynyň tipiki aýratynlyklary, şeýle hem tötänleýin, oňa mahsus bolmadyk psihiki hadysalar hökmünde-de ýüze çykýar. Adam üçin tipiki emosional ýagdaýlarda şahsyýetiň indiwidual-tipologok ayatynlyklary beýan edilýär. Mysal üçin, melanholikler uzak wagt keýpsiz ýagdaýda bolmaga meýilli bolup, sangwinnikler bolsa şadyýan, gujurly emosional ýagdaýlary bilen tapawutlanýarlar. Tötänleýin emosional ýagdaýlarşahsyýetiň düýpli aýratynlyklaryny ýüze çykarman, olar emele gelen situasiýa laýyklykda ýüze çykarýarlar. Mysal üçin, käbir

şertlerde örän parahat adamlarda-da göçgünlilik ýägdaýy döräp biler. Emosional ýagdaýlaryň hemmesi wagtlaýyn häsiýetdir. Ýöne tipiki ýagdaýlar hem adamda has köp duş gelýär we şahsyýet üçin mahsus bolan hAsiýetler bilen bile bolýar.

Emosional ýagdaýlaryň hemmesi näçe subýektiw bolsalar-da, adam öz ýagdaýynyň sebäbine hemişe açyk göz ýetirip bilmese-de olar sebäpli döredilendir.

**Hyjuwlar.** Duýgulary diňe bir olaryň mazmuny boýunça däl-de, olaryň güýji boýunça hem klassifisirlemek bolar. Obýekte gönikdirilen hereketler boýunça hyjuwlar tapawutlandrylýar. **Ymtylyşyň ýeke-täk maksady predmetine etmäge gönikdirilen gowşamaýan energiýany emele getiarýän, güýçli, durnukly, uzak wagtlaýyn duýgulara hyjuw diýilýär.** Hyjuwyň predmeti (ýa-da obýekti) bilimleriň we adamzat durmuşynyň dürli taraplary bolup bilerler. Hyjuwyň obýekti kähalatlarda erkegiň aýal maşgala we onuň tersine çäksiz höwes döredýär käbir häsiýetleri özünde jemläp biler. Hyjuwlaryň esasy alamaty olarda täsirliligiň, erkin we emosional pursatlaryň birliginden ybaratdyr. Hyjuwlar adamy hemişe aktiw herekete çagyryp, şonuň ýeti bilen kanagatlandyrýar we şonuň esasynda hem ösýar.

**Şäht.** Şäht – **adamyň ähli beýleki başdan geçirmelerini we işlerine durnukly duýgy ýerligi bolup hyzmat edýän emosional ýagdaýdyr.** Şäht özüniň dowamlylygy, aýdynlygy, aňlanylýandygy ýaly häsiýetleriniň dürli derejede bolmagy bilen tapawutlanýar. Şonuň uçinem şäht wagtlaýyn ýa-da durnukly ýaly görnüşlerden durýar.

Uzak wagtlaýyn şäht adamyň özüni alyp barşyny birnäçe günüň we birnäçe hepdäniň dowamynda bezäp biler. Durnukly şäht ýokary derejede ösüp, şahsyýetiň häsiýetine, adamyň häsiýetli aýratynlygyna öwrülýän ýagdaýy hem bolýar.

Döwürdeşleriniň ýatlamalaryna görä Aleksandr Dyuma (kakasy) çäksiz şadyýan, hemişe güler ýüzli adam bolupdyr. Onuň adatdan daşary çykganlygy, dünýewiligi, iş başarjaňlyňy,

işeňňirligi, şeýle işe ukuplylygy hemmäni haýran galdyrypdyr.

Şähtiň hemişe sebäbi bolýar. Onuň sebäbi töwerekdäki tebigat, wakalar, adamlar, edilýän iş bilen baglanşykly bolup biler. Ýöne şu hadysalar hemişe sebäp bolup bilmeýär. Şonuň üçinem hem düşniksiz tukatlyk, sebäpsiz şadyýanlyk barada gürrüň edilýär. Şol bir sebäbe görä, dürli adamlarda döreýän şäht bir meňzeş bolman, hatda garaşylykly hem bolýar.(“Meniň tukatlygymyň sebäbi seniň şadyýanlygyň”). şähtiň adamyň özüni alyp barşynda täsir edýänligi, adamyň işini bezeýänligi, şahsyýetiň aktiwligini ýokary göterýändigi ýat-da peselýändigi häsiýetli zatdyr. Eger adamyň şähti kök bolsa, onda uly kynçylyklar hem aňsat, ýerine ýetirilýän iş gyzykly, adamlar hem ýakymly ýaly bolup görünýär. Eger-de şähti ugursyz bolsa, şol bir işin özi hem ýürek gysdyryjy, gyzyksyz ýaly, şol bir adamlar hem ýürege düşgünç we tertipsiz, islendik kynçylyklary ýeňip geçip bolmajakiş ýaly bolup görünýär.

Pedagogik işde ol ýa-da beýleki şäht okuw prosesiniň özi, mugallym bilen okuwçynyň arasynda döreýän gatnaşyklar, mugallymyň sapak geçiriş usuly bilen döredilip biler.

**Affekt - göçgünlik ýagdaýy. Göçgünlik ýagdaýy güýçli oňyndäl we oňyn sargynlyk boýunça ýüze çykyp, adamyň paýhasyny eýeleýän we özüňi alyp barşyň aňly dolandyrylyşyny togtadýan gysga emosional dartgynlyk arkaly ýüze çykYar.** Göçgünlik ýagdaýy ýitgeýji we göze görnüp duran häsiýetde bolýar. Eger keýp geçiş derejesi boýunça durnuklylyk häsiýetine eýe bolsa, onda göçgünlik ýagdaýy intensiw ösüşi bilen tapawutlanýar. Göçgünlilik ýagdaýyň hemişe haýsydyr bir tamamlanýan ýeri bolýar. Mysal üçin, haýsydyr bir islenmeýän waka ýa-da garaşylýan ýakymsyz gürrüň birden amatly gutarsa , ol kanagatlanmak bilen tamamlanyp biler. Belli bir ýagdaýlarda güýçli dartgynlyk energiýa ýa-da haýsydyr bir işiň ýerine ýetirilmegine geçýär.

Adatdan daşary dawaly ýagdaýlarda göçgünli köplenç

güýçli gyzmak, gahrjaňlyk, joşgunly çykyş etmek-göçgünlilik arkaly çözülýär. Göçgünlik-bu adamyň düýgularyndaky gysga wagtlaýyn, joşgunly adatdan daşary intensiw reaksiýadyr.

Göçgünlilik üçin häsiýetli zat, onuň adatdan daşary güýçli ýüze çykmasydyr, ol adamyň kalbyny tutuşlygyna eýeleýär. Göçgünliligiň uly güýji we aýdyňlygy onuň gysga wagtlylygy bilen utgaşýar. Munuň özi güýçli, öz-özüni çalt ýok edýän reaksiýadyr. Göçgünlilik ýagdaýynda bolan adam, köplenç öz edýän zadyna özi gowy düşünmeýär. Ol özüni saklap, öz reaksiýasynyň netijesine göz ýetirip bilmeýär, ýagdaýynyň gaty agyrlygy sebäpli eden işiniň häsiýetine we ähmiýetine dogry baha berip bilmeýär.

Oýanma we togtatma prosesleri dunuksyz adam göçgünlilige meýilli bolýarlar. Ýöne, göçgünlilik köplenç tertipsiz, haýasyz, haýýar, öz duýgularyna kontrollyk etmegi öwrenmedik adamlarda ýüze çykýar. Käte şeýle ynjyk, başyna giden adamlar kiçijik zatlara-da uly göçgünlilik bilen jogap berýärler.

**Stress. Stress garaşylmadyk we dartgynly şertlerde ýüze çykýan, adamda psihiki dartgynlyk döredýän emosional ýagdaýdyr.** Özüňi alyp arşyn stress ýagdaýy garaşylmadyk, duýdansyz üýtgeýän şertlerde töwekgel hereketler, çalt we özbaşdak, karara gelmek zerurlygyny, döredýän howply ýagdaýlarda reaksiýanyň çaltlylygy ýaly häsiýetlerde ýüze çykýar.

Stress ýagdaýynda maksada gönükdirilen işiň amala aşyrylmagy kynlaşyp, pikiriň başga zada geçmeginden we bölünmeginden başlap, hat-da hereketleriň umumy togtamagy ýa-da doly bozulmagy-da bolup biler. Şeýle bolanynda endikler we öwrendikler üýtgemän galyp, aňlanylan herektleriň ornuny tutýarlar. Stress ýagdaýynda kabul edişiň (duýdansyz peýda bolan betniýet garşydaşlaryň sanyny kesgitlemekde), ýadyň (gowy bilýän zatlaryňy unutmak) ýalnyşlyklary, garaşylmaýan şol bir gyjyndyryjylara dürli reaksiýalaryň bolmagy we ş.m.

mümkin.

Ýöne, birnäçe adamlarada güýçli bolmadyk stress hem täze güýç, işeňňirlik, pikirleriň aýdynlygyny we durulygyny döredip biler.

Napoleon özüniň marşallarynyň biri hakynda şeýle ýazypdyr: “ ol diňe ok-därileriň arasynda, çyklyşyklaryň gümmürdisine aşa parasatly bolup bilýärdi, şol ýerde onuň göz ölçegi (doeie) onuň sowukganlylygy we gujury deňsiz-taýsyzsdy, ýöne ol asuda ýagdaýda, kabinetde karta seredip öz operasiýalaryny, öňküsi ýaly gowy taýýarlap bilmezdi”

Haýsydyr bir situasiýanyň adamda stress ýagdaýyny döredip biljekdigini önünden kesgitlemek mümkin däl. Adamyň stress ýagdaýynda özini alyp barşy köp babatlarda onuň şahsy aýratynlyklaryna: ýagdaýa tiz baha bermek başarnygyna, garaşylmadyk ýagdaýlarda derrew ugur tapyjylyk endiklerine, özüne erk edip bilýänligine, töwekgeldigine, hereketleriniň maksada laýyklygyna we sabyrlylygyna, şeýle ýagdaýlardan baş alyp çykmaga tejribäniň barlygynda we ş.m. baglydyr.

**Frustasiýa. Bu durnukly otrisatel togunmasyny döredýän, aşa närazylyk, meýýileriň gabalmagy, aňyň we hereketleriň bozulmagy bilen utgaşýan emosional ýgdaýdyr.**

Islegiň, meýliň, maksadyň kanagatlandyrylmazlygy hemişe frustasiýanyň ýüze çykmagyna getirmeýär. Adamyň köp ýerde lapy keç bolýar. Mysal üçin, leksiýa gijä galýar, ertirlik edinmäge ýetişmeýär, kino bilet tapmaýar, käýinç alýar. Ýöne, şeýle ýagdaýlar hemişe biziň aňymyzy we hereketlerimizi bozmaýar. Frustasiýa diňe närazylygyň derejesiniň adamyň çekip-çydajak derejesinden ýokary bolan ýagdaýynda ýüze çykýar.

Frustasiýa şahsyýete sosial taýdan otrisatel baha berlende we öz-özuňe şeýle baha berende, onuň giň şahsy ähmiýetli gatnaşyklaryna degilende ýüze çykýar. Frustasiýa köplenç

emosional häsiýetli, aşa gaharjaň, durmuş wakalarynda bişişmedik, kynçylyklara we agyr ýagdaýlara ýaramaz taýýarlykly, häsiýetiniň erk-isleg tarapy ýeterlik ösmedik adamlarda bolýar. Meselem, lälik saklanan çagalar üçin haýsydyr bir zat çäklendirilende köplenç frustasiýa döreýär.

Frustasiýa ýagdaýynda adam äýratyn güýçli nerw psihiki tolgunmany başdan geçirýär. Ol aşa janyny ýakmak, gazyplylyk, tukatlyk, töwerekdäki zatlara parhsyzlyk, çäksiz özüňi horlamak görnüşlerinde ýüze çykýar. Durmuş situasiýalarynda agyr gam-gussany başdan geçirýän adamlarda frustasiýa ýagdaýy gaýtalanýar.

## 4. Şahsyýetiň emosional aýratynlyklary

Şahsyýetiň emosional aýratynlyklaryna **täsirlilik, ýeserdeňlik,** şeýle hem şahsyýetiň köpsanly häsiýetlerinde, we onuň tutuş psihiki keşbinde az galdyrýan emosional häsiýetleriň toplumy girýär.

Eserdeňlik-adamyň sosial taýdan aýratyn möhüm, emosional häsiýetleriniň biridir. Eserdeň adam beýleki admlaryň begenjine we gynanjyna özünińki ýaly garaýar. Eserdeňlik beýleki adamyN aladalaryna düşünmegi göz öňünde tutýar, sebäbi diňe beýleki adamyň aladalaryna düşinmek bilen oňa duýgudaşlyk bildirmek bolýar.

Eserdeňlige gapma-garşylykly häsiýet biperwaýlykdyr. Şeýle adam beýleki adamlaryň gaýgy-aladalaryny eşitmeýär, olary düşinmeýär. Ol diňe özüniň hususy durmuşy bilen ýaşaýar özüni ruhy taýdan garyplaşdyrýar. Biperwaýlygyň ýüze çykyşynyň iň ýokary derejesi adamkärçiligi ýitirmek we zalymlykdyr.

Täsirlik şahsyýetiň özbolușly ýüze çykmasydyr. Täsirlik-şahsyýetin bütin durmuşy bilen, ozaly bilen hem onuň predmete, älem-jahana we töwerekdäki adamlara bolan akyl ýetirijilik gatnaşygy, onuň intelektual ösüşi bilen döredilen

emosional häsiýetdir. Täsirligiň ösüşi formirlenýär şahsyýetiiň töwerekdäki bolup geçýän zatlara paýhasly garaýşynyň we olara emosional ünslililiginiň derejesine baglydyr.

Eger şahsyýetiň emosional sypatlaryny adamlaryň häsiýetnamasynyň esasynda goýsaň, onda şu alamat boýunça **emosional, sentimental, hyjywly** we galyberse-de **perwaýsyz** häsiýetli adamlary tapawutlandtrmak bolar.

Emosional häsiýetli adamlar daşky we içki täsirler bilen örän ýeňil "tutaşýarlar". Olar üçin köplenç göçgilige geçýär okgunlylyk, joşgunlylyk häsiýetlidir. Şeýle adamlary we içki duýgulary gurşap alýar, olar, obýektiň manysy barada oýlanman we piker ýöretmän öz duýgularyny analiz edýärler.

Täsirlilik – emosional häsiýetli adamlaryň möhüm aýratynlyklarynyň biridir.

Sentimental häsiýetli adamlar synçylyga ýykgyn edilýänligi bilen häsiýetlendirilýär. Olar üçin bütin dünýä duýgularyň ýagdaýlaryň üsti bilen şöhlelendirilýän ýaly bolýar. Bu bolsa diňe bir kabul ediş prosesynda yz galdyrman, eýsem adamyň töwerekdäki adamlar, predmetler, wakalar, baradaky düşinjeleriň häsiýetlerini kesgitleýär. Sentimental häsiýetli adamlar düýgur we passiw bolýarlar: olaryň duýgusy aktiw işjeňligi döretmän, gabalan häsiýetde bolup, iş bilen baglanşygy ýokdur.

Häsiýeti hujuwly adamlar, işeňňir, okgunly, islendik işe wepaly bolýarlar, olar baý we dartgynly, emosional taýdan doly durmuşda ýaşarlar. Olarda hemişe hyjuw predmete gönikdirilen bolýar. Joşyp duran gujywlylyk, bar güýjini gaýgyrmazlyk-olaryň häsiýetli tarapydyr. Olar ösüp hyjuwa geçýän uly we çuň duýguly adamlardyr.

Psihiki dünýäsinde emosional taraplar aýratyn orun tutýan adamlaryň heniz doly bolmadyk häsiýetnamasy şulardyr.

Emma, durmuşda we işiňde emosiýalaryň aýratyn ähmiýeti bolmadyk adamlar hem bar. Olara perwaýsyz adamlar diýilýär, käte bolsa-"sowuk ganly, sowuk bagyr adamlar" diýýärler.

Şeýle adamlara düýpden duýgusyz, hiç wagt hiç zada tolgunmaýan, hiç zada begenmeýän we hiç zada gynanmaýan adamlar diýmek bolmaz. Şeýle adamlarda duýgular, emosional ýagdaýlar has az, gowşak ýüze çykýanlygy üçin, duýgylar şeýle adamlaryň özüni alyp baryşlarynda, hereketlerine we işlerine täsir etmeýär diýen ýalydyr. Olar paýhasyň netijeleri bilen ýaşaýarlar. Olar üçin köplenç aşaklandyrylan emosional oýanyşlar, duýgylygyň pesligi we işjeňlik häsiýetleri mahsusdy.

# 15-NJI BAŞ. ERK

## 1. ERK HAKYNDA DÜŞÜNJE

Biz durmuşda adamyň öz isleg-hyýaly boýunça zähmet çekýändigini, okaýandydgyny, dynç alýandygyny, gowy görýän işini ýerine ýetirýändigini görýäris, kähalatlarda bolsa onuň üýtgeşik bir şatlyga, kanagatlanma getirmeýän, zerurlyk tarapyndan öňe sürülýäň işiň bähbidi üçin fiziki güýjini akylyny gönükdirýändigini, uly kynçylyklary ýeňip gteçýändigini, özüni gurşap alan duýgulardan saklanýandygyny, haýsydyr bir ýakymly zatdan ýüz öwürip, maksada ýetmek üçin uzak wagt jan edýändigini görýäris. Bu zatlaryň hemmesinde adamyň erkli hereketleri ýüze çykýar.

**Erk – öňde goýlan maksada ýetmek ýolundaky kynçylyklary ýeňip geçmeklige zerur bolan güýç sarp etmeklik bilen utgaşýan aňly hereketlerdir.** Hereketleriň içki we daşky päsgelçilikleri bardyr.

Içki päsgelçilikler-esasan biri-birine garşylykly bolan islegleriň (işlemek - bikärlik we ş.m.) çyknyşmaklygyndan gelip çykýar: ýatmaga meýil we işe gitmek üçin düşekden turmak zerurlygy; gyzykly gürrüňi dowam etdirmeklige meýilwe turup işe başlamak, we ş.m. zerulygy. “etmeli” diýip hasap edilen zadyňy etmäge özüňi mejbur etmegi başarmak, muňa päsgel berýän arzuwlary we meýilleri ýeňip geçmek ukyby-erkiň esasy sypatlarydyr.

Daşky päsgelçiliklere-işiň çylşyryrmlylygy, beýleki adamlaryň garşylyklary we ş.m. degişlidir. Erki güýçli adam öňde goýulan maksada ýetmegi we işi ahyryna çenli alyp barmagy başarýar.

Baryp I. M. Seçenow: “ Erk diňe hereketi dolandyrýan häsiýet hökmünde sypatsyz hadysa däldir, - ol pähim-paýhasyň we moral duýgunyň işjeň tarapydyr, ýagny ol ýa beýleki halda,

hatda köplenç duýgynyň tersine gidilip, öz-özini gorap saklamagyň hatyrasy üçüň hereketi dolandyrýan aňyň işjeň tarapydyr” diýip ýazypdy.

Gadymy wagtlardan bäri ekin tebigaty baradaky ikisany (idealistic we materialistik) gapma-garşylykly garaýyş dowam edip gelýär.

Idealistikleriň garaýşyna görä, erk hiç kime, hiç zada garaşsyz hadysadyr. Ol erkanadyr. Bu garaýşa görä, adam islendik ýagdaýda hiç zada garaman, öz hereketlerinde azat, öz erkiniň eýesidir. Onuň erkana hereketi ony şahsyýet hökmünde häsiýetlendirýär. Bu taglymat erkanalygy obsolutlaşdyryp, zerurlyga orun goýmaýar.

Erkiň erkanalygynyň konsepsiýasy filosofiýa we ahlak nukdaýnazarynda birtaraplaýyndyr. Erkanalyk obsolýutlaşdyrylsa, hereketleriň erkanalygynda alyp barýar. Emma şahsyýetiň, jemgyýetiň, çlenleriniň bähbitligine laýyk gelmeýän hereketleri moral we hukuk normalaryny äsgermezlik ýagdaýyna alyp barýar.

Erkiň tebigaty barada materialistik garaýyşa laýyklykda, erkiň hem psihikanyň beýleki taraplary ýaly, nerw prosesleri görnüşinde material esasy bolup, ony materiýadan, beýniden aýry tutmak mümkin däldir. Materialistler adam daşky sreda bilen berk baglanşyklydyr diýip tassyklaýarlar. Eger amatly daşky şertler, bolmasa, ol adama erkli, aňly durmuşy amala aşyryrp bilmez.

Erk adamyň akyl ýetiriş we praktiki işini kadalaşdyryjy, faktorlaryň biridir.

Erkiň tebigatyna materialistic garaýyş hereketleriň we işiň mejbur edişi stimullarynyň adamyň özinden we daşky sredadan gelip gowuşýan görnüşleriniň aýrylmaz arabaglanşygyndan ugur alýar. W.I. Lenin: “ adamyň maksatlary obýektiw dünýa tarapyndan döredilipdir we şol dünýäniň bolmagy bilen bolýar, - şol dünýäniň belli zat, görnetin bir zat hökmünde görýär. Emma adama özüniň maksatlary dünýäden daşardan alnan

ýaly, dünýä bagly däl (“erkiň”) ýaly bolup görünýär” diýip ýazýar.

**Erkiň fiziologik esaslary.** Erk ähli psihiki hadysalar ýaly beýniniň fiziologik mehanizmleri bilen baglanyşyklydyr. I.P.Pawlowyň bellemegine görä, kelle beýnisiniň uly ýarymşarynyň depe böleginde hereket zonasy ýerleşýär. Ol beýniniň hemme uçastoklary bilen, şol sanda ähli analizatorlaryň bardaly uçlary bilen hem baglanyşyklydyr. Şol baglanyşyk beýniniň, haýsydyr bir uçastogynda dörän oýanmanyň hereketlendiriji oblastda ýetmäge we onda hut şuňa meňzeş prossesler mümkinçilik berýär. Meselem, görüş analizatorlaryň bardaly ujundaky oýanma döredýär. Analizatorlardan hereketlendiriji oblasta gelen informasiýa hereketlendiriş reaksiýasynyň özboluşly tutaşdyryjy signaly bolup hyzmat edýär. Hereketlendiriji oblast analizatorlaryň bardaly uçlaryndan gelýän informasiýalaryň hemişelik “akymynyň” astynda bolýar. Hereketlendiriki dokumalar informasiýa alanlaryndan soň, islendik islendik pursatda hereket etmek barada “buýruk” berip bilerler.

## § 2. Erkli hereketiň seljermesi

Erk adamyň maksady gönükdirilen işlerinde we hereketlerinde ýüze çykýar. Emme ýöremek, köpeltmek tablisasynyň çäklerindäki dilden hasaplamak, ýakyn adamlar bilen gürleşmek arkaly baryş-geliş etmek hakyky erkli hereketler däldirler. Bu hereketler maksada gönükdirilen bolsalar-da, ýöne olarda erk pursady örän azdyr.

Erkli hereket özüniň maksada gönükdirilendigi bilen bir hatarda maksada ýermek ýolundaky päsgelçilileri, kynçylyklary ýeňip geçmek bilen baglanyşykly dartgynlylyk bilen utgaşýar.

Şahsyýetiň **ýönekeý we çylşyrymly** erk hereketlerini tapawutlandyrmak bolýar. Erk hereketleriniň bu iki görnüşlerine mysal getirelin. Beden terbiýe sapagynda

daýançly bökmäge ilkinji gezek synanyşýan okuwçy ýykylmak we şikeslenmek howpy bilen baglanyşykly käbir ätiýaçlary ýeňip geçýär. Bular ýaly erk hereketlerine ýönekeý erk hereketleri diýilýär. Çylşyrymly erk hereketi ýönekeý erk hereketleriniň ençemesini öz içine alýär. Tarp we boz ýerleri özleşdirmekligi gitmegi ýüregine düwen ýaş ýigit, mähriben maşgalasyny wagtlaýyn taşlap gitmek bilen, daşky we içki päsgelçilikleriň hem-de kynçylyklaryň ençemesini ýeňip geçýär we özüniň niýetini amala aşyrýar.

Ýönekeý erk hereketleriniň köplenç iki zwenosy bolup, olar : **maksat goýmak** we **ýerine ýetirmekdir.** Olarda aralyk zweno bolman, bir zwenonyň yzy bilen beýleki zweno amala aşyrylýar. Çylşyrymly erk hereketlerinde dört zweno mesemäim görünýär: **maksat goýmak, motiwleriň göreşi, netijä gelmek we ýerine ýetirmekdir.** Adamyň erkiniň psihologik manysyna düşünmek üçin, çylşyrymly erk hereketlerine seredip geçeliň.

**Maksat goýmak.** Adamyň özüni alyp barşynyň köp hili delilleri bolýar. Bu delliler açlyk, suwsyzlyk, howa zerurlygy ýaly maddy islegler, başga adamlar bilen gatnaşmak, bilim almak ýaly ruhy islegler hem bardyr.

Täze döreýän isleg adamyň aňynda bulaşyk, düşnüksiz meýil görrnişinde şöhlelendirýär. Munyň özi islegiň adamyň bilimler sistemasyna ýeterlik goşulmandygy bilen döredilýär. Isleg artdygyça we onuň meýiline akyl ýetirildigiçe ol arzuwa öwrülýär. Bir zady etmek munuň özi hut nämäniň ýnjalyksyzlandyrýandygyny, name isleýändigini we ony nämä syzlandyrýandygyny, name isleýändigini we ony name bilen kanagatlandyryp boljakdygyny beýan etmek (ýazmak, kimdir birine ýa-da öz-özine aýtmak) ýagdaýynda bolýar.

Isleg munuň özi talabyň oý-pikirde bar bolan mazmunudyr. Isleg hereketiniň sebäbi bolup biler. Meselem, tomsuň yssysynda adam suwsaýar, agzy guraýar, fiziki taýdan gowşaklyk duýar. Şol bir wagtyň özinde hem onuň aňynda

kölege barada, suwyň çeşmesi barada belli bir obrazlar, pikirler döreýär. Şeýle ýagdaýda adam özini ynjalyksyzlandyrýan zada, nähili mätäçligi başdan geçirýändigine we ony name bilen kanagatlandyryp boljakdygyna düşýär. Onuň islegi bolsa daşky temperaturanyň aşaklanylmagyndan, organizm yzgar bilen gandyrmakdan ybaratdyr.

Isleg bildirmek bu entek hereket etmek däldir. Islegde talabyň giň mazmuny beýan edilýän hem bolsa, onda isjeňlik, aktiwligiň elementlary ýokdyr. Adam köp zatlary işläp biler, ýöne beýle diýmek ol hemme ugurlar boýunça hereket edýär ýa-da hereket edip biler diýmek däldir. Diýmek, bir zady isleg bu ozaly bilen nämäniň herekete itergileýändigini bildirmek.

Emma şeýle bolsa-da, isleg bilen umuman bilimiň arasynda deňlik alamatyny goýmak bolmaz. Bir tarapdan bilimleriň hemmesi islege öwrilmeýär we islegleriň hemmesi bilim bolmaýar. Öziňi alyp barşyň gös-göni deleline, soňra bolsa maksada öwrilmezinden ozal, oňa adam tarapyndan baha berilýär.

Biz baha bermegimiziň dowmynda "razy" we "garşy" diýen ýaly delilleri getiýäris. Bu bolsa motiwleriň we delilleriň göreşini döredýär. Adam bu ýerde yzyna garap, şeýle maksady öňde goýmaga özini nämäniň mejbur edýändigine, öz islegleriň nähilidigine ýenede bir gezek akyl ýetirýän ýaly bolýar. Adam maksada ýetmäge kömek edýän we päsgel berýän şertleri deňeşdirýär. Hyýalynda öňe nazar aýlaýar we gelnen ýerine ýetirilişini oý-pikirinde göz önüne getirýär. Maksada ugrykdyryjy we ony tagtadyjy meýilleriň, motiwleriň güýçleri biri-birine näçe deň boldygyça, motiwleriň göreşi şonça-da ýiti bolýar.

**Netijä gelmek.** Çylşyrymly erk prosesinde motiwleriň göreşiniň yzy bilen, öňde goýlan maksada ýetmegiň ýollaryny planlaşdyrmak dowam edýär. Käte netijä gelmegiň we ony ýerine ýetirmegiň umumy usullary maksadyň döremegi bilen bir wagtda döreýär. Bu ýagdaý haçan-da motiwleriň göreşi ýok

bolan wagtynda ýüze çykýar. Emma şeýle şertlerde-de olaryň eserdeňlik, işeňňirlik bilen taýýarlanyşy, netijä gelnişi, gös-göni praktiki işiň ön ýanynda bolyp geçýar. Diýmek, dogry netijä gelmek, işiň öňe getirmegine getiirip biýär.

Uly ýa-da gysga wagtlaýyn motiwleriň göreşinden soňra (“etmesemmikäm-etsemmikäm”) adam netijä gelýär, maksadyň haýsydyr bir motiwinde saklanýar, (tötänleýin keselläp dostyňy baryp görmelimi ýa-da söýgiliň bilen belleşilen ýere gitmelimi) häsiýetdäki motiwleriň göreşi, ahyry biriniň ýeňmegi bilen tamamlanýar.

Serişdeler saýlanyp alnanda hem edil maksadyň saýlanyp alnyşyndaky ýaly dartgynly kynçylyklar bolup biler. Bir tarapdan, kynçylyklar maksada ýetmegiň käbir ýollary we serişdeleri elýeterli bolsa-da, ýöne ahlak normalaryna laýyk gelmeýandigi, başga adamlara zyýan berýändigi sebäpli döreýärler. Iknji tarapdan, başga ýollar gaty kyn bolup, köp güýç sarp edilmegini talap edýän bolsa, emma etiki normalara garşy bolmasa, adamyň wyjadanyna, adamkärçilik kadalaryna laýyk bolup biler. Başgaça aýdanyňda, içgi dartgynly, konfliktli ýagdaýyn emele gelmeginiň netijesidir: adam maksada ýetmegiň saýlanan ýollarynyň ýeňildigine, ýöne ony kabul etmegiň mümkin däldigine düşünýär. Haçanda şu konfliktli ýagdaý çözülende dartgynlyk gowşaýar meselem: “Ýuwaş gelin” kinofilminde ejesi bilen täze öýe göçenlerinde Jemşidiň Selbini motosikle mündirip alyp gitmegiň ýollaryny gözlemegi.

## § 3. Adamyň erkli häsiýetleri

Adam çagalyk ýyllaryndan başlap, belli bir derejede erk tarapyndan kadalaşdyrylýan hereketleri we işleri amala aşyrýar. Durmuş praktikasy şahsyýetiň erk häsiýetleri görnüşindäki hereketleriniň kadalaşdyrylmagyny pugtalandyrýar. Bu häsiýet, şahsýyetiň beýleki aýratynlyklary bilen birlikde adamyň özuni alyp barşynyň stilini emele getirýär. Ýöne adam ýeke, beýleki

adamlardan uzňe däldir. Ol jemgyýetiň çleni, öz ideologiýasy, moraly, däp-dessurlary bolan synpyň wekilidir. Şahsyýet praktiki işinde öz ýaşaýan sredasyndaky adamlaryň isleglerinden, bähbitlerinden, ideýalaryndan, ahlak normalaryndan, däp-dessurlaryndan ugur alýar. Bu prosesde şahsyetiň birnäçe erkli sypatlary kemala gelýär. Olara seredip geçeliň.

Maksada gönükdirmeklik. Şahsyýetiň jemgyýetçilik ähmiýetli maksatlary öňde goýmagy we oka ýetmek ugrundaky ýüze çykýan erkli häsiýetlerine maksada gönükdirilmeklik diýilýär. Maksada gönukdirilen adam ownukçyl bolmaýar, ol jemgyýetçilik isleglerine, bähbitlerine düşünýär we şona laýyk maksatlary öňde goýýar.

Maksada gönukdirilen şahsyýetiň şeýle hem aýdyň we düşnükli şahsy maksatlary bolýar. Şeýle bolanynda jemgyýetçilik we şahsy bähbitler sazlaşyp, bir bitewi maksada öwrülýär. Maksada gönükdirilen adam şahsy maksatlarynyň kanagatlandyrylmagy bilen bir wagtyň özunde jemgyýetçilik maksatlarynyň-da kanagatlandyrylmagyny gazanýar, tersine jemgyýetçilik meselelerini çözmek bilen özüniň şahsy meselelerini hem çözýär. Maksada gönukdirilen adam munuň özi işine berlen adamdyr. Ol näme üçin göreşýändigine, nämäniň hatyrasyna ýaşaýandygyna gowy düşünýär. Maksada gönükdirilen adamyň esasy artykmaçlygy onuň maksadynyň aýdyňlygydyr.

Käbir adamlarda maksada göňukdirilmeklik egoistik häsiýete eýe bolýar. Olar hem öňlerinde aýdyň maksat goýýarlar. Ýöne olaryň mazmuny diňe şahsy islegleri we maksatlary özunde jemleýär. Şeýle maksatlaryň esasynda ýaýbaňlanýan hereketleriň jemgyýetçilik ähmiýeti ýa bolmaýar, ýa-da jemgyýetçilik abraýy pes bolýar.

Aýgytlylyk. Şahsyýetiň bir maksady çalt we paýhasly saýlamaklygynda we şol maksada ýetmegiň, tärlerini kesgitlemekliginde ýüze çykýan erkin häsiýetine aýgytlylyk

diýilär. Bu häsiýete eýe bolan adam, öz hereketleriniň maksatlaryny we ony ýerine ýetirmegiň tärlerini çunnur we her taraplaýyn ölçerýär, göz öňune getirýär, kabul edýän kararlarynyň möhümligine düşünýär, onuň netijeleri barada jogapkärçilik duýýar.

Göräýmäge, aýgytly adam maksatlaryny ýeňil we erkana saýlap alýan ýalydyr. Ýöne bu beýle däl. Aýgytly adam hem çylşyrymly, kyn içki göreşi başdan geçirýär, gapma-garşylykly deliller, emosional tolgunmalar bilen çaknyşýar. Şeýle bolsa-da, ol zerur bolan wagty galan hemme ikirjinlemeleri bir gapdala goýup, häzirki şertlerde has zerur bir maksadyň we ony durmuşa geçirmegiň serişdeleriň üstünde berk durýar.

Aýgytlylyk şahsyetiň erkiniň ýokary derejede ösenliginiň şaýatnamasydyr. Aýgytlylyk aýratyn hem öňde maksat goýlan pursatynda we kabul edilen karar ýerine ýetirilende has aýdyň ýüze çykýar. Ýokary derejedäki aýgytlylyk hemme adamlara mahsus bolmaýar. Biz bu häsiýetiň göz-görtele etmeýän adamlaryna duş gelýäris. Olar uzak wagtlap pikirlenýärler, horlanýarlar, kabul eden kararlarynyň dogrulygyna şubhelenýärler, karardan we onuň, ýerine ýetirilmegniň netijesinden ätiýaç edýärler, ýa-da ondan el çekýärler. Pikirleriniň we dungularyň iki göwünliligi aýgytsyz adamyň häsiýetli tarapydyr. Onun gapma-garşylykly pikirleri we duýgulary ýeňip geçmäge, olary haýsydyr bir belli ugra göňukdirmäge guýji ýetmeýär. Bu zatlaryň hemmesi adamyň wagt ýitirmegine getirýär, soňra her halda bolsa saýlap almak zerurlygy dörände, onuň gözüne ilen hatda maksatlaryň iň ýaramazyny saýlap almagy mümkindir. Aýgytsyzlyk adamyň pikirlenmän, eýlesini-beýlesini ölçermän, howlukmaçlyk bilen karar kabul etmeginde hem ýüze çykýar. Mugallym okuwçylarda erkin maksada gönükdirilmeklik, aýgytlylyk ýaly hesiýetlerini terbiýelemek maksady bilen olaryň sapak prosesindäki özbaşdak işindäki isleglerini, oňat okamak bilen

baglanyşykly maksada öwrülmegini guraýar. Ony uzakdaky perspektiw maksatlar hünär saýlamak we ş. m. bilen utgaşdyrýar. Erk hesiýetlerini terbiýelemek çagalaryň, ylaýta-da ýetginjekleriň, ýaşlaryň öz-özüni terbiýelemekligine, özbaşdak okamagyna, bilimleriň çuňňur we durnukly sistemasyny özleşdirmekligine ýardam edýär. Edebiýat mugallymy halk deredijiliginden «Nakyllary» geçende «Ýedi ölçäp, bir kes» diýen nakylyň adamlaryň erkli häsiýetlerindäki aýgytlylyk, gaýduwsyzlyk ýaly görnüşleri bilen baglanyşyklydygyny we ş.m. açyp görkezip, okuw prosesini belli bir derejede erkin hesiýetlerini terbiýelemäge gönukdirip biler.

Tutanýerlilik. Şahsýyetiň özüni alyp barşyny bellenilen maksadalaýyklykda durnukly gönükdirmäge we oňa kontrollyk etmäge bolan ukybynda ýüze çykýan erkli häsiýetine tutanýerlilik diýilýär.

Şunun ýaly erkli häsiýeti bolan adam öňde goýan maksadyny hemişe aňynda saklaýar we özüni alyp barşyny hem şol maksada ýakynlaşdyrar ýaly edip guraýar. Tutanýerli adam ýagdaýa dogry baha berýär, ondan maksada ýetmäge ýardam edýän zatlary tapýar. Ol diňe bir emele gelen ýagdaýdan peýdalanman, eýsem ony özi hem döredýär. Tutanýerli adam özüniň maksada tarap hereketini wagtlaýyn togtadyp hem biler, ýöne ol muny soňra has çemeli bolan wagty öňe tarap ymykly süýşmek üçin şeýle edýär. Ol şowsuzlyklaryň öňünde ýöwsellemeýär, emele gelen şubhä, igençlere, käte bolsa beýleki adamlaryň garşylykly hereketlerine tabyn bolmaýar. Ol özüniň hyýal eden zadyny täzeden ýerine ýetirmek üçin psihiki we fiziki guýçlerini yzygider jemleýär.

Biz durmuşda tutanýerliligi şol bir wagtky derejede doňup galan ýaly adamlara köp duşýarys. Şeýle adamlar akylly, hatda talantly hem bolup bilerler. Ýöne, haýsydyr bir çylşyrymly ýagdaýda ýa-da ilkinji kynçylyklara uçranyň-da özlerini alyp barşyny dolandyrmaga olaryň guýji ýetmeýär.

Şeýle adamlar dörän kynçylyklary düzedip bolmajak ýaly, şonuň üçin hem jan edip, biderek güýç sarp edip ýörmek artykmaç ýaly bolup görünýär. Öňde goýan maksadyna ýetmäge özüni mejbur etmegi başarmazlyk, kabul edilen kararyň ýerine ýetirilmän galmagyna getirýär. Hakykatda bolsa bu iş adam üçin elýeter, ony ýerine ýetirmek üçin hemme obýektiw şertler bar. Ol şertleriň bir tarapy adamyň durmuşdaky, edebi eserlerdäki, hatda ertekilerdäki ähli kynçylyklary ýeňip, öňde goýan maksadyna ýetýän adamlaryň, gahrymanlaryň obrazyna öýkünmek, görelde almak bilen baglanyşyklydyr. Birnäçe adamlar ilkinji gezek göreniňde örän tutanýerli ýaly bolup görünýär. Olar bilen ýakyndan tanyşanyňda bolsa, bu häsiýet keçjallyk bolup çykýar. Keçjal adam diňe öz diýenini, öz delillerini bilýär we öz işlerinde, hereketlerinde saýlan delilleri ýalňyş ýa-da iň gowy delil bolmasa-da olardan ýüz öwurmeýär. Keçjal adamyň şygary: Ependiniň «Kyrk diýdimmi - kyrk» diýen gürrüňinde örän gowy beýan edilýär. Keçjallyk - uly ýetmezçilikdir. Gegel keçjallygy iň pes duýgularyň diktaturasy hökmünde häsiýetlendirýär. Keçjallyk hem pes erk häsiýetlerine eýe bolan adamlarda, ylaýta-da ýetginjeklik ýyllarynda duş gelýär. Ol dürli ýagdaýlarda, situasiýalarda ýüze çykýar. Meselem, adamlaryň aýry-aýry gatnaşygynda ýa-da durnukly gylyk-häsiýetine öwrülip, kök uran keçjallyklar bolup biler.

Erk güýçleri gowşak ösen çagalarda keçjallygyň döremeginiň dürli sebäpleri bolýar. Meselem: çagalaryň kemsidilmegi, ulular, mugallymlar, terbiýeçiler bilen emosional gatnaşyklaryň bozulmalary, deň-duşlarynyň öz ýoldaşynyň üstünden gülmegi, olaryň läliksiredilmegi, gözegçiligiň bolmazlygy netijesinde başyna goýberilmegi, ýetginjeklere aýry-aýry işler tabşyrylanda erkinlige we özbaşdaklyga ýol berilmezligi ýaly ýagdaýlar täsir edýär.

Mekdep okuwçylarynda erk häsiýetleriniň položitel taraplaryny terbiýelemek, olary geljekki akylly, paýhasly,

maksada okgunly, gaýduwsyz watansöýjiler edip terbiýeläp ýetişdirmek üçin, çagalyk, ýetginjeklik ýyllarynda erki gowşak çagalara mugallymlaryň, ata-eneleriň aýratyn üns bermegi, kem-kemden, yzygider täsir etmegi zerurdyr.

Çydamlylyk. Çydamlylyk şahsyýetiň erkli häsiýeti bolup, ol maksada etmäge päsgel berýän psihiki we fiziki hadysalara garşy durup, olary saklap bilmek ukybynda ýüze çykýar.

Adamyň işi, durmuşy köplenç çylşyrymly şertlerde geçýär. Ol kähalatlarda saglyga, ýaşaýyşa, şahsy we jemgyýetçilik mertebesine we ş.m. howp salýan ýagdaýlarda hereket etmeli bolýar. Bu ýagdaýlar ýokarlandyrylan psihiki we fiziki dartgynlygy döredýär. Çydamly adam aktiwligiň şertlere laýyk gelýän we özüni ödeýän derejesini saýlap alýar. Bu oňa öňde goýan maksadyna ýetmekde üstünlik gazanmagyny üpjün eder.

Çydamlylyk bu şahsyýetiň häsiýeti bolup, onda erkiň saklamak funksiýasy ýüze çykýar. Watançylyk urşunyň gahrymanlarynyň, kosmonawtlaryň, lýotçikleriň özlerini alyp baryşlary çydamlylygyň aýratyn nusgasy bolup hyzmat edýär. Meselem: Maksim Maksimowiç Isaýewiň, Rihard Zorgäniň, turkmen razwedçigi Aga Berdiýewiň, gahryman Aýdogdy Tahyrowyň işleri çydamlylygyň ýüze çykyşynyň iň aýdyň mysalydyr. Tertipsiz okuwça, sesini gataltman, onuň özüni nädogry alyp barýandygyny öwran-öwran düşündirýän mugallym çydamlylyk görkezýär. Göwnüne degen klasdaşynyň sözlerine asuda ýazgaryjylyk bilen ýa-da şorta söz bilen jogap berýän okuwçynyň özüni alyp barşy hem çydamlylygyň nusgasydyr.

Özbaşdaklyk. Şahsyýetiň hususy inisiatiwasy boýunça öz-özünde maksat goýmak, oňa ýetmegiň ýollaryny tapmak we kabul edilen kararlary praktikada ýerine ýetirmek başarnyklarynda ýüze çykýan erkin häsiýetine özbaşdaklyk diýilýär.

Özbaşdak adam keseden hiç-hili kömeksiz problemaly ýagdaýlary açýar, şondan alyp hem özunde maksat goýýar. Ol başga adamlaryň aýtmagyna, görkezmelerine garaşman, üstesine-de öz nukdaýnazaryny, özuniň mesele, onuň maksatlaryna, ony durmuşa geçirmegiň ýollaryna düşünişi aktiwlik bilen goraýar. Ol kabul edýän kararynyň dogrudygyna ynanýar we ony ýerine ýetirmek ugrunda gujurly göreşýär. Özbaşdak adamda aňyň tankydy tarapy has ösen bolýar. Beýle diýmek şeýle adamlar ähli teklipleri, maslahatlary, görkezmeleri ret edýär diýildigi däldir. Şeýle adam olary nazara alýar, ýöne öňünden olaryň derwaýyslygyny barlap görýär.

Özbaşdaklyga garşy bolan erk häsiýeti ynanjaňlyk, nalajedeýinlikdir. Ynanjaň adamlar haýsydyr bir çylşyrymly ýa-da azrak çylşyrymly erk hereketini öz inisiatiwasy boýunça başlap ýa-da tamamlap bilmeýärler. Eger olar görkezme, buýruk, maslahat alsalar aktiwlik görkezýärler. Olar başga adamlaryň täsirine çalt düşýärler. Şeýle adamlar başgalaryň pikirleri we işleri dogry diýip hasap edýärler. Öz hususy kararlaryna we işlerine şübheleýärler, olaryň dogrudygyna we zerurdygyna utanmaýarlar. Başgaça aýdanyňda nalajedeýin, ynanjaň adamlar beýleki adamlaryň, pikirlerine we hereketlerine tankydy garamaýarlar, öz hususy garaýyşlaryna bolsa aşa talap edijilik bilen garaýarlar.

## § 4. Erki terbiýelemek

Erki terbiýelemegiň usullary köpdürli bolsa-da, olaryň ählisine şu aşakdaky şertler mahsusdyr:

Belli bir maksada ýetmek üçin kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçmeklik erki terbiýelemegiň birinji şerti bolýar. Maksat näçe uly, erkin delilleriniň derejesi näçe ýokary bolsa, adam şonça uly kynçylyklary ýeňip geçmäge ukyply bolýar.

Erki terbiýelemegiň ikiji şerti, öz hereketlerine baha

bermek, ol hereketleriň netijelerini aňlamak, olara kesesinden seretmek endigini emele getirmekden ybaratdyr. Özune we öz hereketlerine tankydy garamaklyga endik etmeseň, özüňde guýçli erki terbiýeläp bolmaz. Özüňe uly talap edijilik — guýçli erkli adamyň, hesnetli alamatlarynyň biridir.

Erki terbiýelemegiň üçünji şerti, içki we daşky päsgelçilikleri ýeňip geçmegi mydama özüne öwretmekden ybaratdyr.

Erki terbiýelemegiň dördünji şerti, kabul edilen kararlaryň, ýürege düwülen netijäniň ýerine ýetirilmeginden ybaratdyr. Kabul edilen kararlaryň birsyhly ýerine ýetirilmezligi adamyň erkini gowşadýar. Gowşaklygy ýeňip geçmek üçin her bir adam ýürege duwen kararyna edil jogapkärçilikli işe gatnaşyşy ýaly çemeleşmelidir,

Erk hereketde, işde kemala gelýär. Diňe ýüzleý ownuk ýumuşlaryň üstünde uzak wagtlap uznuksiz işlemek bilen özüniň erkini bişişdiren adam, uly işlerde özüniň guýçli erkini görkezmäge ukyplydyr. Gowşak erkli adamlar özleriniň işini-de, dynç almagyny-da guramagy hem başarmaýarlar. Bir ol, bir beýleki işe başlamak bilen olar hiç birini-de ahyryna çenli alyp barmaýarlar. Erkli adam öz wagtynyň eýesidir. Ol wagty tygşytly peýdalanmagy, maksat eden işlerini ýerine ýetirmäge, wagt bilen hasaplaşmaga, wagty utmaga taýýarlyklydyr. Ol ynjyk, inçe işleri-de howlukman ýerine ýetirmäge başarnyklydyr. Adamyň özi erkini terbiýelemäge bolan mümkinçiligi çäksizdir. Her bir okuwçy özüniň erkini terbiýelemegiň üstünde aňly işlemelidir. Zähmetde batyrgaýlyk, tutanýerlilik, tertiplilik, jogapkärçiligi ýokary derejede duýmak adamlaryň öňunde goýlan esasy talaplardyr. Ylaýta-da, mekdep okuwçylarynda erkliligi, halkymyzyň, döwletimiziň öňde goýýan sosial, ykdysady maksatlaryna ýetmekligi üçin örän zerurdyr. Erkliligi, tutanýerliligi, maksada gönükdirilenligi terbiýelemek mugallymlaryň-da, ata-eneleriňde borjudyr.

## 16-NJY BAŞ . TEMPERAMENT

### § 1. Temperament hakynda düşünje

Temperament diýip, şahsyetiň özüni alyp barşynyň dinamikasyny (ýagny güýjüni) kesgitleýän durnukly indiwidual psihologik aýratynlyklaryna aýdylýar. Özüni alyp baryş diňe bir sosial şertlere bagly bolman, eýsem ol şahsyetiň dogabitdi tebigy gurluşynyň özboluşlylygyna hem baglydyr. Temperament hut indiwidiň biologik gurluşy bilen döredilip, şahsyýetiň işiniň dürli görnüşlerinde (oýun, okuw, zähmet) we taraplarynda has ir we aýdyň ýüze çykýar.

Temperament indiwidiň ähli psihiki häsiýetlerini bezeýär, ýüze çykarýar. Ol emosiýalaryň we pikirlenmeleriň erkli hereketiniň geçişine, sözleýişiniň depginine we ritmine täsir edýär. Şol bir wagtyň özünde temperament şahsyetiň gönükdirilmesine, sosial ýörelgelerine bagly däldir.

Temperament hakyndaky taglymat baryp gadym döwürlerde döräpdir. Lukmanlar Gippokrat, soňra bolsa Galen adamlaryň özlerini alyp baryşlarynyň indiwidual aýratynlyklaryna gözegçilik edip, şol aýratynlyklary giňişleýin ýazyp görkezmäge we düşündirmäge synanyşypdyrlar. Temperament hakyndaky taglymaty ilkinji bolup esaslandyrmaga başlan gadymy grek lukmany Gippokrat hasaplanylýar (ol biziň eramyzdan öň V asyrda ýaşap geçipdir).

Ol adamyň göwresinde: gan, nem, sary, we gara öt ýaly, dört sany suwuklyk bar diýip hasap edipdir. Şol suwuklyklar adamyň bedeninde dogry endigan garylsa, adam sagat bolýar, nädogry garylsa hem keselleýär diýip düşündiripdir. Eger suwuklyklaryň biri bedende artykmaçlyk etse, şol hem adamyň temperamentini kesgitleýär. Temperamentiň suwuklyklar bilen baglanyşykly dakylan atlary biziň günlerimize çenli saklanypdyr. Mysal üçin, galdaw (holerik) temperament chole

(öt) sözünden gelip çykypdyr, dunýewi (sangwinik) temperament sanguis (gan) sözünden, ewmezek (flegmatik) temperament phlegma (nem), melanholik temperament melan cfiole (gapa öt) sözünden gelip çykypdyr.

Gippokrat temperament bilen bir derejede adamyň durmuş obrazyna we howa şertlerine bagly bolýar diýip hasaplapdyr. Meselem, oturyp işlemek durmuş obrazynda nem köp toplansa, hereketler bilen bagly durmuş obrazynda et köp toplanýar, şona laýyklykda hem temperament döreýär. Gippokrat temperamentiň tiplerini hakykata laýyk ýazyp görkezse-de, olary ylmy taýdan esaslandyryp bilmendir.

## § 2 Ýokary nerw işiniň tipleri

I.P.Pawlow şertli refleks usuly arkaly ýokary nerw işiniň kanunalaýyklyklaryny we nerw prosesleriniň esasy häsiýetleri oýanmany we togtamany açdy. Nerw prosesleriniň esasy häsiýetlerine onuň guýji, deňagramlylygy, çaltlygy degişlidir.

Nerw prosesleriniň guýji nerw öýjükleriniň we tutuş nerw sistemasynyň iş ukybynyň görkezijisidir.

Deňagramlylyk bu oýanma we togtama prosesleriniň belli bir kesgitli balansydyr. Bu prosesleri nerw işiniň guýji bilen deňagramly, deňagramsyz ýa-da biriniň beýlekisinden güýçli bolmagy bilen tapawutlandyrmak bolar.

Çaltlyk (çakganlyk) bu bir nerw prosesiniň (oýanmanyň) beýlekä (togtama) çalyşmaklygynyň tizligidir. Ol garaşylmadyk we duýdansyz üýtgeýän ýagdaýlara öwrenişmekligi üpjün edýär. Bu sypatlaryň dürli-dürli üýtgeşmeleri bolsa ýokary nerw işiniň tipini kesgitleýär.

Nerw prosesleriniň güýçlüligi boýunça guýçli we gowşak tipler tapawutlandyrylýar. Ýokary nerw işiniň özbaşdak gowşak tipi-de ýüze çykarylýar. Güýçli tipler öz nobatynda deňagramly we deňagramsyz görnüşlere

bölünýärler. Özlerinde oýanmanyň guýçli, emma deňagramsyz görnüşi bolanlar ýokary nerw işiniň deňagramsyz tipini emele getirýärler. Galyberse-de güýçlüler we deňagramlylar, çaltlyga, baglanyşyklylykda iki tipi güýçli deňagramly çalt hem-de guýçli deňagramly haýal (äwmezek) tipleri emele getirýärler.

Ýokary nerw işiniň görkezilen dört tipi adamdaky dürli temperamentlere baglylykda ýüze çykýarlar. Ýokary nerw işiniň dört tipine dört temperament laýyk gelýär:

1. Güýçli, deňagramsyz, çalt tip. Nerw işiniň bu tipi oýanma prosesiniň güýçlüligi we togtama prosesiniň ondan pesligi bilen häsiýetlendirilýär (holerik temperamenti).

2. Güýçli, deňagramly, çalt tip. Oýanma prosesi togtama prosesi bilen deň bolýar (sangwinik temperamenti).

3. Güýçli, deňagramly, haýal tip (flegmatik temperamenti).

4. Gowşak tip. Bu oýanma we togtama prosesleriniň gowşaklygy, nerw prosesleriniň çaltlygynyň pesligi bilen häsiýetlendirilýär (melanholik temperamenti).

Nerw işiniň hesiýetleriniň üýtgeýjiligi. Nerw işiniň tipi dogabitdi bolup, onuň üýtgeýjilik mümkinçiligi doly anyklanan däldir. Emma I.P.Pawlow nerw işiniň käbir hesiýetlerini üýtgedip boljakdygyny eksperiment arkaly subut etdi. Mysal üçin, güýçli oýanma prosesi togtamanyň pes guýji bilen utgaşýan tipde türgenleşikler geçirmek ýoly bilen togtama prosesiniň güýjüni ep-esli köneltmek we ony oýanma prosesi bilen sazlaşyga getirmek mümkin bolýandygy gerkezildi. Şu ýerden hem güýçli oýanyjylykly tipde turgenleşik arkaly oýanma prosesiniň deňagramlylygyny gazanmak üçin guýçli togtama prosesini döretmek zerur bolar diýip I.P.Pawlow netije çykarýar.

Munuň özi deňagramsyz tipiň birnäçe warianty barada gürrüw etmäge esas berýär. Mysal uçin, oýanma prosesi ýokary derejede ösen, emma togtama prosesi gowşak tip bolup biler. Ýa-da başga bir wariant: iki proses hem güýçli, ýöne oýanma

prosesi adatdaky derejesinden ýokarydyr. Galyberse-de, üçünji wariant - has gowşak oýanma ondan hem gowşak togtama prosesinden agdyklyk etmegi we ş.m.

I.P.Pawlow deslapky deňagramlylygyñ wagtyň geçmegi bilen, haýal gaýtalanýan turgenleşikleriň kömegi bilen ep-esli derejede kadalaşýandygyny mysallaryň üsti bilen subut edýär. Ol uzak wagtlaýyn turgenleşik arkaly gowşak tipiň nerw sistemasyny berkitmek mümkin diýip hasap edýär. Nerw işiniň gowşak tipini özünde jemleýän adam, soňra amatly ýaşaýyş we terbýeleniş şertlerinde islendik durmuş wezipelerini üstünlikli çözüp biler. Soňky barlaglaryň görkezişi ýaly, nerw prosesleriniň çaltlygy nerw prosesleriniň ontogenezinde (nerw prosesleriň dörän gününden ýaşaýşyň ahyryna çenli ösüşinde) üýtgäp duryan häsiýetdir.

## § 3. Temperamentiň tipleri we olaryň psihologik häsiýetnamasy

Temperament adamyň özuni alyp barşynyň ösüşiniň dinamikasyny häsiýetlendirip, ol nerw işiniň aýratynlyklaryna daýanýar.

Temperamentiň dört tipiniň häsiýetnamasyna seredip geçelin.

**Holerik (galdaw) temperament.** Bu temperamenta duýgularyň guýçli we çalt döreýänligi bilen häsiýetlendirmek bolar. Temperamentiň bu görnüşiniň wekilleri özleriniň uly galdawlygy, şonuň netijesinde hem deňagramsyzlygy bilen tapawutlanýarlar. Holerik gaharjaň, gatnaşyklary gönümel, işde joşgunly, gujurly bolýar. Olar işe hyjuw bilen ýapyşmaga, onuň bilen çynlakaý gyzyklanmaga ukyplydyr. Şeýle döwürde olar maksatlaryna ýetmekdäki kynçylyklary we päsgelçilikleri ýeňip geçmäge ukyply bolup, kynçylygy ýeňmek, olaryň iş joşgunlylygyny artdyrýar. Ýöme olaryň guýji çalt haýallaýar, turuwbaşdan ýeterlik derejede planlaşdyrylman, ýokary tempde

başlanan işiň ahyryna çenli holerigiň energiýasy ýetmeär. Bu bolsa, holerikleriň nerw işiniň dewagramsyzlygynyň netijeleriniň biridir.

I.P.Pawlow muny şeýle düşündirýär: «Haçan-da guýçli adamda şeýle deňagramlylygyň ýok wagty, ol haýsydyr bir iş bilen meşgullanyp, öz serişdelerine we güýjüne çakdanaşa agram salýar hem-de ahyrky netijede guýji gutaryp, gereginden artyk horlanýar, ol şeýle köp işleri üçin, soňra hiç zat etmäge ýaramaýar». Diýmek, holeriklere gujurly, hyjuwly, joşgunly adamlar degişlidir.

**Sangwinik temperament.** Temperamentiň bu tipiniň wekilini I.P.Pawlow örän gyzgyn we öndümli işgär hökmünde häsiýetleidirýär. Ýöne bu häsiýet oňa edýän işi gyzyklandyrýan wagty yzygiderli oýanma bolýan wagty mahsusdyr. Haçan-da şeýle iş gutarsa, ol tukat we lellim bolýar.

Sangwinik tipli adamyň duýgulary gös-göni daşky özuni alyp barşynda suratlanýar. Olaryň duýgulary durnukly däldir, bir duýgy aňsatlyk bilen başga bir duýga geçip bilýär.

Sangwinik üçin köplenç uly çakganlyk, durmuşyň üýtgäp duran şertlerine ýeňillik bilen üýgunlaşmak häsiýetlidir. Ol adamlar bilen çalt tanyşýar, alçak, täze şertlerde ýygralyk duýmaýar. Sangwinik kollektiwde şadyýan, şähti açyk, janly, işe gyzyklanma bilen ýapyşýar. Ýöňe ol joşgunly işleri ýaýbaňlandyrmak bilen, eger iş ony gyzyklandyrmaýan, hysyrdylylygy, takatlylygy talap edýän bolsa, ýa-da ol adaty, öwrenilişilen iş bolsa, tiz gyzyşy ýaly tiz hem sowap biler.

Sangwinikde emosiýalar tiz döreýärler, aňsat hem özgerýärler. Bu häsiýet oňa özüni basmarlaýan gaýgynyň döran wagty ondan tiz saplanmaga, eger şertler ýeterlik derejede optimistik, öňe ymtylyjy, ynamly keýpi deredýän, ünsi çekýän bolsa, elmydama şadyýan, dunýewi ýagdaýda bolmaga mümkinçilik berýär.

Sangwinikde täze wagtlaýyn aragatnaşyklaryň döremegi aňsatdyr, edil şonuň ýaly ýeňillik bilen hem üýtgedilmegi, aşa

çakganlygy, onuň akyl işiniň çeýeligini häsiýetlendirýärler. Sangwinik parasatlylyga täze zatlary çalt görmäge, ünsüni çalt üýtgetmäge, durli görnüşdäki işleri ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Kabul ediş reaksiýasynyň çaltlygyny we kämilligini talap edýän iş ona has onat laýyk gelýär.

**Flegmatik temperament.** I.P.Pawlowyň häsiýetlendirişi boýunça flegmatik - asuda, sabyrly, hemişe parahat, erjel we durmuşyň durnukly zähmetkeşidir. Deňagramlylyk we nerw prosesleriniň, belli bir derejede inertliligi (haýallygy) köp şertlerde flegmatige asuda, parahat ýagdaýyny saklamaga mümkinçilk berýär. Nerw prosesiniň, togtamak häsiýetiniň agdyklyk etmegi, onda hyjuwyny, joşgunyňy saklamak, durmşyň öňdik edilen tertibine, işdäki sistema eýerme kiçijik sebäplere ünsüni bölmezlik ýaly aýratynlylary döredýär. Flegmatik guýçleriň gyradeň sarp edilmegini talap edýän, uzak wagtlap oturyp işlemegi, durnukly ünsi we sabyrlylygy talap edýän işleri has oňat ýerine ýetirýär.

Flegmatik salyhatly bolýar, güýjüni biderek sarp etmeýär, ony hasaplap, işi ahyryna çenli bir tempde dowam etdirýär. Ol gatnaşyklarynda parahat, zerur derejede alçak, köp gürlemegi halamaýar.

Flegmatigiň ýetmezçiligi onuň äwmezekligidir. Onuň gyzyşmagy, ünsüni jemlemegi, ony başga bir obýekte geçirmegi we ş.m. uçin wagt gerek bolýar. Äwmezeklilik onuň pikirleriniň durnuklylygynda, olary üýtgetmegiň kynlygynda hem duýulýar. Bu bolsa, belli bir derejede häsiýetiň gönukdirilmesiniň çeýeliginiň ýetmezçiligine getirýär. Ýöne, äwmezekliligiň polojžitel tarapy hem bardyr: ol alňasamazlygy, esaslylygy, umuman durnuklylygy, hereketiň kesgitliligini üpjün edýär. Flegmatikler aýratyn hem sowukganlylygy, uzak wagtlap işe ukyplylygy talap edýän işlere laýyk gelýärler.

**Melanholik temperament.** Bu tipiň wekilleri ýokary emosional duýgurlygy, şonuň netijesinde guýçli ynjyklygy bilen tapawutlanýarlar. Melanholikler birneme tutuk bolýarlar,

aýratyn hem täze adamlara duşanlarynda şeýle bolýarlar, kyn ýagdaýlarda ýaýdanjaň, howply şertlerde dowul tapmaklyga meýilli bolýarlar.

Nerw proseleriniň umumy gowşaklygy her bir guýçli täsiriň melanholigiň işini togtatmagyna sebäp bolýar. Kähalatlarda bu çenden aşa togtamanyň döremegine getirýär. Melanholige gowşak gyjyndyryjy hem özboluşly täsir edýär. Şeýle gyjyndyryjy guýçli subýektiw täsir hökmünde syzylýar we şoňa görä, melanholik kiçijik sebäpler uçin hem gaýgy-gama batmaga meýilli bolýar. Muňa psihologlar melanholigiň guýçli duýgurlyga ukyplylygy hökmünde garaýarlar.

Adaty ýagdaýda, aýratyn hem oňat, agzybir kollektiwde melanholik örän alçak adam hökmünde tabşyrylan işi üstünlikli ýerine ýetirýär, durnukly, kynçylyklary ýeňip geçmäge-de ukyply bolýarlar.

Temperamentiň dört sany esasy tipiniň wekilleri şol bir ýagdaýda özlerini dürli-dürli alyp baryp bilerler. Aýdalyň, temperamentiň alamatlary mese-mälim görnüp durai dert dost teatra gijä galypdyrlar. Şeýle ýagdaýda olar özlerini nähili alyp barýarlar?

Holerik (galdaw) partere we ýerine geçmäge synanyşyp, biletçi bilen jedelleşär. Ol teatryň sagadynyň öňe gidänligini, özüniň hiç kime päsgel bermeýänligini subut etmäge, biletçinw itekläp, öz ýerine geçmäge synanyşýar.

Sangwinik, partere goýberilmejegine we ýokary balkona geçmegiň aňsadyrakdygyna derrew düşünip, basgançak boýunça ýokary ýöreýär.

Flegmatik zala goýberilmejegini görüp; «ilkinji kartina hemişe gyzykly bolmaýar» diýip, hözirlikçe bufete baryp, arakesmä çenli garaşaýyn» diýip pikir edýär.

Melanholik: «Meniňki hemişe şowuna bolmaýar. Är ömründe bir gezek teatra geldim, onda-da şowuz» diýip, öýüne gaýdýar. (A.N.Dawydowyň materiallaryndan).

Şeýlelik bilen, temperament aktiwlik, üýtgeýän

şertlere uýgunlaşmagyň ýeňilligi ýa-da kynlygy ýaly ýagdaýlarda ýüze çykýar.

## § 4. Adamyň işini guramakda temperamenti hasaba almak

Adamyň özüni alyp barşy temperamentiň diňe bir tipiniň aýratynlygyna däl-de durmuş ýagdaýlaryna we täsirlerine, nerw sitemasynyň dürli durmuş situasiýalarynda orun alýan ýagdaýlaryna-da baglydygyny unutmak bolmaz. Käwagtlar asuda, parahat flegmatigiň belli bir ýagdaýlarda emosional hyjuwlylyk görkezýändigini we özüni holerik ýaly alyp barýandygyny, soňkynyň bolsa öňde şol belli bir şertlerde özüni melanholik ýaly alyp barýandygyňy: argynlyk, özüne ynamsyzlyk duýgusyny we ş.m. başdan geçirýändigini görmek bolýar. Şeýle gözegçilikler käbir psihologlary garyşyk temperamentler bar diýen netijelere getirýär. Şeýle pikir ýeterlik esaslandyrylan däldir. Ýöne aralyk tipler hakynda gürrüň etmek hakykata golaý bolýar.

Şol bir adamyň özüni alyp barşy, onuň hal-ýagdaýyna baglylykda dürli-dürli bolup bilýän bolsa-da, olar analiz edilende adamyň tipologik aýratynlyklaryny hem göz öňünde tutulmalydyr. Munuň sebäbi, emele gelýän hal-ýagdaý nerw sistemasynyň belli bir tipleri üçin häsiýetli bolýanlygy bilen düşündirilär. Meselem, holerik üçin ruhubelentlik ýa-da göçgünlik ýagdaýy, flegmatik üçin asudalyk, ewmezeklik, melanholik üçin özüne ynamsyzlyk, ýygralyk ýagdaýy we ş.m. häsiýetlidir. Diýmek, bu ýagdaýlar adamyň tipologik aýratynlyklarynyň alamatydyr. Adamyň tipiki bolmadyk täsirlere baş galdyran wagty bolsa, şol täsiriň hut özuniň häsiýetine üns berilse, nämäniň nämedigi belli bolup, şol adaty bolmadyk reaksiýa hem tipiki häsiýet bolup çykýar. Mysal üçin, eger holerige her gezek berk duýduryş berlende, aýratyn hem şol duýduryş, onuň mertebesine degýän bolsa, ol gahar-gazaba munýär. Flegmatik bolsa, tersine, bir gezek edilen

duýduryşy parahatlyk bilen kabul edýär: eger ol (hatda onuň adresine aýdylýan zat degişme hem bolsa) bir, iki ýa-da üç günden soň birnäçe gezek gaýtalansa, oňa täsir edip, holerigiňki ýaly gahar-gazaba münýär.

Holerik eergiýasynyň çalt we duýdansyz gutarýanlygy bilen tapawutlaiýan bolsa, flegmatik bolsa, şol wagtda ony toplaýar we «toplanan» oýanma prosesi güýçli togtamadan üstün çykyp başlanda bolsa, onuň öňergiýasy azalyp başlaýar. Muny sussupeslik, özude ynamsyzlyk ýagdaýy hökmünde häsiýetlendirmek hem bolar. Şeýle ýagdaý holerikde gaty ýadawlykdan sod, uzak wagtlyk we agyr işden sod döreýär, melanholik-de bolsa edil şeýle ýagdaý gysga wagtlyk dartgyňlyk-dan sod, ýa-da durmuş ýagdaýy we aragatnaşyk şertleri düýpgeter üýtgöňinde emele gelýär. Adamyň temperamentiniň aýratynlyklaryňa düşünmek üçin, bu aýdylanlaryň hemmesini bilmek we göz oňünde tutmak zerurdyr.

Iş käbir ýagdaýlarda guýçli we çalt reaksiýalary, başga bir ýagdaýlarda bolsa akgyňly, dowamly haýal hereketleri talap edýär. Işlerid her bir görnüşinide öz dengini we dinamikasy bolýar, adam bolsa, şol ýa-da başga bir işe baş goşmak bilen özunde şol işiň talap edýän hesiýetlerini we duryar. Işid ilki başyňda şahsyetin tebigy aýratynlyklary işiň üstünlikli gitmegine täsir edýär ýa-da ony togtadýar. Emma sonra, işid şu görnuşi bilen uzak wagt meşgullanylap bu aýratynlyklar deňleşýär, olaryň ýüze çykmaly bolsa işiň talaplaryna uýgunlaşyar.

Meselem, holerige ilki başda haýal wýo asuda dengini talap edýän mşi amala aşyrmak kyn bolýar, sebäbi onuň tebigy aýratynlyklary işiň bu häsiýetlerine gapma-garşylyklydyr. Holerikde sabyrsyzlyk, gödek hereketler, gyzmalyk ýüze çykýar. Emma ýaldyşlaryňa düşündigiçe, öz ýetmezçiliklerine akyl ýetirdigiçe, onda psihiki prosesleriň täze dengini we dinamikasy ýerleşýär, pugtalanýar we şonuň netijesinde

temperament işiň talaplaryna uýgunlaşýar.

Temperament diňe uly adamlaryň durmuş we iş prosesine täsir etmen, okuwçylaryň işine-de ýeterlik derejede täsir edýär. Mugallym okuwçylaryň temperamentiniň häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmelidir we ony okuw we terbiýeçilik işiniň dürli ýagdaýlarynda hasaba almagy başarmalydyr. Meselem, jogap bermäge çagyrylan flegmatikler berlen soragy haýal amala aşyrýarlar, olara köpwagt gerek bolýar. Mugallym bu ýagdaý-da sabyrly bolmaly we flegmatigi jogap bermek üçin howlukdyrmaly däl. Tersine sangwinigiň aldasamagy ýa-da holerigiň gyzmalygy nädogry jogap berilmegine getirip biler. Muny hem nazara almak zerurdyr. Aýratyn hem inden duýgur, şonuň üçin hem ynjyk bolýan, melanholiklere, holeriklere ünsli we eserdeň bolmak zerurdyr. Sähel zady gownune alýan melaiholige bolsa, degişme ýa-da kinaýaly sözleri aýtmak bolmaz.

Şeýle bolsa-da, mugallym salyhatlylyk bilen, yzygidsrli ýagdaýda käbir synaglaryny we praktiki soraglaryny kem-ksmden çylşyrymlaşdyryp, temperamentna ýeterlik derejede esmedik taraplaryny kämilleşdirmelidir we onud otrisatel hesiýetlerini togtatmalydyr. Mugallym okuwçylaryň öz temperamentlerini kesgitlemegine ondaky kemçiliklerini ýüze çykarmagyňa mümkinçilik beryon özboluşly eksperimental işleri, aikstalardan peýdalanyp biler. Bu bolsa, okuwçylaryň okuw işiniň we öz-özüňi terbiýelemeginiň hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Holerik energiýasynyň çalt we duýdansyz gutarýanlygy bilen tapawutlanýan bolsa, flegmatik bolsa, şol wagtda ony toplaýar we «toplanan» oýanma prosesi guýçli togtamadan üstün çykyp başlanda bolsa, onuň energiýasy azalyp başlaýar. Muny sussupeslik, özüde ynamsyzlyk ýagdaýy hökmünde häsiýetlendirmek hem bolar. Şeýle ýagdaý holerikde gaty ýadawlykdan soň, uzak wagtlyk we agyr işden soň döreýär, melanholik-de bolsa edil şeýle ýagdaý gysga wagtlyk

dartgyñlykdan soñ, ýa-da durmuş ýagdaýy we aragatnaşyk şertleri düýpgöter üýtgäninde emele gelýär.

Adamyñ temperamentiniň aýratynlyklaryna düşünmek üçin, bu aýdylanlaryň hemmesini bilmek we göz öñunde tutmak zerurdyr.

Iş käbir ýagdaýlarda guýçli we çalt reaksiýalary, başga bir ýagdaýlarda bolsa dartgynly, dowamly haýal hereketleri talap edýär. Işleriñ her bir görnüşiniñ öz deñligi we dinamikasy bolýar, adam bolsa, şol ýa-da başga bir işe baş goşmak bilen özünde şol işiñ talap edýän hesiýetlerini öndürýär. Işiñ ilki başynda şahsyýetiň tebigy aýratynlyklary işiñ üstünlikli gitmegine täsir edýär ýa-da ony togtadýar. Emma soňra, işiñ şu görnüşi bilen uzak wagt meşgullanylanda bu aýratynlyklar deňleşýär, olaryň ýüze çykmagy bolsa işiñ talaplaryna uýgunlaşýar.

Meselem, holerige ilki başda haýal we asuda deñgini talap edýän işi amala aşyrmak kyn bolýar, sebäbi onuň tebigy aýratynlyklary işiñ bu häsiýetlerine gapma-garşylyklydyr. Holerikde sabyrsyzlyk, gödek hereketler, gyzmalyk ýüze çykýar. Emma ýoldyşlaryna düşündigiçe, öz ýetmezçiliklerine akyl ýetirdigiçe, onda psihiki prosesleriñ täze deñgini we dinamikasy ösýär, pugtalanýar we şonuñ netijesinde temperament işiñ talaplaryna uýgunlaşýar.

Temperament diňe uly adamlaryñ durmuş we iş prosesine täsir etmän, okuwçylaryñ işine-de ýeterlik derejede täsir edýär. Mugallym okuwçylaryñ tempe-ramentiniñ häsiýetli aýratynlyklaryny öwrenmelidir we ony okuw we terbiýeçilik işiniň dürli ýagdaýlarynda hasaba almagy başarmalydyr. Meselem, jogap bermäge çagyrylan flegmatikler berlen soragy haýal agşyrýarlar, olara köpwagt gerek bolýar. Bu ýagdaý mugallymda okuwçy sapagy bilmeýär ýa-da soraga düşünmändir diýen pikiri döretmegi mümkin. Mugallym bu ýagdaýda sabyrly bolmaly we flegmatigi jogap bermek üçin howlukdyrmaly däl. Tersine sangwinigiñ alñasamagy ýa-da

holerigiñ gyzmalygy nädogry jogap berilmegine getirip biler. Muny hem nazara almak zerurdyr. Aýratyn hem çenden duýgur, şonuň uçin hem ynjyk bolýan, melanholiklere, holeriklere ünsli we eserden bolmak zerurdyr. Sähel zady gownune alýan melanholige bolsa, degişme ýa-da kinaýaly sözleri aýtmak bolmaz.Şeýle bolsa-da, mugallym salyhatlylyk bilen, yzygiderli ýagdaýda käbir synaglaryny we praktiki soraglaryny kem-kemden çylşyrymlaşdyryp, temperamentine ÿeterlik derejede ösmedik taraplaryny kämilleşdirmelidir we onuñ otrisatel hesiÿetlerini togtatmalydyr. Mugallym okuwçylaryñ öz temperament-lerini kesgitlemegine ondaky kemçilikleriňi ýüze çykarmagyna mümkinçilik berýän özboluşly eksperimental işleri, anketalardan peýdalanyp biler. Bu bolsa, okuwçylaryñ okuw işiniň we öz-özüňi terbiýelemeginiñ hilini ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

## 17-NJI BAŞ. GYLYK

### § 1. Gylyk hakynda düşünje

Gylyk bu psihiki işiň gurluşynyň özboluşlylygy bolmak bilen, ol şahsyýeti sosial özüňi alyp barşynyň aýratynlyklarynda, adamlara, işe, öz-özüňe bolan gatnaşyklarynda ýüze çykýar. Adamlar jemgyýetde özlerini alyp barşynda, aýry-aýry işlerin-de we sözleýişde bir meňzeş bolmadyk, käwagtlarda garşylykly psihiki aýratynlyklary ýüze çykarlar. Gündelik durmuşa adatça adamlary sahy ýa-da husyt, mylakatly ýa-da gödek, aýgytly ýa-da ýaýdanjaň, erjel, ynanjaň ýa-da özbaşdak, mert ýa-da höweslli, kiçi göwünli ýa-da öwunjeň. gyzma ýa-da sowukganly we ş. m. hökmünde hesiýetlendirýärler. Aýdylanlardan görnüşi ýaly, gylyk şahsyýetiň dürli psihiki aýratynlyklaryny öz içine alýan bütewi gurluşdyr. Bu gurluşda gylygyň ahlak-erk aýratynlyklarynyň aýgytly ähmiýeti bardyr. Şahsyýetiň sosial tertibi we işi hem şolara baglydyr.

Gylyk munuň özi şahsyýetiň durnukly indiwidual aýratynlyklarynyň toplumy bolup, ol onuň gatnaşyklarynyň we olara laýyk bolan özüňi alyp barşyň birliginden durýar.

Adamyň gylygyny bilmek bilen, ol başga ýagdaýlarda onuň özüni nähili alyp barjaklygyňy öňünden görmek bolýar. Bu bolsa adamyň özüni alyp barşyny göňükdirmek şahsyýetiň jemgyýetçilik gymmatly hillerini onda kemala getirmek mümkinçiligini döredýär. Meselem, mekdepde tejribeli mugallym okuwçylaryň, arasynda jemgyýetçilik tabşyryklaryny paýlaşdyranda, olaryň diňe bir bilimlerini, başarjaňlyklaryny, endikleriňi däl-de, gylyk-häsiýetini nazarda tutýar.

Gylyk tutuşlygyna dogabitdi bolmasa-da, adamyň tebigy gurluşynyň aýratynlyklary, ozaly bilen hem çerw işiniň aýratynlyklary onuň, ýüze çykmalaryn-da aýry-aýry

hesiýetleriniň kemala gelşinde uly rol oýnaýar. Nerw prosesleriniň deňagramlylygy ýa-da deňagramsyzlygy, güýçlüligi ýa-da gowşaklygy, çakgañlygy haýallygy, adamyň tutuş özüni alyp barşyny, onuň tertibini we işini belli bir äheňde bezeýärler. Mysal üçin, iki sany adamyň ynanjy bir meňzeş bolsa-da, ýöne olaryň biri gyzma, hyjuwly we göçgünli, beýlekisi bolsa asuda, paýhasly bolup biler.

Gylyga nerw sistemasynyň tipinden başgada organizmiň: ýürekdamar, aşgazan, endokrin sistemalar ýaly beýleki aýratynlyklary hem täsir edýärler. Bu sistemalaryň işindäki dürli näsazlyklaryň adamyň gylygyna uly täsir edýänligi anyk kesgitlendi.

Öz gözeginde gylygyň kemala gelýän taraplary şahsyýetiň tebigy aýratynlyklarynyň ýüze çykmagyna täsir edýär. Gylyk dogabitdi ýüze çykmalaryň biriniň üstüni örtup, beýlekilerini güýçlendirip, ýene birini bolsa täze reflektor aragatnaşyjylarynyň döremeginiň we ş. m. hasabyna togtadyp biler.

Diýmek, tebigat ylmynyň nukdaý nazaryndan, gylyk nerw işiniň tipiniň hesiýetleriniň we durmuş täsirleriniň birleşmesi bolup durýar.

Adamyň tertibindäki sebäpsiz, öz-özünden dörän, anyk şertleri bagly däl ýaly bolup gerünýän, häsiýetleriň hemmesi haýsydyr bir wagt dörän, berkäňn, täzeden işlenen durmuş täsirleriniň ýa-da tejribeleriniň ýüze çykmasy hökmünde düşünilip bilýär.

Gylyk durmuş täsirleriniň tutuş çylşyrymlylygynyň şöhlelenmesiniň netijesi hökmünde şahsyýetiň we sredanyň aktiw özara gatnaşyklarynyň, prosesinde kemala gelýär. Şonuň üçin hem gylygyň dogabiti, özünden kesgitlenenligi hakynda gürrün etmek bolmaz. Daşky dünýäniň we öz hususy şahsynyň kanunlaryna akyl ýetiren adam durmuş şertlerini we özüniñ hususy tertibini belli bir derejede üýtgedip biler. Ol töwerekdäki sredanyñ ýakymsyz, otrisatel täsirlerini ýeñip

geçmäge we progresini jemgyýetçilik hereketiniň göreşijisi bolmaga ukyplydyr.

Gylygyň ýüze çykyşy. Gylyk adamyn ummmy fiziki keşbine, kelle süňküniň formasyna, ýüzüň gurluşyňa, bedeniň strukturasyna bagly däldir. Hakykatdan-da, daş-keşbi tarapdan örän meňzeş, emma hesiýeti boýunça düýpli tapawutlanýan adamlaryň bolýandygyna durmuşda köp duş gelmek bolýar. Hatda 1990-njy ýylyň dekabrynda Moskwada meňzeş adamlaryň bütinsoýuz konkursy geçirildi. Diňe gylygy birmeňzeş adamlara duşmak kyndyr. Hatda ekizlerid-de gylyklary boýunça biri-birinden örän tapawutlanýandyklaryny germek bolýar.

Gylyk jemgyetçilik zähmet işinde has doly ýüze çykmak bilen, adamyň butin keşbini suratlandyrýar. Adamyň ýörüşine we mimikasyna syn etmek, onuň geýmine we oda degişli zatlara üns bermek, onuň sesiniň intonasiýalaryna (äheňlerine), diň salmak bilen, onuň gylygynyň aýry-aýry aýratynlyklary hakynda aýtmak bolar. Haýbatly ýa-da gorka ses, salpaň-sajak ýa-da rejeli kostýum, arkaýyn ýa-da howlukmaç hereketler bularyň hemmesi adamyň gylygy hakynda käbir düşünje berýär.

Adamyň gylygy gündelik durmuşda, adatça uzak wagtyň dowamynda, ýaşaýyş täsirleriniň netijesinde ýüze çykýar. Adamyň gylygynyň aýratynlyklaryny ahyryna çenli bilmek üçin, onuň bilen uzak wagtlap aragatnaşyk etmek, halk içinde aýdylyşy ýaly, onuň bilen bir put duz iýmek zerurdyr. Emma aýratyn ýagdaýlarda, meselem, howalylykda, uruşda adamyň gylygy örän tiz öwrenilär.

Terbiýelenmegi we üýtgemegi mümkin bolmadyk gylyk ýokdur. Birnäçe adamlaryň «Meniň gylygym şeýle, men özüme hiç zat edip bilmeýärin» diýip aýtmaklary psihologik taýdan esassyzdyr. Her bir adam öz gylygynyň ähli ýüze çykmalaryna jogapkär bolup, özüniň gylygyny täzeden terbiýelemeklige her bir adamyň mümkinçiligi bardyr. Ol

adamyň özüne erk edişine, öz-özüni terbiýelemegine baglydyr

Temperament we gylyk. Gylygyň tebigy esasyny ýokary nerw işiniň tipini aňladýan temperament düzýär. Temperament gylykdaky özüni alyp barşyň deňagramlylygy ýa-da deňagramsyzlygy, örän çakganlygy ýa-da öwmezekligi, görkezilýän aktiwlitiň tonusynyň ýokarlandyrylanlygy ýa-da pesligi, alçaklygy ýa-da garaseýmözligi, täze şertlere ýa-da täze wezipe geçmegiň aňsatlygy ýa-da kynlygy we ş. m. taraplaryny kesgitleýär.

Temperament gylygyň, beýleki ýüze çykmalarynada, meselem, duýgularyň tonusyna, hereketleriň daşky täsirliligine, sözleýiş diline täsir edýär. Onuň täsirini erkin ýüze çykmalarynda hem görmek bolýar: käbir şertlerde erk hyjuw görnüşinde ýüze çykyp, başga bir şertlerde bolsa endigik häsiýetde bolýar. Temperament deňagramlylygy we çydamlylygy talap edýän işi ýerine ýetirmekde düýpli tapawut döredýär.

Ýöne, temperamentiň gylykda beýleki psihiki alamatlar bilen hem organiki baglanşyklykda bolýar. Bu alamatlar bir tarapdan, ol ýa-da beýleki ýüze çyk-malary gowşadyp we olaryň üstüni örtüp, ikinji tarapdan bolsa, durmuşyň talaplaryna, şeýle hem ozal kemala gelen sosial ýörelgelere, adamyň ahlak düşün-jelerine we endiklerine baglylykda olary guýçlendirip biler.

Gylygyň häsiýetleri, endikleri we türgenleşikler adamyň özüni alyp barşyny we temperamentiniň ýüze çykyşyny üýtgedýär. I.P. Pawlow hem işeňňir fleg-matikleri ýalta flegmatiklerden tapawutlandyran wagty, megerem şuny göz öňünde tutup bolsa gerek. Olaryň birnäçesi aktiw işgär hökmünde çykyş edip, başga birleri bolsa, güýmenje gözleýän boş bolýar; aljyraňly hereket edýän sangwinikler hakda-da şu-ny aýtmak bolar. Ol ýa-da beýleki flegmatigiň, ol ýa-da beýleki samgwinigiň özüni alyp barşy özaly bilen olaryň gylyklarynyň aýratynlyklaryna baglydyr.

Şeýlelik bilen, adamyñ psihiki gurluşynyñ hemme komponentleri biri-biri bilen organiki baglanşyklydyr we şahsyýetiñ tutuş, bütewi häsiýetinde özara tabynlykda bolýanlygy üçin, olary biri-birinden tapawutlandyrmak kyn bolýar. Her bir indiwidiñ gylygynda adamyñ esasy durmuş ýoluny häsiýetlendirip belli bir meýiller we bähbitler esasy orun tutýarlar.

Emma adamyň çözýän anyk meselelerine, şeýle hem organizmiň ýagdaýyna baglylykda gylygyñ kä ýagdaýlar-da bir alamatlary, soňra öňe bir alamatlary ýüze çykyp we ýitip, togtap bilerler.

## § 2. Gylygyñ aýratynlyklary

Adam öz gylygynyň gurluşyna laýyklykda özüñi alyp barşyň haýsydyr bir alamatlaryny ýüze çykarýar. Bu alamatlaryň sany köpdir. Ýöne gylygyñ ala-matlarynyñ esasy toparlaryny ýa-da görnüşlerini kesgitlemek bolýar. Olara şu aşakdakylar degişlidir: ahlak alamatlary (eserdeñlik, aladalylyk, üslünlik, duýgudaşlyk, mylakatlylyk), erk alamatlary (aýgytlylyk, durnuklylyk, tutanýerlilik), emosional alamatlary (gymmatlyk, hyjuwlylyk, mylaýymly-lyk).

Mundan başgada položitel gylygyñ esasy sintetiki alamatlaryny hem kesgitlemek bolar (şeýle adamlarda ýeke bir däl-de köpsanly hesiýetleriniñ añladylýanlygy sebäpli, olara sintetiki diýip atlandyrýarlar). Olaryň arasynda aşakdakylary tamawutlandyrýarlar:

Gylygyñ ahlaklylygy. Ol adamyny göňükdirmeklik we özüñi alyp barşyň formalary tarapdan häsiýetlendirýär. Meselem, polojitel häsiýetli adamlar ynsanperwer bolýarlar: olar diňe bir işeññir, aktiw bolman, başgalar bilen özüñi alyp barañda, sözlerde paýhasly hereket edýärler; olar kollektiwist bolup, kollektiwe hormat goýýarlar, onda ýaşamagy we işlemegi başarýarlar.

Şeýle hem, adamyň gylygyňda erk we erklilik alamatlary meseläniň ýüze çykyp duran adamlaryň durmuşdaky we işdäki kynçylyklary, päsgelçiliklerl ýeňil geçmekde aýgytly hereketleri ýüze çykýar we ş. m. Gylygyň dolulygy. Ol adamyň meýilleriniň we meşgullanýan işleriniň edýän hereketleriniň köp dür-lüligi bilen kesgitleýär. Şeýle adamlar içki ruhy baýlyklary we aktiwlikleri bilen, işiniň mazmuny we formalary bilen tapawutlanýarlar.

Gylygyň bütewiligi. Bu adamyň psihiki gurluşynyň birligidir, onuň durmuşyň dürli taraplaryna bolan garaýyşlarynyň sazlaşygydyr, meýillerinde we höweslerinde, gapmagarşylygyň ýoklugydyr. Adamyň durmuşda we işde sözüniň we işiniň, hereketleriniň, birligidir, berän wadasynda, aýdan sözünde ta-pylmagydyr.

Gylygyň kesgitliligi. Ol şahsyýetiň özüni alyp barşynyň dürli ýagdaýlarynda ýüze çykýan ynamlara, ahlak-syýasy düşünjelere, adamyň ömrüniň we işiniň mazmunyny düzýän onuň esasy gönükdirilmesine laýyk gelýän durnuklylygyny aňladýar. Şeýle adamyň durmuşyň ol ýa-da beýleki şertlerinde özüni nähili alyp barjakdygyny öňünden aýtmak bolar.

Gylygyň guýji. Bu adamyň, içki energiýasy, guýji bolup, adam onuň kömegi bilen öz öňünde goýan maksatlaryna ýetmäge ymtylýar. Gylygyň guýji adamyň öňde goýan maksadyna ýetmek üçin çynlakaý gümrä bolmagyny, kynçylyklara duş gelen wagtynda guýçleriň uly dartgynlylygyny, güýç jemlenmegini, gönükdirilmegini özi döredip, öz duýgularyny dolandyryp bilmek ukybydyr.

Gylygyň pugtalygy. Ol hereketleriň yzygiderliliginde we erjeňliginde, adamyň öz garaýyşlaryna we kabul eden kararlaryna atly düşünjeli garamagynda we ýerine ýetirişinde ýüze çykýar.

Gylygyň deňagramlygy. Bu işde, adamlar bilen aragatnaşyk saklamakda salyhatlylyk bilen aktiwligiň has amatly sazlaşygydyr, paýhasly pikir bilen ony ýerine etdrmegiň

utgaşmasydyr. Ol adamyñ özüni alyp barşynda emele gelen pähimliligidir. I. P. Pawlowyñ pikirine görä, indiwide kyn şertlerde-de özüni ruhybelent saklamaga, hereket etmäge mümkinçilik berýär.

Gylygyñ şu görkezilen alamatlary çylşyrymly, käte bolsa, gapmagarşylykly gatnaşykda bolýarlar. Meselem, uly guýç bilen utgaşýan gylygyñ, bir tarap-lylygyny we darlygyny ýa-da adamyň, durmuşynda heniz esasy gyzyklanmalar aýyl-saýyl bolmakda, hesiýetiñ ýeterlik anyk bolmadyk gurluşyna, hereketine duş gelmek bolýar. Gylyk öňki ýagdaýda köp taraplylyk, ýüzleýlik we dagynyklyk bilen utgaşýar.

Adamyñ gylygynda dolulyk, bütewilik, kesgitlilik, guýçlilik tebigatyñ peşgeşi bolman, durmuş täsirleriniñ, terbiýäniñ we öz-özüdi terbiýelemegiñ netije-sidir.

## § 3. Gylygyň häsiýetleri

Gylygyň kemala gelmeginde iñ möhüm pursat şahsyýyetiñ daşky sreda bolan gatnaşygyny anyklamakdyr. Bu garaşýyşlaryñ görnüşleri gylygyň iññän möhüm hesiýetleriniñ klassifikasiýasyny duzýär.

Adamyñ gylygy, birinjiden, onuñ başga adamlara: kowum garyndaşlaryna, bile işleýän we okaýan ýoldaşlaryna, .tanyşlaryna we başga adamlara garaýşynda ýüze çykýar. Prinsipiallyk we prinsipsizlik, köpçülige gatyşmaklyk we gatyşmazlyk, syr saklamaklyk we syr bildirmeklik, dogruçyllyk we ýalançylyk, sypaýyçylyk we gödeklik, huşgärlik, edenlilik adamyň beýleki adamlara garaýşyny ýüze çykarýar. Adamyñ gylygy kollektiwden üzñe düşünilip bilinmez. Gylygyñ oñşuklylyk ýa-da oñşuksyzlyk, parahatlyk ýa-da dawaçyllyk ýaly sypatlary kollektiwde, başga adamlar bilen janly aragatnaşyk etmekde aýdyñ ýüze çykýar.

Bu gatnaşyklaryñ ikinjisi, adamyň özüne ,bolan garaýşyny bildirýän häsiýetlerdir. Öz gadyr-gymmatyny

bilmeklik, kiçi göwünlilik ýa-da ulumsylyk, öýkeliklik, utanjaňlyk, öz şahsy eşretiň hakynda alada etmeklik we başgalar şeýle häsiýetleriň mysallarydyr.

Gylygyň häsiýetleri diňe bir hereketlerde we özüni alyp barşynda ýüze çykman, olar şol hereketlerde we özüňi alyp barşynda kemala gelýärler. Tertipli bolmak üçin, hemmişe tertipli hereket edip, edepli bolmak üçin, hemişe özüňi edepli alyp barmak zerurdyr. Mertlik mert hereketler etmak prosesinde döreýar. Şeýle hereketler adamyň ýaşaýşynda tötänleýin epizodlar bolmagyny bes edip, haçan-da endige öwrülen wagtynda ol gylyk-häsiýeti bolup başlaýar.

Täzeden terbiýeläp bolmaýan hiç bir gylyk ýokdur. Şoňa görä, haýsyda bolsa bir ýaramaz edilen işi gylygyň kemçiligi diýip hasap etmek nädogrydyr. Adam öz gylyna özi jogapkärdir.

Üçünjiden, gylyk adamyň işe garaýşynda ýüze çykýar. Ak ýüreklilik we ýerine ýetirijilik, zähmet söýüjilik we ýaltalyk, tabşyrylan işe jogapkärçilik we onuň netijeleri hakynda aladalanmaklyk, inişiatiwalylyk, tutanýerlilik, hoş niýetlilik, işe yhlaslylyk işe formal garamaklyk we başgalar adamynyň gylygynyň bu häsiýetleriniň iň tipiki görnüşleridir.

Dördünji, gylyk adamyň zatlara garaýşynda: diňe bir jemgyýetçilik eýeçiligindäki däl, eýsem öz zatlaryda, geýimine, aýakgabyna, okuw esbaplaryna, öý goşlaryna rejeli ýa-da bitertip çemeleşmekde ýüze çykýar.

## § 4. Okuw-terbiýeçilik işinde gylygyň aýratynlyklaryny hasaba almak

Okuwçylary okatmakda we terbiýelemekde esasy talaplaryň biri umumy talaplary indiwidual çemeleşmek bilen utgaşdyrmakdyr. A.S. Makarenko, biziň we wezipämiz kollektiwiň gylygynyň söweşjeň tipini kemala getirmekden

ybaratdyr diýip ýazypdy. Şonuň bilen birlikde hem ol, terbiýelenýänleriň indiwidual aýratynlyklaryny göz öňünde tutmagy we olara indiwidual çemeleşmegi maslahat berýärdi. Ol bu ýagdaýda kollektiwleýin täsir edişi hem, indiwidual çemeleşmegi hem absolýutlaşdyrmaly däl diýip belläpdi. Bir ýagdaýda kollektiwleýin täsir ediş gowy bolsa, başga bir ýagdaýda indiwidual täsir ediş amatly bolýar.

Mugallym, ozaly bilen dürli-dürli okuwçylaryň okuwa, zähmete, jemgyýetçilik işine, mugallymlara we ýoldaşlaryna bolan gatnaşygyny, olaryň gylygynyň, we moral we erk adamatlaryny, aýratyn hem sahylyk, eserdeňlik, jogapkärçilik, öz-özünden talap edijilik, aktiwlik, tutanýerlilik, töwekgellik ýaly alamatlaryny hem-de olaryň, gapmagarşylykly alamatlaryny we ýagdaýlaryny göz öňünde tutmaly bolýar. Munuň özi okuwçylaryň gylygyna kemala getirmek we olaryň käbir hesiýetlerini terbiýelemek we täzeden terbiýelemek üçin serişdeleri we metodlary saýlap almakda zerurdyr. Ol mugallymyň synçylygy, okuwçylary şu nukdaý nazardan öwrenmek üçin edýän yhlasy, aladasy bilen baglanyşyklydyr.

Indiwidual çemeleşmek hiç bir ýagdaýda hem umumy talaplara gapma-garşy gelmeli däldir. Meselem, okuwçylaryň, bahasyny artdyrmak ýa-da kemeltmek, paýhasly pedagogik nukdaýnazardan nädogrudyr. Emma yza galýanlaryň klasda, köpçuligiň öňünde položitel işidir. Okuwçy položitel baha almak bilen üstünligiň, ykrar edilmegiň begenjini duýýar. Munuň özi bolsa, okuwa bolan garaýşyň üýtgemeginiň başlangyjy bolup biler.

Indiwidual çemeleşmek inçelik bilen pedagogik mylakatlylygy, ugur tapyjylygy, käbir ýagdaýlarda wyjdan päkligi, şasy mertebe duýgusynyň, başga bir ýagdaýda bolsa, sypaýy kinaýa bilen utanç duýgusyny oýandyrmagy başarmagy talap edýar.

# 18-NJI BAŞ. UKYPLAR

## § 1. Ukyplar hakynda düşünje

Adamyň ukyplary hakynda gürrüň edilende, onuň haýsydyr bir işi ýerine ýetirmäge bolan mümkinçilikleri göz öňünde tutulýar. Şol mümkinçilikler işi-hünäri ele almakda ýokary netijeler berýär. Meselem, eger bir student beýleki studentler bilen deň şertlerde matematiki subutnamalary öz ýoldaşlaryndan çalt özleşdirýän, mysallary çözmegiň täze usullaryny tapýan bolsa, matematika barasynda özbaşdak we özboluşly pikir ýöredýän bolsa, biz bu talypda oňat matematiki ukyplar bar diýip hasap edip bileris.

Iki adamyň taýýarlyk derejesi, bilimleri, endikleri, başarjaňlyklary, sarp edýän wagty we fiziki tagallalary işde deň bolan şertlerinde ukyply adam ukyplylygy pes bolan adam bilen deňeşdirilende has maksimal netijeler gazanýar. Ukyply adamyň işiniň ýokary netijesi onuň nerw psihiki aýratynlyk-larynyň toplumynyň işiň talaplaryna laýyk gelýänligi bilen düşündirilýär.

Her bir iş çylşyrymly we köp taraply bolýar. Ol adamyň psihiki we fiziki güýçleriniň öünde dürli talaplar goýýar. Eger şahsyýetiň aýratynlyklarynyň bar bolan sistemasy şol talaplara laýyk gelýan bolsa, onda adam işi üstünlikli we ýokary derejede ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Eger şeýle laýyklyk bolmasa, onda indiwitde işiň şu görnüşini ýerine ýetirmäge ukypsyzlyk duýulýar.

Hut şonuň üçin hem ukyby haýsydyr bir aýratynlyga (reňkleri gowy saýgarmaklyga, saza düşünmeklige we ş. m.) syrykdyrmak bolmaz. Ol hemişe adamy aýratynlyklarynyň sintozidir.

Şeýlelik bilen, ukyba adam şahsyýetiniň aýrtynlyklarynyň, işiň talabyna laýyk gelýän we oň ýokary

üstünlikleri üpjün edýän sintozi hökmünde kesgitleme bermek bolar.

Her bir ukybyň öz düzümi bolup, daýanç we esasy alamatlaryny tapawutlandyrmak bolar. Meselem, ikillendiriş işi üçin ukybyň daýanç alamaty her analizatorynyň ýokary tebigy duýgulary bolup, ol prosesinde: liniýalary, proporsiýalary, formalary, ýagtylygy, kölegäni, depgini duýmakda ösýändigi, guýçlidigi bilen tapawutlanýar.

Daýanç alamatlaryna, şeýle hem hudojnigiň eliniň hereketiniň häsiýetleri, galyberse-de ýokary derejede ösen obrazly ýat degişlidir.

Esasy alamatlara-çeper döredijilik oýlanmalarynyň alamatlary degişlidir. Şolaryň üsti bilen durmuşyň esasy we häsiýetli wakalary kabul edilip umumylaşdyrylýar we özboluşly kompozisiýa döreýär. Şol ukybyň zerur bolan fony hökmünde belli bir emosional göňükdirilmeklik, özleşdirilýän we şekillendirilýän waka bolan emosional gatnaşyk hyzmat edýar.

## § 2. Ukyplaryň derejeleri we görnüşleri

Ukyplaryň gurluşy şahsyýetiň ösüş derejesine baglydyr. Ukyplaryň ösüşinň iki derejesi: duktiw we döredijilik derejelerini tapawutlandyrýarlar. Ukyplaryň ösüşiniň birinji derejesinde duran adam bilimleri özleşdirmekde, işleri öwrenmekde we olary hödürleýän nusga boýunça ýerine ýetirmekde ýokary başarjaňlyklary duýýar. Ukyplaryň ösüşiniň ikinji derejesinde adam, täze, original zatlary döredýär.

Elbetde, bu derejeler metafiziki garamak bolmaz. Birinjiden, her bir reproduktiw işin döredijilik elementlerini öz içine alýanlygyny nazarda tutmak zerurdyr, döredijilik işi bolsa hökmany ýagdaýda öz içine reproduktiw işi hem alýar. Ikinjiden, ukyplaryň ösüşiniň şu görkezilen derejeleri haýsydyr bir üýtgedip bolmaýan, bir duran ýerinde duran zatlar däldir.

Adam bilimleri ele almak prosesinde bir derejeden başga bir dereje geçýär, onuñ ukyplarynyň gurluşy hem üýtgeýär.

Malim bolşy ýaly, hatda iň zehinli adamlar hem öýkünmekden başlap, diňe tejribe toplanlaryndan soñ döredijilige başlapdyrlar.

Ukyplaryň ösüşiniň we ýüze çykyşynyň iň ýokary derejesi talant we geniý diýen terminler bilen atlandyrylýar. Talantly we genial adamlar praktikada, sungatda, ylymda uly jemgyýetçilik ähmiýeti bolan işlerde täze üstünlikler gazanýarlar. Genial adam ylmy barlaglar babatynda, önümçilikde, edebiýatda we sungatda haýsydyr bir täze ýollary açýan, original zatlary döredýär. Talantly adam hem döredýär, öz goşandyny goşýar, ýöne onuňky eýýam kesgitli ideýala-ryň, ugurlaryň, barlaglaryň usullarynyň çeklerinde bolýar.

Talantlylygyň we geniallygyň formirlenmegi uçin has amatly şertler şahsyýetiň köp taraplaýyn ösen wagtynda döreýär. Meselem, Leonardo da Winçi, Lomonosow, Magtymguly döredijlik işinde ösüşiň köp taraplylygynyň we geniallygyň nusgalarydyrlar.

Ukyplaryň derejelerinden başga olaryň göňükdirilmekligi we ýöriteleşdirilmekligi boýunça hem görnüşlerini tapawutlandyrmak zerurdyr. Bu jähtden psihologiýada köplenç umumy we ýörite ukyplary tapawutlandyrýarlar.

Umumy ukyplar şahsyýetiň indiwidual - psihologik aýratynlyklarynyň bilimleri we dürli görnüşdäki işleri ele almakda otnositel ýeňilligi we netijeliligi üpjün edýän sistemasydyr. Umümy ukyplar baý tebigy zehiniň, şeýle hem şahsyýetiň hemme taraplaýyn ösüşiniň netijesidir.

Ýörite ukyplar şahsyýetiň psihologik aýratynlyklarynyň işleriň haýsydyr bir ugry boýunça, meselem, edebiýat, şekillendiriş, saz, sahna sungatlarynda we ş. m ýokary netijeler gazanmaga ýardam edýän toplumydyr.

## § 3 Zehin we ukyplar

Psihologlar (G. S. Kostýuk, A. G. Kowalew,) zehin (tebigy berlen ukyp) diýip adamyň diňe bir anatomo-fiziologik däl-de, eýsem psihofiziologik aýratynlyklaryna, ylaýta-da çagalaryň işleri öwrenişiniň irki fazalarynda ýüze çykýan, käte bolsa, heniz belli bir iş bilen yzygiderli meşgulanmaýan uly adamlaryň hem indiwidual aýratynlykaryna düşünmekden ugur alýarlar.

Başga sözler bilen aýdylanda, zehin diýip, ukyplaryň heniz ösmedik, emma işleriň ilkinji synaglarynda duýulýan tebigy esaslarydyr.

Käbir çagalaryň surat çekmegi ýa-da saz çalma ýörite öwredilmäge başlanmazyndan kän öň bu predmetlere özleriniň höweslidigini, meýillidigini ýüze çykarýarlar. Meselem, Rimskiý-Korsakowda saza bolan zehin eýýäm dört ýaşlarynda aýdyň ýüze çykypdyr. Repinde, Surikowda, Serowda şekillendiriş iş bolan tebigy berlen ukybyň (zehiniň ) alamatlary 3-4 ýaşlaryndaka ýüze çykyp başlapdyr.

Şeýle ýagdaýlarda «dogabitdi» ýa-da «tebigy» guýma gursak ukyplar hakynda aýtmak bolar. Şeýle bolsa-da bu ýagdaýlarda diňe tebigy berlen ukyplaryň ösmegine amatly ýagdaý döredýän käbir anatomo-fizologik aýratynlyklar dogabitdi bolup bilerler. Hatda iň saza zehinli çagalar hem aýdymy dogry aýdyp ýada heňi tanamagy öwrenmelidirler. Surat çekmäge has ukyply zehinli çagalarada surat çekmegiň usulyny, düzgünlerini öwretmelidirler. Bu bolsa tebigy ukybyň barha üstünlikli kämilleşmegine alyp barar. Ol çaganyň öz ukybyny duýmagyna kömek edýär.

Zehinler okamak we terbiýelenmek, zähmet proseslerinde ukyplary ösdurmek üçin mümkinçilikleri özünde jemleýärler. Ine, şonuň, üçin hem çaga-laryň ukyplaryny maksada laýyk kemala getirmekde tebigy ukyplary mümkin boldugyça ir ýüze çykarmagyň uly ähmiýeti bardyr. Ukybyň

kelle beýnisiniň strukturasynyň haýsydyr bir dogabitdi, anatomik aýratynlyklary bilen, ylaýta-da onuň mikrostrukturasynyň, aýratynlyklary bilen baglydygy gürrüňsizdir.

Ýokary nerw işiniň ýörite adamzada degişli tipleri hakynda I. P. Pawlowyň görkezmesiniň tebigy berlen ukyplar (zehinler) we ukyplar üçin möhüm ähmiýeti bardyr. Adamyň ýokary nerw işiniň aýry-aýry ýüze çykmalarynda birinji ýa-da ikinji signal sistemalarynyň otirisitel agdyklyk etmegi «çeperçilik» we «pikirlenme» tiplerini tapawutlandyrmaga I. P. Pawlowa esas berdi. Bu tipleriň gyradaky wekilleri-de iki signal sistemasynyň özara täsiriniň aýratynlyklary uzul-kesil ýüze çykýarlar. Köp adamlar signal sistemalarynyň ikisiniň-de täsirini özünde sazlaşykly birleşdirýän orta tipe degişlidirler.

«Çeperçilik» tipi birinji signal sistemasy arkaly oýanmalara ýokarlandyrylan duýgurlyk bilen täsirlenmäge häsiýetlidirler. Duýgy organlary taranyndan gös-göni berilýän täsirleriň baýlygy we aýdyňlygy bu tipiň wekillerinde (sazandany, ýazyjynyň hudojnigi) has ýokarydyr. Tersine, «pikirlenme» tipi agdyklyk edýän adamlar üçin abstrakt pikirlenmäge ukyplyly we meýillilik häsiýetlidir. Şeýle tipli adamlar oýlap tapyjylyga, ylmy açyşlara meýilli bolýarlar.

Meýillilikler. Tebigy berlen ukyplar, ozaly bilen işleriň, belli bir görnüşine meýillilikde, (ýörite ukyplar) ýa-da hemme zatlara ýokary bilesigelijilikde (umumy ukyplar) ýüze çykyp başlaýar.

Meýillilikler bu täzeden döreýän ukybyn ilkinji we has irki alamatydyr. Meýillik çaganyň ýa-da uly adamyň belli bir işe (surat çekmäge, saz çalmaga) çalyşmagyňda, ýüze çykýarlar. Şeýle ukyplar köplenç ir duýulýar, şunun ýaly işe gumralyk hat-da durmuşyň amatsyz şertlerinde hem bolup geçýär. Diýmek, meýillik ukyplaryň ösmegi üçin, belli bir tebigy amatlylygyň bardygyna şaýatlyk edýär. Megerem, eger çaga, söz bilen baglanyşykly bolmadyk sredada uly höwes

bilen saz diňleýän bolsa, saz çalmaga öz-özünden synanşyk edýan bolsa onda bolan meýilden başga zat hakynda pikir etmek kyndyr. Munuň özi surat çekmäge-de, konstruktirlemege-de degişlidir.

Hakyky meýillik bilen bir hatarda galp, hyýaly meýillik hem bolýar. Hakyky meýillilikde diňe bir şol işe bolan egsilmez yhlas bilen bir hatarda us-satlyga tarap çalt ilerlemegi we ep-esli netijeleriň gazanylýandygyny hem görmek bolýar. Galp, hyýaly meýillilikde bir tarapdan haýsydyr bir zada ýuzleý, köplenç öýkünjeňlik garaýşyňy, ýa-da bolmasa çynlakaý gumra bolünip, orta netijeleriň gazanylýandygyny görmek bolýar. Şeýle ukyp köplenç ynandyrma-gyň ýa-da öz-özüni ynandyrmagyň, käte bolsa olaryň ikisiniň, hem netijesinde bolýar. Bu ýagdaýda ösüş üçin potonsial mümkinçilikler bolmaýar.

Zehinler hem özüne çekýän materialyň ýeňil kabul edilmeginde we täsir galdyryjylygynda, esasan hem täze zatlary konstruktirlemekde ýüze çykýar, bu ýagdaý aýratyn hem uly talantlar üçin häsiýetlidir.

Şeýlelik bilen ukyplar tebigy we öwrenilen ukybyň, birleşmesidir. Tebigy alamatlar dogabitdi bolmak bilen, terbiýeleýiş şertlerinde we zähmet pro-sesinde täzeden işleýärler we ösdürýärler. Iş prosesinde ony üstünlikli alyp barmak üçin zerur bolan täze aýratynlyklar, şeýle etmeýän tebigy alamatlaryň öwezini dolduryjylar (kompozitor meha-nizmler) kemala gelýärler. Şeýle-de, ukyplaryň dürli-dürli utgaşmalary edil şol bir işiň birmeňzeş üstünlikli ýerine ýetirilmegine esas bolup bilerler. Bu ýagdaýyň özi adamyň, hakykatdan-da ukyply bolup ösüp ýetişmegine mümkinçilik berýär. Muňa kör we ker Olga Skorohodowanyň ýaşaýşy aýdyň mysal bolup biler. Ol daşky dünýäni kabul etmogiň diňe bir esasy ýollaryndan däl-de, eýsem adamlar bilen aragatnaşyk etmegiň kadaly usullaryndan hem mahrum bolupdyr. Görmäge we eşitmäge bolan ukybyny ýitirenden

(birnäçe ýyl geçenden) soň, ol ýörite klinikada ýerleşdirilýär. Ol diňe geplemegi, okamagy we ýazmagy öwrenmek bilen çäklenmän, eýsem şahyr we ylmy işgärlik derejesine çenli ösüp ýetişär. Onuň şeýle

derejä ýetmegine işe bolam hyjuwly söýgüsi, ýadawsyz zähmet çekmegi özündäki ýok ukyplaryň başga ukyplar bilen öwezini doldurmaga we edebi ukybyň doly suratda ösüşini gazanmaga Skorohodowa mümkinçilik beripdir.

## § 4. Pedagogik ukyp, onuň ösüşi we kemala gelşi

Her bir hünäre bolan meýiller, islsgler we höwesler, şol işi ýerine ýetirmäge gönükdirýär. Emma adamyň meýilleri bilen ukyplar sazlaşmasa, işde göwnejaý netijäni gazanmak başartmaýar. Ylaýta-da pedagogik işde şu işiň aýratynlyklaryna laýyk gelýän ukyplylyk bolmasa, okuw-terbiýeçilik işiniň çylşyrymly wezipelerini durmuşa geçirmek aňsat däldir.

Pedagogik işde gazanylýan üstünlikler: mugallymyň düşünjeleriniň çuňlugy we giňligi, onuň umumy medeniýetiniň derejesi, metodikany bilşi, galyberse-de, onuň şahsyýetiniň aýratynlyklary ýaly birnäçe sebäpler bilen kesgitlenilýär. Şunun bilen birlikde üstünlik gazanmakda esasan hem işiň döredijilikli bolmagynda pedagogik ukybyň uly ähmiýeti bardyr. Praktikada pedagogik ukybyň alamatlaryny mugallymyň şahsyýetiňiň beýleki häsiýetlerinden tapawutlandyrmak kyn bolýar. Mugallymyň ruhy dünýäsi, her bir adamyňky ýaly çylşyrymly bolmak bilen, onda dürli aýratynlyklaryň biri-biri bilen özara baglanyşýanlygy we biri-birine ornaşýanlygy üçin, olary arassa görnüşde tapawutlandyrmak kyn bolýar.

Emma kynçylyklara garamazdan, birnzçe alamatlar boýunça, nähili hem bolsa pedagogik ukyplaryň barlygy ýa-da ýoklygy barada azda—köpde pikir ýöretmek bolar. Şol alamatlaryň biri-de pedagogik işe bolan durnukly meýillikdir.

**Pedagogik işe meýillilik.** Mugallymçylyk işine

meýillilik pedagogik işe hyjuwly söýgini formirlemek üçin içki şertleri döredýär. Eger adamda mugallymçylyk işine meýillilik bar bolsa, ol pedagogik işden lezzet alýar we bar güýjüni söýgüli işine sarp etmäge çalyşýar. Meýilliligiň, işe hyjuwly ýanaşmagyň esasynda çuň, başda aňlanylmaýan häsiýetde döreýän ysnyşykly duýgy, soňra bolsa, çagalara bolan aňlanylan söýgi ýatyr. M. Gorkiý çagalary diňe özüniň tebigaty boýunça çagalara bolan çuňňur söýgüni, uly sabyrlylygy we täze dünýäniň geljekki gurujylary bilen özüni eserdeň alyp barmaga talap edýän işe höwesli adamlar terbiýelenmelidirler diýip hasaplaýar. Pedagogik işe meýillilik eýýäm mekdepde okaýan ýyllarda ýüze çykyp biler. Ol diňe bir mugallym bolmagy arzuw etmekde däl-de, kiçi ýaşly çagalar bilen jemgyýetçilik işlerini alyp barmakda hem, öz beýanyny tapýar.

Hakyky meýillilik pedagogik işiň içine aralaşdygyça çuňlaşýar, ösýär we pugtalanýar. Şeýle adamlar kynçylyklary, şowsuzlyklary uly horluk bilen başdan geçirseler hem olardan gorkmaýarlar. Bu ýagdaýda praktiki işiň ilkinji synaglary köplenç aýgytlaýjy bolýar. Olar pedagogik işe bolan meýillilikleri pugtalandyryp bilerler. Megerem, ilkinji synaglar özüni, öz ukyplaryny barlamaga, pedagogik işe ukyplylygynyň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýän bolsa gerek.

Pedagogik işe meýilliligiň güýji we durnuklylygy boýunça pedagogik ukyplaryň bardygy ýa-da ýokdugy barada aýtmak bolar. Iş prosesinde pedagogik ukyplaryň esasy alamatlary diňe bir ýüze çykarylman, olar ösdürilýär kemilleşdirilýär.

**Ukyplaryň ösüşi we kemala gelşi.** Her bir adamyň ukyplarynda toplanan taryhy we indiwidual işiň tejribesi aňladylýar. Geçöň nesiller taranyndan toplanan düşünjeler, adamlaryň oňünde täze wezipeleri goýup, olaryň çözlüşi üçin ilkinji esas bolup hyzmat edýärler. Bilimiň we medeniýetiň ýeten derejeleri adamyň we onuň ukyplarynyň oňünde täze talaplar goýýar. Geçen taryhy döwurlerde diňe meşhur

adamlaryň ýetip biljek zatlaryny, indi mekdep okuwçylary hem ýeňillik bilen özleşdirýärler.

Diýmýek, ukyplaryň ösüşi adamzadyň nesillerini toplan maddy ruhy medeniýetini, bilimleriňi ele almak bilen baglydyr. A. N. Leontewiň adalatly belläp geçişi ýaly, adamlaryň jemgyýetiň taryhy ösüş prosesinde döreden predmetlerini we hadysalaryny ele almak prosesi, hut şonuň özi indiwidiň özboluşly adam ukyplarynyň we funksiýalarynyň kemala gelşiniň bolup geçýän prosesidir.

Medeniýeti we bilimleri ele almak indiwidiň iş prosesinde bolup geçýär. Adam öz işiniň barşynda, birinjiden, materiallaryň alamatlaryna adamlaryň psihiki häsiýetlerine, şeýle hem özüniň hususy güýçlerine we mümkinçiliklerine akyl ýetirýär; ikinjiden, öz güýçlerini işiň talaplaryna uýgunlaşdyrýar we gabat getirýär; üçünjiden, özünde ýetmeýän häsiýetleri formirleýär. Ine, şonuň üçin hem işe ukyplaryň kemala getirilişiniň ösüşiniň esasy çeşmesi, faktory hökmünde garamak zerurdyr.

N. K. Krupskaýa, eýýäm kiçijik çaganyň oýunlarynda onuň ukyplary formirlenip başlaýar diýýip belläpdi. Çaga kubiklerden jaý gurýar, galaýydan ýasalan soldatlary dürli pozisiýalarda goýýar, şol döwürde bolsa, onda arhitektura we matematika ukyplarynyň, käbir amatly şertleri kemala gelýär.

Okuw işi çagany diňe bir synamak, barlamak üçin däl-de, ony hemme taraplaýyn kemala getirmek üçin mümkinçilik döredýär.

## § 5. Ukyplary ösdürmekde okatmagyň we terbiýäniň roly

Ukyplaryň ösüşinde we kemala gelşinde okatmak we terbiýe bermek aýratyn rol oýnaýarlar. Ukyplaryň prosesinde öz-özünden hem ösüp bilerler, ýöne onuň, üçin kä wagt we köp guýç gerek bolýar. Okatmak we terbiýe bermek bu prosesi çaltlandyrýar, sebäbi işde zerur bolmadyk zwenolaryň

döremeginiň , öňüni alýarlar.

Okatmak prosesinde çaga tebigat we jemgyýetçilik reallygynyň wakalary hem-de teoretiki we praktiki ýumuşlary çözmegiň tärleri hakytnda iki görnüşli bilimleri ele alýar. Hakykatyň kanunalaýyklyklaryny we adamzadyň toplan taryhy akyl ýetiriş tejribelerini bilmek, adamyň işe taýýarlygyny, ukyplarynyň kemala gelşini üpjün edýär. Ukyplaryň kemala gelmegi üçin ýumuşlary çözmegiň netijeli tärlerini ele almagyň uly ähmiýeti bardyr. Şol umumylaşdyrylmak we sterostipleşdirilmek bilen, ukyplaryň zwenolaryna öwrülýärler.

Bilimleriň iki görnüşiniň tapawutlandyrylyşygyna laýyklykda okuwçylaryň özleşdiriş derejesini okadylyp bilinjek derejesini kesgitlemek zerurdyr. Birinji ýagdaýda hakykat baradaky bilimleriň belli bir möçberi we hili hakynda, ikinji ýagdaýda bolsa akyl zähmetniň we praktiki işiň okuwçynyň okuwda we zähmetde mundan beýläk-de öňe gitmegini üpjün edýän häsiýetleriň, operasiýalaryň, tärleriň kemala gelmegi hakynda gürrüň barýar.

Bilim özleşdirilişiň okadylyp bilinmeklige laýyk gelmegi şahsyýetiň wemegi üçin has amatlydyr. B. G. Annanýewiň bellen geçişi ýaly, şol iki hadysa-nyň arasynda uzňelik bolsa göň hadysalar ýüze çykýar: özleşdirilýän bilimleriň, Endikleriň jeminiň mundan beýlek ýokarlanýan mahaly akyl guýçleriniň, çaga-laryň ukyalarynyň, aýrtyn hem bilimleri jemlemek we olary praktikada ulanmak ukyalarynyň otiositel gowşamagy bolup geçär.

Okuwçylaryň ukyplaryny ösdürän mugallym onuň işinde üstünligi üpjün edýän aşakdaky esasy şertleri bilmelidir.

Birinji şert çaganyň ähli babatlarda ýagdaýyny bilmek, onuň, dürli okuw predmetlerindäki, fiziki zähmetiň we jemgyýetçilik işiniň görnüşlerindäki güýçlerini we mümkinçiliklerini nazarda tutmakdyr. Munuň özi çaganyň özüniň pisihofiziologik alamatlaryna garap, onuň has ukyply bolan bilimleriniň ugruny anyklamaga we işleriň ugruny

kesgitlemäge, şonuň bilen birlikde onuň, tebigy gurluşyndaky we ösüşindäki aýratyn, üns bermeli kemçilikleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berer. Bu bolsa öz gezeginde zerur bolan alamatlary ösdürmek, gerek bolan wagta işi üstünlikli alyp barmak üçin zerur bolan kompensator mehanizmlerini döretmek we esasy ukyplary durmuşa geçirmegiň mümkinçiliklerini güýçlendirmek üçin zerurdyr. Başgaça aýdynynda çaganyň hemme babatlarda ýagdaýyny bilmek, onuň ukyplarynyň kemala gelşiniň planyny düzmegiň şertidir.

Ikinji şert bilim özleşdiriş derejesi bilen okadyş derejesiniň arasyndaky utgaşmany üpjün etmeli. Bir wagtlar mekdebiň iş praktikasynda esasan çaganyň bilimleriň belli bir möçberini nähili derejede ele alandygyna aýratyn üns berilýärdi. Onuň nähili derejede okamagy başaryşyny öwrenmek düýpgöter ýatdan çykarylýardy, çagada ukyp bilen deň bolmasada, içki komponentleriň biri hökmünde ukyba girýän bilim özleşdirilişiniň nähili derejede ösenligi nazarda tutulmaýardy. Bilim toplamaklygyň kemala gelmegi, şol bir wagtyn özünde indiwidiň umumy ukyplarynyň formirleniş prosesidir.

Üçünji şert okatmak prosesi döredijilikli häsiýetde bolmalydyr. Okuwçylaryň öňünde problemalaýyn soraglary, döredijilikli işleri, mugallymyň kömegi bilen çözülýän, soňra bolsa kem-kemden okuwçylaryň özleri tarapyndan özbaşdak çözülýän meseleleri goýmagyň birinji derejeli ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, kem-kemden okatmak çagalaryň pikirlerini aktiwligini oýandyrýar, olaryň bilesigeljiligini we döredijilik hyýallaryny ösdürýär, okuwa we bilimleri ele almaga položitel garaýyşlary terbiýeleýär.

Şuna laýyklykda okatmak okuwçylarda döredijilik işi üçin zerur bolan ahlak-erk hesiýetlerini terbiýelemelidir. W. G. Belinskiý eger adam ahlak taý-dan mertebesini ýitirer, onuň akyly we talanty hem gidýär diýip belläpdi. Adamda ahlak ideýalynyň formirlenmegi ukyply adamyň häsiýet

aýratynlyklaryny kemala getirmage ýardam edýär.

Dördünji şert okatmagy praktika, zähmet bilen utgaşdyrmak bolup durýar. Diňe şeýle şertlerde teoretiki we praktiki meseleleriň, üstünlikli çözül-megini üpjün edýän uniwersal aragatnaşyklary we «başarjaňlyk» döredilýär. Meýilleri ýüze çykarmakda we ukyplary ösdürmekde zähmetiň dürli gör-nüşlerinde güýç synap görmegiň uly ähmiýeti bardyr. Zähmet prosesinde döredijilikli tabşyryklary ýernine ýetirmeklik guralmasa, okuwçylaryň, döredijilik güýçlerini we ukyplaryny ösdürmek mümkin däldir.

Bäşinji şert hünäre ugrukdyrmak işini yzygiderli alyp barmakdyr. Muny her bir okuwçynyň özüniň, meýillerine we ukyplaryna laýyklykda erkana hünär saýlap almagy guramaklyk, olaryň heniz mekdep ýyllaryndan başlanmagy möhüm wezipeleriň biridir.

Altynjy şert şahsyýetiň aktiw hesiýetlerini, ilkinji nobatda özbaşdaklygy, zähmetsöýerligi we guramaçylygy formirlemekden ybaratdyr. Şol bolmasa indiwidiň potonsial güýçlerini we ukyplaryny durmuşa geçirmek we olary işde doly ösdürmek mümkin däldir.

Ýedinji şert okuwçylaryň indiwidual aýratynlyklaryny hasaba almakdyr.

Ukyplaryň ösüşi köplenç bir sydyrgyň bolmaýar. Köplenç olaryň ösüşindäki wagtlaýyn durgunlyk, gazanylan belli bir «aňrybaş» üstünlik ýa-da ukypsyzlyk hökmünde kabul edilýär. Emma durgunlygyň sebäpleri ýüze çykarylsa (ýadawlyk, bilim almak we şahsyýetiň zerur bolan hesiýetlerini kemilleşdirmek üçin şertleriň, bolmazlygy, höwesleriň ýitmegi ýa-da olaryň başga ugra geçmegi, bilimleriň ýetmezçiligi zerarly ýüze çykýan kynçylyklar we ş. m.), olaryň ösüşindäki, päzhelçilikler aradan aýrylsa, ukyplar ösüşiň täze, has ýokary derejesine geterilýär.

Ukyply çagalaryň yzygiderli ösmegi üçin olara ruhy «iýmiti» ýeterlik bermek zerurdyr. Ukypsyz okuwçylar

diýip atlandyrylýanlaryň meýillerini ýüze çykaryň ukyplaryny ösdürmek zerurdyr: olaryň hiç zada ukypsyzdyklarynyň sebäbi köplenç biziň olardaky ukyplary bilmeýänligimiz bilen düşündirilýär. Olary bilmek hökmanydyr. «Orta» okuwçylar diýilýänlere hem ýeterlik üns berilmelidir, sebäbi köplenç «ortaça» ösen çagada potonsial baý şahsyýet gizlenip galýar.

Şu görkezilen şertler okuwçyda psihiki we ahlak häsiýetleriň bilelikde kemala gelmegini üpjün edýär, munun, özi bolsa, progressiw jemgyýetiň wajyp meselelerini döredijilikli çözmäge ukyply şahsyýetiň döremegi üçin içerki şertleri emele getirýär. Giň halk köpçüliginde, ösüp gelýän ýaş nesillerde ukyplaryň ýüze çykarylmagy we ösdürilmegi — biziň jemgyýetimizi mundan beýläkde maddy we ruhy taýdan ösdürmegiň, şertleriniridir.

# 19 – NJY BAŞ ZÄHMET WE INŽENERÇILIK PSIHOLOGIÝASYNYŇ ESASLARY

## 1. Inženerçilik psihologiýasynyň usullary

“Zähmet we inženerçilik psihologiýasy” dersinde zähmet we inžener psihologiýanyń esasy düşünjeleri, wezipeleri, dürli derňew usullary we “adam-maşyn” ulgamynyń özaragatnaşygynyń esasy düzgünlerini talyplara öwretmeklik hödürlenýär. Häzirki wagtda döwletimizde ylym-bilim ulgamynyň ösdürilmegi her bir adamyń ukyp-başarnyklarynyň aýratynlyklaryna üns berilmegine, özüniň wezipesini dogry we doly bilmekligine ýardam edýär we bu ýagdaýlaryň adamlaryň zähmet önümçiliginiň ýokary derejeliliginiň esasy şerti hökmünde nygtalýar. Şondan ugur alyp, işi dolandyrylanda işi düzýän her bir hereketi bilmek we onuń adamyń maşyna we maşynyń adama edýän täsirini hasaba almak bu dersiń esasy taraplary bolup durýar.

Häzirki döwürde dünýäiň ähli yurtlarynda diýen yaly Inžener psihologiýasy öwrenilýär we bu ugurda uly ylmy – barlag işleri alnyp barylýar. Inžener psihologiýasy ylmy uly ösüşe eýe bolmak bilen öz gezeginde operatoryň psihologiýasy ylmynyň hem döremegine getirdi. Inžener psihologiýasy häzirki döwürde dürli ylymlar bilen, şol sanda özünden daş bolan ylymlar bilen hem ýakyn aragatnaşykda bolup , dürli ylymlaryň öňünde dürli meseleleri goýýar. Inžener psihologiýasy ilkinji nobatda matematika , kibernetika, psiho-fiziologiýa, biologiýa, anatomiýa, medisina, Informatila ýaly ýene-de bir topar ylymlkar bilen berk baglanyşýar we olaryň usullaryny we täze gazananlaryny peýdalanýar.

Inžener psihologiýasynyň esaslaryny her bir inžener, her bir önümçiligiň guramaçysy bilmelidir. Adama howp salýan, onuń işine päsgel berýän islendik zat önümçilikden

aýrylmalydyr. Hat-da ýaşaýyş jaýlaryndaky, okuw mekdeplerindäki, önümçilikdäki peýdalanylýan dürli tehniki enjamlar, olaryň ýerleşdirilişi we özara ýerleşdirilişi Inžener psihologiýasynyň talaplaryny doly we dogry kanagatlandyrmalydyr. Meselem okuw otagyndaky tagta-da diwardan asylanda adamyň antropometriki maglumatlaryny göz öňünde tutmalydyr. Gynansak-da käwagtlar tagta ýokardan asylyp, oňa okuwçylaýň eli zordan ýetýär, ýa-da pessejik asylyp goýulýar, ol bolsa ýazýan adama amatsyzlyk döredýär (egilip ýazmaly bolýar, tagtanyň köp bölegi ulanylman galýar we ş. m. ). Häzirki zaman dolandyryş ulgamlaryny iki topara bölmek bolar :tehnologiki we guramaçylyklaýyn ulgamlar.

Inžener psihologiýasy umumy psihologiýanyň, oňa ýakyn bolan, hat-da ondan has daş bolan ylymlaryň hem usullaryny peýdalanýar.Meselem Inžener psihologiýasyny matematiki usullary, (ähtimallyklar usullar, statistiki usullar ,korrelýasion usullar), informatikanyň usullary, fiziologiýanyň usullary ulanmazdan göz öňüne getirmek mümkin däl .

Informatika - maglumaty toplamak ,ýygnap saklamak we gaýtadan işlemeklik baradaky ylymdyr.

Bu usullary ulanmaklygyň maksady - maglumat alyş-çalşygynyň obýektiw kanunalaýyklyklaryny öwrenmek we tehnikanyň täze nusgslsryny bahalandyrmak.

Syn etme, modelirleme, maematiki usullar, eksperiment söhbetdeşlik, test, anketirleme, sorag-jogap usuly we ş. m. usullaryň hemmesi öz ýerine laýyklykda ulanylýar. Mundan beýläk ulanyljak düşünjeleriň käbirlerini seljermek maksadalaýykdyr. Dolandyrylýan obýektiň ýagdaýy barada habar berýän signallaryň toplumyna informasion model diýilýär. Dolandyrylýan obýektiň ýagdaýy barada habar berýän signallar barada aýdylanda ilki bilen jaňjagazlar, çyrajyklar barada gürrüň edilýär.

Konseptual model MAU-nyň nusgasyny döretmek .Model mydama asyl nusgadan ölçegleri boýunça kiçi bolmaly

.Emma MAU-nyň modeli ýasalanda onuň ölçegleriniň asyl nusganyň ölçegleriine takyk gabat gelmegi hökmanydyr . Bu usullaryň her biriniň artykmaç taraplary-da ýetmez taraplary-da bar. Olar barada umumy psihologiýa kursunda aýdylanlar käbir üýtgeşveler bilen bu hala-da degişlidir. Meselem modelirlemegiň esasy artykmaçlygy MAU-nyň parametrlerini ,maglumaty şöhlelendiriş serişdelerini ,dolandyryş organlaryny üýtgedip, olaryň orunlaryny çalşyp bolýanlygydyr .Syn etme usuly operatoryň iş hereketlerine, mimikasyna pantomimikasyna, yşaratlaryna ( žestlerine ), oturyş pozasyna seredip enjamlaryň adama laýyklygy ýa-da dälligi barada netije çykarmak bolar .

MAU-lary öwrenmekligi eýýäm bar bolan MAU-lary synlamakdan, şolaryň iş algoritmlerini we häsiýetlerini öwrenmeklikden başlamaly. Birnäçe etapy ,basgançagy geçen MAU-lary deňeşdirip öwrenmeklik has oňat netijeler berýär. Bu ýagdaýda şol basgançaklardaky gazanylan üstünlikler ,öňe gidişlikler barada jikme-jik durlup geçilse has-da oňat netijeler berýär. Statistiki usul barada aýdylanda bolsa onuň Dolandyrylýan obýektiň ýagdaýy barada habar berýän signallaryň ýygylygyny, yzygiderliligini nobatlaýynmy ýa-da dälmi we ş. m. häsiýetnamalaryny öwrenmekde ullakan ähniýetiniň barlygyny belläp geçmek zerurdyr.Statistiki usul-maglumatlary deňeşdirmek, hasaba almak netijesinde karara gelmekligi aňladýar. Aýdylanlaryň hemmesi adamyň zähmetiniň strukturasynyň, özboluşlylygynyň üýtgemegine, adamyň häzirki zaman tehnikasy bilen özara gatnaşygynyň gowulaşdyrylmagyna bolan talabyň ýokarlandyrylmagyna getirýär. Şol sebäpli MAU öwrenmek, kämilleşdirmek meselesi bilen baglanyşylan nazaryýet we amaly meseleler ýüze çykýar. Psihologiki ylymlaryň şu bölümini ösdürmek ylmy-tehniki progresiň şertlerinde wajyp meseleleriň birine öwrülýär.

## § 2. Ygtybarlylyk inženerçilik psihologiýasynyň meselesi hökmünde

Operatoryň ygtybarlylygy ýalňyşsyzlyl, taýýarlyk, gaýtadan dikeltmek-lik we öz wagtyndalyk görkezijileri bilen häsiýetlendirilýär. Ýalňyşsyzlygyň esasy görkezijisi ýalňyşsyz işlemegiň ähtimallygydyr. Bir belläp eçmeli zat, ýoň bolan, ýagny köp gezek gaýtalanýan ýalňyşlar üçin, has dogrusy operasiýalar üçin ýalňyşsyzlygyň koeffisiýenti hökmünde ýalňyşlyklaryň intensiwlik ähtimallyklary peýdalanylyp bilner.

## Operatoryň işine täsir edýän faktorlar

Ylmyň- tehnikasynyň ösmegi bilen onuň operatoryň işine edýän täsiri hem üýtgeýär. Bu täsir şu aşakdaky görnüşlere bölünýär: 1. Dolandyrylýan obýektleriň we olaryň parametrleriň sanynyň artmagy. Meselem uçarlaryň sanynyň köpelmegi, gelýän uçarlaryň tizligi, nireden gelýänligi, uçuş beýikligi, markasy tehniki ýagdaýy (benzin, dwigateliň işleýşi) howa şertleri we ş.m. 2. Aralykdan dolandyryş ulgamyň ösmegi H.z. operatorlary dolandyrýan obýekti görmekden-ä geçen, hat-da 10-ça km daşlykda işleýär. Ýeriň emeli hemralaryny dolandyrýan operatoryň dolandyrylýan obýektden 100-çe 1000-çe daşlykdan dolandyrýar. 3. Ylmyň tehnikasynyň ösmegi bilen önümçilik prosesi çylşyrymlaşýar we olaryň geçiş tizligi ýokarlanýar. Meselem aeroportda gelýän we gidýän uçarlaryň tizligi 2-3 esse ýokarlandy. 4. Önümçilik prosesiniň ýokary derejede awtomatlaşdyrylmagy operatoryň öňünde garaşylmadyk ekstrimal ýagdaýlara taýyn bolmak we olardan baş alyp çykmak talaplaryny goýýar. 5. Ylymyň tehnikasynyň ösmegi bilen operatordan adaty bolmadyk şertlerde işlemekligi talap edýär (ýeriň aşagyna, suwuň aşagyna, deňagramsyzlyk we izolirlenen-üzňelik).

II Operatoryň işine täsir edýän faktorlar ikä bölünýär:

subýektiw we obýektiw. Mundan buýanky bölünmeler aşakdaky suratda berlendir.



## § 3. Operatoryň işiniň dartgynlygy

Şeýle dartgynlygyň adatça iki görnüşi tapawutlandyrylýar: Energetiki we maglumat dartgynlygy. Energetiki tarapy ýagdyklyk etse fiziki zähmet bolýar, maglumat tarapy agdyklyk etse akyl zähmat etse bolýar. Föziki zähmetiň dargynlygyna işiň agyrlygy diýilýär. Akyl zähmetiň dartgynlygyna nerwli dartgynlyk diýilýär. Operatoryň işiniň dartgynlygy özünden iki topara bölünýär: maglumat we E-l dartgynlygy . Operatoryň işiniň çylşyrymlylygy maglumat dargytgynlygy esasynda ýüze çykýar. Daşky gurşawdan gelýän oňyndäl gyjyndyryjylar e-l dartgynlygyny ýüze çykýar.

**Emosional dartgynlylyk we onuň görkezžileri.**

I MAU-da maşynyň ýagdaýy häsiýetlendirilende ol edilende tehniki ýagdaý diýlip atlandyrylyp, adam barada gürrüň edilende bolsa oňa funksional ýagdaýy diýilýär. Emosional galagoplylyk organizmiň dürli funksiýalarynyň aktiwleşlemegi, operatoryň dürli emosiogen gyjyndyryjylara erke bagly däl žogap bermeklige taýar bolmak ýagdaýydyr. Emosional dartgynlyk - organizmiň dürli funksiýalarynyň aktiwleşmegi, dürli gyjyndyryjylara žogap hereketlerini etmäge taýarlygy boýunça kesgitlenýär. Stress ýokary derejeli emosional dartgynlykdyr. Bu döwürde adamyň ünsi, ýady, hereketiň takyk durnuklygy wagtlaýynça peselýär.

II Emosional dartgynlygyň görkezijileri: 1. Ýürek wegatatiw görkezjileriniň üýtgemegi: a) Ýürek urmanyň çaltlaşmagy; b) Gan basyşynyň ýokarlanmagy; c) Aritmiýa. 2. Dem alyş kadasynyň bozulmagy: a) Dem alşynyň çaltlaşmagy; b) Demiň tutylmagy; c) Dem alyş fazalaryň üýtgemegi (dem almak we dem göýbermek wagty üýtgeýär). 3. Der basmak (adam bedeninde belli bir bölekleriň ýokarlanmagy, maňlaýy, eliniň aýasy we ş.m.). 4. Bedeniň belli bir bölekleriniň temperatusynyň üýtgemegi (elleri, aýaklary).

## Operatoryň maglumaty kabul edişi we çözlüşi amala aşyrmak işi

Maglumaty kabul etmek dolandyrylýan obýektiň ýagdaýy baradaky perseptiw obrazlaryň emele gelmeginden, maglumaty şöhlelendiriş serişdelerindäki jaňjagazlaryň , çyralaryň täsiri netijesinde dolandyrylýan obýektiň ýagdaýy barada operatoryň aňynda subýetiw şöhlelenmeginden başlanýar.

Perseptiw obrazyň döreýşi üç basgançakdan durýar: 1.Saýgarmak - obýektiň umumy fondaky aýyl-saýyl edilmegi. Meselem meýdanda işleýän talyplaryň özlerine tarap hereket edýän adamy saýgarmagy. 2. Tapawutlandyrmak - hereket edýän obýektiň adamdygyny ýa-da haýwandygyny we onuň sanyny kesgitlemek. 3. Tanamak - obýekti özüne degişlilikde häsiýetlendirmek.

## Operatoryň dolandyryş hereketl

Dolandyryş organlaryna düwmejikler (knopkalar), işlediji, togtadyjy, bir ýagdaýdan beýleki ýagdaýa geçiriji, tumbler, sazlaýyjy serişdeler, ryçaglar, şturwal, mahowik, pedallar degişlidir.

Biziň seredýän MAU-larymyz esasan aeroportda işleýän opeatoryň dolandyrýan ulgamy bilen gabat gelýär. 1. Işletmek we öçürmek üçin gerek bolan dolandyryş organlary. 2. Sazlamak üçin gerek bolan dolandyryş organlar. 3. MAU-nyň işini barlamak üçin gerek bolan dolandyryş organlary. 4. Gözegçilik etmekligi amala aşyrýan dolandyryş organlary.

Operatoryryň işine täsir edýän şertler : I. Maglumatlaryň azlygy, ýetmezçiligi. II. Wagtyň azlygy. III. Operatoryň jogapkärçiligi öz üstüne alyp bilmegi ýa-da bilmezligi. IV Operatoryň psihologik ýagdaýy.

Dolandyryş organlaryndan edilýän inžener-psihologik talaplar. Organyň :

1. *Antropometriki talaplara laýyk gelmegi;* 2. *Adamyň fiziki mümkinçiliklerine gabat gelmegi;* 3. *Howpsuzlygy üpçin edip bilmegi;.*4. *Adamyň psihiki aýratynlyklaryna gabat gelmeg;.* 5. *Dolandyryş organlaryň reňklenişini, kabul edilen ülňä (standarta) gabat gelmegi;* 6. *Dolandyryş organynyň ýazgylar bilen üpçin edilmegi;* 7. *Dolandyryş organynyň ulanylyşy barada maglumat görkezmeleriň bolmagy;* 8. *Ýerleşdirilişiniň giňişlik jähtiniň talabalaýyk bolmagy.*

## Maglumaty kodirlemegiň usullary

Kodirleme adalgasy ilkinji gezek aragatnaşyk ulgamynda ýüze çykýär. Kodirleme maglumaty ibermekligi amatly bolan serişdeleriň üsti bilen signallara öwürmekdir. Munuň adaty mysaly Morzanyň elibisidir. Kodirlemede maglumat operatora şertli belgileriň üsti bilen ýetirilýär. Iň oňat (optimal) kodirleme operator tarapyndan maglumaty çalt we ygtybarly kabul edilmegini üpjün edýän kodirlemedir. Optimal kodirlemek esasan kategoriýany we elipbini dogry saýlamak almaklyk bilen amala aşyrylýar.

Akustiki indikatorlara bildirilýän inžener-psihologik talaplar :

a) Haýsy maglumaty operatora nähili ýetirmelii diýen meseläniň çözlüşiniň koda gabat getirmek; b) Maglumaty az ýa-da köp berimegine ýol bermezlik; c)Olaryň özara ýerleşdirişiniň inžener-tehniki talaplary kanagatlandyrmagyny gazanmak; d) Signallaryň kadalaýyk intensiwligini üpžün etmek.

# 20 – NJI BAŞ. DOLANDYRYŞYŇ PSIHOLOGIK ESASLARY

## 1. Dolandyryş psihologiýasynyň esasy meseleleri

Esasan ýolbaşçynyň işinde amala aşyrylýan dolandyryş hadysasy dolandyryş ulgamynda işiň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen dolandyryş işiniň psihologik hadysalaryny, kanunalaýyklyklary we mehanizmlerini esaslandyrýan psihologiýa ylmynyň pudagydyr. Işewür gatnaşyk yagdaýyny netijeli çaklamak we anyklaýyş işini geçirmek, onuň esasynda dolandyryş ulgamynyň talabalaýyk üýtgedilmegini gazanmak; göz öňünde tutulann ugur boýunça dolandyrylýan obýektiň ýagdaýyny üýtgetmeklige gönükdirilen gulluklaryň iş meýilnamasyny düzmek; çözgüdiň amala aşyrylmagyny gurnamak we gazanmak has umumylaşdyrylan aňlatmada dolandyryş psihologiýasynyň esasy meseleleridir.

Dolandyryş - bu adamlara ýolbaşçylyk etmegi, olaryň maksadalayk zähmet işini dolandyrmak bilen baglanyşyklydyr. Dolandyryş işinde dolandyrýan (ýolbaşçy) we dolandyrylýan (işçi) bolup, bu iki ulgamyň işe uýgunlaşmagy, özüni alyp barşy we işiň ýola goýluşy olaryň arasynda döreýän şahsy we işewür aragatnaşygyň kanunalaýyklyklaryna, täsir ediş usullaryna we olaryň kadaly berjaý edilişine bagly bolýar.

Dolandyryş tutumynda ýerine ýetirilýän işiň ornuna baglylykda dolandyryş işgärleriniň esasy 3 görnüşi tapawutlandyrylýar:

1) **ýolbaşçylar ýa-da kesimleýin menedžerler** (adatça, dolandyryş apparatynyň 10 % -ni düzýär ).
2) **hünärmenler ýa-da işi alyp barýan menedžerler** (dolandyryş apparatynyň 60 -70 % -ni düzýär).
3) **dolandyryş apparatynyň gullukçylary** (dolandyryş

apparatynyň 20 – 30 % -ni düzýär).

Ýolbaşçylaryň esasy wezipesi dolandyryş ulgamynyň umumy ösüşine we ýerine ýetiriliş prosesine ýolbaşçylyk etmekdir. Olaryň işiniň esasy aýratynlygy dolandyryşyň ol ýa-da beýleki meseleleriniň gös-göni çözgüdi ynanylan işgärlere täsir etmekdir.

Dolandyryşyň psihologiýasynyň häzirki zaman taglymatynyň esaslandyrylyşy A. Faýolyň ady bilen baglanyşdyrylyp, ol häzirki zaman menedžmentiň "atasy" hasaplanýar. Bu ugruň esasy maksady guramanyň, kärhananyň ähli görnüşlerinde ulanyp boljak olaryň ýokary netijeliliginiň we durnuklylygynyň kepilnamasyny üpjün edýän dolandyryşyň uniwersal düzgünini işläp düzmekden ybaratdyr. Bu işler iki esasy ugur boýunça amala aşyrylyp, olaryň birinjisi, dolandyryş işiniň funksional seljermesini işläp düzmek, ikinjisi bolsa dolandyryşyň uniwersal düzgünleriniň ulgamyny işläp düzmek bilen baglanyşyklydyr.

## Esasy dolandyryş medeniýetleri

Uruşdan soňky döwürde dolandyryş pikiriň ösüşi diňe bir köpsanly taglymatlaryň döremigi bilen däl, eýsem esasy dolandyryş medeniýetiniň döremegi we ornaşdyrylmagy bilen häsiýetlidir. Şeýle medeniýetleriň arasynda ***amerikan; ýapon; ýewropa, sowet*** medeniýetleritapawutlandyrylýar.

*Amerikan dolandyryş medeniýeti* – dolandyryşa işiň ýöriteleşen görnüşi hökmündeseredilip, menedžer bolsa ýörite bilimi bolan (köplenç inženerçilik, hukuk, ykdysadyýet we beýl. goşmaça) hünärmendir.

**Ýapon menedžment** taglymaty ýolbaşçylary tejribelemegiň üsti bilen taýýarlamagy göz öňünde tutýar. Dürli derejeli dolandyryjylar maksada gönükdirilen zynjyr boýunça

yzygider ýagdaýda edaranyň dürli bölümlerindäki wezipelere geçitilip durulýar. Bu ýagdaýda diňe bir işi öwrenmeklik däl, eýsem adam gatnaşyklaryny gurnamaklygyň sungaty hem özleşdirilýär.

*Ýewropa dolandyryş medeniýeti* ýapon we amerikan medeniýetiniň arasyndaky orny eýeleýär. Bir tarapdan, ýewropada edil amerikadaky ýaly köp bolmasa-da, dolandyryş boýunça hünär kämilleşdiriş merkezlere we biznes mekdepleri bardyr; beýleki bir tarapdan, dolandyryş ýörite öwrenilişi talap edýän wezipe hökmünde häzire çenli ýokary orny eýelemeýär.

S*owet dolandyryş medeniýeti* ýörite üns bererlikdir. Döwrüň üýtgemegine garamazdan bu medeniýet köpýerde öz ähmiýetini saklayar. Bu medeniýete ýörite dolandyryş bilimini edinmek hökmany talaplar hömünde durman, düýpli dolandyryş tejribesini gazanmak we iş berijä şahsy wepadarlykda bolmak häsiýetlidir. Sowet dolandyryş medeniýeti adatdan daşary şertlerde (uruş) özüniň ýokary netijeliligi we "kadaly" ýaşaýyş döwürlerinde bolsa, pes netijeliligi bilen tapawutlanýar. Dolandyryjy ýygy-ýygydan bir wezipeden beýlekä geçirilip, olaryň her biri ýörite bilimleri we taýýarlygy talap edýär.

## § 2. Garamaklykdaky işgärleriň guramaçylyk şertlerine uýgunlaşmak hadysasy

**Uýgunlaşma** bu şahsyýetiň sosial gurşaw bilen özara täsiri, şahsyýetiň üýtgeýän gurşawa işjeň öwrenismek, gurşawyň çendan durnukly şertlerini özleşdirmek hadysasydyr.

Uýgunlaşmanyň özara baglanyşykda bolan *psihofiziologik, sosial psihologik, hünärmen* görnüşleri tapawutlandyrýarlar:

***Psihofiziologiki uýgunlasmada*** işgäriň kärhanada bolýan döwründe dürli psihofiziologik täsir ýetirýän esasy şertleri özleşdirmegi bilen baglanyşyklydyr. Bu şertlere fiziki we

psihiki agram düşmeler, anyk işiň stressogen derejesi, hünäri ele almagyň ergonomiki şertleri we başgalar degişli.

***Sosial psihologiki uýgunlaşmada*** işäriň guramanyň däpleri, onuň durmuş kadalary, gymmatlyk ugrukmalary we ş.m. öz içine alýan özara gatnaşyklar ulgamyna girişmegi bolup geçýär. Şeýle uýgunlaşmada işgär guramanyň aýry-aýry agzalarynyň iş ulgamy, işewür we resmidäl gatnaşyklary, kiçi toparlary, olaryň jemgyýetdäki orunlary barada maglumatlary özleşdirýär. Bu maglumatlary ol işjeň kabul edýär we öňki sosial tejribeleri, gymmatlyk ugrukmalary bilen gabatlaşdyrýar, deňeşdirýär.

***Hünärmen uýgunlaşmasy*** işgäriň öz işine bolan öňaýly gatnaşygynyň kemala gelmegi, anyk hünärmen hökmünde onuň mümkinçilikleriniň açylmagy we özleşdirilmegi bilen baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly, guramada öz işiňden kanagatlanmak, haçan-da işde anyk netijeler gazanylanda mümkin bolýar. Bu bolsa ýerine ýetirýän işiniň aýratynlyklaryny düýpli özleşdirmegine baglydyr.

## Dolandyryşyň psihologiýasynda liderçilik we ýolbaşçylyk

Kiçi toparyň dinamiki hadysalaryny häsiýetlendir mekde topar nähili gurulýar, kim ony guramaklyk wezipesini öz üstüne alýar, topary dolandyrmak işiniň psihologik "şekili" nähili diýen ýaly sowallar tebigy döreýär. Liderçilik we ýolbaşçylyk meselesi sosial psihologiýanyň esasy meseleleriniň biri bolup, bu hadysalar diňe bir toparlaýyn işiň birleşdirilmesine degişli bolman, bu birligiň alyp baryjysyny-subýektini beýan edýär.

Sosial psihologiýada "lider" we "ýolbaşçy" düşünjeleriniň mazmuny kesgitlenendir. Bu mesele has doly B.D.Parygin tarapyndan işlenilip, ol lider bilen ýolbaşçynyň tapawudyny şeýle berýär: 1) lider esasan toparda şahsyýetara gatnaşyklarynyň dolandyrýan bolup, ýolbaşçy bolsa toparyň

sosial gurama hökmünde resmi gatnaşyklaryny dolandyrýar; 2) liderçilik kiçi gurşaw şertlerinde ýüze çykyp /kiçi topar/, ýolbaşçy bolsa uly gurşawyñ düzüjisi bolup, jemgyýetçilik gatnaşyklaryñ ähli ulgamy bilen baglanyşykly bolýar; 3) liderçilik özakymlaýyn döräp, islendik sosial toparyñ ýolbaşçysy bolsa bellenilýär ýa-da saýlanýar: umuman, ýolbaşçylyk özakymlaýyn däl-de, maksada gönükdirilen, sosial gurluşyñ dürli düzüjileriniñ gözegçiligi astynda döreýär; 4) liderçilik hadysasy durnukly däldir, onuñ durnuklylygy, dowamlylygy toparyñ keýpine bagly bolup, ýolbaşçylyk hadysasy has durnuklydyr; 5) liderçilikden tapawutlylykda elastyndakylara ýolbaşçylyk etmek dürli çäklendirmeleri özünde jemleýän bolsa, bu hukuk liderde ýokdur; 6) ýolbaşçynyñ netijä gelmek tutumy örän çylşyrymly we bu topara garaşly bolmadyk köp sanly şertler bilen aralaşdyrylan bolup, lider bolsa diñe toparyñ işine dahylly meseleler dogrusynda netije gelýär; 7) lideriñ iş ulgamy esasan kiçi topar bolup, ýolbaşçynyñky bolsa has giñdir, çünki ol kiçi topary has giñ sosial ulgamda görkezýär[1]. Bu tapawutlyklary belli bir üýtgeşmeler bilen beýleki awtorlar hem görkezýär.

Görnüşi ýaly lider bilen ýolbaşçy şol bir wagtyñ özünde birmeñzeş görnüşli ýumuşlary çözýärler: olaryñ ikisi-de topary ugrukdyryp, ony belli bir ýumuşlary çözmeklige gönükdirmeli, bu ýumuşlary çözmek üçin zerur bolan serişdeler barada aladalanmaly bolýar. Lider bilen ýolbaşçy öz gelip çykyşy boýunça tapawutlanýan-da bolsa,olaryñ işiniñ psihologik häsiýetnamasynda umumy häsiýetler bardyr. Munuñ özi olara birmeñzeş iş hökmünde seretmäge belli bir derejede esas berýär. Ýöne derñewlerde bu meseleler köplenç ýeterlik derejede saýgarylmaýar.

Liderçilik toparyñ belli bir agzalarynyñ özüni alyp barşynyñ sap psihologik häsiýetnamasy bolup, ýolbaşçylyk

[1] Seret: Parygin B.D. Osnowy sosialno-psihologiçeskoý teorii. M.,1971. 310-311 s

bolsa köp derejede topardaky gatnaşyklaryñ sosial häsiýetnamasydyr : ilkinji nobatda dolandyryşyñ we tabyn bolmaklygyñ wezipeleriniñ paýlanyşy boýunça liderçilikden tapawutlykda ýolbaşçylyk jemgyýet tarapyndan çäklendirilen hukuk tutumydyr.

## § 3. Liderçiligiñ usuly

Liderçiligiň we ýolbaşçylyk usullary şu günki güne çenli sosial psihologik edebiýatda K.Lewiniň işlerinden gaýdýan “awtoritar”, “demokratiki” we “başyna goýberilen”(liberal) adalgalarda aňladylýar. Özüniň antifaşistik garaýşyny aýan edip, Lewin “awtoritar”, “demokratiki” adalgalaryny belli syýasy manyda ulanypdyr..Ýöne bularyň hemmesi diňe şertli aňlatma bolup, psihologik tejribelerde awtoritarizmiň ýa-da demokratizmiň syýasy durmuşdaky manysyny ýüze çykarmak maksat edilip goýuldy diýmek nädogrydyr. Hakykatda bolsa gürrüň diňe karara gelmekligiň görnüşiniň psihologik şekili hakynda barýar. Ýüze çykarylan ýolbaşçylyk usullaryň hiç hili syýasy manysy ýokdur. Ýöne adalga derňewlerde mümkingadar syýasy gabat gelmeleriň bolýanlygy zerarly kynçylyk döredýär. Şonuň üçin sosial psihologiýada haçan-da “awtoritar”, “demokratik” ýa-da “başyna goýberilen” ýaly liderçiligiň usullary barada gürrüň açylanda her gezekde nämäniň göz öňünde tutulýandygyny ýörite nygtamak zerurdyr. Kähalatlarda bu adalgalaryň şeýle bulaşyklygyndan dynmak üçin ýörite adalgalary kabul etmek hödürlenýär. Meselem, görkezme beriji “direktiw”, köp maslahatly “kollegial” we “rugsat ediji” /liberal/ usullar girizilip, ýöne olaryň psihologik şekilleri öz durnuklylygyny saklaýar. Bu babatda Lewin tarapyndan ýüze çykarylan liderçiligiň usullarynyň nämäni aňladýandygyny takyklamalydyr. Şeýle synanyşyklar köp edilip, olaryň netijesinde meseläniň iki tarapy takyklandy: toparda lideriň teklip edýän çözüşleriniň mazmuny we bu

çözüşleriň amala aşyrylyş tilsimi /usullary, tärleri/. Şuňa laýyklykda üç usulyň her birini iki häsiýetnama boýunça şeýle beýan etmek mümkin:

**Görnüş tarapy** **Mazmun tarapy** **Awtoritar usul**

Işewür, gysga görkezmeler Iş toparda öňünden meýilnamalaşdyrylmaýar /doly göwrüminde/.

Gadagan etmeklilik Işiň diňe gös-göni maksatlary kesgitlenip, sypaýyçylyksyz, gazaply, galany nämälim bolup galýar.

Dili düşnükli, äheňi ýakymsyz. Ýolbaşçynyň sözi aýgytlaýjy.

Öwmekligi we käýinji subýektiw häsiýetli

Emosiýalar, duýgular hasaba alynmaýar.

Usullary görkezmek adaty däl

Lideriň orny toparyň daşynda

**Demokratik usul**

Görkezmeler teklip ediji görnüşde. Çäreler öňünden däl-de, toparda meýilnamalaşdyrylýar.

Sözi gurak däl, ýolbaşçylyk äheňinde Teklipleriň amala aşyrylyşyna hemme jogap berýär.

Öwmek we käýinç bermek teklip maslahat beriji äheňde Işiň ähli bölümleri diňe bir edilmän, ara alnyp maslahatlaşylýar.

Buýruk bermek we gadagan etmek çekişmeler bilen utgaşýar.

Lideriň orny toparyň daşynda

**Başyna goýberilýän usul**

| | |
|---|---|
| Aheňi-ylalaşykly | Iş toparda öz akymyna gidýär |
| Öwmek, käýinç bermek ýok | Lider görkezme bermeýär |
| Hiç hili hyzmatdaşlyk ýok | Işiň bölümleri aýry-aýry höweslerden durýar ýa-da täze liderden itergi alýar. |
| Lideriň orny bilniksizden toparyň daşynda | |

Elbetde, islendik nusga ýaly, bu nusga hem liderçiligiň ähli taraplaryny we ýüze çykyşyny öz içine alyp bilmez. Nusgany mundan hem çylşyrymlaşdyryp, onuň esasynda iki däl-de üç şerti goýmak-da bolar: meselem, lideriň işiniň mazmuny, täri ýa-da usuly /sözüň dar manysynda/ işiň häsiýeti ýaly esaslar girizmek.

Ýolbaşçynyň işiniň toparyň dürli ösüş derejelerindäki aýratynlygy, onuň wezipeleriniň bu ösüşiň iň ýokary, ýagny kollektiw derejesindäki özboluşlylygy entek derňelmän galýar. Şeýlelikde, liderçiligiň sosial psihologiýada giňden berlenligine garamazdan, onda çözülmeli meseleler entek köpdür. Bu esasan hem amaly derňewlerde möhümdir.

# 21 – NJI BAŞ. PEDAGOGIK PSIHOLOGIÝANYŇ ESASLARY

## 1. Pedagogiki iş we onuň häsiýetnamasy

Okatmak maksada gönükdirilen, öňünden nusga-meýilnamalaşdyrylan aragatnaşyk bolup, onuň tutumynda bilim beriş, terbiýe we ösüş amala aşyrylýar, adamzadyň tejribesiniň aýry-aýry taraplary, işiniň we akyl ýetirişiniň gazananlary özleşdirilýär. Okatmak şahsyýeti kemala getirmegiň, ilkinji nobatda akyl ösüşiniň we umumy bilimliligiň serişdesidir.

Didaktika özüniň ylmy adalgalarynyň döreýiş we kämilleşmek döwürlerinde bolup, bu tutum entek gutarnykly däldir. Didaktikada okatmak tutumynyň adatça üç hyzmaty ýüze çykarylýar: bilim beriş, ösdüriş we terbiýe beriş. Okatmak prosesi bilim, başarnyk we endikleri, döredijilik işiniň tejribesini kemala getirmeklige gönükdirilendir.

Okadylyş prosesiniň ösdüriji funksiýasy özleşdirilýän bilim düşünjeleriň diňe möçber taýdan däl-de, hil taýdan baýlaşmaklygyny, bilimlerden täze düşünjeler gazanmak mümkinçiligini aňladýar. Okadylyşyň bu häsiýeti häzirki zaman psihologiýanamasynyň we kemalyýetiniň ýiti we çekişmeli meseleleriniň biri bolan okatmagyň we ösüşiň özara gatnaşygy meselesi bilen baglanyşýar.

Okuw prosesi hakynda düşünje. Bilim berşiň öňde baryj'y tehnologiýasyny amala aşyrmak mugallym bilen okaýanyň bilelikdäki işiniň maksadyny we gymmatlyklaryny, olaryň akyl ýetiriş tutumy bilen aralaşdyrylan aragatnaşygyny düýpli derňemegi talap edýär. Dürli ýumuşlaryň we meseleleriň gündelik çözlüşini üznüksiz aragatnaşyk hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Käbir psihologlar aragatnaşygy söz üsti we söz üsti däl özara täsirleriň esasynda şahsyýetara gatnaşyklaryň

ösdürilýän we berkidilýän tutumy görnüşinde kesgitleýärler. Bu gatnaşyklar ulgamlaýyn häsiýetde bolup, durmuş gurşawyna we medeniýete baglylykda ösüp, ýekebara-indiwidual we bilelikdäki iş tutumynda ýüze çykýar.

## § 2. Okatmagyň usullary

Okatmagy bilimleri özleşdirmegiň çeşmesi boýunça bölümlere bölmek has giň ýaýran bolup, oňa laýyklykda: söz üsti usullar (çeşmesi -sesli ýa-da ýazmaça söz); aýdyň - görkezme usullary (çeşmesi synlanylýan zatlar, hadysalar, aýdyň gollanmalar); amaly usullar ýaly görnüşler ýüze çykarylýar.

Belli bir döwürde söz üsti usullar bilim bermegiň ýeke-täk diýen ýaly usul bolup duryanlygy üçin köptaraplaýyn ösüşiň tarapdarlary bu bölünişiň birtaraplaýynlygyny görkezip, üstüniň beýleki usullar bilen ýetirilmek zerurlygyny nygtap-çykyş etdiler. Häzirki wagtda söz iisti usuly köplenç könelişen, "işjeň däl" hasaplanýar. Yöne onuň mümkinçiligine obýektiw baha berilmelidir. Söz üsti usullar örän gysga wagtyň dowamynda uly göwrümdäki maglumaty okaýana geçirip, onuň öňünde meseleier goýup, olaryň çözlüş usullaryny salgy bermäge mümkinçilik berýär. Söz hyýaly, ýady we duýgyny işjeňleşdirýär.

Söz üsti usullara beýanet-umumy okuw, gürrüň bermek, söhbet,çekişme, kitap bilen işlemek degişlidir. YOM-de kitap we okuw gollanmalary bilen işlemek okadylyşyň möhüm usulydyr. Çap edilen çeşmeler bilen özbaşdak işlemegiň birnäçe tärleri bardyr. Olaryň arasynda: ýazga geçirmek-konspekt, okalany gysga ýazmaça beýan etmek; tekstiň meýilnamasyny düzmek; nutuklaşdyrmak-okalanyň esasy pikirlerini gysga beýan etmek, çykgytlar almak, tekstden gös-göni bölekler almak; annotirlemek - jemlemek - okalany onuň düýpli manysyny ýitirmezden gysgaça beýan etmek; syn

ýazmak-okalana öz garaýyş-gatnaşygyňy gysga aňlatmak; resmi-mantyk (logiki) nusga döretmek-okalany söz-ülňüleýin şekillendirmek; mowzuglaýyn tezaurusy-mowzug boýunça özeni jemleýji düşünjeleriň kadalaşdyrylan toplumyny döretmek: aňyýetleriň matrisasyny — dürli awtorlaryň işlerindäki birmeňzeş zatlaryň we hadysalaryň deňeşdirme häsiýetnamasyny döretmek tapawutlandyrylýar.

Belli bir döwürde söz üsti usullar bilim bermegiň ýeke-täk diýen ýaly usul bolanlygy üçin hertaraplaýyn ösüşiň tarapdarlary bu ýagdaýyň taraplaýynlygyny görkezip, üstüniň beýleki usullar bilen ýetirilmek zerurlygyny nygtap-çykyş etdiler. Häzirki wagtda söz iisti usuly köplenç könelişen, "işjeň däl" hasaplaýarlar. Ýöne onuň mümkinçiligine obýektiw baha berilmelidir. Söz üsti usullar örän gysga wagtyň dowamynda uly göwrümdäki maglumaty okaýana geçirip, onuň öňünde meseleier goýup, olaryň çözlüş usullaryny salgy bermäge mümkinçilik berýär. Söz hyýaly, ýady we duýgyny işjeňleşdirýär.

Söz üsti usullara beýanet-umumy okuw, gürrüň bermek, söhbet,çekişme, kitap bilen işlemek degişlidir. YOM-de kitap we okuw gollanmalary bilen işlemek okadylyşyň möhüm usulydyr. Çap edilen çeşmeler bilen özbaşdak işlemegiň birnäçe tärleri bardyr. Olaryň arasynda: ýazga geçirmek-konspekt, okalany gysga ýazmaça beýan etmek; tekstiň meýilnamasyny düzmek; nutuklaşdyrmak-okalanyň esasy pikirlerini gysga beýan etmek, çykgytlar almak, tekstden gös-göni bölekler almak; annotirlemek - jemlemek - okalany onuň düýpli manysyny ýitirmezden gysgaça beýan etmek; syn ýazmak-okalana öz garaýyş-gatnaşygyňy gysga aňlatmak; resmi-logiki) nusga döretmek-okalany söz-ülňüleýin şekillendirmek; mowzuglaýyn tezaurusy-mowzug boýunça özeni jemleýji düşünjeleriň kadalaşdyrylan toplumyny döretmek: aňyýetleriň matrisasyny — dürli awtorlaryň işlerindäki birmeňzeş zatlaryň we hadysalaryň deňeşdirme

häsiýetnamasyny döretmek tapawutlandyrylýar.

Başga bir tarapdan, bilim özleşdirmekde subýektiň özbaşdaklyk derejesine laýyklykda okatmagyň aýdyň-reproduktiw, bölekleýin agtaryş, programmirlenen we problemalaýyn okatmak ýaly usullary tapawutlandyrylýar.

**Aýdyň-reproduktiw** okadylyş usulynda mugallym okuw materialyny umumy okuw, söhbet, tejribe görkezmek görnüşinde aýdyň düşündirýär. Okuwçynyň işi maglumaty kabul etmeklige, ony tanamaklyga gönükdirilen bolup, onuň netijesinde "düşünje-tanyşmaklyk" döreýär. Reproduktiw usulda mugallym okuwçynyň gaýtadan ýatda dikeltmeli ýumuşlaryny düzýär, okuwçy materialy işjeň gaýtadan dikeldýär; netijede "düzünje-kopiýa" kemala gelýär.

Bu usulyň ýetmezçiligi hökmünde : a) okuw materialynyň ortalaşdyrylan depgini; b) okuwçylaryň orta möçberdäki bilim-düşünjeleri özleşdirmegi, c) okuwçylaryň bilim-düşünjäniň esasy bölegini özbaşdak däl-de, taýýar görmüşde özleşdirmegi; d) mugallymyň okuwçylaryň bilimi özleşdirenligine göz ýetirip bilmezligi; e) materialy beýan etmekde sözüsti usulyň agdyklyk etmegi; g) okuwçylaryň pikirlenmesine däl-de, ýat tutmaklygyna agram salynmagy görkezilýär.

**Programmirlenen** okadylyş usulynda ýokardaky okadylyş usulyň kemçilikleri belli bir derejede ýeňlip geçilýär. Bu usulyň esasynda okadylyş : a) dolandyryş prosesi , b) informasion proses, c) ýekebaralaşdyrylan proses hökmünde seretmek düzgüni durýar. Progammirlenen usulyň esasynda owrediji programma durup, onda : a) okuw materialy, b) okuwçynyň ony özleşdirmek boýunça hereketleri, c) özleşdirilişe gözegçilik etmegiň görnüşi takyk ulgamlaşdyrylýar.

Okuw materialy uly bolmadyk, logiki taýdan gutarnykly okuw dozalaryna bölünip, her bir dozany özleşdirenden soňra okuwçy kontrol sowallara jogap berýär; ol bu ýagdaýda mugallymyň öňden taýýarlan jogaplaryndan dogrusyny saýlaýar.

Programmalaryň **çyzyklaýyn**(liniýa häsiýetli) we **şahalandyrylan** görnüşleri tapawutlandyrylýar. Liniýa häsiýetli programmalarda her bir okuwçy hemmeler üçin birmeňzeş we bir yzygiderlikdäki okuw dozlaryny özleşdirýär. Şahalandyrylan programmalarda bolsa her okuw goýlan maksada öz indiwidual aýratynlygyna laýyklykda dürli ýollar bilen gelýär : okuwçy her bir okuw dozasyndan soňra kontrol sowala jogap berşine laýyklykda ýa-ha indiki doza geçýär ýa-da programmanyň gapdal "şahalaryna" geçýär. Gapdal şahalar birnäçe bolup bilýär we özünde ýalňyşlary düşündirmek, goşmaça düşündiriş ýaly maglumatlary saklap, bilim-düşünjäniň ýetmezini dolduryar. Degişli gapdal şahany geçenden soňra okuwçy programmanyň esasy "sütünine" dolanýar. Has taýýarlykly okuwçylar programmanyň esasy sütüni boýunça hereketlenip, gowşaklary bolsa gapdal şahalara geçmek boýunça işleýärler.

## § 3. Okadylyşyň problemalaýyn usuly

Bu usul okuw prosesinde problema situasiýasyny döretmek bilen baglanyşyklydyr. Problemalaýyn okadylyş okuwçynyň döredijilikli pikirlenmesini kemala getirmeklige we ösdçrmeklige niýetlenendir. Pikirlenme maksada gönükdürlen häsiýetde bolýar. Pikirlenmä zerurlyk haçan-da adam öz durmuş amalyýetinde täze maksat, täze mesele we işiň täze şertleri bilen ýüzbe-ýüz bolan wagtynda döreýär. Pikirlenmä bolan hakyky zerurlyk haçan-da täze maksatlar döräp, olara ýetmek üçin işiň öňden bar bolan usullarynyň ýetmezçilik edýän ýagdaýlarda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlara **problema situasiýasy mesele ýagdaýy** diýilýär. Problema situasiýasyndan öz başlangyjyny alýan akyl ýetiriş işiniň kömegi bilen maksada ýetmegiň, islegleri kanagatlandyrmagyň täze serişdelerini we usullaryny döretmek, açmak mümkin bolýar. Problema situasiýasyndan yumşy tapawutlandyrmak

zerurdyr. Problema situasiýasy adamyñ iş prosesinde (köplenç duýdansyz) haýsy-da bolsa bir nämälim, düşnüksiz, galagoply zada uçurandygyny añladýar. Meselem, uçarman uçuş wagtynda motorda garaşylmadyk, düşnüksiz güwwüldini saýgarýar. Şol wagtda ýüze çykan zada akyl ýetirmek üçin uçarmanyñ işine pikirlenme goşulýar. Şeýlelikde, problema situasiýasy **añlanylýan ýumuşa** öwrülýär. Ýumuş problema situasiýasyndan döräp, onuñ bilen berk baglanyşykda bolup, şol bir wagtyñ özünde ondan tapawutlanýar. Problema situasiýasy – bu entek doly aýdyñ bolmadyk, çala añlanylan psihiki ýagdaý bolup: "bu ýerde bir gizlinlik bar", "bu-ha adaty zat däl" diýen ýaly duýgylaryñ ýerliginde geçýär.

Problema situasiýasyndan tapawutlylykda, ýumşuñ döremegi indi iñ bolmandameselede belli bilen näbelliniñ aýdyñlaşdyrylandygyny añladýar. Şeýle tapawutlandyryş ýumşy söz üsti bilen añlatmakda ýüze çykýar. Meselem, okuw ýumşunda onuñ başlangyç şertleri (näme berlen, näme belli we ş.m.) we talaplary, soraglary (nämäni tapmaly, hasaplamaly we ş.m.) belli bir derejede añladylan ýagdaýda bolýar. Problema situasiýasy ýumuşa öwrülenden soñra mysal ýa-da mesele pikirlenme operasiýalary bolan analiz-sintez, deñeşdirme-utgaşdyrma, abstragirleme- jemleme ýaly hadysalaryñ kömegi bilen çözülýär.

**Bölekleýin-agtaryş** usuly okuwçyny kem-kemden meseläniñ özbaşdak çözlüşine ugrukdyrýar. Mugallym problemalaýñ sowallaryñ ulgamyny esaslandyrýar we okuwçy olary belli bir derejede öñki öz bilim-düşünjeler binýadyna daýanyp, şol bir wagtda öñki düşünjelerinde gös-göni bolmadyk ýumuşlar görnüşindäki meselelri çözýär. Ýumuşlar ýüzünugra çözülmeýär, özleşdirişde belli bir ugrukdyrmalary özünde saklaýan problema situasiýasy hereket edýär. Mugallym okuwçyny çözlüşe gönükdirýän ýañzytmalaryn yzly-yzyna okuwça teklip edip durmaly bolýar.

## Edebiýatlar


1. Gurbanguly Berdimuhamedow "Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr". Aşgabat, TDNG, 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. "Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary". Aşgabat, TDNG, 2007.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, TDNG, 2008.
4. Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. A., 2001
5. Амонашвили Ш.А. Обучение. Оценка. Оценивать. М. 1980
6. Андреева Г.М. Социальная психология. М., 2001
7. А. Анастазии Психология тестирования. Санкт-Петербург 2001
8. Arguris C. Integrating the Individual and the Organization. N.Y., 1964.
9. Басаров Б. Вопросы психологии характера. Ашхабад, 1977
10. Басаров Б. Проблемы психологии устойчивости личности. Ашхабад,1981
11. Басов М.Я. Меотдика психологических наблюдений над детьми. Л., 1925
12. Балонов Л.Я. Последовательные образы. Л., 1971.
13. Беркинблит М., Петровский А.В. Фантазия и реальность. М., 1968
13. Блонский П.П. Избр. психол.произв. М., 1964
14. Блейк Р., Маутон Д. Научные методы уиравления. Киев,1990
15. А. А. Бодалев. Личность и общения. М. 1983.
16. Божович Л.И. Личность и ее формирование в детском возрасте. М., 1968

17. Ф. М. Бродин, Н. М. Коряк. Внимания конфликт. Новосибирск, 1998.
18.Брунер Дж. Психология познания. М., 1977.
19.Брушлинский А.В. Психология мышления и кибернетика. М., 1970
20.Брэддик У. Менеджмент в организации. М., 1997.
21.Валлон А. От действия к мысли. М., 1956.
22.Е. Е. Вендров Задачи психологии управления. .М. 1969.
23.Возрастная педагогическая психология. М. 1992.
24.Возрастная и педагогическая психология. Под ред. А.В.Петровского. М.,1972.
25.Войтонис Н.Ю. Предыстория интеллекта. М. – Л., 1949
26.Выготский Л.С. Собр. соч. в 6 –ти томах. М., 1982-1984
27.Гальперин П.Я., Кабыльницкая С.Л. Экспериментальное формирование внимания. МГУ, 1974
28.Гибш Х., Форверг М. Введение в марксистскую социальную психологию. М., 1972
29. Грачев Н.Н. Психология инженерного труда. М. 1998
30.Грегори Р.Л. Разумнай глаз. М., 1972.
31.Дарвин Ч. Происхождение видов путем естественного отбора. М.,1952
32. Дмитрева М.А. Психология труда и инженерная психология. М., 1992
33. Запорожец А.В. и др. Восприятие и действие. М., 1967
34. Зинченко В.П., Мунипов В.М. "Основы эргономики", М., изд. МГУ, 1980
35. Инженерная психология. Под ред. Б. Ф. Ломова, М. 1987

36. Канаев И.И. Близнецы. М. – Л., 1959
37. Климов Е. А. Введение в психологии труда. М., 1988
38. Коломинский Я.Л. Человек среди людей. М., 1973
39. Кунц Г., О. Доннел С. Управления. Системный и ситуационный анализ управленческих функций.Т.I (а)-II(б). М., 1981
40.Ладыгина-Котс Н.Н. Развитие психики в процессе эволюции организмов. М.,1968
41.Ладанов И.Д. Психология управления рыночной системе. М. 1997
42.Левитов Н.Д. Психология характера. М., 1969
43.Леонтьев А.Н. Избр. Психол.поизв. в 2-х томах. М., 1983
44.Ломов Б.Ф. "Человек и техника", М., 1966
45.Ломов Б. Ф. Вопросы общей, педагогической и инженерной психологии. М.,1991
46. Мерлин В.С. Очерк теории темперамента. М., 1973
47. Мескон, М. Алберт М.., Ф.Хедуры Основы менеджмента.
48. Никифоров Г.С. "Самоконтроль как механизм надёжности человека-оператора", Л., изд. ЛГУ, 1977 г.
49. Обуховский К. Психология влечений человека. М., 1972.
50. Общая психология. Под ред. А.В.Петровского. М., 1977.
51. Основы теории речевой деятельности. Под ред. А.А.Леонтьева М., 1974
52. Павлов И.П. Полн. собр. соч. М. – Л., 1951- 1952
53. Петровский А.В. История советской психологии. М., 1967
54. Платонов К.К. Проблемы спсобностей. М., 1972.
55. Проблемы психофизики. М., 1974.

56. Рамуль К.А. Введение в методы экспериментальной психологии.Тарту, 1963
57. Рубинштейн С.Л. Бытие и сознание. М., 1957
58. Сеченов И.М. Избранные филос. произв. М., 1947
59. Смирнов А.А. Проблемы психологии памяти. М., 1966
60. Столяренко Л.Д. Основы психологии. Ростов н/д, 1997
61. Теория связи в сенсорных системах. М., 1964
62. Теплов Б.М. Проблемы индивидуальных различий. М., 1961
63. Узнадзе Д.Н. Психологические исследования. М., 1966
64. Урбанович А. "Психология управления" Санкт-Петербург, 2000
65. Уткин П.А. Психология-менеджер. Ekonomika, 1992
66. Филатов А.Ф., В. Н. Князев. Производства, социология, психология и педагогика 1989
67. Хаккер В. Инженерная психология и психология труда. М., 1985
68. Щепел В.М. Психология управления. М.1984
69. Шмид М. "Эргономические параметры",М., 1980 г.
70. Эльконин Д.Б. Психология игры. М., 1978.
71. Якобсон П.М. Психология чувств. М., 1961.
72. Якобсон П.М. Психологические проблемы мотивации поведения человека. М., 1969.
73. Якокка Л. Карьера менеджера. М., 1990.
74. Ярошевсикй М.Г. Психология в XX столетии. Изд. 2-е. М., 1974.

## Mazmuny:

**Sözbaşy**..........................................................................7

**1-NJI BAŞ PSIHOLOGIÝANYŇ PREDMETI**

§1. Psihologiýanyň predmeti we psihika barada düşünje...........8

§2. Psihologiýanyň ylym hökmünde ösüşi..............................14

§ 3. Psihologiýanyň döreýşi………………………...………20

**2-NJI BAŞ. PSIHOLOGIÝANYŇ PRINSIPLERI, WEZIPELERI, GURLUŞY WE USULLARY**

§ 1. Psihologiýanyň prinsipleri we wezipeleri……………….24

§ 2. Psihologiýanyň gurluşy we ähmiýeti………………....26

§ 3. Psihologiýanyň usullary........ ……………….........……..32

§ 4. Psihologiýasynyň häzirki zaman ugurlary……….…..43

§ 5. Russiýada we sowet döwründe psihologiýanyň ösüşi…..48

**3-NJI BAŞ. HAÝWANAT DÜNÝÄSINDE WE ADAMZAT JEMGYÝETINDE PSIHIKANYÑ ÖSÜŞI**

§1. Psihikanyň döreýşi…………………...........................53

§ 2. Adamyň aňynyň ösüşinde zähmetiň roly………………..59

§3.Haýwanlaryň psihikasynyň we adamyň aňynyň özboluşlylygy…..........................................................................61

**4-NJI BAŞ. IŞIŇ PSIHOLOGIÝASY**

§ 1. Iş, hereketler we gymyldylar hakynda düşünje………….64

§ 2. Bilim, başarjaňlyk, endik we öwrendiklilik…….…….....68

§3. Işiň görnüşleri……….........................................................72

**5-NJI BAŞ. ARAGATNAŞYK WE SÖZLEÝIŞ**

§ 1. Aragatnaşyk onuň mazmuny we serişdeleri…………....76

§ 2. Aragatnaşyklaryň görnüşleri……………….....................83

§ 3. Sözleýiş we onuň görnüşleri………………….................86

§ 4. Sözleýşiň funksiýalary……………….............................89

§ 5. Şahsyýetiň göňukdirilmesi we sözleýşiň stili……………91

**6-NJY BAŞ. ŞAHSYÝET WE ONUŇ GURLUŞY**

§1. Adam, şahsyýet, indiwiduallyk hakynda düşünje………..94

§ 2. Şahsyýet häzirki zaman psihologiýasynda……..........…..97

§ 3. Şahsyýetiň esasy düzüm bölekleri……….………...........101
§ 4. Şahsyýetiň gönükdirilmesi………………….....................103
§ 5. Islegler hakynda düşünje……………………....................105
§ 6. Höwesler hakynda düşünje………………….....................109
**7-NJI BAŞ. KOLLEKTIW**
§ 1. Toparlar we kollektiwler hakynda düşünje. …………....114
§ 2. Toparlary, kollektiwleri öwrenmegiň usullary………....119
§ 3. Şahsyýet we kollektiw................................................. 121
§ 4. Toparlarda we kollektiwlerde şahsyýetara gatnaşyklar...131
§ 5. Şahsyýetara gatnaşyklarda sygyşmaklyk we konfliktler.134
**8-NJI BAŞ. ÜNS**
§ 1. Üns hakynda düşünje……………..................................138
§ 2. Ünsüň görnüşleri. ……………......................................142
§ 3. Ünsuň häsiýetleri…………………….............................147
§ 4. Ünsüň sypatlary……………………...............................150
**9-NJY BAŞ. DUÝMALAR**
§ 1 Duýma hakynda düşünje……………………..................153
§ 2. Duýmanyň görnüşlere bölünişi…………….….............157
§ 3. Duýmalaryň kanunalaýyklyklary……………...............163
**10-NJY BAŞ. KABUL EDIŞ**
§ 1. Kabul ediş hakynda düşünje. ……………………..........166
§ 2. Kabul edişin häsiýetleri……………………...................169
§ 3. Kabul edişiň görnüşderi……………………...................157
§4. Synlamak, synçylyk we kabul edişiň tipleri……………...179
**11-IJI BAŞ. ÝAT**
§ 1. Ýat barada umumy düşünje………………......................182
§ 2. Ýadyň esasy prosesleri……………………......................184
§ 3. Ýadyň görnuşleri……………………..............................189
§ 4. Göz öňüne getirme we onuň görnuşleri ……………....192
**12-NJI BAŞ. PIKIRLENME**
§ 1. Pikirlenme hakynda düşünje……………........................196
§ 2. Pikirlenmäniň operasiýalary…………….........................197
§ 3. Pikirlenme mesele çözmekde………………...................199
§ 4. Pikirlenmeniň görnüşleri……………………..................200

§ 5. Akylyň hili…………………………..........................203

**13-NJI BAŞ. HYÝAL**

§ 1. Hyýal hakynda düşünje…………….........................207
§ 2. Hyýalyň
görnüşleri……………………........................................208
§ 3. Döredijilik we onuň görnüşleri…………...................212
§ 4. Mugallymlyk işinde hyýaly» roly…………................216

**14-NJI BAŞ. EMOSIÝALAR WE DUÝGULAR**

§ 1. Emosiýalar we duýgular, olaryň esasy funksiýalary,
hilleri….219
§ 2.Duýgularyň görnüşleri……………...........................224
§ 3. Emosional ýagdaýlar……………..............................227
§ 4.Şahsyýetiň emosional aýratynlyklary……..................232

**15-NJI BAŞ. ERK**

§1. Erk hakynda düşünje…………….................................235
§ 2. Erkli hereketiň seljermesi……….................................237
§ 3. Adamyň erkli häsiýetleri………….................................240
§ 4. Erki terbiýelemek………...............................................246

**16-NJY BAŞ. TEMPERAMENT**

§ 1. Temperament hakynda düşünje…………......................248
§ 2 Ýokary nerw işiniň tipleri………….................................249
§ 3. Temperamentiň tipleri we olaryň psihologik
häsiýetnamasy........251
§ 4. Adamyň işini guramakda temperamenti hasaba almak...255

**17-NJI BAŞ. GYLYK**

§ 1. Gylyk hakynda düşünje……….......................................260
§ 2. Gylygyň aýratynlyklary……….......................................264
§ 3. Gylygyň häsiýetleri………….........................................266
§ 4. Okuw-terbiýeçilik işinde gylygyň aýratynlyklaryny hasaba
almak……..…267

**18-NJI BAŞ. UKYPLAR**

§ 1. Ukyplar hakynda düşünje………......................................269
§ 2. Ukyplaryň derejeleri we görnüşleri………........................270
§ 3. Zehin we ukyplar……………..........................................272

§ 4. Pedagogik ukyp, onuň ösüşi we kemala gelşi..............275
§ 5. Ukyplary ösdürmekde okatmagyň we terbiýäniň roly…277
**19 – NJY BAŞ. ZÄHMET WE INŽENERÇILIK PSIHOLOGIÝASY**
§ 1. Inženerçilik psihologiýasynyň usullary..........................282
§ 2. Ygtybarlylyk inženerçilik psihologiýasynyň meselesi hökmünde..................................................................285
§ 3. Operatoryň işiniň dartgynlygy......................................286
**20 – NJI BAŞ. DOLANDYRYŞYŇ PSIHOLOGIK ESASLARY**
§1. Dolandyryş psihologiýasynyň esasy meseleleri..............290
§2. Garamaklykdaky işgärleriň guramaçylyk şertlerine uýgunlaşmak hadysasy.......................................................292
§3. Liderçiligiň usuly..........................................................295
**21 – NJİ BAŞ. PEDAGOGİK PSİHOLOGİÝANYŇ ESASLARY**
§1. Pedagogiki iş we onuň häsiýetnamasy..........................298
§ 2. Okatmagyň usullary......................................................299
§ 3. Okadylyşyň problemalaýyn usuly................................302
**Edebiýat**...........................................................................304